# MUKADDES RUH

## GIRIŞ

JON BIWER
EDDISON BIWER BILEN

Gadyrly dost!

Sen Hudaýyň begenji, Onuň ýüreginiň guwanjy. Hudaý seni has çuňňur tanamak isleýär we seniň hem Ony güýçli tanamagyňy isleýär. Sen Onuň bilen bolan aragatnaşyklarda ösýärsiň we Onuň Patşalygyny ýeriň ýüzünde ýaýratmaga Onuň hyzmatdaşy bolmaga seni çagyrýar. Resul Pawlusyň aýdyşy ýaly: “Sebäbi Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi owaldan taýýarlap goýan ýagşy işlerini etmegimiz üçin ýaratdy” (Efes.2:10).

Hudaýyň perzentleri hökmünde, biz öz gökdäki Atamyza ýaranmak isleýäris. Emma şeýlede bolsa, biz, Hudaýyň işlerini ýerine ýetirmekde gerek bolan güýjüň Mukaddes Ruh bilen bolan ýakyn aragatnaşyklardan gelip çykmagy üçin Isa Mesihiň Özüniň şeýle aýdyň we düşnükli edendigini köplenç ýatdan çykarýarys. Hudaý seniň Oňa ýöne işlemegiňi islänok, - Ol seni bile işlemäge çagyrýar. Ol seniň iň ýakyn dostyň bolup, seniň bilen durmuşyňdaky ýagşy we agyr günleriňi deň paýlaşmak isleýär. Ol saňa aragatnaşyklaryň üsti bilen göwünlik bermek we seni Öz güýji bilen doldurmak isleýär. Mukaddes Ruhyň üsti bilen berlen aragatnaşyklardan başga berk we güýçli aragatnaşyk ýok.

Reb meniň ýüregimde şu zatlary seniň we bütin dünýädäki başga-da liderler bilen paýlaşmagym üçin höwes döretdi. Haýyş edýän, şu kitapdaky ýüzlenmäni, meniň söýgimi we goldawymy kabul et. Her bir tanaýan adamyň bilen olary paýlaş. Bu seniň bütin durmyşyň dowamynda we baştutany bolup goýlan beýleki adamlaryň durmuşynda, Hudaý bilen has çuňňur aragatnaşyklaryň başy boljakdygyna men ynanýaryn.

Egerde sen Hydaýyň perzendi bolsaň, onda Mukaddes Ruh seni hiç-haçan taşlap, terk edip gitmejekdigine söz berdi. Onuň dostlugy saňa peşgeş berildi. Bu kitapda ýazylan hakykatlar meniň durmuşymy özgertdiler. Mukaddes kitaby öwrenen wagtyň Hudaýdan ylham alyp, şatlykda ýaşamagyňy isleýärin. Şu ýüzlenmäniň saňa we seniň ýolbaşçylyk edýän imanlylaryňa nähili täsir etjekdigini meniň eşidesim gelýär.

Seniň Isa Mesihdäki doganyň

**Jon Biwer**





**Jon Biwer**
JohnBevere@ymail.com

Messenger International
MessengerInternational.org

# MUKADDES RUH

## GIRIŞ

JON BIWER

EDDISON BIWER BILEN

Holy Spirit: An Introduction by John Bevere, Turkmen
© 2014 Messenger International
www.Messengerinternational.org
Originally published in English as Holy Spirit: An Introduction
Additional resources in Turkmen by John & Lisa Bevere
Are available for free download at: www.CloudLibrary.org
To contact the author: JohnBevere@ymail.com

Jon Biwer «Mukaddes Ruh», türkmen dilinde
© 2014 Messenger International
www.Messengerinternational.org
Ilkinji gezek «Mukaddes Ruh» ady bilen
iňlis dilinde neşir edildi
Jon we Liza Biweriň goşmaça çeşmeleri
Internetde www.CloudLibrary.org saýtda
türkmen dilinde elýeterlidir
Awtor bilen habarlaşmak üçin: JohnBevere@ymail.com

# MAZMUNY

Bu interaktiw kitap arada....................................................4

Eddison Biwer tarapyndan giriş..............................................5

1. Mukaddes Ruh kim?...............................................................7

2. Mukaddes Ruhuň Şahsyýeti...................................................49

3. Özara gatnaşyklaryň üç derejesi..........................................97

4. Ruhuň güýjini kabul edenler...........................................137

5. Ruhuň dili..............................................................................185

Goşmaca: sylag bölümi Sorag-jogap...................................233

Goşmaça: Nädip gutulyşy kabyl etmeli................................255

## Bu interaktiw kitap barada

Bu kitaby islendik beýleki kitap ýaly änigine-şänigine çenli ýetip okap çykmak bolar.

Emma biz özüňiziň has doly akyl ýetirmegiňiz üçin goşmaça interaktiw elementleri öwrenmekligi size tutanýerli teklip edýäris.

Bu kitabyň her bir babyny gündelik okamak üçin döredilen bäş sany bölümlere bölünendir, her bir babyň soňunda doga - dilegler hödürlenýär.

Öz garaýyşyňa görä öwrenmek üçin her gün bir bölümi we bir doga - dilegi saýlap almak ýa-da özüňize nähili bolanda amatly bolsa baby gezekleşdirmek bolýar.

Bu kitaby toparlarda öwrenýänler üçin biz hepdede bir bölümden okamagy we öwrenmegi maslahat berýäris.

Eger-de siz bu kitaby «Mukaddes Ruh. Giriş» tema boýunça Messenger Series çäklerinde okuw materialynyň bölegi hökmünde öwrenýän bolsaňyz,

biz size hepdede bir sapaga seretmegi ýa-da diňlemegi hem-de toparda ara alyp maslahatlaşmak üçin teklip edilen soraglara jogap bermegi maslahat berýäris.

Ondan soňra kitapdaky bir bölümi okaň we sapagy ýerine ýetiriň. Bu kitabyň her bölümi üçin bir sapak hödürlenýär. Bölümleri ara alyp maslahatlaşmak üçin soraglar gündelik sapaklaryň ahyrynda teklip edilendir.

Lezzet alyň!

# Giriş

Haçan-da, kakam bu kitaby ýazmakda meniň ýardam bermegimi haýyş edende, men öz gulaklaryma ynanman, duran ýerimde doňup galdym. Megerem, ol entek bu barada Hydaýa ýüz tutan däl bolsa gerek diýip men pikir etdim. Dogrusyny aýtsam, men özümi bu işe mynasyp görmeýärdim. Her gezek, men onuň haýyşy barada pikir edenimde, meniň içimde hemme zat agdar-düňder bolýardy, hamala diýersiň, men breýktansy boýunça bäsleşige gatnaşýan ýaly bolýardym. Men kakamdan başga wariantlar barada pikirlenip görmegini we bu barada çynlakaý doga - dileg etmegini (iň bolmanda bir ýa-da iki ýyl) sypaýyçylyk bilen haýyş etdim. Emma, eýýäm bir günki ybadatyndan soň, ol şu iş bilen hut meniň meşgullanmalydygyma ynam bildirdi. Mukaddes Ruhuň ýaş nesil üçin «tabu» bolmaly däldigi onuň üçin wajypdy, şonuň üçin ýigrimi ýaşdan ýaňy geçen adam hökmünde ol meniň doşandymyň gadyryny bilýär. Eger-de Ruhuň kimdigine we Onuň nähili hereket edýändigine düşünmeseler, köp adamlaryň - ýaşlaryňam, gartaşan adamlaryňam bu temadan daşda durjakdyklaryny biz kakam ikimiz bilýäris.

Şonuň üçin, meniň ähli delillerime garamazdan, men kakamyň haýyşyndan neneň boýun gaçyryp bileýin? Men razylaşmaga mejbur boldum. Soňra meniň bütin durmuşymy özgerden syýahat diýip atlandyryp bolýan zat bolup geçdi. Haçan-da, Hudaý Onuň Ruhunyň köp gudratlaryna meniň gözlerimi açanda, men Mukaddes kitaby täze görnüşde gördüm.

Men basym Mukaddes Ruhuň Şahsyýetdigini anykladym, Oňa köplenç Ýygnakda (ЦЕРКОВЬ -sözi özüniň Täze Äht döwründäki manysynda»ekklhs'ia, экклес\'иа grek sözünden gelip çykýar we Isa Mesihe uýýan adamlaryň ýygnak geçirýän toparyny aňladýar /mundan beýläk Церковь – Ýygnak diýip atlandyrylar/ (Üns beriň, ýagny Täze Ähtde Церковь sözi hiç wagt binalara degişlilikde däl-de, hemişe diňe adamlaryň ýygnak geçirýän topary manysynda ulanylýar).

Церковь sözüniň giň manysynyň çäklerinde aşakdakylara düşünmek bolýar:

1. Isa uýýan adamlaryň aýry ýaşaýan topary

2. Isa uýýan adamlaryň Ýygnagy

3. Ähli Mesihleriň jemgieti, ýagny Isa Mesihiň Älem Ýygnagy nädogry düşünilýär. Ony tükeniksiz stereotiplere deňeýärler we lakam berýärler, emma biziň diňe azajygymyz Ony edil Onuň bolşy ýaly bilýäris.

Bu kitabyň maksady –Mukaddes kitabyň üsti bilen, Mukaddes Ruhuň Şahsyýetini tanamaga size kömek etmekdir. Bu kitabyň nukdaýnazarlarynyň kyn bolmagy mümkin, emma muňa syýahat etmek siziň sarp eden wagtyňyza we güýjüňize degýändigini welin, men size söz berýärin.

Haçan-da, siz bu sahypalary okajak mahalyňyz, sizi dogry ýola gönükdirmegini Mukaddes Ruhdan haýyş ediň. Ol Onuň Sözünde esaslanmadyk ähli ynamlary aýrar. Onuň haýsydyr-bir denominasiýa ýa-da herekete «degişli» däldigini, Ony haýsydyr-bir nesile ýa-da ýaşa baglap bolmaýandygyny siz görersiňiz. Ol Isany açmak we Mesihiň ähli Bedenine (bu erde bütin Älem – Jahanyň Mesihiler Ýygnagy barada aýdylýar) güýç paýlamak üçin iberildi. Ol biziň ýüreklerimizi Özüniň öýi etdi, Ol biziň durmuşymyzdan nämedir-bir gowulyklary döretmäge söz berdi. Biziň ähli etmeli zadymyz, - Oňa bu gözegçilik etmekligi bermeli.

Ondan gowy dosty we ýoldaşy tapyp bolmaz. Mukaddes Ruh durmuşyň ähli kynçylyklarynda we şatlyklarynda size wepaly ýoldaş bolar. Ol hiç wagt sizi ýeke galdyrmajakdygy we taşlamajakdygy barada söz berdi, sebäbi siz Onuň yhlasy we şatlygy. Özüňiz üçin ajaýyplygy Janlandyryjyny açmaga taýýarlanyň.

**- Eddison Biwer,**

**Messenger International-yň ýerine ýetiriji direktory.**

«Indi Mesihiň üsti bilen biziň hemmämiz şol bir Ruh arkaly Atamyzyň huzuryna baryp bilýäris» (Ef. 2:18).

# 1

# Mukaddes Ruh kim?

*«Atanyň Meniň adymdan iberjek [Meniň ýerime, Meniň wekilim bolmak we Meniň adymdan hereket etmek üçin] Hemaýatçysy (Maslahat beriji, Kömek beriji, Towakga ediji, Goraýjy,Penakär, Hemaýatkär), ýagny Mukaddes Ruh size ähli zady öwreder. Meniň size aýdan ähli sözlerimi ýadyňyza salar (ýadyňyza salar, gaýtadan habar berer)».*

–Ýahýanyň 14:26, Giňel. terj

## 1-nji gün

Täze ýylyň öňüsyrasydy. Mende agyzymy beklemek we ybadat etmek islegi möwç alýardy. Men Taňrydan: «Men Mukkaddes kitabyň haýsy kitabyny okamaly?» diýip soradym. Haýran galaýmaly, men «Resullaryň işleri» kitaby diýlenini eşitdim.

Men näme üçin haýran galdym? Sebäbi mundan öňki agyzymy beklän we ybadat eden wagtymda men edil şonuň ýaly «Resullaryň işleri kitabyny oka» diýlen buýrugy eşitdim. Şol gezek meniň ähli ünsüm resul Pawlusyň durmuşdaky ýazgytlaryny we ugurlaryny saýlamakda, synaglaryň netijelerinde we galdyrýan yzlarynda jemlenipdi. Size düşündirmäge maňa ygtyýar ediň.

Pawlus Injili butparazlara wagyz etmek, ýagny onuň taglymatyny ýaýratmak üçin Hydaý tarapyndan saýlandy. Ol aýtdy: «…Men hem bu Hoş Habaryň jarçysy, resuly we öwredijini (öwredijini – käbir soňky golýazmalarda ýahudy dällere öwretmäge mugallymy) edilip bellendim» (2 Tim. 1:11). Bu anyk we takyk buýruknama. Ol özüniň bütin ömrüniň dowamynda bu tabşyrygy birnäçe gezek gaýtalady.

Ol öňler özüniň ilkinji resulçylyk syýahatynda ýewreýlere aýtdy: «…Şonuň üçin biz başga milletlere ýüzlenýäris. Çünki Reb bize şeýle buýruk berdi: «Ýeriň aňry çägine çenli halas etmek üçin, Seni milletlere nur etdim»» (Res.iş. 13:46, 47). Özüniň ikinji syýahaty wagtynda ol batyrgaý mälim etdi: «...Mundan beýläk men keseki milletleriň ýanyna gitjek» (Res.iş.18:6). Ol Rimlilere ýazdy:

«Indi bolsa size, ýagny ýahudy dällere ýüzlenýärin. Hudaý meni resullyga belläp» (ser.11:13). Bu oý-pikirler (tassyklama) onuň hatlarynyň hemme ýerinde duş gelýär.

Emma ol ýewreý doganlaryny söýýänligi we olaryň halas bolýandyklaryny görmek isleýänligi sebäpli, ol her bir şäherde diýen ýaly ýewreýleriň ybadathanasyny gözleýärdi we olaryň yanyna barýardy. Ol adatça, butparazlara ýetmäge synanyşmazdan öňürti ewreylere wagyz edyärdi, sebäbi, aslyyetine seredende hemme zatlardan öňürti, onuň hatlaryny ewreyler ýygy – ýygydan ret edenleri üçin ol butparazlaryň ýanyna gitdi

Görnüşi ýaly, Pawlus ýewreýler tarapyndan köp yzarlanypdyr we betbagtlyklara sezewar edilipdir. Olar köpçüligi öjükdiripdirler hem-de butparazlaryň ýolbaşçylarynyň we resullaryň arasynda duşmançylygy tutaşdyrypdyrlar. Pawlusyň paýyna düşen gozgalaňlaryň, tussaglaryň, ýenjilmeleriň we jebir-jepalaryň aňyrsynda olaryň mekir pikirleri ýatyrdy. Hudaýyň ýewreýler barada örän güýçli alada edýändigini bellemek wajypdyr.

Şonuň üçin Ýakub, Petrus, Ýahýa, olaryň ýanyna iberildi: «Onsoň ýygnagyň diregleri hasaplanýan Ýakup, Petrus we Ýahýa dagy maňa we Barnabasa doganlygyň nyşany hökmünde ellerini uzatdylar. Men Barnabas bilen ýahudy dälleriň arasyna, olar hem ýahudylaryň arasyna gitmeli diýip, özara ylalaşdyk». (Gal. 2:9, NLT).

Bu ýüzlenme maňa öňki agyz bekleme wagty açyldy we juda aýdyň boldy: «Oglum, Meniň saňa arzuw eden eşretimiň içinde gal. Özüňiň tebigy göwün beren zatlaryňa ýa-da söýgä seniň durmuşyň üçin Taňrynyň ýazan takdyryndan sowmagyna ýol berme». Hudaý

bilen bolan ol duşuşyk meniň örän gowy ýadymda, şonuň üçin Ondan «Resullaryň işleri» kitabyny täzeden okap çykmak barada gökezme alanym has-da täsin boldy. Iň bolman-da, Mukaddes kitapda başgada 65 sany kitaplar hem bar! Men gulak asanlygyma örän şat. Bu gezek, haçan-da men Resullaryň işleri kitabyny okanymda, maňa nämedir-bir düýbünden täze zatlar aýdyň boldy (subutnama, ýagny Hudaýyň Sözi hakykatdan-da diri). Ähli sahypalar maňa irki Ýygnagyň köp dini ýolbaşçylarynyň we agzalarynyň Mukaddes Ruha nähili garandyklary, Onuň bilen nähili gatnaşykda bolandyklary, Oňa nähili bagly bolandyklary we Ol hakda näme diýendikleri barada jikme-jik aýtdylar. Ol olaryň durmuşynyň aýrylmaz bölegidi, olaryň hemme edýän zatlaryna gatnaşýardy. Ol olaryň hemme gulluk edýän zatlarynda, olaryň ýygnaklarynda, strategiki duşuşyklarynda we olaryň ähli işlerinde başdy. Ynha, has-da aýratyn tapawutlanan birnäçe beýan etmeler:

- «Näme üçin sen şeýtana kalbyňdan orun berdiň? Sen Mukaddes Ruha ýalan sözläp» (Res.iş. 5:3).
- «Näme üçin siz Rebbiň Ruhuny synaga salmak üçin dilleşdiňiz?» (Res.iş. 5:9).
- «Biz bu zatlara şaýatdyrys, Mukaddes Ruh hem şaýatdyr. Hudaý Mukaddes Ruhy Özüne boýun bolanlara berdi» (Res. iş. 5:32).
- «Mukaddes Ruha hemişe garşy çykýarsyňyz» (Res.iş. 7:51).
- «Mukaddes Ruh maňa ikirjiňlenmän, olar bilen gitmelidigimi aýtdy» (Res.iş. 11:12).
- «Olardan biriniň... Rim imperiýasynda ýowuz açlygyňboljakdygy barada Mukaddes Ruh arkaly welilik etdi» (Res.iş 11:28).
- «Mukaddes Ruh tarapyndan ýollanan» (Res.iş. 13:4).
- «Biz Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygynda.....makul gördük» (Res.iş. 15:28).
- «Mukaddes Ruh tarapyndan Rebbiň sözüni Asiýa welaýatyna

wagyz etmeklik bökdelensoň» (Res.iş 16:6).

- «Bitiniýa welaýatyna girmekçi boldular. Emma Isa Mukaddes Ruh arkaly olara rugsat bermedi» (Res.iş 16:7).
- «Pawlus ýahudylara (ýewreýlere) şaýatlyk etmäge ruh tarapyndan mejbur edildi» (Res.iş 18:5).
- «Iman edeniňizde Mukaddes Ruhy kabul etdiňizmi?» (Res. iş 19:2).
- «Pawlus Ruhuň ony Makedoniýa gitmäge mejbur edýänligini duýdy» (Res.iş 19:21, NLT).
- «Emma Mukaddes Ruh maňa her şäherde ...boljakdygymy duýdurýar» (Res.iş 20:23).
- «Özüňize we Mukaddes Ruhuň siziň gözegçiligiňize beren ähli sürüsine göz-gulak boluň» (Res.iş 20:28).

Şular ýaly sözler Mukaddes kitabyň sahypalaryndan mydama meniň kelläme gelýärdi. Şu günki Ýygnakda şeýle hakykatlygyň başga ýokdugy meniň üçin juda düşnükli boldy.

«Resullaryň işleri» kitapda uýýan adamlar üçin adaty bolan zat, bu gün biziň üçin seýrek zat. Men beýleki adamlaryň durmuşyndaky bu kemçilik barada däl-de, ilkinji nobatda, öz durmuşymdaky kemçilik barada aýdýaryn. Haçan-da, men «Resullaryň işleri» kitabynyň sahypalaryny gaýtadan okanymda, men özümiň beýik şatlykdan, ýaranjaňlykdan we Taňrynyň Ruhunyň güýçli täsirinden, Onuň ýolbaşçylyk etmegine, ýoldaşlygyna, gatnaşyk etmegine bagly bolmakdan näçe köp daşlaşanlygyma aň ýetirdim. Bu zatlar maňa aýdyň bolan badyna, men bu açyş barada siziň bilen nädip bölüşmän saklanyp bileýin?

## Adalatly tassyklamalar

Möhüm meseläniň mundan beýläk çuňlaşdygyça has aýdyň boljak birnäçe esasy pikirleri size görkezmäge maňa rugsat ediň.

Birinjiden, Mukaddes Ruh bolmasa mesihi ýaşaýyş durmuşy hem bolmaz.

- Mukaddes Ruh bolmasa mesihi ýaşaýyş durmuşy içgysgynç, birmeňzeş, bolgusyz hysyrdyly bolýar.
- Mukaddes Ruh bolmasa biziň zähmetimiz bizi tapdan düşürýär we ýadadýar.
- Mukaddes Ruh bolmasa Hudaý bilen hem gatnaşyk bolmaýar.
- Mukaddes Ruhy mesihleriň ýygnagyndan aýryň we şonda ikisinden biri bolar:
- Ol sosial kluba öwrüler.
- Ol dini edara bolar.

Hakykat şundadyr, ýagny:

Mukaddes Ruh bolmasa aýanlyk hem ýok. Hakykatdan-da, Ruh bolmasa Mukaddes kitap heläk ediji bolýar, çünki şeýle aýdylan, ýagny «Çünki ýazylan Kanun ölüme höküm edýär, Mukaddes Ruh bolsa ýaşaýyş berýär» (2 Kor. 3:6).

- Mukaddes Ruh bolmasa göz ýetiriş ýok.
- Mukaddes Ruh bolmasa şatlyk ýok.
- Mukaddes Ruh bolmasa rahatlyk ýok.
- Mukaddes Ruh bolmasa azatlyk ýok.

«Reb Ruhdur. Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir» (2 Kor.3:17).

«Rebbiň Ruhy nirede bolsa» diýlen sözlere üns bereliň. Geliň olar barada çuň pikirleneliň. Hudaýyň Ruhy hemme ýerde bar – Ol hemme ýerde we hemişelikdir. Dawud aýdýar: «Men Seniň Runuňdan niräk gideýin? Seniň Huzuryňdan niräk gaçaýyn?» (Zebur. 139:7). Gümansyz, jogap: hiç ýere. Dawud ýazmagy dowam edýär: «Eger göge çyksam, Sen ol ýerdesiň; ýerimi ölüler diýarynda salsam, ine, ol ýerdesiň. Säheriň ganatlaryny alyp, deňiz aňyrsynda mesgen tutsam, Ol ýerde hem Seniň eliň maňa ýol görkezer, sag eliň meni tutar» (Zebur. 139:8–10, The Message). Onuň hemme

wagtda hemme ýerdedigi jyda aýdyň.

Biz indikilere sorag bermeli: «Hemme ýerde azatlyk barmyka?» Ýene-de, Pawlusyň sözlerine serediň: «Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir». Biz Onuň hemme ýerdedigini subut etdik, şeýlelikde hemme ýerde azatlyk barmyka? Jogap, elbetde, ýok. Jelephanalarda, tussaghanalarda (zyndanlarda), gabawhanalarda we keselhanalarda azatlyk ýok. Men azatlygyň ýok bolan şular ýaly ýerlerinde mekdeplerde, öýlerde we hatda Ýygnaklarda bolup gördüm.

Onda bu ýerde Mukaddes kitap näme barada gürrüň edýär? Has takyk terjimä seretmegi teklip edýärin: «Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir» (2 Kor. 3:17, awtoryň sözi).

Grek sözünden Reb – kyrios. Bu söz «ýokary häkimiýet» diýmekligi aňladýar. Mukaddes Ruha gabawhanalarda, tussaghanalaryň, keselhanalaryň, öýleriň köpüsinde we hatda köp Ýygnaklarda häkimlik etmäge mümkinçilik bermeýärler. Ony nirede iň ýokary häkimiýet hökmünde makullaýan bolsalar, şol ýerde siz hemmeler üçin azatlygy we adalatlylygy taparsyňyz.

## Ýüzlenmäniň maksady

Bu ýüzlenmäniň maksady şundan ybarat, ýagny Mukaddes Ruhuň Şahsyýetini size tanyşdyrmak. Ol barada uly-uly tomlary ýazmak mümkin. Ol barada günler, aýlar, hat-da ýyllar boýy gürrüň etmek mümkin.

Men öz aýalym Liza bilen eýýäm otuz ýyldan gowrak wagt bäri nikada ýaşaýan. Men ony örän gowy tanaýan, ýöne şonda-da, onda ozal meniň bilmedik täze häsiýetlerini, gyzyklanmalaryny, arzuw-isleglerini we edähetlerini entek hem açýaryn.

Ýaňy-ýakynda biz otuz ýyl bilelikde ýaşan maşgala durmuşymyzyň ýubileýini baýramçylyk edip, birnäçe günümizi bile geçirdik. Şu birnäçe günüň içinde men onuň arzuwlary, makul bilýän

zatlary, hat-da meniň öň ol başaryp bilýändir diýip çaklamaýan onuň ukyplary barada käbir täze zatlary bildim.

Onuň ukyplary barada aýdanymda bolsa, Lizanyň golf oýnamaga şonça ökdedigi barada mende sähelçe hem düşünje ýokdy. Meniň bu oýny nä derejede gowy görýändigimi ol bilýärdi, şonuň üçin ajaýyp meýdanda bile oýnamagy maňa teklip etdi (Men diňe bir tapgyr oýnadym, sebäbi bu wagt biziň ikimiz üçindi). On ýedinji çukurjykda çuň jülge bardy. Meniň aýalym gyzykly garşylyklara hemişe taýýar, şonuň üçin men ondan topy zyňyp şu jülgeden aşyrmak islegi barmy diýip soradym. 60 metrlik uçut-gaýanyň aňyrsyna zyňmak üçin, 140 metr diýen ýaly aralyga zyňmak gerekdi; eger top uçup gitmedik bolsa, ol ummana gaçyp gark bolardy. Ýörite Liza üçin men köne top tapdym (sebäbi haçandyr-bir wagt men ony ýene-de görerin diýip pikir etmändim). Ol topy urmak üçin ýer eýeläp, topy şapladyp urdy, ony 160 metr aralyga zyňmak bilen jülgäniň beýleki tarapyna düşürdi. Arman, täze talant diňe otuz ýylky maşgala durmuşyndan soň tapyldy.

Agşamky nahar edinilýän wagtynda her gije Liza özüniň bilimi, paýhasy bilen pikir alyşýardy, özüniň ozal hiç kime syryny açmadyk gyzyklanmalary we arzuw-islegleri barada gürrüň berýärdi. Gepiň gysgasy, men özümiň aýalym bolan bu täsin aýalyň çuňlugyna haýran galdym. Birnäçe gysgaça bölümler Liza barada doly düşünje berip bilmezdi. Hat-da birnäçe tomlar hem ony wasp etmek üçin ýeterlik bolmazdy. Emma men näme edip bilerin - ony size, Liza bilen nähili gatnaşmalydygyny, nähili edip onuň ugruny tapyp bolýandygyny aýdyp bermeli. Men oňa nämäniň ýaraýandygy, nämäni halaýandygy, näme bilen gyzyklanýandygy, onuň bilen nähili işleşmelidigi we nähili özara täsir edişmelidigi barada gürrüň edip biljek. Men size onuň güýçli we gowşak taraplary, onuň nämäni gowy görýänligi we nämä biperwaýlygy barada gürrüň berip biljek. Bu giriş düşünje onuň bilen täsin gatnaşyklar üçin çaltlaşdyryjysy bolup hyzmat eder.

Bary-ýogy onlarça ýaşy arka atanam bolsa, eger Liza barada

hemme zady gürrüň etmek mümkin däl bolsa, onda ebedilikden – ebedilige çenli ýaşaýan Mukaddes Ruh barada men doly düşünje berip bilerinmi? Bu mümkin däl. Ýöne men Ony size tanyşdyryp bilerin, Onuň şahsyýeti barada, Onuň gyzyklanýan zady barada, Ol nämäni gowy görýänligi barada size gürrüň edip bilýän, men Onuň bilen özara gatnaşyklary kesgitläp bilýän we Onuň bilen gatnaşyklaryň birnäçe görnüşlerini görkezip bilýän. Men biziň Mukaddes Ruh bilen özara gatnaşyklarymyzyň näme üçin şeýle wajypdygy, biz bütin ömrümizde Taňrynyň isleglerini ýerine ýetirer ýaly Onuň bize nähili edip güýç paýlaýandygy barada gürrüň edip bilýän. Bu esasy aýanlyklar sizi Onuň bilen has çuňňur we ähmiýetli gatnaşyklara getirip biler.

## 2-nji gün

# Düýpli ýalňyş pikirler

Köp adamlar bir ýalňyş goýberýärler: olar ilki Onuň ýanyna Şahsyýet hökmünde barman, Mukaddes Ruhuň işlerine we güýjüne düşünmäge synanyşýarlar.

Biz ýüregimiz we aklymyz bilen özümiz üçin bir zady kesgitlemegimiz wajypdyr, ýagny biz Mukaddes Ruhuň - Onuň Şahsyýetdigine, Onuň çäksiz mukaddesdigine, çäksiz parasatlydygyna, çäksiz güýçlidigine we şunlukda hem täsin näzikdigine, duýgurlygyna we rehimlidigine ynanýarysmy. Biz, Onuň Şoldygyna, Kim biziň sežde etmelerimizi, mylaýymlygymyzy, ynamymyzy, söýgimizi, bagyş etmegimizi we doly tabyn bolmagymyzy kabul etmäge mynasypdygyna ynanýarysmykak? Ýa-da bolmasa, biz Mukaddes Ruh – bu bir ýöne Hudaýdan döreýän täsir bolup, biziň düşünişimize görä, «rehimdarlylyk ruhundan» hem «bäsdeşlik ruhundan» hem tapawutlanmaýan haýsydyr bir Hudaý tarapyn döreýän mistiki güýçdir diýip ynanýarysmy?

Soňkusy pes, gödek, hat-da dini garaýyşdyr. Eger biz şeýle hasaplaýan bolsak, onda biz ruhy tekepbirlige we gopbamsylyga aňsat duçar bolarys, netijede biz diňe burnumyzy asmana tutup, hamala diýersiň haýsydyr bir ýokary mesihiler topara degişlimikäm öýdüp, hondan bärsi bolup ýöreris. Emma, eger-de biz Ony Öz belentliginde, şöhratynda, gözelliginde, parasatlylygynda, biliminde we mukaddesliliginde çäksiz görýän bolsak hem-de ynansak Onuň Şahsyýet hökmünde Ata we Ogul bilen agzybirdigine, hemde biziň durmuşymyzda hökümdarlyk etmeli we ondan näme-de gowy bir zat etmelidigine, onda biziň çyn ýürekden yzzat etdigimiz bolar.

Hudaýyň Ruhy kim üçin – täsir we ýokary höküm bolsa, şol mydama: «Men Mukadess Ruhy köp isleýärin» diýip aýdar. Kimdir biri Ony özi üçin haýran galdyryjy Şahsyýet hasaplasa: «Men özümi nädip Oňa köp bagyş edip bilerin?» diýip aýdar.

## Biz Oňa nähili akyl ýetirýäris

Köp adamlaryň Mukaddes Ruhy, Şahsyýete garanda ýönekeý täsir hökmünde kabul edýän sebäpleriniň biri – dogrusy, Ol barada, hut şeýle diýip aýdýandyklaryndan ybaratdyr. Siz haçan-da bolsa bir wagt Mukaddes Ruh hakynda «nämedir bir zat» hakynda ýaly aýdýandyklaryny eşidipmidiňiz? Men eýýäm otuz ýyldan gowrak wagt bäri Ýygnakda gulluk edýärin; eger men Mukaddes Ruh barada nämedir «bir zat hakynda» ýaly agzalanyny her gezek eşidenimde bir dollar alan bolsam, onda men örän baý adam bolardym. Gynansak-da, biziň Ony Şahsyýet hökmünde hormatlamakdan boýun gaçyrýanlygymyz üçin biziň köpimiz Ruhuň biziň aramyzda dolulygyny ýitirýäris.

Mukaddes Ruha hormat goýulmadyk ýerde, Öz gudraty we merhemeti bilen aýan bolmaz (ser. Matt. 13:54–58; Zebur 89:8).

Bellemek isleýärin, ýagny Mukaddes Ruhy «Şahsyýet» diýip atlandyrmak bilen, men Ony adam diýip atlandyrmaýaryn. Men ýöne aýtmak isleýärin, ýagny Ol häsiýet emele getirýän keşp-sypatlara eýedir. Mukaddes Ruh – Bu Hudaýdyr, adam däldir. Emma

biz ýatda saklamalydyrys, ýagny adamlar

Hudaýyň keşbi boýunça ýaradylandyrlar. Şeýlelikde, Ol biz ýaly däl-de, gaýtam biz Ol ýalydyrys. Ýygnak hökmünde, biz özümiz üçin şeýle karara geldik, ýagny Ony iň mukaddeslik hökmünde kabul etmegiň deregine Oňa «Mukaddes bir zat» hökmünde serederis. Ol biziň iň ýakyn dostumyz bolmak isleýär, biz bolsa Onuň biziň durmuşymyza gatnaşmagyny çäklendirýäris. Gynançly ýeri hem, biz özümiziň geleňsizligimiz zerarly, bize rugsat berlen gatnaşyklardan hut has köp kanagatlanma getirýänlerini ret etdik.

Geliň, Mukaddes kitapda Mukaddes Ruhuň şahsyýetini ajaýyp şekillendirip gökezýän birnäçe ýerlerine seredeliň:

- Ol akylly (ser. Rim. 8:27).
- Ol tutanýerli (erkli) (ser. 1 Kor. 12:11).
- Onda söýgi we şadyýanlyk ýaly duýgular bar (ser. Rim.15:30; Gal. 5:22).
- Ol göwünlik beriji (ser. Res.iş. 9:31).
- Ol aýdýar (ser. Ýewr. 3:7); üstesine-de, Ol aýdyň aýdýar (ser. 1 Tim. 4:1).
- Ol öwredýär (ser. 1 Kor. 2:13).
- Ol tukatlanyp bilýär (ser. Ef. 4:30).
- Ol göwnüne deglen bolup bilýär (ser. Ýewr. 10:29).
- Ol garşylyk görkezmä duçar bolup bilýär (ser. Res.iş. 7:51).
- Ol Özüniň adyna aýdylan ýalany eşidip bilýär (ser. Res.iş. 5:1-11).

Eger Mukaddes kitapda şu keşp-sypatlaryň ählisi şunça mese-mälim bolup duran bolsa, onda biz özümize sorag bermelidiris, näme üçin Mukaddes Ruha beýle nädogry düşünýärler?

## Kepderi

Köp adamlar Mukaddes Ruh hakynda pikir edenlerinde, göz öňüne kepderini getirýärler. Näme üçin akyla, ilki bilen, bu

meňzetme gelýärkä? Haçan-da hem bolsa bir wagt Mukaddes Ruh kepderiniň görnüşinde göze göründimikä? Jogap: berk ýok. Ähli dört Injilde hem biz Mukaddes Ruhuň Isa misli kepderi kimin meňzeşdigini okaýarys (ser. Matt. 3:16; Марк. 1:10; Luk. 3:22; Ýahý.1:32). Emma ýalanmy eýsem, biziň özümiz, köplenç, kimdir birini suratlandyrjak bolanymyzda: «ýaly» ýa-da «tüýs, misli» diýen sözleri ulanýarys, mysal üçin, «ol misli ýel ýaly çakgan», «ol ýolbars ýaly güýçli»? Eger-de men, meniň oglum ýolbars ýaly güýçli diýip aýtsam, eýsem bu ony dört aýakly haýwan edýärmi näme? Elbetde, ýok! Edil şeýle hem, Ruh kepderä meňzeş diýeniň bilen Ol kepderi diýmegi aňlatmaýar. Kimdir biri aýdar: «Howwa, emma Jon, Ol Hudaýyň tagtynyň öňünde ýedi çyralar görnüşinde görkezildi» (ser. Ylham. 4:5). Howwa, bu hakykat, emma Mukaddes kitapda hem şeýle diýilýär: «Onsoň men damagy çalnan guza meňzeýän bir Guzyny gördüm. Guzy tagtyň ortasynda, dört mahluk bilen ýaşulularyň arasynda durdy…» (Ylham. 5:6). Bu Isanyň Ýahýa tarapyndan berlen suratlandyrmasy. Isanyň dört aýakly haýwan däldigini biz siziň bilen anyk bilýäris. Edil şeýle-de, Mukaddes Ruh – bu Hudaýyň tagtynyň öňünde ýanýan mistiki ot däl.

## Diýmek, Mukaddes Ruh kim-kä?

Mukaddes kitapda örän düşnükli aýdylýar, ýagny Mukaddes Ruh – bu Hudaýyň üçünji Şahsyýeti. «Gelip çykyş» kitabynda (1:26): « Onsoň Hudaý: «Indi biz Öz keşbimizde, Özümize meňzeş ynsany ýaradalyň» diýlip ýazylypdyr. Üns beriň, ýagny Hudaý «Adamy ýaradaryn» diýmändir. Döredijilik sahnasy üçin üç sany dürli rollary ýerine ýetirýän üç sany Aktýor – Hudaýyň üç sany keşbi gerek bolupdyr: Ata, Ogul we Mukaddes Ruh. Geliň seredeliň, «Resullaryň işleri» kitabynda (10:38) Atanyň, Ogluň we Mukaddes Ruhuň arasynda aýdyň aýdyňlaşdyrma nähili suratlandyrylýar.

> «Hudaýyň nasyraly Isany Mukaddes Ruh we güýç-gudrat bilen dolduryp, Ony saýlap-seçendigini bilýänsiňiz.

Isa çar tarapa aýlanyp, köp ýagşy işler etdi, iblisiň hökmürowanlygyndan ejir çekýänleriň baryna şypa berdi, sebäbi Hudaý Onuň bilendi».

Biz bu goşguda Isa Mukaddes Ruh bilen mesih edýän Atany, – bir umumy maksadyň hatyrasyna işleýän üç sany aýratyn Şahsyýetleri görýäris. Ýene-de bir mysala seredeliň: Isa çokundyrylyp, derrew suwdan çykdy. Ine, gök açyldy. Ol Hudaýyň Ruhunyň gögerçin kimin Öz üstüne inip gelýänini gördi. Şonda Gökden bir ses: «Meniň söýgüli Oglum Bu. Men Ondan köp razydyryn» diýdi (Matt. 3:16, 17). Isanyň çokundyrylyşy baradaky bu habarda siz görýärsiňiz, ýagny Hudaýyň keşbleri ýene-de üç sany tanalýan Şahsyýetler hökmünde ýüze çykýarlar. Ilki bilen Ýahýa Isany çokundyrýar, soňra Mukaddes Ruh Oňa inýär we ahyrsoňunda hem Ata Hudaý asmandan yglan edýär: «Bu Meniň söwer Oglumdyr, Men Ondan köp razydyryn». Ýene-de ähli üç sany keşbler şol bir maksadyň hatyrasyna bile işleýärler.

Şu hakykaty suratlandyryp bermäge ýardam etjek esasy mysaly size teklip etmäge maňa rugsat ediň. Suw (formulasy $H_2O$) üç sany dürli görnüşlerde ýüze çykyp biler. Temperatura $H_2O$-nyň haýsy görnüşi kabul edýändigini kesgitleýär, ýagny: gaty, suwuk ýa-da gaz görnüşli.

Suwuň jisimi – onuň molekulýar gurluşy – sähelçe hem üýtgemeýär, emma onuň aňlatmasy daşky gurşawa (temperatura) baglylykda üýtgär. Edil şular ýaly ýagdaýda hem Hudaýyň esasy komponentli düzümi üýtgemeýär. Haçan-da siz Ogly göreniňizde, siz Atany görýärsiňiz, we Ruh hem bize Ogly äşgär etmek üçin iberildi (ser. Ýahýa. 17:21; Ef. 1:17, 18). Hudaýyň maksady birdir, emma Onuň ägirt uly wezipeleri ýerine ýetirýän üç sany dürli keşbleri (Şahsyýetleri) bardyr. Üç sany Şahsyýetleriň bardygyna garamazdan, Hudaý diňe ýekedir. Kanun taglymaty kitabynda (6:4) şeýle ýazylypdyr: «Eý Ysraýyl halky, gulak goý. Hudaýymyz Reb ýeke-täk Rebdi…».

Rimlilere hatynda (3:30) şeýle diýlip ýazylypdyr: «Sebäbi ýeke-

täk Hudaý bardyr. Ol sünnetlileride, sünnetsizleri-de iman arkaly aklaýandyr». Ýakubyň (2:19) hatynda hem şol bir zat aýdylýar: «Sen Hudaýyň ýeke-täkdigine ynanýarsyň. Gowy edýärsiň!» Bu hakykat kitabyň ähli galan böleginiň esasy özeni bolar: üç sany aýratyn mukaddes Şahsyýet bar, emma diňe Hudaý bir.

## 3-nji gün

# Birinji Şahsyýet

Mukaddes Ruh – bu Üçleriň (Üçler diýmek bu Ata, Ogul we Mukaddes Ruhy aňladýar) birinji Şahsyýeti bolup, Mukaddes kitapda ýüze çykýar. Gelip çykyş kitabynyň birinji bölüminde şeýle diýilýär: «Başda Hudaý gögi we ýeri ýaratdy» (goşgy 1). Ikinji goşga seredeliň: «Ýer ýüzi şekilsiz boşlukdy; suwlaryň ýüzi tüm-garaňkylyk bilen örtülendi. Suwuň ýüzünde Hudaýyň Ruhy perwaz urýardy». Ruh Gelip çykyş kitabynyň birinji babynyň eýýäm ikinji goşgusynda ýüze çykýar, Ol Hudaýyň ady agzalan birinji Şahsyýeti.

Indiki soragy bermek bolar: «Emma Jon, birinji goşguda aýdylýar: «Başda Hudaý gögi we ýeri ýaratdy». Hut Mukaddes Ruhuň ilkinji bolup Mukaddes kitapda ýatlanylýandygyny nähili aýtmak bolar, eger-de birinji goşguda Ata Hudaý barada aýdylýan bolsa?» Ajaýyp sorag. Emma ýadyňyzda saklaň, Hudaý: «Indi biz Öz keşbimizde, Özümize meňzeş ynsany ýaradalyň» diýip aýtdy. Şonuň üçin birinji kitapda Hudaý hakyndaky ýatlama Onuň haýsydyr bir Şahsyýetine däl-de, Ata, Ogul we Mukaddes Ruha degişlidir. Şonuň üçin Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň dýän işine görä kesgitlenilýän birinji agzasy – bu Mukaddes Ruhdyr. Ikinji goşguda şeýle diýlip ýazylan, ýagny «Suwuň ýüzünde Hudaýyň Ruhy perwaz urýardy». Geliň, ýene-de biziň ilkibaşdaky soragymyza ýüzleneliň:

Mukaddes Ruh kim? Arkaýyn tassyklap biljek, ýagny Ol ýeriň ähli ýüzündäki iň täsin, ajaýyp, mähirli, mylaýym, duýgur, güýçli

Şahsyýet. Siz aýdarsyňyz: «Jon, ýeriň ähli ýüzündäki?» Howwa, ýeriň ähli ýüzündäki. Biz düşünmelidiris, ýagny bu ýeriň ýüzünde Ata Hudaý ýok, Ol Özüniň gökdäki tagtynda. Şeýle-de bu ýeriň ýüzünde Isa hem ýok. Men, köplenç, adamlaryň «Isa meniň ýüregimde» diýýänlerini eşidýärin, ýogsa Mukaddes kitapda düşnükli aýdylýar, ýagny Ol tagtda Hudaýyň sag tarapynda otyr (ser. Mark. 16:19). «Resullaryň işleri» kitabynda şeýle diýlip aýdylýar (1:9–11):

«…Isa bulary aýdandan soň olaryň gözleriniň alnynda ýokary galdyryldy, bir bulut Ony olaryň nazaryndan sypdyrdy. Ol barýarka, olara hem göge bakyşyp durkalar, ine, ýanlarynda egni ak eşikli iki adam durup, Diýdiler: «Eý, jelili adamlar! Näme bu ýerde göge bakyşyp dursuňyz? Sizden göge alnan bu Isa göge gidişini görşüňiz ýaly-da yzyna geler». Iki erkek adam hakykatdan hem perişdediler, olar okuwçylaryna açyk düşündirdiler, ýagny Isa Ol nähili giden bolsa, edil şolar ýaly edip hem gaýdyp geler. Başgaça aýdanymyzda, Ol entek bulutlaryň üstünde gelmese, ýere gaýdyp gelmez. Isa eýýäm bulutlaryň üstünde gaýdyp gelermi-kä? Şübhesiz, jogap - ýok. Diýmek, Isa entek hem asmanda Hudaýyň sag tarapynda otyr.

Mukaddes kitapda Stefany daş bilen urýan ýerlerini ýatlaň. Resullaryň işleri (7:55, 56) kitabynda şeýle ýazylan: «Mukaddes Ruh» bilen doly bolan Stefanus göge seredip, Hudaýyň şöhratyny, Hudaýyň sagynda duran Isany görüp, Diýdi: «Men gögüň açykdygyny, Ynsan oglunyň Hudaýyň sagynda durandygyny görýärin». Özüniň bütin şöhratynda duran we Onuň üçin jebir çekeni hormatlaýan, ähli geljekki nesilleriň arasynda belli boljak mukaddes pursata garaşýan Isany göz öňüne getirmäge synanyşjak bolup görüň. Bu waka şöhratly birleşmäniň ajaýyplygyny şekillendirýär, emma şonuň bilen birlikde şu wagt Isa Özüniň Atasynyň ýanyndadygy baradaky hökmany delil bilen ýatladyp hyzmat edýär. Hakykat şundan ybarat, ýagny Isa eýýäm takmynan iki müň ýyllap şu şöhratly ýagdaýda dur. Ol bu ýerde ýeriň ýüzünde ýok. Men bilýän, biz şeýle diýip aýtmagy gowy görýäris, ýagny Ol biziň ýüregimizde ýaşaýar, emma hakykat-da bolsa, Mukaddes

Ruh, Isa Mesihiň Ruhy, hut Ol biziň ýüreklerimizi Özüniň bolýan ýeri etdi. Biziň boýun almagymyz wajypdyr, ýagny Mukaddes Ruh – bu hem Ata Hudaýyň Ruhy, hem Isa Mesihiň (Oglunyň) Ruhy. Geliň, birnäçe mysallara ýüzleneliň.

Filipililere hatynda (1:19) Pawlus tassyklaýar: «Çünki munuň siziň dogalaryňyz arkaly hem-de Isa Mesihiň Ruhunyň kömegi arkaly meniň gutulmagyma sebäp boljagyny bilýärin…» Isa Onuň ýerine Mukaddes Ruh gelmegi üçin Özüniň gitmelidigini örän düşnükli görkezdi. Pawlus bu ýerde Isanyň göreldesi barada däl-de, Mukaddes Ruh (Kömekçi) hakynda aýdýar, sebäbi indi Isa ýeriň ýüzünde ýok.

Mattanyň Injilinde (10:20) Isa hemmä yglan edýär: «Çünki gepleýän siz däl-de, siz arkaly Ataňyzyň Ruhydyr». Isa Injil zerarly Onuň şägirtleriniň geljekki kowuljak we jebir çekjek wagty barada aýtdy. Hudaýyň Ruhy (Mukaddes Ruh) olary ugrukdyrar we agyzlaryna dogry sözleri salyp berer. Hat-da, şu wagt, men şu sözleri ýazýarkam hem, olar meniň akyl ýetiriş ukybymyň we tejribämiň netijesi däldir. Meniň Atamyň (Hudaýyň) Ruhy meniň üstüm bilen öwredýär. Men öz güýjüm bilen öwretmäge synanyşdym; maňa ynanaýyň, hemme zat erbet gutardy. Onuň merhemeti bilen, Onuň Mukaddes Ruhunyň güýji bilen men men bolýaryn.

Gowy täzelik şundan ybarat, ýagny Ol hiç wagt meni kyn günde taşlamady –Ol hemişe gelýärdi. Haçan-da, men merhemetiň Ruhunyň öňünde boýun bolyp tagzym edenimde (ser. Ýewr. 10:29), Ol meniň gowşaklygymy anyk güýçlendirdi.

## Üçler nähili hereket edýärler?

Bu «biriň içinde üçler» hakyndaky hakykata düşünmek belki kyn bolar, sebäbi ol biziň ynsan aňymyza närazylyk bildirýär. Korintoslylara bolan birinji hatynda (12:5–7) meseläniň esasy mazmunyna girmäge ýardam berýär, ýagny nähili ýagdaýda ähli Üçüsi bilelikde edil Bir adam ýaly özara täsir edýärler.

> «Gulluklar-da dürli-dürli, ýöne Reb şol bir Rebdr. Amallar dürli-dürli, ýöne hemmede her zady emele getirýän Hudaý şol bir Hudaýdyr. Ýöne her kişä Ruhuň aýan bolmagy hemmäniň peýdalanmagy üçin berilýär» (1 Kor. 12:5–7).

Biz bu bölümi okadygymyzça, biz Ata, Isa Mesih we Mukaddes Ruhuň dürli rollary ýerine ýetirýänligini ýüze çykarýärys. Ata inisiirleýär(emel edýär, meýilleşdirýär, başlangyjyny başlaýär) we hereket edip başlaýar (goşgy 6), Ogul işe ýolbaşçylyk edýär (goşgy 5), Mukaddes Ruh amala aşyrýar (goşgy 7); ýöne, Olaryň hemmesi bilelikde şol bir maksat üçin işleýärler.

Eger-de biz siziň bilen öý gurjak bolsak, bize näme gerek bolar? Bize binagäri, gurluşygyň başlygyny we işçileri (kömekçi potratçylar) hakyna tutmak gerek bolar. Bu mysalda Ata Hudaý binagäriň, Isa – gurluşygyň başlygynyň rolunda çykyş edýärler, Mukaddes Ruh bolsa öý gurýan işçiler hökmünde bolýar- Ol ýaradylany «amala aşyryjy». Ähli üç wezipe-de islendik öýüň gurluşygy üçin juda wajypdyr.

## Hudaýyň barmagy.

Geliň, şol bir ýagdaýyň Mukaddes kitapda iki sany dürli-dürli beýan edilişine seredeliň. Isa edil şu wagt arwah-jyna ýolugan adamy şypa berdi. Adamlar haýran galdylar, emma fariseýler (ikiýüzli adamlar) içlerinden pikir edýärler: «Bu adam arwah-jynlary jynlaryň hökümdary Beýelzebul arkaly kowup çykarýar» (ser. Matt. 12:23, 24). 28-nji goşguda biz Isanyň olaryň pikirlerine beren jogabyny okaýarys: «Men arwah-jynlary Hudaýyň Ruhy arkaly kowýan bolsam, onda Hudaýyň Şalygy size-de gelendir».

Luka hem öz habaryny berýär, emma ol Mattanyň beýan edişinden biraz tapawutlanýar. Lukanyň Injilinde (11:20) şeýle aýdylýar: «Men jynlary Hudaýyň barmagy arkaly kowýan bolsam, onda Hudaýyň Patyşalygy size gelendir». Emma Luka we Matta Mukaddes Ruh

barada aýdýarlar. Awtorlaryň köplenç edişleri ýaly, Luka Mukaddes Ruhuň wezipesini, hamana ony Onuň Şahsyýetinden aýyrýan ýaly edip beýan edýär. Şonuň üçin biz şeýle netijä gelýäris, ýagny Mukaddes Ruhy «Hudaýyň barmagy» hökmünde beýan etmek bolýar.

Mukaddes Ruhuň ýerine ýetirýän işleri diňe bir «Hudaýyň barmagy» diýlip atlandyrylman, eýsem, Hudaýyň eli we Onuň penjesi hem diýilýär. Mukaddes kitapda şeýle diýilýär, ýagny Hudaý Öz halkyny «Güýçli eli we uzadan goly bilen» (Zebur. 136:12 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy). Zeburda (8:4) şeýle diýýär: «Gökleriňe, Seniň – barmaklaryň işlerine, Seniň guran Aý we ýyldyzlaryňa seredenimde diýýärin»

Imanlylaryň köpüsi Mukaddes Ruhuň – hakykatdan hem asmanda ýyldyzlary we planetalary ýaradyjydygyna akyl ýetirip bilenoklar, Ol ähli döredilen zatlary amal edijidir. Ýadyňyzdamy, Gelip çykyş kitabynda (1:2) şeýle ýazylan: «...Suwuň ýüzünde Hudaýyň ruhy perwaz urýardy». Ol Ata Hudaýyň başlangyjyna garaşdy. Soňra Ogul: «Ýagtylyk bolsun!» diýmek bilen, Özüniň wezipesini ýerine ýetirmelidi, sebäbi Isa - Hudaýyň Sözi. Haçan-da, «Goý, ýagty bolsun» diýlen sözler ýaňlananda, Ogul Atasynyň islegini ýerine ýetirdi we Mukaddes Ruh hem Onuň aýdanyny ýaratdy.

> «Meniň Mukaddes Ruhuň beýikligi we şöhraty baradaky gowy görýän parçalarymyň biri Işaýa Pygamberiň Kitabynda ýerleşýär (40:12–15). Şol ýerde şeýle ýazylan: Ýene kim suwy owuçlap aldy we barmaklary bilen asmany ölçedi? Ýene kim ýeriň agramyny bilýär we ýene kim daglary terezide we baýyrlary terezi çanaklarynda ölçedi? Kim Mukaddes Ruha maslahat berip biler? Kimiň Oňa maslahat berer ýaly we Oňa öwreder ýaly ýeterlik bilimi bar? Hudaýa kimdir biriniň maslahaty gerekmi-kä? Nämäniň gowudygy barada Oňa öwüt-nesihat bermek gerekmi-kä?

> Kimdir biri Oňa dogrulyk ýoluny öwredýärmi-kä, görkezýärmi-kä? Ýok, çünki hemme halklar – bedredäki bir damja ýaly. Olar terezidäki tozanjykdan uly däl. Ol tutuş ýeri çägäniň dänesi ýaly göterýär» (Işaýa 40:12–15, NLT).

On ikinji goşguda şeýle ýazylan: «Kim asmany Özüniň barmaklary bilen ölçedi?» Siziň görşüňiz ýaly, Mukaddes Ruh bu ýerde Özüniň ýerine ýetirýän wezipesine görä atlandyrylypdyr. Bu hakda oýlanyp görüň. Taňrynyň Ruhy tutuş ummany saklaýar. Siz Onuň nä derejede gudratlydygyny görýärsiňiz? Emma şonda-da, Ol Ata we Ogul bilen ylalaşyp, bize gelmäge we biziň ýüregimizde ýaşamaga Özüni boýun etdi. Gör, nähili täsin, ruhlandyryjy we haýran galdyryjy hakykat!

### 4-nji gün

## Mukaddes Ruh - Hudaýdyr

Geliň seredip göreliň, Mukaddes Ruh adamy ýaradan wagtynda nähili roly ýerine ýetiripdir. Şeýle ýazylan: «We Reb Hudaý adamy ýeriň topragyndan ýaratdy, we onuň ýüzüne dirilik nepesini üfledi, we adam diri janly boldy» (Gelip çykyş 2:7. Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy). Hut Mukaddes Ruh Adam Atany ýaratdy we onuň burnunyň deşiklerine nepes berdi. Men bu zatlaryň hut şeýle bolanyny nireden bilýärin? Eýýupyň Kitabynda (33:4) şeýle diýlip ýazylypdyr: «Hudaýyň Ruhy meni ýaratdy, Gudratygüýçliniň demi maňa ýaşaýyş berýär». Mukaddes Ruh diňe bir Adam Atany ýaratman we Onuň burnunyň deşiklerine dem bermän, Ol bizi hem ýaratdy we bize jan berdi. Zeburda (139:13) şeýle diýilýär: «Çünki Sen meniň içimi ýaratdyň, ejemiň göwresinde Sen meni emele getirdiň».

Aslyýetinde, Mukaddes Ruh biziň görýän ähli zatlarymyzy ýaratdy, sebäbi Suleýmanyň tymsallar Kitabynda (26:10) şeýle

ýazylan: «Hemme zady ýaradan, Beýik Hudaý...» (iňlisçeden terjime. – takmynan terjime). Mukaddes Ruh Atanyň döredijilik niýetini amala aşyrany üçin, biz ýaradylanlary görüp bilyäris. Mukaddes Ruhuň –Hudaýdygyna, indi siz düşünensiňiz diýip umyt edýärin. Geliň, Mukaddes kitapda Oňa degişli ulanylýan birnäçe dürli atlara seredip geçeliň. Ony aşakdaky ýaly atlandyrýarlar:

- Mukaddes Ruh (96 gezek);
- Rebbiň Ruhy (28 gezek);
- Hudaýyň Ruhy (26 gezek);
- Ebedi Ruh (Ýewr. 9:14, iňlisçeden terjime. – takmynan terjime.);
- Kömekçi (4 gezek Isa Ýahýannyň Injilinde Ony şeýle atlandyrýar);
- Hemaýatçy (köplenç Mukaddes kitapda giňişleýin terjimesinde peýdalanylýar);
- Mukaddes (Zebyr. 78:41);
- Reb (2 Kor. 3:17);
- Hakykat Ruhy (4 gezek);
- Mesihiň Ruhy (Rim. 8:9; 1 Petr. 1:11);
- Isa Mesihiň Ruhy (Filip. 1:19);
- Maslahatyň Ruhy (Işaýa 11:2);
- Rebbi bilmek Ruhy(Işaýa 11:2);
- Güýç-gudrat Ruhy (Işaýa 11:2);
- Pähim-paýhasyň Ruhy (Işaýa 11:2);
- Hikmet Ruhy (Işaýa 11:2);
- Takwalygyň Ruhy (Işaýa 11:2);
- Siziň Ataňyzyň Ruhy (Matt. 10:20);
- Şöhratlylyk Ruhy (1 Petr. 4:14);
- Merhemetliligiň Ruhy (Zak. 12:10; Ýewr. 10:29);
- Höküm Ruhy (Işaýa 4:4);

- Alaw Ruhy (Işaýa 4:4);
- Ýaşaýyş Ruhy (Rim. 8:2);
- Söýgi Ruhy (2 Tim. 1:7);
- Güýç Ruhy (2 Tim. 1:7);
- Sagdyn pikirlilik Ruhy (2 Tim. 1:7, soňky terjime);
- Pygamberlik Ruhy (Aýanl. 19:10);
- Ylham Ruhy (Ef. 1:17);
- Keramatlyk (Mukaddeslik) Ruhy (Rim. 1:4);
- Mukaddes Hudaýyň Ruhy (4 gezek Danyýelyň Kitabynda);

Ol mynasyp, Ol güýç- kuwwatly, Ol ajaýyp!

## Isa Mukaddes Ruha doly baglydy

Isa Mukaddes Ruhdan doly baglydy. Ol Ruhdan göwrede galdy, Ol Ruhdan öwrendi, Ol Iordan derýasynda Ruhuň güýjünden doldy, we Ol Ruha çokundyrylýança ýekeje-de gudrat amala aşyrmady (ser. Isanyň Jeliläniň Kana şäherinde görkezen ilkinji gudraty barada Ýahýanyň beýan etmesi: Ýahýa. 1:29–34 we 2:1–11). Ol Ruh tarapyndan idilýärdi, we Ol diňe Ruhdan eşiden zadyny aýdýardy. Ýahýanyň Injilinde (14:10 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy) Isa aýdýar: «Size aýdýan sözlerimi Men Öz-Özümden aýtmaýaryn. Mende ýaşaýan Atam Men arkaly Öz işlerini edýär.». Üns beriň, ýagny Isa «Hudaý asmanda» diýip aýtmady. Ol: «Mende ýaşaýan Atam» diýip aýtdy.

– Jon, ýekeje minut saklan, sen, Isa Mukaddes Ruh hakynda edil Öz Atasy hakynda ýaly aýdýar diýmek isleýärmiň?

– A näme üçin ýok? Diňleseňizläň, perişde Ýusuba näme diýdi: «Sen Merýeme öýlenmekden gorkma, sebäbi onuň göwresindäki Mukaddes Ruh arkalydyr…» (Matt. 1:20). Isa Mukaddes Ruhdan göwrede galypdyr, şonuň üçin Onuň Mukaddes Ruh hakynda Onuň içindäki Hudaýy hakynda ýaly aýtmagy doly düşnüklidir.

Hakykat şundan ybarat, ýagny Isa we Mukaddes Ruh Isa ýeriň ýüzünde bolan wagtynda mydama bile işlediler. Aslyýetinde, Isa şeýle netije çykardy: «Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez» (Ýahýa. 5:19). Eger Isa – Özi Hudaýyň Ogly – Özüniň borjuny ýerine ýetirmek üçin Mukaddes Ruhuň hemişe hyzmatdaşlykda bolmagyna mätäç bolan bolsa, onda biz öz borçlarymyzy ýerine ýetirmekde Ruhuň kömegine näçe köp mätäçdiris?

Mukaddes Ruhy Isadan gowy bilýän adam ýokdur, şonuň üçin, geliň, Mukaddes Ruhuň orny, Onuň gylyk-häsiýetleri, güýji we biziň durmuşymyzdaky beýleki başarýan zatlary barada Isanyň näme aýdandygyna seredip geçeliň.

Ýahýanyň Injilinde (14:15–18) Isa aýdýar: Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň. Men Atama ýalbararyn, Ol size hemişe siziň bilen boljak başga bir Hemaýatçy, ýagny Hakykat Ruhuny berer. Dünýä Ony kabul edip bilmez, sebäbi dünýä Ony ne görýär, ne-de tanaýar. Ýöne siz Ony tanaýarsyňyz, sebäbi Ol siziň araňyzda ýaşap, içiňizde bolar. Men sizi ýetim goýmaryn, ýene ýanyňyza gaýdyp gelerin.

Bu parçada şeýle bir köp hakykat bar. Birinjiden, Isanyň näme diýenine üns beriň: «Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň». Görsene, Isa Mukaddes Ruh hakyndaky Özüniň düşündirmelerini Isanyň ýokary ygtyýarlylygyna, Onuň hökümdarlygyna boýun bolmalydygy barada ýatlatmak bilen habar berýär. Bu hakykaty Petrus tassyklaýar: «Biz bu zatlara şaýatdyrys, Mukaddes Ruh hem şaýatdyr. Hudaý Mukaddes Ruhy Özüne boýun bolanlara berdi» (Resul.işl. 5:32). Hudaý Mukaddes Ruhy Onuň diýenini edýänlere berýär. Indi, Ýahýanyň Injilinde Isanyň näme aýdýanyna üns beriň (14:16): «Men Atama ýalbararyn, Ol size hemişe siziň bilen boljak başga bir Hemaýatçy…» Geliň, «başga» sözüniň manysyndaky grek sözüne seredeliň. Grek dilinde Täze Ähtiň hemme ýerinde iňlis diline «başga» hökmünde terjime edilýän iki sany söz bar. Bu grek sözleri: heteros we allos. Heteros «başga sorta degişli başga» diýmegi aňladýar. Allos «başga, emma

edil şu sort ýaly» diýmekligi aňladýar. Biziň bermeli soragymyz: bu ýerde Isa haýsy sözi peýdalanýar? Size jogap bermezden öňinçä, şu iki grek sözüniň arasyndaky tapawudy suratlandyrýan mysaly getirmäge rugsat ediň.

Şeýle bir ýagdaýy göz öňüne getiriň: men size bir bölejik miwe, ýagny alma berýärin. Siz ony iýeniňizden soňra, men sizden soraýaryn: «Siz miwäniň başga bir bölejigini islärdiňizmi?» Siz jogap berýärsiňiz: howwa. We şonda men size pyrtykal, ýagny «başga» miwe berýärin. Şeýlelikde, men size diňe bir başga bir bölejik däl-de, eýsem miwäniň başga sortuny berdim. Pyrtykal – bu miwäniň bir görnüşi, we ol almadan tapawutlanýar. Bu mysal heteros sözüniň manysyny aňladýar. Eger siz başga bir bölejigi sorasaňyz, we men size almanyň diligini bersem, siz aýdarsyňyz, ýagny men size başga bir bölejigi, emma şol bir sorta degişli miwäniňkini berdim. Bu allos sözüniň manysynyň mysaly.

Ilkibaşdaky soraga gaýdyp geleliň. Haçanda, Isa Atam bize başga bir Kömekçini berer diýende, Ol haýsy sözi ulanýar? Ol allos sözüni peýdalanýar. Şeýlelik bilen, Ol aýdýar: «Hudaý size başga Hemaýatçyny berer, Ol edil Men ýaly bolar». Başgaça aýdanymyzda, Isa şuny aýdýar, ýagny Ol we Mukaddes Ruh şol bir sorta degişlidir.

## Gün 5

# Biziň ebedi ýoldaşymyz

Ýahýanyň Injilinde Isanyň ulanýan ýene bir sözi bar (14:16), – bu söz Hemaýatçy. «Hemaýatçy» sözüniň manysynda bu ýerde grek sözi parakletos ulanylýar. Isa şeýle hem parakletos sözüni Ýahýanyň hatynda agzaýar: «Eziz balalarym... Atanyň huzurynda aklawçymyz [parakletos] – Isa Mesih bar, Ol adyldyr (1 Ýahýa. 2:1).

Isa we Mukaddes Ruh Hemaýatçy ýa-da «parakletosyň» rolunda

görünýärler. Şeýlelikde, bu grek sözi näme diýmekligi aňladýar? Şol döwrüň dilinde ol kazyýýetde adamy goramak üçin çykyş eden ýuristiň teswirlemesi üçin ulanylypdyr. Ondan başga-da, ol şahsy maslahatçynyň ýa-da türgeniň - şahsy ösüş boýunça instruktoryň teswirlemesi üçin peýdalanylypdyr.

Parakletos – goşma söz bolup, iki sany: para we kaleo ýaly grek sözlerinden ybarat. Para «örän ýakyn» diýmegi aňladýar. Pawlus bu sözi onuň Timoteos bilen özara gatnaşyklaryny teswirlemek üçin peýdalanypdyr. Pawlus resul Timoteosdan ýakyn hiç kimi bolmandyr (ser. Filip. 2:20). Meniň aýalym Liza meniň üçin para. Bütin ýeriň ýüzünde maňa ondan ýakyn hiç kim ýok. Men bu sözi özümiň onuň bilen özara gatnaşyklarymy beýan etmek üçin ulanardym.

Ikinji grek sözi bolan «kaleo» «çagyrmak, ündemek» diýmegi aňladýar. Bu söz köplenç Mukaddes kitapda, haçan-da resullar öz ündewlerini (etmeli işlerini) beýan edenlerinde peýdalanýarlar. Mysal üçin, haçan-da Pawlus: «Men budparazlaryň resuly hökmünde çagyryldym» diýende (iňlisçeden terjime – takmynan terjime), ol hem «kaleo» diýen grek sözüni peýdalanypdyr. «Çagyrmak, ündemek» düşünjesi takdyryň we wakanyň manysyny özünde saklaýar. Haçan-da, biz bu iki grek sözüni bilelikde goýanymyzda, biz Isanyň näme barada aýdýanyna gowy düşünip başlaýarys. Aslyýetinde, Ol aýdýar, ýagny Mukaddes Ruh biziň her birimiz bilen hemişe bile bolmak, bize öwüt-nesihat bermek, ugur görkezmek, biziň durmuş ýolumyzda kömek bermek we maslahat bermek üçin çagyrylan. Bu Onuň ündewi, Onuň işi, we Ol hemişe we hemme ýerde bize kömek etmek üçin biziň bilen, Ol hiç wagt ýadamaýar!

Isa aýtdy, ýagny Mukaddes Ruh biziň bilen hemişe bile bolar (Ýahýa. 14:16). Ol hiç wagt bizi ýeke goýmaz we bizi taşlap gitmez. Gör, nähili täsin äht etme! Isa, esasan, şeýle aýdýar, ýagny Mukaddes Ruh Onuň (Isanyň) biziň durmuşymyzdaky anyk işiniň we jogapkärli etmeli amallarynyň dowamy bolar. Men köplenç adamlaryň: «Wah, eger men Isa bilen bile ýörsedim, men Oňa şeýle bir köp soraglar bererdim» diýýänlerini eşidýärin. Näme üçin ähli şol soraglary

Mukaddes Ruha berip bolmaýar? Bu biziň Mukaddes Ruhy kabul edip başlaýan wajyp ýerimiz. Eger biz Ony ýönekeý bir düşnüksiz jandar (mahluk) hökmünde kabul etsek, onda biz Onuň ýanyna bize maslahat Berijiniň we Öwredijiniň ýanyna baran ýaly baryp bilmeris. Mukaddes Ruh – bu Hudaý, haýsydyr bir jandar (mahluk) däldir. Eger biz Onuň Ol hakda Mukaddes kitabyň aýdyşy ýalydygyna hakykatdan hem ynansak, onda biz Onuň hemme zady öňden görüji we gudratlydygyny, Onuň bize kömek edesi gelýändigini we edip biljekdigini we bize öwredip we bizi dogry ýoldan alyp gitjekdigini bilip, Onuň ýanyna hormat bilen sylap bararys. Howwa, Ol biziň her birimiz bilen ýakyndan gatnaşmaga teşne. Gynançly ýeri, Mukaddes Ruh, Ýygnakda, ähtimal, iň ähmiýet berilmeýän Şahsyýet. Biz bile näçe çalt-çaltdan toplanyşýarys, emma Oňa hormat goýmaýarys we hatda ýatlamaýarysam? Hemişe biziň içimizde we biziň bilen bile bolmak üçin Çagyrylana köplenç biziň irdenki, gündizki, agşamky wagtlarymyz we hatda tutuş günlerimiz geçýär, emma hiç hili söz aýtmaýarys?

## Haýran galdyryjy äşgär etme

Ýahýanyň Injilinde Isa (16:7) haýran galdyryjy sözleri aýtdy: «Emma Men size hakykaty sözleýärin …».

Biz bu parça seretmezimizden öňinçä, men size bir ýagdaýy aýdasym gelýär. Isa Özüniň şägirtlerine ýüzlenýär. Ol olar bilen üç ýyldan gowrak wagtyny geçirýär. Onuň olara aýdan ähli zatlary hasyl bolupdyr. Ol aýtdy: «Ýele, bes et!», we ýelsiz asudalyk başlandy. Ol olaryň nirä gitmelidigini we olaryň nireden ýaşajyk eşegi tapjakdyklaryny aýtdy, we elbetde, olar gitdiler we ol ýerde eşek bardy. Ol Özüniň şägirtleriniň arasynda dönügiň bardygyny, entek ol Ony satmanka bilýärdi. Ol injir agajyna guramagy buýurdy, we ýigrimi dört sagadyň dowamynda ol gurady.

Isanyň ähli diýen zatlarynyň hemmesi amala aşdy, we şonda-da, barybir Ol Özüniň sözlerini şeýle sözbaşydan başlamaly bolýardy: «Emma

Men size hakykaty aýdýaryn…». Isanyň Özüniň şägirtlerine aýtmakçy bolýan zatlary olary haýran galdyrmalydy, şonuň üçin Ol olara hakykaty aýdanda, ilki bilen, olaryň nämä düşünýändiklerine göz ýetiresi geldi. Şeýlelikde, Isa näme aýtdy-ka? «...Men size hakykaty sözleýärin: Meniň gitmegim size peýdadyr, Men gitmesem, Göwünlik beriji [parakletos] size gelmez, gitsem welin, Ony size ibererin» (Ýahýa.16:7).

New Living Translation terjimesinde şeýle ýazylan: «Men gitsem siziň üçin iň gowusy bolar».

Özüňizi şägirtleriň ornunda goýup görüň. Siziň bilýän lideriňiz, ýagny Ol Hudaýyň Ogly, Özüniň sizi taşlap gitmeli boljakdygyny we Onuň gitmeginiň siziň üçin bähbitli boljakdygyny size aýtdy. Meniň pikirimçe, bu akylsyzlyk ýaly eşidilýär. Eger Ol Hudaý bolýan bolsa, onda siziň bähbidiňiz üçin Ol galsa gowy dälmi eýsem? Şägirtleriň hem edil şeýle pikir edendiklerine men ynanýaryn. Hut şu sebäbe görä, Isa Özüniň äşgär etmesini: «Size hakykaty aýdýaryn» diýen sözler bilen öňünden tassyklaýar.

Diýmek, näme üçin şägirtler we bizi hem öz içine almak bilen geljekki imana uýýan nesiller üçin Isa gitse has gowy bolar? Ynha, bular hakda biraz oýlanyp görüň. Eger-de, Isa hiç wagt ýeri taşlap gitmedik bolsa, onda Mukaddes Ruh hemişe biziň ýanymyzda bolmak üçin gelmezdi. Eger-de, maňa Isadan nämedir bir zat gerek bolan bolsa, onda men Onuň bilen görüşmek üçin birnäçe müň kilometr ýollar geçmeli bolardym. Ähtimal, meniň ýolum Tel-Awiwe gidýän reýsden başlanardy (dünýäde iň köp ýolagçyly howa menzili bolardy). Soňra haýsydyr bir ýerde azda-kände oňatrak ýaşar ýaly ýer tapmak umydy bilen Galileýe çenli ýetmek üçin kireýine maşyn almaly bolardy (sebäbi hemme myhmanhanalar hyryn-dykyn doly bolardy). Soňra bolsa men Isany tapmaly bolardym. Bu kyn bolmasa gerekdi, sebäbi millionlarça adamlar Onuň bilen gürleşmek üçin mümkinçilige garaşardylar. Haçan-da, men Ony tapanymda, men haýsydyr bir wagt adamzada belli bolan nobata duranlaryň iň çylşyrymly ulgamyndan geçmeli bolardym, sebäbi hemmeler Isany görmek we Oňa soraglar bermek we haýyş bilen Oňa ýüzlenmek islärdiler.

Onuň ýanyna barmak üçin nobata duran adamlaryň juda köp bolanlygy üçin, ähtimal, maňa Isa bilen duşuşmak üçin altmyş sekuntdan köp wagt bermezdiler, şonuň üçin, elbetde, soraglary we islegleri öňünden taýýarlap goýmaly bolardy. We ýatda saklaň, Ol ýatmaly bolar, iýmeli-içmeli bolar, şeýlelikde gün içinde Ol adamlar bilen duşuşmak üçin on dört sagatdan köp wagt berip bilmezdi. Şular ýaly hasap edilende, Isa her bir adam bilen altmyş sekund wagt sarp edende, bir günde diňe 840 adam kabul edip bilerdi. Bir million adamy kabul etmek üçin Oňa 1190 gün (3.26 ýyl) gerek bolardy. Emma, ýatdan çykarmaň, adamlaryň akymyna hemişe täze adamlar goşulyp durardy, – eger-de, ýene kimde aýratyn gyssagly mätäçlikler we haýyşlar bolanlar üçin «çalt nobat» bolan bolsa näme? Men hemişe olary geçirip durmaly bolardym, şeýle dälmi eýsem? Meniň pikirimçe, Isanyň ýanyna barmak - iň çylşyrymly we mümkin däl diýen ýaly mesele boljakdygyny çaklamak kyn däl. Gowy täzelik, ýagny Mukaddes Ruha hemişe ýüzlenip we Ondan kömek alyp bilýäris. Oňa ýatmak we iýmek gerek däl. Ol bir wagtyň özünde milliardlarça iň dürli-dürli adamlar bilen milliardlarça söhbetleri edip bilýär. Haçan-da, biz Hudanuň Sözüne özümiziň Mukaddes Ruh baradaky düşünjämizi çürt-kesik özgertmäge rugsat edenimizde, biz näme üçin Isanyň «Meniň gitmegim size peýdadyr» diýip aýdanyna düşünip başlarys. Ýatda saklaň, Mukaddes Ruh hem, edil Isa ýaly, Ol edil Isa ýaly öwredýär, Ol Hudaýyň işlerini edil Isa ýaly amal edýär, we Ol bu ýerde biziň bilen! Siz eýýäm Onuň neneňsi täsindigine düşünip başlaýarsyňyz? Hatda men bu setirleri ýazýan wagtymda Mukaddes Ruh, men öz durmuşymda Onuň sesini we bolmagyny nähili çäklendirendigime meniň gözlerimi açýar. Şeýlelikde, gaýtalaýaryn: Ol biziň halypamyz, türgenimiz, maslahatçymyz we goragçymyz, biz Onuň her gün biziň durmuşymyza işjeň gatnaşmagyna mätäçdiris!

Indiki bölümde biz ajaýyp Hudaý bilen ýakyn içgin gatnaşyklarda bolmagyň nämäni aňladýanlygy barada söhbet ederis.

# RUHY TANAMAK

*Men-de Atama ýalbararyn, Ol size, hemişe siziň bilen bolar ýaly,başga bir Göwünlik Beriji, (Maslahatçyny, Kömekçini, Towakgaçyny, Penakäri, Hemaýatkäri) ýagny Hakykat Ruhuny berer...*

–Ýahýa 14:16, 17

Mukaddes Ruh hakykatdan hem täsin! Isa Mesihde biz halas bolandan soňra Ol bize iň gowy peşgeş. Mukaddes Ruh kim-kä? Özüniň bütin ömründe tejribeli awtor we Ýygnagyň ruhanysy (pastory) bolan A.U. Tozer, şeýle ýazypdyr:

> «Mukaddes Ruh – bu ruhubelentlik däl... Ol Şahsyýet. Muny uly harplar bilen ýazyň – Mukaddes Ruh ýöne haýsydyr bir başga görnüşdäki mahluk däl, Ol Özüniň häsiýetleri we aýratynlyklary bilen Şahsyýetiň Özüdir. Ol nämedir bir howaýy zat däl, Ol substansiýadyr... Mukaddes Ruhuň erki we akyly, duýgysy we bilimi, rehimi bar we edil islendik bir beýleki adam ýaly söýmek, görmek, pikir etmek, eşitmek, geplemek we arzuw etmek ukyby bardyr».

Bu sapaga başlamazdan öň siz Mukaddes Ruha nähili düşünýärdiňiz?

Bu bölüm sizin, Ol hut siziň üçin Kim bolanlygy baradaky düşünjäňizi nähili giňeltdi?

Mukaddes kitapdaky Mukaddes Ruha degişli peýdalanylýan atlaryň sanawynyň üstünde ünsli durup geçiň, ýagny oňatja pikirleniň (ser. sah.19-20). Bu atlar Ol hakynda size näme aýdýarlar?

Mukaddes Ruhuň –Ata we Ogula deň bolan Şahsyýetdigini bilmek, Hudaý bilen sagdyn gatnaşyklary ösdürmek üçin möhümdir. Tozer ýazýar... «...Ogul näme bolsa, Mukaddes Ruh hem şoldur, näme Ata Hudaý bolsa, Mukaddes Ruh hem şoldur, Mukaddes Ruh Özüniň Mesihler Ýygnagynda bolýar. Biz Ony nädip taparys ahyry? Ol hut, edil, Isa ýaly bolar. Siz Täze Ähti okadyňyz, we siz Isanyň nähilidigini bilýärsiňiz. Mukaddes Ruh tüýs edil Isa ýaly, sebäbi Isa Hudaý boldy we Ruh bu Hudaýdyr, we Ata hem edil Ogul ýaly; siz Ata Hudaýyň nähilidigini tanap, Isanyň nähilidigini tanap bilersiňiz, siz Isanyň nähilidigini bileniňizden soň, Ruhuň nähilidigini bilersiňiz».

Indi siz Mukaddes Ruhy täzeçe görýärsiňizmi? Onuň häsiýetiniň bu dürli taraplary sizi nähili ruhlandyrýar we öz durmuşyňyzda Oňa köp orun bermäge esaslandyrýar?

**Mundan beýläk öwrenmek üçin...**
Ýahýa 12:44, 45; 14:8–11; 2 Korintoslylara 4:4; Kolosiýalylara 1:15–19; Ýewreýlere 1:3.

# OL HUDAÝDYR, MAHLUK DÄLDIR

*Reb we Ruh ikisem* **şol bir zatdyr...**
–2 Korintoslylara 3:17 (CEV)

Hudaýyň perzendi hökmünde size Onuň wada beren gymmatly peşgeşi: Onuň Mukaddes Ruhy sowgat berildi (ser. Galatýalylara 4:6). Onuň Ruhy – bu tutuş galaktika boýunça hereket etmäge ukyply bolan haýsydyr bir mistiki güýç ýa-da energiýa däl. Onuň Mukaddes Ruhy – bu Onuň Özüdir, Onuň galyndysyz barlygynyň dolulygydyr.

On dokuzynjy asyryň ruhanysy we 200-den gowrak kitaplaryň awtory Endrýu Mýurreý aýtdy, ýagny Mukaddes Ruh «Ata we Ogul bilen ýeke-täkdir», we Ol Hudaýyň şöhraty barada «doly we kämil açyş» edýär. Ol dowam edýär: «Bize Hudaý tarapyndan Köne Ähtde wada berlen, Isada Hudaýyň merhemeti bilen bize äşgär edilen we peşgeş berlen ähli zatlary, Mukaddes Ruh indi bize eýeçilige berýär. Onuň üsti bilen Hudaýyň hemme ähtleri ýerine ýetirilýärler, Isa Mesihde hemme eşretler we halas etmeler biziň hususy eýeçiligimiz we tejribämiz bolup durýar».

Siz aňdyňyzmy? Mukaddes Ruhuň üsti bilen Hudaýyň ähli ähtleri amala aşyrylýar we biziň hususy eýeçiligimize we tejribämize öwrülýär. Bu adamyň ýönekeý bir pikiri däl, bu Mukaddes kitabyň hakykaty. Bu parçalary ünsli okaň we oňatja oýlanyň.

> «Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa öwgüler bolsun! (öwlüp arşa çykarylan, şöhratlanan we taryplanan)! Ol Mesih arkaly bizi gökdäki ruhy ýalkanyşlaryň ählisi (Mukaddes Ruh tarapyndan peşgeş berlen) bilen ýalkady».
>
> –Ef. 1:3, giňeldilen terjime.

Ýaşaýyş üçin zerur bolan Hudaýa ýaraýan ähli zatlar, bizi [Mukaddes Ruhuň] Hudaýynyň ýanyna Kim çagyran bolsa, Şonuň şahsy, syrly akyl ýetirişi arkaly bize gudrat bilen berlen. Bu biziň haçan hem bolsa, birwagt alan çakylygymyzyň iň gowusydyr.

–2 Pet. 1:3, The Message

(ýaýyň içindäki sözler düşnükli bolmak üçin goşuldy)

Emma ýazylyşy ýaly: «Hudaýyň Özüni söýenler üçin taýýarlan zatlaryny ne göz görendir, ne gulak eşidendir, nede adam ýüregi hyýal edendir. Bize bolsa Hudaý muny Öz Ruhy arkaly aýan etdi; sebäbi, Ruh ähli zady, Hudaýyň çuň pikirlerini-de barlaýandyr».

– 1 Kor. 2:9, 10, J. B. Fillips

Mukaddes Ruh size şu goşgularyň üsti bilen nämäni aýan edýär?

________________________________________

________________________________________

________________________________________

________________________________________

Onuň Kimdigini kabul etmek bilen, siz öz durmuşyňyzda Mukaddes Ruhuň barlygyny we güýjüni çäklendirýärsiňizmi? Saklanyň we Hudaýdan dileg ediň. Onuň siziň geljegiňizi nähili üýtgedip biljekdigini size görkezmegini Ondan haýyş ediň. Ol size näme täzelik açýan bolsa, şony ýazyp alyň.

________________________________________

________________________________________

________________________________________

________________________________________

**Mundan beýläk öwrenmek üçin...**

http://bibleonline.ru saýtyň kömegi bilen «Ruh arkaly», «Ruhuň üsti bilen» we «Ruhdan» ýaly jümleleri barlaň. Şeýle hem 1Korintoslylara 12:4–11; Galatýalylara 5:5; 2 Selaniklilere 2:13; Mukaddes kitabyň şu ýerleriniň üstünde oňat oýlanyň.

# OL ÝAŞAÝŞYŇ RUHUDYR

*Çünki Mesih Isadaky ýaşaýyş Ruhunyň kanuny meni günä hem ölüm kanunyndan azat edendir.*
–Rimlilere 8:2

Mukaddes Ruh – bu ýaşaýyş Ruhydyr! At diýip şuňa aýdaýsaň! Ol barada oýlanyň. Ýaşaýyş (durmuş) – bu hemme zat. Ol saglygyň, ösüşiň, terligiň, ruhubelentligiň, energiýanyň we güýjüň ähli ugurlaryny öz içine alýar. Ýaşaýşyň Ruhunda ölümiň kölegesi hem – keselem, kuwwatsyzlygam, ýadawlygam, argynlygam, çüýremede, zaýa bolma-da – ölümiň hiç hili äheňi-de ýok. Ýaşaýyş Ruhy ýeriň ýüzünde her bir zada jan bermek bilen ýaradylan wagtynda gatnaşdy. Halkara missioner we Hoş Habarçy **Lester Samrall** bu sözleri tassyklaýar: «Ilkinji ýazylan Muraddes kitapda biz Mukaddes Ruhuň işini görýäris «Gelip çykyş» kitapdaky 1:2. Ajaýyp zat, ýagny Mukaddes kitabyň eýýäm birinji sahypasy we ikinji goşgusy Mukaddes Ruhuň işini görkezýär... Ol garym-gatym bulaşyklykdan kosmosy, gözelligi we täsinligi döretdi. Ýeriň şekili we giňişligi bolmandyr. Hudaý Özüniň ajaýyp döredijilik nusgasy bilen meşgullanypdyr, Ruh Oňa kömek etmek bilen hereket edipdir. Hudaýyň Ruhy suwlaryň üst ýüzünde hereket edipdir, we kosmos garym-gatym bulaşyklykdan döredilipdir».

Siz öz durmuşyňyzyň niresinde boşlugy duýýarsyňyz we garym-gatym bulaşyklygy görýärsiňiz? Gözelligi, tertipliligi we azatlygy getirmek üçin ýaşaýşyň Mukaddes Ruhy size nirede gerek? Doga-dileg ediň (Hudaýy çagyryň) we size görkezmegi Ondan haýyş ediň. Ybadat edende Oňa bu şertleri tabyn ediň, Ol edil ýaradan wagtynda muny edişi ýaly, gelmegini we tertibe salmagyny Ondan haýyş ediň.

Filipililere 4:6–8; 1 Pet. 5:7; Zebur. 36:4–6. okaň

Siz hemişelik bizar ediji bir boluşlylyk halys ýadadyňyzmy? Ýaşaýyş Ruhy sizi Özüniň gudraty bilen berkitmek isleýär. Haçan-da siz wagtyňyzy Onuň bilen geçireniňizde we Ony ýakyn tanan wagtyňyz, Ol size güýç berer. Hudaýyň bu güýçli ähtleriniň üstünde oýlanyň:

> Bilmeýärmisiň? Eşitmediňmi? Reb ebedi Hudaý, bütin dünýäniň Ýaradyjysy. Ol ejizleýän ya ýadaýan däldir, Onuň düşünjesine akyl ýetmez. Ol ejizleri kuwwatlandyrýar, mejalsyzlaryň güýjüni artdyrýar [köpelýän we artykmaç].
>
> –Işaýa 40:28, 29, giňişleýin terjime

> Eger Isa Mesihi ölümden Dirilden we hemme ýerde bar bolan Hudaý siziň durmuşyňyzda hereket edýän bolsa, onda Isada näme eden bolsa sizde hem edil şolar ýaly etjekdigi, Özi üçin sizi hem direltjegini mälim dälmi eýsem? Haçanda Hudaý siziň kalbyňyzda ýaşasa we size dem berse (Ol bolsa hakykatdan hem muny Isada edişi ýaly edýär), onda siz ol öli ýaşaýyşdan dynarsyňyz. Onuň siziň içiňizde ýaşaýan Ruhy bilen siziň bedeniňiz edil Isa Mesihiň bedeni ýaly diri bolar.
>
> –Rimlilere 8:11, The Message

> Maňa kuwwat berýän Isa Mesihiň hemme işleri üçin mende güýç bar [men hemme zada taýýar, we men Onuň kömegi bilen hemme zadyň hötdesinden gelerin, Ol meni içki güýç bilen doldurýar...].
>
> –Filipililere 4:13, giňişleýin terjime

Mukaddes Ruh bu goşgularyň üsti bilen size näme aýdýar? Doga-dilegi ýazyp alyň, sizi içki güýç bilen doldurmagyny we haçanda Isa ýeriň ýüzünde gezende Ol ýaly sizi hem direltmegini ýaşaýyş Ruhundan haýyş ediň.

---

---

---

---

**Mundan beýläk öwrenmek üçin...**
Gelip çykyş 1:2; Nehemýa 9:6; Işaýa 40:12–15; Zebur 8:4–9; 103:24–30; Eýýup 33:4.

# BIZ OŇA DOLY BAGLY BOLMALYDYRYS

*«Güýç we zorluk bilen däl-de, diňe Meniň ruhum bilen iş bitirersiň» diýen sözi Hökmürowan Reb diýýär*

–Zakarýa 4:6, NLT

Isa Mesih, Hudaýyň ogly, Mukaddes Ruha, Atanyň Ruhuna doly bagly. Ondaky ähli zatlar, ýagny Ol göwrede galandan tä Ol ölüden direlýänçe Mukaddes Ruhuň işiniň netijesi boldy. Mukaddes kitapda aýdylýar...

Ol Ruh tarapyndan göwrede galdy – **Matt. 1:20; Luka 1:31–35.**

Ol Ruh tarapyndan habarly boldy – **Matt. 4:1; Luka 4:1.**

Ol Ruhuň güýjünden dolydy – **Luka 4:14, 18, 19; Ýahýa 3:34.**

Ol Ruhdan öwrendi we Onuň diýenini etdi – **Ýahýa 5:19, 20, 30; 14:10.**

Bu barada Isa ýewreýlere aýtdy: size hakykaty aýdýaryn:

Isa Özi Özünden hiç zady ýaradyp bilmez.

*Ol Atasynyň nähili edýändigini görüp, dine şony edip biler. Aslyýetinde Ogul Atasy näme etse, hut şony hem eder. Atasy Ogluny söýýär we Özüniň ýaradýan ähli zadyny Oňa görkezýär... Men Öz Özümden hiç zat ýaradyp bilmeýärin. Nähili eşidýän bolsam, şonuň ýaly hem hököm çykarýaryn, we Meniň hökümüm adalatly; sebäbi Men Özümiň yradamy däl-de, Meni Ýollanyň yradasyny amala aşyrmaga dyrjaşýaryn.*

–Ýahýa 5:19, 20, 30, GW

Ýahýanyň Injiliniň bäşinji bölüminde Isanyň Mukaddes Ruha bagly bolan deklarasiýasynyň üstünde ünsli oýlanyp görüň (ýokardaky). Mukaddes Ruh Isanyň Onuň bilen özara gatnaşyklary

barada size näme aýan edýär? Siz garşylyk duýýarsyňyzmy? Esaslandyrmany?

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Okaň Resullaryň işleri. 5:32; Rimlilere 8:16; Galatýalylara 4:6; 1 Ýahýa 3:24 we 4:13.

Siz Mukaddes Ruh hakda we biziň Onuň bilen özara gatnaşyklarymyz barada nähili iki sany gaýtalanýan hakykaty bilýärsiňiz?

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Galatýadaky Ýygnagyň irki mesihileri ýaly, biz käwagt Mukaddes Ruha nä derejede mätäçdigimizi ýatdan çykarýarys. Pawlusyň galatýalylara haty (3:2–9) we Lukanyň Injilini (11:13) ünsli okaň. Siz Mukaddes Ruhuň kömegini hemişe alyp bolýanlygyny bileniňizde nähili sapaklardan peýdalanyp we öz durmuşyňyzda olary ulanyp bilerdiňiz?

# OL EBEDI SIZIŇ DOSTUŇYZ!

*Men Atama ýalbararyn, Ol size hemişe siziň bilen boljak başga bir Dosty berer. Bu Dost Hakykatyň Ruhudyr.*
–Ýahýa 14:16, 17, The Message

Mukaddes Ruh siziň iň gowy dostuňyz bolmak isleýär! Ol siziň ýanyňyzda bolmak isleýär, gije-gündiziň dowamynda ýigrimi dört sagat, hepdede ýedi

gün siziň ebedi Kömekçiňiz bolmak isleýär. Mukaddes kitapda aýdylýar: «Onuň biziň içimize salan Ruhy bize teşne, Ol gabanjaň söýgi bilen Ruhuň [kabul edilmegine] teşne» (Ýakub. 4:5, Giňeldilen terjime).

Mukaddes Ruh bilen çynlakaý dost bolmak örän gymmatlydyr. Onuň barlygy we güýji deňi-taýy bolmadyk baky kanagatlanma berýär. Mukaddes Ruh hakynda Isa şeýle diýip aýtdy: «Emma Meniň berjek suwumdan içen asla suwsamaz. Tersine, Meniň berjek suwum onuň içinde ebedilik ýaşaýyş berýän çeşmä öwrüler» (Ýahýa. 4:14). Bu goşgynyň üstünde oýlanyp, Hoş Habarçy we mugallym R.A. Torreý aýtdy: «Bu ýerde suw Mukaddes Ruhy aňladýar. Bu dünýä bizi kanagatlandyryp bilmeýär. Bu dünýäniň her bir şatlygy hakynda şeýle aýdylmaly: «Kimde-kim bu suwy içse, ýenede suwsar». Emma Mukaddes Ruhda kalbyň her bir islegini kanagatlandyrar ýaly güýç bar. Mukaddes Ruh we diňe Ol ynsan ýüregini kanagatlandyryp bilýär.

Egerde siz özüňizi Mukaddes Ruhuň akymynyň we çeşmeleriniň aşagyna goýsaňyz, siz gaýdyp hiç wagt suwsamarsyňyz. Wah, Mukaddes Ruh nähili dil bilen düşündirip bolmaýan şatlyk we beýan edip bolmaýan kanagatlanma bilen Özüniň ýaşaýyş suwuny köp sanly kalplara guýýar. Siziň içiňizde bu ýaşaýyş suw çüwdürimi

barmy-ka? Siziň çeşmäňiz arassalananmy-ka? Ol ebedi ýaşaýşa tarap akýarmy-ka?».

R.A. Torreýiň soragynyň üstünde oýlanyp görüň: «Meniň içimde bu ýaşaýyş suw çüwdürimi barmy-ka? Men Ruhuň bu beýan edip bolmaýan kanagatlanmasyny başdan geçirýärmi-käm? Eger ýok bolsa, onda näme üçin?». Soňra Mukaddes Ruhdan gündelik we erkin Onuň bilen dostlaşmak üçin näme etmelidigini size görkezmegini haýyş ediň. Onuň size açan hemme zadyny ýazyp alyň.

Rebbiň (Ol Mukaddes Ruhuň özüdir) öňünde rahatlanyň. Onuň size Özüni açmagyny– siziň üçin öňki wagtdakylardan hakyky bolmagyny haýyş ediň. Ondan size Özüniň söýgüsini eçilmegini, sizi kabul etmegini we size rahatlyk bermegini haýyş ediň.

Howlukmaň. Oňa ümsümlikde garaşyň we Onuň Hudaýyň özüdigine akyl ýetiriň. Onuň size hemme aýdan zatlaryny ýazyp alyň.

Mukaddes Ruh bilen öz boluşyň ýaly bolmak üçin siz erkin. Ol siziň içiňizden nähilidigiňizi we daşyňyzdan nähilidigiňizi bilýär. Eger-de siz özüňizi hamana ýitiren ýaly duýsaňyz, Ol size nirededigiňizi takyk görkezip bilýär. Ol hemişe siziň kalbyňyzda bolup, sizi berkidýär, ruhlandyrýar we öwüt berýär. Onuň ýanyna

islendik wagt geliň. Size Ony ýadatmak ýa-da halys etmek başartmaz. Ol siziň gowy dostuňyz!

**Doga-dileg**

Mukaddes Ruh, Sen Özüň Kimdigiň barada meniň düşünjämi giňelt, çürt-kesik edip. Meniň Hemaýatçym hökmünde öňkiden hem gowy edip, Seniň häsiýetiňi we ornuňy görmäge maňa kömek et. Meniň durmuşymda Seniň barlygyňy, güýjüňi we sesiňi hiç wagt çäklendirmezligime maňa kömek et. Men bu barada özüm üçin, öz maşgalam üçin we ähli Seniň Ýygnagyň üçin, Senden haýyş edýärin. Isanyň ady bilen, Omyn.

# ARA ALYP MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

Eger siz bu kitaby «Messenger» gullugynyň Mukaddes Ruh hakyndaky bölümi hökmünde okasaňyz, 1-nji wideosapaga seretmegiňizi haýyş edýärin.

1 I Biziň mesihilik durmuşymyz Mukaddes Ruhsuz içgysgynç, birmeňzeş we güýçsiz bolýar. Diýmek, biziň durmuşymyz Mukaddes Ruh bilen nähili bolmaly? Näçe köp bolup biljek oňaýly ýüze çykmalary we ugurlary atlandyryň.

*Reb Ruhdur. Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir.*

2 Kor. 3:17

2 I Mukaddes Ruh – bu «nämedir bir zat» däl, bu haýsydyr bir ruhy mistiki güýç hem däl. Ol Üçleriň (Ata, Ogul we Mukaddes Ruhyň) Şahsyýeti bolup, Ata we Ogul Hudaýyň dolulygydyr. Biziň Mukaddes Ruh hakyndaky düşünjelerimiziň «nämedir bir zat» ýaly, ýa-da haýsydyr bir mistiki güýç hakynda ýaly netijeleri nahili? Eger biz Ony Öz bolşy ýaly: absolýut Hudaý hökmünde görsek, nähili oňyn netijeleri bar?

3 I Mukaddes Ruhuň ilkinji imanlylaryň arasynda bolmagy adatydy, emma şu gün imanlylaryň arasynda bolmaklygy örän seýrek zat. Siz nähili pikir edýärsiňiz, nähili sebäplere görä şu gün biz Hudaýyň Ruhunyň ýolbaşçylyk etmeginden we kuwwatly täsirinden lezzet almagy, Onuň ugurlaryny gözlemegi we Oňa bagly bolmagy bes etdik?

4 I Isa Şahsyýet hökmünde häzir nirede? Ol mesihileriň ýüreginde

ýaşaýarmy-ka? Biziň halas edilişimizi we Hudaýyň adamyň ýüregini Özüniň öýi edişininiň syryny nähili derejede gowy we has takyk beýan edip bolar?

Topar ýolbaşçylar (liderler): Mark. 16:19; Res.iş. 1:9–11; 7:55,56; okamagy öz toparyňyzdan haýyş ediň; Rim. 8:34; Kol. 3:1; Ýewr. 10:12,13 soragyň birinji bölegine we Rim. 8:9, 10; 1 Kor. 3:16; 6:19; 1Ýahýa 3:24 galan bölegine.

*Isa oňa jogap berip diýdi: «Kim Meni söýýänbolsa, sözümi tutar. Atam-da ony söýer, Biz oňa baryp, ýanynda mesgen tutarys».*

–Ýahýa. 14:23

5 Reb, biziň Hudaýymyz, bir, emma Onuň üç sany anyk tapawutlanýan ýüzi bar – Ata, Ogul we Mukaddes Ruh. Üçleriň her bir agzasynyň esasy wezipelerini we Hudaýyň islegini ýerine ýetirmek üçin olaryň bile nähili işleýändiklerini beýan ediň.

Ýolbaşçylar (liderler): öz toparyňyzdan 1 Kor. 12:5–7, şeýle hem Gelip çykyş kitabyndaky1-nji babynda ýaradylyş prosesini beýan etmegi we Isanyň Ýahýadaky 5:17, 19, 20 sözlerini okamagy haýyş ediň.

**Ata Hudaýyň Ruhy = Mesihiň Ruhy = Mukaddes Ruh**

6 Isa aýtdy, ýagny Mukaddes Ruh biziň parakletos. Bu Ol «hemişe biziň bilen bolmak üçin, bize öwretmek, biziň her gün Hudaý bilen bolmagymyz üçin çagyrylan» diýmekligi aňladýar. Nähili ýagdaýda bu düşünje Onuň bilen gündelik gatnaşyklarda sizi motiwirleýär we ruhlandyrýar?

7 Siz indi Mukaddes Ruhuň Şahsyýetiniň ozal görülmedik nähili täze häsiýetlerini görýärsiňiz? Ol nähili edip siziň gözleriňizi açýar we siziň durmuşyňyzda Onuň tutýan orny barada siziň düşünjäňizi baýlaşdyrýar?

## BELLIKLER

## BÖLÜME GYSGAÇA SYN:

- Ata Hudaýyň we Ogluň dolulygyny göterýän Mukaddes Ruh –Üçleriň agzasy.
- Ol «nämedir bir zat» däl, haýsydyr bir mistiki güýç hem däl,
- Ol – Hudaý.
- Ol wagt ýa-da giňişlik bilen çäklendirilen däldir.
- Ol bir wagtyň özünde adamlaryň bimöçber sanyna kömek berip biler we olar bilen gepleşip biler.
- Ol ilkinji mesihileriň durmuşyna örän berk aralaşandy, we Ol biziň durmuşymyzyň her bir ýagdaýyna we şu gün gatnaşmak üçin teşnedir.
- Ol bolmasa mesihiler durmuşy hem asla bolup bilmez, emma Onuň ajaýyp dostlugyny kabul edenler üçin doly bolçulykly we gyzykly durmuş geler.
- Oňa (Hudaýa) - hut özüňiz akyl ýetiriň!

## 2

# Mukaddes Ruhuň Şahsyýeti

*Reb Isa Mesihiň*

*täsin merhemeti we Hudaýyň çäksiz söýgüsi hemmäňize ýar bolsun! Mukaddes Ruhuň ýakyn dostlugy Siziň hemmäňize hemra bolsun!*

*– 2 Korinfýanlara 13:13, The Message*

### 1-nji gün

Beýleki bir adam bilen ýakyn gatnaşyklarda bolmak üçin, ilkinji nobatda biz özümiziň aragatnaşyklarymyzyň nähilidigine düşünmelidiris. Biz adamyň nämäni halaýanlygy, nämäni gowy görmeýänligi, onuň nämä ymtylýanlygy barada näçe köp bilsek, şonça-da çuň dostluk güýçli öser. Şeýle hem, eger biz Mukaddes Ruh bilen ýakyn gatnaşykda bolmak islesek, biz ilki bilen, Onuň şahsyýetine düşünmäge dyrjaşmalydyrys.

Biziň eýýäm öňdäki bölümden düşünişimiz ýaly, Isa özüniň şägirtlerine haýran galdyryjy beýan etdi: «Meniň gitmekligim size peýdadyr. Men gitmesem, Göwünlik Beriji size gelmez, gitsem welin, Ony size ibererin…» (Ýahýa. 16:7). Bu bir wagt aýdan şol bir Isa: «Agzymy tymsallar bilen açaryn; dünýä gurlaly gizlin galan zatlary beýan ederin» (Matt. 13:35). Haýsy bir wagt ýaşap geçen mugallymlardan beýik Halypa Isa, Ol Şol, Kim ýaradylyşdan bäri bolan syrlary açan, Özüniň ýakyn dostlaryny ynandyrmaga synanyşýar, ýagny Hudaýyň Ruhy – fiziki taýdan bolan Isanyň Özi däl, – olar üçin we geljekki nesiller üçin gowy hemra bolar.

Be! Siz-ä bilemok welin, men-ä Mukaddes Ruhy has köp

küýsemäge bu mejbur edýär.

Geliň, Mukaddes kitabyň Pawlusyň korintoslylara ikinji hatynyň (13:13) ýerinden başlalyň. Pawlus aýdýar:

> «Reb Isa Mesihiň merhemeti, Hudaýyň söýgüsi, Mukaddes Ruha şäriklik siziň ähliňiz bilen bolsun!»

Pawlus Hudaýyň her bir şahsyýetiniň aýratynlygyny belleýär. Ol «Isa Mesihiň merhemetinden…» başlaýar. Mesihiler hökmünde, biz ýatdan çykarmaly däldiris, ýagny Hudaýyň öňündäki biziň dogrulygymyz – Ruh bilen üýtgeşik ajaýyp gatnaşyklaryň burç daşy – biziň Rebbimiziň we Halasgärimiz Isa Mesihiň merhemeti bolmazdan bolmazdy. Bu eşreti işläp gazanmak ýa-da eýe bolmak mümkin däl, bu Onuň bagyşlap bilmegi, günäniň geçilmegini we güýji öz içine alýan ömrüniň beýik peşgeşi. Pawlus yzyny dowam edýär: «...we Hudaýyň söýgisi». Haçan-da men özümiň dört sany ogullarymyň hemmesini güýçli söýýänligim barada pikir edenimde, men durmuşymy olardan diňe biri bilen göz öňüme getirip bilemok. Emma, meniň diňe bir oglumyň bardygy we men ony duşmanlarymyň hatyrasyna ölme bermelidigim barada pikir edenimde çydar ýaly däl.

Haçan-da Ol biziň üçin Özüniň ýeke-täk Ogluny berende, biz hakykatdan hem Hudaýyň duşmanydyk ahyry (ser. Rim. 5:10). Gör, nähili beýik söýgi! Eýsem siz Gökdäki Ataňyzyň sizi söýýänligine begenmeýärsiňizmi? Ozal siz Onuň duşmanydyňyz, siz Onuň perzentleri indi Ol size näçe köp Özüniň söýgüsini siňdirer. Ol sizi aýratyn we edil Özüniňki ýaly söýýär.

Men özümiň çagalarymy çäksiz gowy görýärin, emma şonda-da meniň söýmek we olardan lezzet almak ukybym Hudaýyň bize bolan söýgüsinden has daşda. Onuň Sözi aýdýar: «Sebäbi men ne ölümiň, ne-de ýaşaýşyň, ne perişdeleriň, ne hökümdarlaryň, ne-de gudratlaryň, ne şu wagtyň, ne-de geljegiň, ne belentligiň, ne-de çuňlugyň we ne-de başga mahlugyň Rebbimiz Mesih Isada bolan Hudaý söýgüsinden bizi aýyrmagy başarjagyna

ynanýaryn» (Rim 8:38, 39). Gör, nähili täsin äht! Eýsem, siz hiç kimiň sizi Ataňyzyň (Hudaýyň) söýgüsinden aýryp bilmeýänligi üçin minnetdar dälmi?

Geliň, indi goşgynyň ikinji bölümine seredeliň (2 Kor.13:13), ýagny munuň Pawlusyň korintoslylar Ýygnagyna soňky hatydygyny ýatlalyň. Bu ýüzlenme (hat görnüşinde ýazylan) aýratyn täsin pähimlilikden we aýanlykdan doly. Pawlus bu çuň manyly hatyň ahyrynda Ruhuň ýolbaşçylyk etmeginde nämäni saýlaýar? «Mukaddes Ruha şäriklik siziň ähliňiz bilen bolsun!» Üns beriň, ýagny Pawlus «gatnaşyk» sözüni Mukaddes Ruh bilen baglanyşdyrýar. Men Katolik Ýygnagynda ösdüm, we şonuň üçin, «aragatnaşyk» (iňlisçe communion – «priçastiýe». Takmynan terjime) sözüni diýmek bilen, men çörek bilen çakyry göz öňüme getirerdim. Pawlusyň bu ýerde priçastiýe barada aýtmaýanlygy görnüp dur. Diýmek, onda «Mukaddes Ruhuň aragatnaşygy» nämäni aňladýar-ka? Eger-de, grek tekstiniň asyl nusgasyna dolansak, onda biz grekçe «aragatnaşyk» koinonia diýmekligi aňladýandygyny göreris. Ynha, bu sözüň meniň tarapymdan tapylan birnäçe kesgitlemeleri: dostluk, ýoldaşlyk, gatnaşyk, ýakyn tanyşlyk, berk özara gatnaşyk, durmuş aragatnaşygy, hyzmatdaşlyk, bilelikde gatnaşmak we berk özara kömek.

Bu uzyn we güýçli sanaw. Ýokarda sanalyp geçilen ähli kesgitlemeleri üç sany topara bölmäge maňa rugsat ediň:

- dostluk;
- hyzmatdaşlyk;
- ýakynlyk.

## Aragatnaşyk dostlugy aňladýar

Meniň sözlügim dostlugy «haçanda dostlar özlerinde bar bolan zatlary hemmelere deň bölendäki dostlukly şagalaňly aragatnaşyklar» hökmünde kesgitleýär. Ýakyn dostlar we ýoldaşlar

agzybir bolýarlar. Olar özlerinde bar zatlaryny bölüşýärler, biri-birleri bilen gürleşýärler we biri-biriniň durmuşynda bolup geçýän wakalar barada bilýärler.

Meniň eýýäm aýdyp geçişim ýaly, men golf oýnamagy gowy görýärin. Oýnamak üçin, adatça, men özümiň ýakyn dostlarymy çagyrýaryn. Biz tutuş tapgyry gürleşip geçirýäris. Bu dostlaryň bilen wagtyňy gowy geçirmek üçin iň ajaýyp pursat, sebäbi biziň ünsümizi bölýän zat ýok. Birwagtlar men kollejde tennis oýnamagy örän gowy görýärdim, ýöne esasy mesele şundan ybaratdy, ýagny tennis kortynda (meýdançasynda) bäsdeşiň bilen gürleşmek mümkin däl. Golf oýnuny men, esasan hem, bäsdeşleriň bilen gürleşip bolýanlygy üçin gowy görýärin. Oýun meýdançasynda maňa haýsydyr bir başga ýerdäkä garanda, bu ýerde adamlar bilen has ýakyndan tanyşmak başardýar. Hut şol ýerde meniň «aragatnaşygym» bolup geçýär. Mümkin, indi siz, näme üçin men hakykatdan ol ýere aýalymy çekmek islänligime düşünýänsiňiz, – sebäbi bütin ýer ýüzünde meniň üçin onuň ornuny tutup biljek başga adam ýok!

Meniň iň ýakyn dostlarymyň biri – bu «Messenger International» toparynyň agzalary. Biz özümiziň pikirlerimizi, durmuş garşylyklarymyzy we meselelerimizi yzygiderli ara alyp maslahatlaşýarys. Men olaryň tejribesine we dostlugyna örän güýçli ynanýaryn. Men bilemok, bu täsin erkekler we aýallar bolmadyk bolsa, men bu gün nirede bolardym. Biz köplenç wagtymyzy bile geçirýäris, bu aragatnaşyk hemişe bolmadyk bolsa, «Messenger International» gullugynyň – öwretmek, adamlara ýetip boljak we halas etmek boýunça işleri ýerine ýetirmek mümkin bolmazdy.

Mukaddes kitapdan aýdyň görnüşi ýaly, resullar Mukaddes Ruh bilen aragatnaşyga doly bagly bolupdyrlar. Resullaryň işleri kitabynda şeýle ýazylan: «Indi hem, ine, ruhumda bent bolup, Iýerusalime barýaryn, ol ýerde başyma näme geljegini bilemok. Ýöne Mukaddes Ruh bentleriň we muşakgatlaryň maňa garaşýanyny şäherme-şäher güwä geçip aýdýar» (Resul.iş. 20:22,23). Pawlus Mukaddes Ruh bilen öňde oňa nämäniň garaşýanlygy barada

gürleşdi. Üns beriň, Mukaddes Ruh oňa jebirler we agyr hasratlar haýsydyr bir şäherde garaşýar diýip aýtmady. Gaýtam, Mukaddes Ruh bilen hemişe gatnaşýanlygy üçin, Pawlus synaglaryň hemme şäherlerde özüne garaşýanlygyny bildi.

Bilemok, siz nähili, emma, eger-de meniň ýoldaşym – meniň ýakyn aragatnaşyk edýän adamym, – maňa hemişe men nirä gitsem-de, maňa hemme ýerde agyr hasratlaryň garaşýanlygyny aýdýan bolsady, men mümkin, oňa şübhelenip başlardym. Men, mysal üçin, şeýleräk aýdardym: «Sen näme, pikiriňi üýtgetdiňmi?», «Mümkin, geljegi üýtgetmäge azrak umyt bardyr?» ýa-da «Agyr hasratlaryň deregine ýeňil oňaýsyzlyklar hakda nähili?» Mukaddes Ruh Pawlusyň agyr hasratlaryna begenmedi, Ol gaýtam Pawlusy öňde oňa nämeleriň garaşýanlygyna taýýarlady.

We Ol ony taýýarlap bildi – olary berk dostluk aragatnaşygy baglanyşdyrýar ahyryn.

Mukaddes Ruhuň meniň eşitmek islemeýän zatlarymy maňa aýdýan wagtlary bolýardy. Men Ondan şol bir zatlary soramagy dowam edýärdim (nämedir bir has ýakymly zatlary eşitmäge umyt baglap), emma günbe-gün şol bir jogaby alýardym. Haçan-da, biz Mukaddes Ruh bilen şeýle ýagdaýda gürleşenimizde, Ol ahyrsoňy gürleşmäni goýýar, hamana bize düşündirýär: «Men eýýäm saňa aýdyň görkezdim, indi sen saýla – Meniň ugrumy kabul etmelimi ýa-da kabul etmeli dälmi». Mukaddes Ruh bilen ýakyn dostlaşmak – haçan-da Ol seniň eşitmek islemeýän zadyňy aýdanda Onuň bilen wagtyňy geçirmekdir.

Resul. Iş. kitabynyň 10-njy babynda biz Petrusyň Mukaddes Ruhdan şeýle ugry nädip alanlygyny görýäris. Hudaý Petrusa Hudaýyň halas ediş islegini butparazlara hem berenligini aýan etdi. 19-njy goşguda ýazylan: «…Ine, üç adam seni gözläp ýör». Bu adamlar Petrusy butparazlaryň ýüzbaşysynyň öýüne ugratmak üçin geldiler, Petrusyň özi ol ýere wepaly ýewreý hökmünde hiç bir zat üçin gitmezdi. Şonuň üçin Mukaddes Ruh oňa düşnükli aýtdy «ol ýerde aşakda saňa myhmanlar garaşýarlar. Men seniň olaryň ýanyna

çykmagyňy isleýärin. Sen Maňa bu tabşyryk üçin gerek». Mukaddes Ruh Petrusyň şular ýaly habar üçin şatlanyp bökmejekdigini bilýärdi, Ol oňa haýsydyr bir mundan beýläkki görkezmeleri bermän, näme etmelidigini aýtdy.

Mundan iki bap öňde Mukaddes Ruha doly ynam edilýän ýene bir mysal beýan edilen. «Rebbiň bir perişdesi Filipusa diýdi: «Tur, günorta bakan, Iýerusalimden Gaza gidýän ýola rowana bol; Ol çoladyr» (Res. iş. 8:26). Bu ýerde biz Filipusa görkezme berýän Rebbiň perişdesini görýäris. Bu ýerde perişde Filipusyň ýanyna geldi diýlip aýdylmaýar, emma şeýle ýazylan: «Rebbiň bir perişdesi Filipusa... diýdi». Her bir terjime bu jikme-jikligi tassyklaýar. Näme üçin bu tapawutlandyrma şunça wajyp? Şu parçadan görnüşi ýaly, biz düşünýäris, ýagny Filipus perişdäniň sesi bilen Mukaddes Ruhuň sesini tapawutlandyryp bildi, sebäbi soňra hut şu bölümde şeýle ýazylan: «Ruh Filipusa diýdi: «Bar, arabanyň ýanyndan ýöre!» (Res.iş. 8:29). Filipusa Mukaddes Ruhuň sesi şeýle bir tanyşdy, ýagny ol Onuň sesini perişdäniň sesinden tapawutlandyryp bildi!

Men öz aýalymyň sesini şeýle gowy tanaýaryn, ýagny hatda ony görmezden, köpçüligiň içinden ony tapawutlandyryp bilýärin. Biz adamlardan doly jaýyň dürli burçlarynda bolup bileris, emma haçan-da ol gürlän mahaly, men onuň sesini onlarça beýlekileriň arasyndan tanaýaryn. Ilkinji mesihiler Ruhuň sesini gör, näçe gowy tanapdyrlar ahbetin. Luka Resullaryň işleri kitabyny ýazan mahaly Filipusyň oňa gürrüň berşini, men göz öňüne getirip bilýärin. Filipus aýdýar: «Ýok, Luka, şol şäherde maňa gürlän ses, Ruhuň sesi däldi. Bu perişdedi. Emma hut Ruh maňa şol arabanyň golaýyna barmalydygymy aýtdy». Onuň sesi bize hem şeýle gowy tanyşmyka? Ruh bilen has-da berk ýakynlygyň bolup bilmegi mümkinmi, emma biz entek oňa düşünen däldiris?

Haçan-da, Filipus çölde bolanda, Mukaddes Ruh oňa belli bir arabanyň golaýyna barmalydygyny aýtdy. Näme üçin bu duşuşyk şunça wajypdy? Arabadaky şol edepli adam tutuş Efiopiýada üçünji adamdy. Onuň uly abraýa eýe bolmaklygynyň we häkimlik

etmeginiň netijesinde Efiopiýanyň halas edilmegi bilen onuň ýurdunda Hoş Habar ýaýradylyp başlandy. Eger Filipus Ruhuň ýöretmegine duýgur bolmadyk bolsa, ol ullakan mümkinçiligi elden gidirerdi. Birnäçe baplardan soň Timoteosyň, Pawlusyň we Silasyň gatnaşmagyndaky waka beýan edilýär:

> «Frikiýadan we Galatýa ýurdundan geçip, olara Mukaddes Ruh tarapyndan Asiýada wagyz-nesihat etmäge rugsat berilmedi. Misiýa çenli baryp ýetenlerinden soň, Bitiniýa gitmegi göz öňünde tutdylar, emma Ruh olara rugsat bermedi» (Resl.iş. 16:6, 7 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy). Üns beriň, ýagny olara Mukaddes Ruh tarapyndan «rugsat berilmedi», we ýagny «Ruh olara rugsat bermedi».

Siz indi düşünýärsiňizmi, ilkinji mesihileriň köpüsi Mukaddes Ruh bilen nähili ýakyn araganaşykda bolupdyrlar? Eýsem şu gün başgaça bolmalymy? Bizde Rebbe hyzmat etmek üçin Mukaddes Ruhdan gowy serişde barmy? Ýa-da olara döwrebap tehnologiýalar ýetmezçilik edenligi sebäpli ilkinji Ýygnagyň ýolbaşçylary ýöne sada usullara daýanypdyrlarmy? Elbetde, ýok. Ne tehnologiýalar, ne usullar hiç wagt Mukaddes Ruhuň sesini çalşyp bilmezler.

Bu ýolbaşçylar Ruh olaryň durmuşyna işjeň gatnaşar diýip garaşdylar, olar Onuň gatnaşmagyna hormat goýdular we Ony çagyrdylar. Hiç zat üýtgemedi. Ruh biziň bilen şu gün hem şolar ýaly ýakyn aragatnaşykda bolmak isleýär. Biziň Liza bilen bile öz öýümizde biri-birimize ýeke söz aýtman birnäçe sagat wagty geçirmegimizi siz göz öňüne getirip bilersiňizmi? Göz öňüne getirmek kyn. Kim şular ýaly maşgala durmuşyny arzuw eder? Men öz aýalymy söýýärin we onuň ýanynda bolmagy örän isleýärin. Men ony diňlemegi halaýaryn, onuň sesi– meniň gulaklarym üçin owaz. Biz eýýäm otuz ýyldan gowrak wagt bäri är-aýal, emma ol durmuşa çykmadyk bolan bolsa (Hudaýa şükür, ol durmuşa çykan), men oňa gün bermezdim. Ýeriň ýüzündäki ähli adamlaryň arasyndan men

hemmeden beter, şübhesiz, onuň bilen bolasym gelýär. Şeýdip, Mukaddes Ruh biziň bilen ýakyn aragatnaşykda bolmak isleýär.

Eýýäm ýigrimi dört ýyl özümiň saparlarymyň dowamynda men dürli myhmanhanalarda bolýaryn, we meniň hiç wagt ýüregim gysmaýar. Haçan-da men her bir sekuntda Hudaý bilen bile bolamda, nähili meniň ýüregim gyssyn? Ol myhmanhananyň her bir otagynda meniň bilen. Hut şonuň üçin men özümiň myhmanhanalarda geçirýän wagtymyň gadryny bilýärin. Kämahal men wagtymy özümiň toparym bilen geçiresim gelmeýändigini aýdýaryn, sebäbi Mukaddes Ruh bilen ikiçäk bolmak isleýärin. Men Onuň gürleýşini diňlemegi halaýaryn. Maňa ters düşünmäň, men wagtymy adamlar bilen geçirmegi hem gowy görýärin, hakykatdan hem men adamlar bilen bile bolmagy örän halaýaryn. Men düýbünden terkidünýä ýa-da garasöýmez adam däl. Maňa adamlaryň jemgyýeti juda ýaraýar, emma şol bir wagtyň özünde-de men özümiň Mukaddes Ruh bilen geçirýän wagtymyň (aragatnaşygymyň) gadryny bilýärin.

## 2-nji gün

## Aragatnaşyk hyzmatdaşlygy aňladýar

Hyzmatdaşlyk – bu koinonia sözüni beýan edip biljek ýene-de bir söz. Hyzmatdaşlygyň mysaly Lukanyň Injilinde bar:

> «Muny edenlerinde, olar şeýle bir köp balyk tutdular welin, torlary ýyrtylyp ugrady. Beýleki gaýykdaky ýoldaşlaryna gelip kömekleşmeleri üçin ellerini bulap yşarat etdiler. Olar hem gelip, her iki gaýygy-da balykdan doldurdylar. Gaýyklar tas suwa batypdy» (Luk. 5:6, 7).

«Hyzmatdaşlar» – metochos («koinonia» sözüniň sinonimi) diýen grek sözi «hyzmatdaş hemram, ýoldaş, iş boýunça ýoldaş» diýmekligi aňladýar (1Кor. 3:9). Eýsem bu täsin dälmi? Maňa

bu sözüň kesgitlemesi Ueýmautyň terjimesinde ýaraýar: «[Biz] Hudaý üçin we Hudaý bilen işdeşler». Bize ýeri-gögi Ýaradyjy üçin we Ýaradyjy bilen bile işlemek mümkinçiligi berildi. Başgaça aýdanymyzda, biz Hudaý bilen hyzmatdaşlykda işe başlaýarys.

Gör, nähili täsin çakylyk!

Hakyky hyzmatdaşlar bir-biri bilen mydama bir tolkunda ýerleşýärler. Men Miçigan kölüniň golaýynda ulalyp ösdüm, we ol ýerde ýelkenli gaýykda gezim etmeklik meniň ömrümiň köp bölegini eýeledi. Biziň maşgala gaýygymyz maňa örän ýaraýardy, men iki ýyl ýelken ussatlary taýýarlaýan mekdepde okadym we hatda ýaryşlarda çykyş edýärdim. Ilkinji ýaryşlaryň birinde menden bir meşhur kapitan bilen işleşmegi haýyş etdiler, onuň ekipažy iň gowularyň biri hasaplanýardy. Hemmeler meniň üçin begendiler. Birinji tapgyr wagtynda men özümi gerek däl adam ýaly duýdum. Kapitan buýruk berýärdi we topar hereket edip başlaýardy. Her bir adam özüniň näme etmelidigini takyk bilýärdi we gämide öz ýerini bilýärdi.

Başga bir tarapdan, men örän tagaşyksyzdym. Ýogsam, maňa näme etmelidigimi hem aýtdylar, meniň bu ugurda türgenligim we tejribäm ýokdy. Ekipažyň galan agzalary agzybir işlediler, meniň öňümde bolsa entek bu zatlary öwrenmek durdy.

Mukaddes Ruh bilen hyzmatdaşlyk hem toparyň bir bölegi bolmagy aňladýar. Siz Onuň bilen işlemeli. Ilkinji gezek, men adamlara wagyz-nesihat edenimde, meniň aýalym we onuň oňat görýän jorasy göni birinji hatarda ukladylar. Men Ruh bilen bir tolkunda däldim. Wagyz-nesihat berilýän wagtynda Onuň hyzmatdaşy bolmaklygy öwrenmek üçin maňa wagt gerekdi.

Şu kitabyň ýazylyşy bilen hem edil şeýle boldy. Ruh bilen hyzmatdaşlykda işlemegi öwrenmezden öň özümiň birinji kitabymy ýazmak üçin maňa göwnüň geçmeklikden doly tutuş bir ýyl gerek boldy. Men ýuwaş-ýuwaşdan aňsat we çalt ýazyp başladym. Men bir zady bildim, ýagny mydama Onuň Öz roly bar we meniň öz rolum

bar – we Ol diňe şeýle işlemek isleýär!

Resullaryň işleri kitabynyň 15-nji babynda biz hyzmatdaşlygyň täsirini iş ýüzünde görýäris. Resullar ähli wagtynda butparaz bolan mesihilere ibermek üçin hat taýýarlaýarlar.

Ol hatda olar şeýle diýýärler:

> «Çünki Mukaddes Ruh we biz siziň üstüňize wajyp bolan şu zatlardan başga hiç bir zady ýüklemezligi unadyk» (Resl.iş. 15:28).

Biz hyzmatdaşlygy hereketde görýäris. Ýygnagyň ýolbaşçylary anyk ýagdaýa degişlilikde Mukaddes Ruhuň we hut özleriniň garaýyşlaryny aýdyň beýan etdiler. Iki tarap hem çözgüdi kabul etmäge gatnaşdylar. Iki tarapyň hem öz orunlary bardy. Olar Patyşalygyň işinde hyzmatdaş boldular.

Hyzmatdaşlyk manysy Köne Ähtde hem görünýär. Ýadyňyzdamy, Hudaý Sodom we Gomorany weýran etmek baradaky Özüniň meýilnamalaryny ara alyp maslahatlaşmak üçin dub tokaýyna, Ybraýymyň ýanyna geleni (ser. Gelip çykyş 18)?

Ähtimal Hudaý Ybraýymy Özüniň hyzmatdaşy hökmünde görýändir. Olar ýerinden turýarlar, we Hudaý ýolda oňa aýdýar: «Men şu iki şäheri ýeriň ýüzünden syryp aýyrmaly diýip pikir edýärin. Bu barada sen nähili pikir edýärsiň, Ybraýym»? (awtoryň parafrazasy). Ybraýym ynjalyksyzlanýar, sebäbi onuň ýegeni bu şäherleriň birinde ýaşaýar. Ahyrsoňy çynlakaý oýlanmalardan soň, eger-de ol ýerde on sany bigünä adam tapylsa, bu şäherleri weýran etmezlik barada ol Hudaýy ynandyrýar.

Hudaý Ybraýymyň delillerine hormat goýýar. Ol hatda Gelip çykyş kitabynda 18:17 şeýle diýýär: «Etjek bolýan işimi Ybraýymdan gizläýinmi?! Düşnükli, ýagny Hudaý Özüniň maksatlaryny tiz ýerine ýetirmäge howlukdyrmak üçin Ybraýymyň gatnaşmagyny isledi. Näme üçin? Sebäbi Ybraýym Hudaý bilen ýakyn gatnaşykdady ýa-da hyzmatdaşlykdady.

Şuňa meňzeş mysal Musanyň durmuşynda beýan edilen. Hudaý Musa aýtdy:

> «Indi Meni ýeke goý, çünki Men gazap atyna atlanyp, olary ýok edip taşlaýyn we senden bir beýik millet döredeýin» (Çykyş. 32:10).

Şeýle sözleri eşidip, Musa Hudaýy gaharlanmazlyga we Özüniň maksatlaryny üýtgetmäge ynandyrmagyny dowam etdi. Bu gün biz bu sözlere aýratyn bir üns bermezden, olary aňsat okaýarys. Emma, pikir edip görüň: hat-da Hudaýyň «Maňa azar berme» diýen sözünden soň hem Onuň üçin we Onuň halky üçin nämäniň gowy boljakdygyny Musa Hudaýa ýatlatmaga ýüreklendi. Munuň sebäbi Musa Hudaý bilen berk hyzmatdaşlykda işleýärdi. Şunuň bilen birlikde, bize ýatda saklamak wajypdyr, ýagny Hudaý – Gudratly we Ol hemişe biziň hormatymyza mynasypdyr. Diňe Onuň merhemeti we emri bilen biz Onuň hyzmatdaşlary bolup bileris. Ol bize Onuň beýik meýilnamasynyň we pikiriniň bir bölegi bolmaga mümkinçilik bermegi saýlady.

Ýöne şeýle saýlawyň netijesinde Ol bize nähili ýeňillik berdi! Bu Köne Ähtden iki sany beýik mysallar, emma gep şundan ybarat, ýagny bizde bar bolan zatlar Ybraýymda we Musada bolmandyr.

Bu diňe bir şeýle ägirt imanlylaryň Hudaýyň hyzmatdaşlary (ýoldaşlary) bolmaga ukyply bolan anyk pursatlary we ýagdaýlary. Emma bu gün Mukaddes Ruh gije-gündiziň ýigrimi dört sagadyny, hepdäniň ýedi gününi biziň içimizde ýaşaýar. Bize haçan Ol dub tokaýynda biziň ýanymyza geler, ýa-da Onuň bilen gürleşmek üçin Sinaý dagyna çykmaly bolar diýip, garaşmak gerek däl. Onuň ýanyna barmaga bizde hemişe mümkinçilik bar. We, esasy zat, Onuň Özi biziň bilen hyzmatdaşlykda işlemek– biziň ädimlerimizi ugrukdyrmak we pikirlerimizi eşitmek isleýär.

Mukaddes Ruh hemişe diňe biziň bilen bile bolman, eýsem Ol hiç wagt uklamaýar hem. Ýaňy-ýakynda men daňdan 2.20-de

oýandym we geçen gulluk eden günüm üçin tolgunmadan ýaňa gaýdyp uklap bilmedim. Şonuň üçin men turdum hem-de özümiň Ýoldaşym bilen gürleşdim. We, bilýäňizmi, näme? Ol uklamandyr. Täsin zat! Ol: «Jon, sen näme üçin Meni oýardyň?» diýmedi. Eger-de men özümiň aýalymy oýaran bolsam, ol aýdardy: «Jon, meni şeýle ir daň bilen oýarmak saňa nämä gerek boldy?» Eger-de men oňa: «Ezizim, meniň ýöne seniň bilen gürleşesim geldi» diýip jogap beren bolsam, ol maňa ýassygyny zyňyp goýbererdi. Ol birneme uklamagy gowy görýär, şonuň üçin men ony oýarmaly däldigini bilýärin (ol hem käbir ýagdaýlarda gowusy meni oýarmaly däldigini bilýär). Emma Mukaddes Ruh bolsa islendik sagatda hem meniň bilen bile bolmaga şat. Meniň bilen geljek gün barada gürleşmek Oňa ýaraýar, käwagt bolsa Ol maňa näme boljagyny öňünden bilmäge mümkinçilik berýär. Ine, näme üçin men her bir günümi Onuň gatnaşmagynda başlamagy gowy görýärin. Ol meniň Ýoldaşym, we biziň gatnaşygymyz meniň günümiň möhüm bölegi bolup durýar.

Möhüm bellemeli zat, ýagny Mukaddes Ruh – bu özara gatnaşyklarda uly Ýoldaş. Pawlus Efesdäki ýygnagyň ýolbaşçylaryna aýtdy: «Özüňize we Reb Hudaýyň Öz gany bilen edinen ýygnagyny bakmak üçin, Mukaddes Ruhuň sizi içinde gözegçi edip goýan tutuş sürüsine göz-gulak boluň» (Resl.iş. 20:28). Serediň, Pawlus: «Isanyň sizi gözegçi edip goýan sürüsine» diýmändir. Bu goşgy Isanyň Mukaddes Ruh bilen ajaýyp hyzmatdaşlygyny görkezýär. Isa Hudaýyň Ýygnagyny «hut Özüniň gany bilen» gazandy. Mukaddes Ruh, Üçleriň* şu pursatda ýere düşen agzasy hökmünde, Ýygnagyň gözegçilerini goýýar we ähli işleri dolandyrýar. Ol hemme zatlara jogap berýär, ýa-da başgaça aýdanymyzda, Ol uly Ýoldaş. Pawlus Mukaddes Ruhuň – biziň bilen bile we biziň kalbymyzdadygyna gowy düşünýärdi. Ýene-de şuňa meňzeş mysala Resullaryň işleri kitabynyň 13-nji babynda duşmak bolýar: «Bular Rebbe ybadat edip, agyz bekleýärkäler, Mukaddes Ruh diýdi: «Meniň çagyran işim üçin Barnabas bilen Sauly Maňa aýyryp goýuň!.... Şeýlelikde, Mukaddes Ruh tarapyndan ýollanan Barnabas bilen Saul Selukiýa geldiler. Ol

ýerden hem gämili Kipre geçdiler …» (2 we 4 goşgular). Biz ýene-de şu mysalda resullar bilen hyzmatdaşlykdaky (aragatnaşykdaky) Mukaddes Ruhy aýdyň görýäris. Ýadyňyzdamy, häzir Isa Özüniň Atasy bilen asmanda. Mukaddes Ruh ýere bu täsin durmuşda biziň Ýoldaşymyz bolmak üçin iberildi.

### 3-nji gün

## Berk özara gatnaşyk

Geliň, Korintoslylara iberilen Ikinji haty täzeden okap göreliň (13:13):

> «Reb Isa Mesihiň merhemeti, Hudaýyň söýgüsi, Mukaddes Ruha şäriklik siziň ähliňiz bilen bolsun!»

Indi, haçan-da biz aragatnaşyga «dostluk» we «hyzmatdaşlyk» ýaly sözler bilen kesgitleme berenimizde, bu iki sany kesgitlemelere özüňiziň düşünişiňiziň täsiri bilen bu goşgulara seredip başlaň. Siz Pawlusyň aýdýan zadynyň güýjüne akyl ýetirýärsiňizmi? Emma ol saklananok. Şeýle-de «koinonia» sözi «berk özara aragatnaşyk» manysyny hem özünde saklaýar.

Meniň häzirki aýtjak bolýan zadym, meniň ýaşymyň syryny açar, emma şonda-da, haçan-da men berk özara aragatnaşyk barada pikir edenimde, men «Bitlz» saz toparyny göz öňüme getirýärin. Meniň ýaş ýigit wagtymda («bitlzleriň» dargamagyndan has öň), Pol MakKartnini ýatlanymda, men derrew «bitlzleriň» galanlarynyň ählisini: Jon Lennony, Jorj Harrisony we Ringo Starry göz öňüme getirýärdim. Şol wagt men bu topar barada aýry-aýry adamlar barada ýaly pikir hem etmeýärdim: olar ýöne «Bitlz».

Berk özara aragatnaşygyň ýene-de bir mysaly – bu üç sany tentekler (mahawlar) adybir filmden. Olar Moe, Lerri we Kerli – hat-da üçüsinden birisi bolmadyk bolsa, üç sany tentekler bolup

bilmezdiler. Diňe Moeli bilen bir parça manysyz bolardy. «Üç tentek» hemmesiniň bile bolany üçin hut şeýle bolupdy. Olar biri-birlerine baglydylar.

Haçan-da, men durmuşda Mukaddes Ruh bilen berk özara aragatnaşykda bolýan adamlar hakynda pikir edenimde, d-r Dawid Ýongi Ço ilkinjileriň biri hökmünde meniň göz öňüme gelýär. Doktor Ço –dünýäde iň uly Ýygnagyň pastory. Men onuň bilen ilkinji gezek 1980-nji ýyllarda duşuşanymy hiç wagt ýatdan çykarmaryn. Bu onuň biziň Ýygnagymyza ilkinji saparydy, men bolsa edil şol mahal myhmanlary kabul etmek boýunça iş bilen meşguldym. Doktor Çonyň biziň Ýygnagymyza gelmezinden eýýäm birnäçe ýyl öňden bäri men myhmanlary kabul ediş işinde hyzmat edýärdim, şol sebäpli-de oňa çenli maňa eýýäm onlarça ruhanylar bilen duşuşmak miýesser etdi. Oňa garamazdan, meniň doktor Ço bilen duşuşygym örän ajaýyp boldy. Haçan-da, ol meniň ýanyma maşyna münende, onuň bilen bile Hudaýyň barlygy geldi. Men derrew diýen ýaly aglap başladym, gözýaşlarym meniň ýaňaklarymdan syrygyp akýardy. Men dymmaga dyrjaşdym, sebäbi ybadata başlamazdan öň ony ynjalyksyzlandyrmak islemedim, emma şeýle-de bolsa, men gürläp başlamalydygymy duýdum. Men, ýuwaşja horkuldap, aýtdym: «Doktor Ço, Hudaý bu ýerde biziň maşynymyzda». Ol ýylgyrdy we «Men bilýärin» diýmek bilen baş atyp goýberdi. Doktor Çonyň özüniň Mukaddes Ruh bilen gatnaşygy barada nähili köp ýazandygy we wagyz nesihat edendigi barada pikir edenimde, bu duşuşyk maňa düşnükli bolýar. Men onuň her gün iki sagatdan dört sagada çenli, köplenç Ruhda doga-dileg edýänligi barada aýdanyny eşitdim. Mukaddes Ruh bilen wagtyny gowy geçirmegi doktor Ço özüne ilkinji maksat edip goýupdyr; şu sebäbe görä-de Hudaýyň barlygy onuň durmuşynda şeýle güýçli duýulýar. Birnäçe ýyl mundan öň men Mesihileriň dynç güni irden bolan uly Ýygnagynda Mukaddes Ruh barada wagyz-nesihat edtim. Şol agşam, haçan-da biz agşamky ýygnaga dolanyp gelenimizde, men takmynan kyrk bäş minut sejde etmeden soň okatmalydym. Emma Mukaddes Ruh täsir edip başlady

we adamlar sagalyp hem-de halas bolup başladylar.

Iki sagadyň dowamynda men mikrofony alyp bilmedim. Ahyrsoňy, meniň sahna çykmazymyň öňýanynda, ruhany (pastor) (kän bir ýumşagam däl, gowşagam däl adam) meniň ýanyma geldi we sesini aglamjyradyp diýdi: «Jon, meniň ýygnagy dolandyran sekiz ýylymyň içinde, men hiç wagt Hudaýyň barlygyny şular ýaly güýçli duýmandym!» Men oňa derrew şeýle jogap berdim: «Munuň özüniň sebäbi bar. Bu sebäbi biz şu gün irden Mukaddes Ruh barada gürrüň etdik. Her gezek, biz Ol hakynda gürrüň edenimizde, Ol gelýär». Bu ýagdaý, haçan-da biz «adaty» mesihiler Mukaddes Ruh bilen ýakyn özara gatnaşykda bolanymyzda näme bolup geçjekdigini görkezýär.

## Aragatnaşyk ysnyşyklylygy aňladýar

«Koinonia» sözüniň soňky manysy – «ýakyn aragatnaşykda bolmak, ýagny ysnyşyklylyk». Bu söz Pawlusyň Korintoslylara Ikinji hatynda (13:13) ulanan «koinonia» sözüniň manysyny has gowy beýan edýär. Ýürekdeşlik (ýakyn aragatnaşykda bolmak) diňe dostlukda ýa-da özara gatnaşyklarda ýüze çykyp bilýär, ýöne ol bu iki düşünjäniň çäginden has daşlaşýar. Ýürekdeşlik ýüregiň pikirlerine, gizlin syrlaryna we arzuwlaryna çuňňur siňýär.

Mukaddes kitabyň häzirki döwürdäki bir terjimesinde şeýle ýazylan: «Mukaddes Ruhuň ýakyn dostlugy, goý, hemişe siziň hemmäňiz bilen bolsun» (2 Kor. 13:13). Men ýürekdeşlige dostlugyň iň çuň derejesi hökmünde garaýaryn. Ýatdan çykarmaň, ýagny Mukaddes Ruh siziň dostuňyz bolasy gelýär, Ol siziň bilen gürleşmäge teşne bolýar. Ýakubyň hatynda (4:5) şeýle diýilýär: «Bizde mesgen tutan ruh gabanjaňlyga çenli söýýändir». Ol sizi gabanyp söýýär we siziň wagt we üns bermegiňizi isleýär. Ýöne oýlanyp görüň: Mukaddes Ruh bu Hudaýdyr, we hiz zat Ondan gizlin däl. Onuň bilimi, parasatlylygy we aňlaýyşy çäksizdir – we Ol Özüni size açmak isleýär. Haçan-da men uly gymmatlyk ýa-da wajyplyk bolup durýan nämedir bir zady bilenimde ýa-da düşünenimde, men

höwes bilen özümiň bilýän zatlarymy maňa ýakyn adamlar bilen paýlaşasym gelýär. Belki-de, size bu duýgy tanyşdyr, – Mukaddes Ruh hem şeýle.

Köplenç mesihiler Mukaddes Ruh bilen gürleşmezden, Isa Mesihe ýakynlaşmaga dyrjaşýarlar. Fariseýler hem edil şular ýaly ýalňyşlygy goýberýärdiler. Olar Isa Mesihe aýtdylar:

> «Biz zynadan doglan däl, biziň ýeke-täk bir Atamyz bar, Ol Hudaýyň Özüdir» diýdiler. Isa olara şeýle diýdi: «Eger Ataňyz Hudaý bolsa, onda Meni söýerdiňiz, sebäbi Men Hudaýdan geldim, Öz-Özümden gelmedim, Meni Ol iberdi» (Ýahýa. 8:41, 42).

Fariseýler Ata Hudaý bilen gatnaşyklary islediler, ýöne Isanyň üstünden geçip. Olar Hudaýyň pikirinde nämedir başga bir zatlaryň bolmagy bilen ylalaşmak islemediler. Isa fariseýlere düşündirdi, ýagny Ol we Onuň Atasy bir. Hakykatda Ol soňra aýtdy: «Meni çyndan tanasaňyz, Atamy-da tanarsyňyz» (Ýahýa. 14:7). Emma fariseýler Onuň sözlerini diňlemek islemediler. Olar Ata Hudaýyň ýanyna Oglunyň üsti bilen barmak islemändikleri sebäpli, olar Ata Hudaýa ýakynlaşyp bilmediler. Edil şonuň ýaly edip hem Isa düşündirdi, ýagny Ol indi ýeriň ýüzünde ýok we Ata Hudaý biziň Kömekçimiz bolmak üçin Mukaddes Ruhy (Şony, Kim edil biziň Halasgärimiz ýaly) iberdi (Ýahýa.16:7). Ruh Isa Mesihi äşgär etmek üçin iberildi, edil şonuň ýaly-da, Ogly Atasyny äşgär etmek üçin iberildi. Biz ýatda saklamalydyrys, ýagny Mukaddes Ruh Isany şöhratlandyrmagy gowy görýär. Diýmek, eger siz hakykatdan hem Isa Mesih barada köp bilmek isleýän bolsaňyz, siz wagtyňyzy Mukaddes Ruh bilen geçirmeli. Ruh size Isany aýdyň görkezer. Ýöne Mukaddes Ruh nirede Oňa hormat goýýan bolsalar, şol ýerde hem Özüni äşgär eder. Eger biz Ruha hormat goýsak, Ol Özüni bize açar, we biz Onuň täsin; haýran galdyryjy barlygyndan lezzet alarys we Onuň bize äşgär Etjegini has gowy tanarys. Özümiň otuz ýyldan gowrak wagt gulluk eden döwrümiň içinde men bu düzgünden

başgasyny görmedim: Isany örän gowy tanaýan adamlar Mukaddes Ruh bilen hemmelerden ýakyn ýöreýärler. Bu zatlaryň hemmesiniň manysy bar, sebäbi hut Ruh bize Isany aýan edýär.

## Ruhuň Şahsyýetdigine düşünmeklik

Kimdir biri bilen ýakyn bolmaklyk üçin, biziň ýakynlaşmak isleýän adamymyzyň şahsyýetini tanamaga ymtylmak zerurdyr. Munuň üçin, elbetde, gatnaşmak (gürleşmek) gerek, we şonda ýakynlyk (ýürekdeşlik) has çuň bolar. Men uzak wagtlap özümiň dört sany ogullarymyň hemmesine birmeňzeş garadym. Netijede, bizde käbir düşünişmezlikler ýüze çykdy. Näme üçin terbiýäniň şeýle görnüşi netijesiz? Sebäbi olaryň her biriniň ajaýyp häsiýeti bar. Meniň aýalym terbiýe meselesine kalby berlen adam, we ol olaryň arasyndaky tapawudy görmegiň nähili wajypdygyny maňa öwredýärdi. Haçan-da, men özümiň ogullarymyň her biriniň ajaýyplygyna düşünjek bolup başlanymda, meniň olar bilen özara gatnaşyklarym mese-mälim çuňlaşyp başlady. Öz aýalym bilen ýürekdeş bolanym üçin, men onuň özüni nähili görkezýändigine düşünmäge ukyply. Biziň otuz ýyldan gowrak wagt bäri är-aýaldygymyz sebäpli, biziň aramyzda berk aragatnaşyk bar, ýakyn aragatnaşykda bolmak – bu wagtyňy ajaýyp geçirmekligiň önümi. Lizanyň meniň tarapyma ýekeje gezek garap goýbermegi ýeterlik we men onuň kellesinde näme pikiriň bardygy barada birnäçe sahypa zat ýazyp bilýärin. Şeýle pursatlar bolýar, hat-da ol ýekeje-de söz aýtmasa-da, men onuň näme isleýändigini aýdyp bilýärin. Eger-de siz: «Jon, şu gün ertirlige men ýumurtga, bekon (kaklanyp duzlanan doňuz eti) we şüle ýarmasyny taýýarlajak» diýip aýdan bolsaňyz, men ynamlylyk bilen şeýle jogap bererdim: «Bilýäňizmi, Liza şüle ýarmasyny we bekony iýmez». Maňa hat-da ondan soramagam gerek däl: men eýýäm onuň şüle ýarmasyny we bekony halamaýandygyny bilýärin. Bu örän ýönekeý mysal, emma has bir içgin (şahsy) meseleler barada hem şol bir zady aýtmak bolar. Şuňa

meňzeş berk ýürekdeşlik bir günüň içinde döremeýär. Ony birnäçe ýyllaryň dowamynda wagtyňy gowy geçirmek we gürleşmek arkaly ösdürmeli. Meniň aýalymyň nämäni halaýandygyny, nämäni halamaýandygyny hiç kim menden gowy bilmeýär, we meniň isleglerimi hem hiç kim meniň aýalymdan gowy bilmeýär. Edil şonuň ýaly hem, haçan-da biz özümizi Onuň bilen gürleşmäge we wagtymyzy Onuň bilen bile geçirmäge bagyş edenimizde, biz özümiziň Mukaddes Ruh hakyndaky düşünjämizi ösdürýäris.

## 4-nji gün

# Onuň gylyk-häsiýetini bilmek

Ýahýanyň Injiliniň 14-den 16-a çenli babynda Isa Ol, Onuň, Onuň Özi ýaly çalyşmalary Mukaddes Ruha degişlilikde on dokuz gezek ulanýar. Mukaddes Ruhuň – Şahsyýetdigi aýdyňdyr. Üns beriň, Ony Şahsyýet diýip atlandyrmak bilen, men Ony adam diýip atlandyramok. Ýadyňyzdamy, ýagny adamlar Hudaýa meňzeş edilip ýaradylypdyrlar. Bu diýmek, biziň «şahsyýet» hasaplaýanymyzyň nukdaýnazarlary ilki bilen Hudaýyň barlygyny aňladýar, emma Hudaý edil bize meňzeş däldir.

Şonuň üçin, Onuň Şahsyýetiniň taraplary bar, nämeni biz hiç wagt öz düşünjämiz bilen anygyna ýetip bilmeris

Men özümiň Mukaddes Ruh bilen gatnaşyklarymda we Onuň bilen özara işimizde örän ýardam berjek bir açyş etdim. Haçan-da, men Mukaddes Ruha degişlilikde peýdalanylýan çalyşmalary grek diliniň asyl nusgasynda öwrenenimde, men Mukaddes Ruha degişlilikde ýygy-ýygydan ulanylýan grek çalyşmasynyň bitarap (ýagny ne aýal jynsa, ne-de erkek jynsa) jynsa degişli çalyşmadygyny belledim. Aslyýetinde, ol bir adam hakda beýan edilende hem erkege degişlilikde, hem aýala degişlilikde peýdalanylyp bilner.

Iňlis dilinde beýle çalyşma ýok. Bizde «ol erkek», «ol

aýal» ýaly çalyşmalar we jansyz närselere hem-de haýwanlara degişlilikde ulanylýan çalyşma bar. «Ol» erkek jynsa (mužskoý rod), «ol aýal» aýal jynsa (ženskiý rod) degişli. Emma erkegi we aýaly suratlandyrmak üçin ne aýal ne-de erkek jynsy (sredniý roda) aňladýan çalyşma ýok. Emma sredniý roda degişli şeýle çalyşma grek dilinde bar, we Täze Ähtde siz onuň Mukaddes Ruha degişlilikde ulanylandygyny görersiňiz. Gaýtalaýaryn, bu çalyşma predmete däl-de, janly mahluga degişlidir.

Köne Ähtde siz şuňa meňzeş zatlara gabat gelersiňiz. Iwrit dilinde ýazylan asyl nusgadaky tekstde (gadymy ýewreý dili) Mukaddes Ruha degişli hereketiň aýal jynsa (ženskiý rodda) gabat gelýän ýerleri köp (emma muňa garamaazdan, görnüşi boýunça aýal jynsa degişli bolmazdan). Ýewreýler köplenç ýerine ýetirýän wezipesine görä ýazypdyrlar (şoňa esaslanyp, ýagny kimdir biri ýa-da nämedir bir zat olaryň kim ýa-da näme bolýanlygynyň tersine etdi). Mukaddes kitabyň hiç bir ýerinde Mukaddes Ruh ženskiý roda degişli ýaly edilip berilmändir, emma Onuň hereketleriniň käbirlerine aýal häsiýetleri berilýär.

Bu çuň tema bolup, oňa köp üns bermäge bu ýerde mümkinçilik ýok, ýöne geliň, bir zady aýdyňlaşdyralyň: men Mukaddes Ruh – ženskiý roda degişli Şahsyýet diýip pikir etmeýärin. Ýene-de bir has gönümel sözlem ýazaryn: Mukaddes Ruh ženskiý roda degişli jandar däldir. Käbir adamlar bu taglymaty doktrina öwürýärler, emma men şeýle garaýşy esaslandyrylmadyk we artykmaç syzgyr duýgular arkaly dörän hasaplaýaryn. Haýyş edýärin, bu pikiri kelläňizden çykaryň. Mukaddes Ruh – bu haýsydyr bir aýal hudaý däl.

Ine, men näme barada aýdýaryn Biz ýatda saklaýalydyrys, Hudaý biziň keşbimiz boýunça ýaradylmadygyna biz düşünmelidiris.

Hudaýyň ýaradylmady. Eýsem, biz Onuň keşbi boýunça ýaradyldyk. Men munuň ýönekeý bir zat ýaly eşidilýändigini bilýärin, emma bu hakykaty, temamyzy öwrenmegimizi dowam edip bilerimiz ýaly özümiz üçin örän düşnükli edip aýdyňlaşdyrmaly. Gelip çykyş kitabynda (1:27) şeýle ýazylan: «We Hudaý adamy

Özüniň keşbi boýunça ýaratdy, Hudaýyň keşbi boýunça ony ýaratdy; erkegi we aýaly olary ýaratdy» (Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy). Beýleki terjimelerde şeýle diýilýär: «Hudaý adamy ýa-da «adamzady» ýaratdy». Meniň özüm-ä «adamlar» we «adamzat» - bu terjimäniň gowy warianty diýip pikir edýärin.

Şeýlelikde, biz Gelip çykyş kitabyndan Hudaýyň erkekleri we aýallary Özüniň keşbi boýunça ýaradandygyny bildik.

Onda şeýle sorag bermek gerek: eger Ol hem erkegi, hem aýaly Özüniň keşbi boýunça ýaradan bolsa, onda bu biziň «aýallaryňka» degişli hasaplaýan häsiýetleriň gelip çykyşy özüniň Hudaýda bolmagyny aňladmaýarmy? Mukaddes Ruhuň barlygynyň biziň erkek we aýal baradaky düşünjämizden üstün çykmaklygy mümkinmi, ýagny biziň düşünjämiziň çäginden çykýarmy? Hut, şeýle bolmaly, sebäbi hem erkekler, hem aýallar Hudaýyň keşbi boýunça ýaradylandyr.

Men anyk bilýärin, siz meniň tutuş kitabyň dowamynda Mukaddes Ruh hakynda «Ol», «Oňa», «Onuň Özi» ýaly erkege degişli çalyşmalary peýdalanyp ýazanlygyma üns berdiňiz we Ol hakynda hut şeýle diýip dowam ederin. Mukaddes Ruh biziň aýallara degişli häsiýete eýedir diýen bu baş ýörelge – iňlis dilinde gürleýän adamlar üçin, çylşyrymly we doly düşnükli bolmadyk bolmagy mümkin. Men näme üçin bu barada ýazýaryn? Bu size Mukaddes Ruh bilen gatnaşygyňyza gowy düşünmäge kömek eder diýip, men pikir etdim, ýogsam men bu temany gozgamazdym.

## Ol mylaýym we näzik

Yzyny dowam etmezden öň, men özümiň geçmişim barada gürrüň bereýin. Meniň kakam – Ikinji jahan urşunyň weterany. Ol togsan üç ýaşynda, we men ony örän gowy görýärin. Kakam maňa bütin ömrümiň dowamynda juda kömek etjek köp zatlary öwretdi. Emma, onuň meni taýýarlamadyk käbir zatlary bar: nähili är bolmalyga.

Bir gezek Pawlus aýtdy: «Eý, ärler, edil şunuň ýaly, sizem öz aýalyňyza hormat goýuň, onuň bilen özara düşünişip ýaşaň» (1 Pet. 3:7, NLT). Men Liza öýlenen mahalym, men oňa «düşünmek bilen» garamaýardym. Liza meniň durmuşymda ilkinji söýgimdi. Ondan öň meniň aýallar bilen ýakyn aragatnaşygym bolmandy. Şonuň üçin men oňa beýleki ýigitlere garaýşym ýaly garadym. Göz öňüne getirip bilersiňizmi, beýle çemeleşme üstünlik getirmedi. Men onuň bilen aýal hökmünde özara gatnaşyk etmegi öwrenmeli boldum.

Hususan-da, men onuň bilen ýumşak ses bilen gürleşmegi öwrenmeli boldum. Gynansak-da, meniň öz maşgala agzalarym bilen gödek gürleşýän halatlarym bolýar. Hudaýa şükür, Mukaddes Ruh meniň gözümi açýar, we şonda men ötünç soramagy we ýagdaýy düzetmegi başarýan. Bir gezek men öz oglum bilen şeýle bir tersleşdim, hat-da men ondan ötünç soramaly boldum. Ol meni çalt bagyşlady we biziň aramyzda täzeden ajaýyp gatnaşyklar öňkisi ýaly boldy. Liza bilen hemme zat başgaçady. Ol meniň oglum bilen gödek gürleşenligim sebäpli, birnäçe günläp maňa gaharly gezdi. Gep öýke-kinede däldi, emma onuň aragatnaşyklara bolan duýgurlyk esasynda dörän hakyky täsirindedi. Biz oglum bilen derrew diýen ýaly ýaraşdyk, emma men aýalym bilen gatnaşygy sazlamak üçin jan etmeli boldum. Iki gün geçenden soň, ol maňa: «Men entek hem seniň biziň oglumyz bilen nähili gürleşenligiňden özüme geljek bolup synanyşýaryn» diýdi.

Men gatnaşygyň nämedigine düşünmegi öwrendim – bu Lizanyň durmuşyndaky peşgeş. Köp beýleki aýallar ýaly, ol hem gatnaşyklarda bijaý duýgur, we özüne ýakyn adamlary örän umytsyz goraýar.

Mukaddes Ruhuň hem aragatnaşyklarda adatça biziň aýallaryňky hasaplaýan bu beýik güýje eýe bolmagy mümkinmi? Mukaddes kitapda ýazylan: «Hudaýyň Mukaddes Ruhuny gamgyn etmäň» (Ef. 4:30, häzirki döwür terjime). Rik Reneriň özüniň «Grek diliniň gymmatly dür däneleri» atly kitabynda görkezişi ýaly, «gamgyn etmek» sözi «çuň gam-gussa we keýpi bozuklyk» diýen manyny

berýär. Ol biri-birini örän güýçli söýýän diňe iki sany adamyň arasyndaky gatnaşyklarda ýüze çykýan agyryny aňladýan sözden dörändir. Şeýlelikde, Pawlus bu ýerde aslyýetinde şeýle diýýär: «Kim sizi güýçli söýýän bolsa, Oňa dert ýetirmäň». Geliň, indi Mukaddes kitabyň bu ýerini kontekstde okap göreliň:

> «Agzyňyzdan hiç haçan ýaramaz söz çykarmaň, gaýtam, eşidenler peýdalanar ýaly, gerekli abatlyk üçin oňat sözler aýdyň. Hudaýyň Mukaddes Ruhuny gamgyn etmäň.
>
> Siz gutulyş güni üçin, Ol Ruh bilen möhürlenensiňiz. Her ýamanlyk bilen birlikde her hili kine, gahar, gazap, galmagal we ýamanlama sizden daş bolsun. Biri-biriňize mähriban, gamhor boluň Hudaýyň Mesihde bagyşlaýşy ýaly, siz hem biri-biriňizi bagyşlaň» (Ef. 4:29–32).

Görýäňizmi, Mukaddes Ruh nähili mylaýym?

Mylaýymlyk – hakykatdan hem haýran galaýmaly güýç. Pawlus bizi ýumşak ýürekli bolmaga çagyrýar. Eger men öz aýalym bilen sagdyn, janly gatnaşyklardan lezzet almak islesem, gowusy men ýumşak ýürekli bolmaly we öz ogullarym bilen hem şeýle özumi alyp barmaly. Edil şonuň ýaly hem, bize Mukaddes Ruh bilen sagdyn we janly gatnaşyklardan lezzet almak üçin, biz Ony gynandyrýan zady duýmalydyrys. Geň galaýmaly, Pawlus Ruhy çuň gussa batyrýan: ýaramaz söz, gahar-gazap, paýyş sözler aýtmak, töhmet atmak, ajy dillilik ýaly ýigrenji häsiýetleri nädip kesgitleýär. Şuňa meňzeş häsiýetler zerarly meniň aýalymyň gynanyşyna örän meňzeýär. Ýene-de, Ruhda aýal häsiýetiniň sypaty hasaplanýan gatnaşyklarda beýik güýç bar, eýsem bu subutnama dälmi?

Göz ýetiriň, Pawlus aýtmady: «Isany gamgyn etmäň» diýip. We Ol aýtmaýar: «Ata Hudaýy gamgyn etmäň» diýip. Ol anyk aýdýar: «Ruhy gamgyn etmäň». Mukaddes Ruh biziň ýüreklerimizi Öziniň bolýan ýerine öwürdi. Biz nirä gitsek, Ol biziň bilen gidýär: bu ýakyn aragatnaşyk. Şonuň üçin biziň öz durmuşda ýol berýän zatlarymyz Oňa agyr degýär.

Başga tarapdan seredip göreliň. Eger kimdir biri maňa ýigrenji sözler aýtsa, men muňa köp üns bermeýärin. Emma, kimdir biri meniň aýalyma ýigrenji sözler aýtsa – oňa gowusy menden daşrakda dursa gowy bolar. Isa hem takmynan edil şony aýtdy: «Kim Ynsan Ogluna garşy söz aýtsa, bagyşlanar, ýöne kim Mukaddes Ruha garşy bir söz aýtsa, bagyşlanmaz. Ol ne bu döwürde, ne-de geljeki döwürde bagyşlanar» (Matt. 12:32). Eýsem, Ata Hudaýyň (diňe Özüniň Atasynyň erk-islegini döredýän Oglunda äşgär edilen) Özüniň Mukaddes Ruhy goraýandygy geň dälmi?

Ata Hudaý beýle goragy biziň Isa bolan ýa-da Öz Özüne bolan aragatnaşyga goýmaýar, emma ony Mukaddes Ruh bilen bolan biziň aragatnaşygymyza goýýar.

Ata Hudaýyň, Oglunyň we Mukaddes Ruhuň arasyndaky özara gatnaşyklar – bu bir syr bolup, mümkin, biz oňa hiç wagtam düşünmeris. Bu tapawudy biziň Mukaddes Ruh bilen gatnaşyklarymyzda bellemek gyzykly. Biziň Onuň bilen aragatnaşygymyzy her hili ýollar bilen goramak we gadryny bilmek zerur. Muny ýatda saklamak wajypdyr, ýagny biz Oňa gam-gussa, käwagtlar bolsa, hat-da beter gam-gussany hem getirip bileris. Näme üçin bu siziň Onuň bilen özara gatnaşyklaryňyz üçin şeýle wajypka? Sebäbi, eger siz Onuň bilen nähili bolmalydygyna düşünmeseňiz, biziň durmuşymyzda Onuň barlygynyň ýüze çykmagy ýoýular.

### 5-nji gün

## Ol syzgyr, ýöne güýçli

Mukaddes Ruh Kömekçi diýlip atlandyrylypdyr, dogrumy? Haçanda erbet bolanda köplenç, çagalar kimiň ýanyna ylgaýarlar? Olar ejesiniň ýanyna ylgaýarlar.

Ýokarda aýdylanlaryň netijesinde birnäçe döwletler ýuwenal ýustisiýanyň ulgamynda ofiser-aýallaryň wezipesini aýdyňlaşdyrýan

gollanmalary işläp düzdüler. Gawaýýada ofiser-aýaly jenaýat eden kämillik ýaşyna ýetmedik ýetginjek bilen gepleşik geçirmäge ilkinji bolup başlamaga çagyrýan gollanma bar. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýetginjekleriň ofiser-aýallaryň soraglaryna gowy jogap berýändikleri mese-mälim boldy. Aýallarda rahatlandyrmak we köşeşdirmek boýunça tebigy zehin we ukyp bar. Ýene-de, men Mukaddes Ruh – aýal diýjek bolamok.

Nähilidir bir keşbiň üsti bilen, men Mukaddes ruhy Dawud patyşa meňzedýärin. Siz, haçan-da bolsa bir wagt, Dawudyň nä derejede mylaýym we ýumşak bolandygyna üns beripmidiňiz? Ol nähili rehimli we duýgur bolupdyr. Abşalom (Awessalom) aradan çykanda, ol hat-da aglapdyram, ýogsam Abşalom gozgalaňyny ýok etmek üçin onuň özi öz goşunyna buýruk berdi (ser. 2 Patş. 19). Biz birnäçe gezek Dawudyň aglaýanlygyny we zeburlary düzýänligini görýäris. Onuň Ionatan bilen gatnaşyklary – Mukaddes kitapdaky ýakyn içgin dostlugyň gowy mysallarynyň biridir.

Emma, ýatdan çykarmaň, Dawud esgerdi, ol pälwany ýeňdi we müňlerçe adamlardan üstün çykdy. Ol batyrgaý söweşijileriň otrýadynyň lideri bolupdyr, munuň taryhda iň beýik otrýad bolan bolmagy doly mümkindir (ser. 2 Patş. 23). Mysal üçin, Dawud hat-da onuň adamlaryna suw we iýmit bermekden boýun towlan adamy hem öldürmekçi bolupdyr (ser. 1 Patş. 25). Dawud ejiz bolmandyr, ol ärdi. We şeýle bolsa-da, ol mylaýym hem syzgyr bolupdyr. Ýatladýaryn, Mukaddes Ruha ýene-de guýç-gudrat Ruhy hem diýýärler (ser. Işaýa. 11:2). Ol hemme hemme zady başarýan we hiç hili gowşagam däl, ejizem däl. Şol bir wagtyň özünde-de, Ol hoşniýetli we çuňňur duýgur. Ol biziň sözlerimiz we boluşlarymyz (hereketlerimiz) sebäpli gynanyp bilýär. Gör, nähili täsin Hudaý!

Eger, Onuň şahsyýetiniň doly gylyk-häsiýetine düşünmek size kyn bolsa, umydyňyzy üzmäň. Biz mydama ýatda saklamalydyrys, ýagny Onuň şahsyýetini biziň ynsan aňymyza sygdyrmak mümkin däl. Emma, Ol Özüni bize äşgär etmäge söz berdi, eger biz Onuň ýanyna golaýlaşmaga gaýrat tapsak. Gör, nähili çakylyk!

Meniň eýýäm ozal ýatladyşym ýaly, Mukaddes Ruhuň ähli syrlaryny we şöhratyny beýan etmek mümkin däl (1 Kor. 2:6–16). Meniň maksadym şundan ybarat, ýagny siz Ony açmaga başlap bileriňiz we öz durmuşyňyzda Onuň barlygyndan lezzet alaryňyz ýaly Ony siziň bilen ýöne tanyşdyrmak.

## Ony gynandyrmazlyk üçin habardar boluň.

Ýaňy-ýakynda men biraz wagtlyk özümiň telewizora seretmegimi çäklendirdim. Haçan-da, men doga-dilegde we Hudaýyň Sözünde hemişe wagt geçirenimde, meniň Hudaý bilen gatnaşygym örän güýçli bolýardy. Şol döwürler bBir gezek men myhman otagyna girdim, ol ýerde oglanlar haýsydyr bir filme tomaşa edýärdiler. Bu erbet film däldi, ýöne, haçan-da, edil men giren mahalymda, adamyň öldürilýän sahnasyny görkezýärdiler. Men şol bada derrew myhman otagyndan çykdym. Biziň gürleşýän wagtymyz men şeýle bir Ruha bolan aragatnaşygymda duýgurdym, ýagny şular ýaly sahnalar görlende Onuň gamlanyşyny derrew duýdum.

Biz ýatdan çykarmaly däldiris, ýagny Ruh biziň içimizde hemişelik ornaşdy. Haçan-da, siz filme seredip başlanyňyzda, siz Ony – ähli älemiň mukaddes we hemme zady başarýan Hudaýy – özüňiz bilen bile alýarsyňyz.

Ol hemişe siziň bilendir, sebäbi Ol sizi hiç wagt öz ýanyndan aýyrmajakdygyna we taşlamajakdygyna söz berdi. Emma siz ýüze çykararsyňyz, ýagny haçan-da siz Ony Onuň gynanjak ýagdaýlaryna eltseňiz, Ol birden gürlemesini goýar.

Eger-de, biz Ruhy gaýgylanmaga mejbur etsek, biziň jogabymyz nähili bolmaly? Biz şol bada derrew ötünç soramalydyrys, ýöne bu çuň we ýürekden çykýan toba etmelidiris. Eger, men aýalymy gynandyrsam, «gel, ähli zady düzedeli» diýip, ýüzleý çalaja aýdanym hiç wagt kömek etmeýär. Liza hemme zady aýdyň görýär. Biziň gatnaşyklarymyza uly zyýan ýetirýän soraglara batyp oturman ýöne meniň durmuşda öňe gitmegi isleýändigimi ol bilýär. Lizanyň

islegi meni ýazgarmak däl, ol biziň gatnaşyklarymyzda hiç hili ýasamalygyň we ikiýüzlüligiň ýokdugyna göz ýetiresi gelýär. Edil şonuň ýaly-da, Hudaýyň Ruhy hem bize yhlasly garaýar, Ol ýüzleý gatnaşyklary islemeýär, Ol hakyky ýürekdeşligi isleýär.

Bu bapda ozal men öz ogullarymyň biri bilen bir gezek nähili gödek gürleşenligim barada aýdypdym. Şol wakadan soň birnäçe günleriň içinde Mukaddes Ruh maňa bu barada doga-dilegimde ýatlatmagyny dowam etdýärdi. Ol ýazgarma däldi, ol gatnaşyk meselesidi. Men Ony nähili çuňňur gynandyrandygyma akyl ýetirmändim, we ilkibaşda Ondan birnäçe gezek ötünç soradym, emma bu şu takwa gynanç bilen delillendirilmedi. Men bu meselede batyp galmazlyk barada köp gaýgy etdim. Ol ýuwaşjadan meni tüýs ýürekden, çuňňur, takwa gynançly ýere itmek bilen dowam etdi, ol bolsa öz nobatynda meniň kalbymy (aňymy, islegimi we duýgularymy) arassalady.

Pawlus hem şonuň ýaly, Hudaý bilen aragatnaşyklaryň kesilmeginiň sebäbi bolan olaryň boýun bolmazlygyndan soň, korintoslylar Mesihiler Ýygnagyna ýüzlenýär. Ol ýazdy (we siz onuň sözlerini okanyňyzda, ýadyňyzda saklaň, ýagny olar Mukaddes Ruhuň adyndan aýdylandyr): «Bu gaýgyňyzyň Hudaýyň islegine görä bolmagy, gör, sizde nähili gaýrat, nähili ökünç, nähili gahar, nähili gorky, nähili küýseg, nähili yhlas, nähili adalata ymtylyş döretdi! Siz bu işde her taýdan tämizdigiňizi görkezdiňiz» (2 Kor. 7:11).

Hudaýa Şöhrat bolsun, biz Guzynyň gany bilen bagyşlandyk we arassalandyk. Ýöne, entek biz, imanlylar Hudaýyň öňünde aklanan hem bolsak, Ony gamlandyranymyzda, bize şonda-da Mukaddes Ruh bilen gatnaşygymyzy dikeltmek gerek. Edil Resul Pawlusyň korintoslylara edişi ýaly, tä olar hakykatdan hem ökünýänçäler, Mukaddes Ruh bize diýenini etdirýär we ynandyrýar, sebäbi Ol yhlasly hakyky dostlugy isleýär. Taňrynyň hatyrasyna meniň başdan geçiren bu gynanjym ýürekden arassalanmak (saplanmak) islegini we gatnaşygy dikeltmek islegini döretdi. Hudaýa Şükür, Mukaddes Ruh çalt bagyşlaýar!

Ýatdan çykarmaň, ýagny Mukaddes Ruh mylaýym, doly rehimli we Hemaýatçy (biziň, köplenç, aýallaryňka degişli edýän häsiýetimiz), emma Ol hem güýçli, gudratly, Ol edil esger ýaly (biziň, köplenç, erkekleriňkä degişli edýän häsiýetimiz). Biz Onuň şahsyýeti barada köp-köp zatlary bilmelidiris, eger Onuň bilen ýakynlaşmak isleýän bolsak. Bize Onuň bilen Onuň şertlerinde hemişe aragatnaşyk saklamak gerek. Onuň Kimdigi baradaky düşünjämiziň artdygyça, biz Çäksiz Gudratly bilen çuň gatnaşygy duýýarys.

Kämahal, men öz aýalym bilen golf (top oýny) barada gürleşmäge synanyşýaryn. Men çen bilen şular ýaly sözleri aýdýaryn: «Mähribanym, göz öňüňe getirip gör, men şu gün 68 utuk gazandym!» Meniň ogullarym gaty şatlanarlar we aýdarlar: «Kaka, sen öz her gazanan utugyň barada bize gürrüň ber». Meniň aýalym, gaýtam tersine, biziň meýdanda oglanlar bilen eden gürrüňlerimiz barada gyzyklanar. Hemme zatdan beter ony gatnaşyklar gyzyklandyrar. Eger men Liza bilen onuň derejesinde gatnaşyklarymyzy gurmak islesem, maňa ony gyzyklandyrýan zatlar barada gürleşmek gerek. Edil şonuň ýaly biz hem özümiz üçin açmalydyrys, ýagny Hudaýyň Ruhuny näme gyzyklandyrýar we näme Onuň göwnüne ýaraýar. Haçanda biz Onuň beýikligini öwrenenimizde, Hudaýyň Şözüni okap we Onuň barlylygynda wagty gowy geçirenimizde, Ol bize Özüni aýdyň açyp başlar.

# SIZ HUDAÝYŇ SESINI EŞIDIP BILERSIŇIZ!

*Kim Hudaýa degişli bolsa, ol Hudaýyň näme diýýänini eşider...*

–Ýahýa. 8:47, NIV

Hawa, siz Hudaýyň sesini eşidip bilersiňiz! Ol entek hem Özüniň halkyna ýüzlenýär, Ol bize Özüniň gymmatly Mukaddes Ruhunyň üsti bilen diýýär. Mesihileri Hudaý bilen has çuňňur we has şahsy aragatnaşyklara getirmek üçin, awtorlar Genri Blakebi we Klod King ýazýarlar:

> «Hudaý Resullaryň işleri kitabynda Öz adamlaryna düşnükli aýdýar. Ol bize häzir hem düşnükli aýdýar. Resullaryň işleri döwründen häzirki wagta çenli Hudaý Özüniň halkyna Mukaddes Ruhuň üsti bilen aýdýar... Ol hemişe imanly adamda bolýanlygy üçin, Haýsyny Onuň Özi saýlanda, Ol size islendik wagtda we islendik ýagdaýda düşnükli aýdyp biler».

Isa aýtdy, ýagny Ol Mähriban Çopan, biz bolsa Onuň sesini eşidýän we tanaýan goýunlarydyrys.

Onuň Ýahýanyň Injilindäki aýdan sözleriniň üstünde oýlanyp görüň (10:3–5, 11, 14, 27). Mukaddes Ruh size nämäni aýan edýär?

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

Mukaddes Ruha berlen atlaryň biri, – Hakykatyň Ruhy. Näme üçin? Blakebi dowam edýär: «...Biz siziň bilen Hudaýyň hakykatyna düşünip bilmeris, eger-de Mukaddes Ruh ony bize aýan

etmese. Ol biziň Halypamyz. Haçan-da Ol size Hudaýyň Sözüni öwredende, Onuň öňünde oturyň we Oňa jogap beriň. Haçan-da doga okanyňyzda, göz-gulak boluň, Hudaýdan alnan sözi siziň ýürekleriňizde tassyklamak üçin, Ol Hudaýyň Sözini nädip ulanyar. Synlaň, Ol siziň daş-töweregiňizdäki ýagdaýlarda näme edýär. Siz ybadat edeniňizde size aýdýan Hudaý hem-de Mukaddes kitapda size aýdýan Hudaý, – bu siziň töweregiňizde işleýän Hudaýdyr. Hudaý Mukaddes Ruh arkaly Mukaddes kitabyň üsti bilen, doganyň, ýagdaýlaryň we Ýygnagyň üsti bilen Özüni açmak üçin, Özüniň maksatlaryny we Özüniň ýollaryny aýdýar».

Şeýlelikde, bize muny açýan Mukaddes Ruhdan has möhüm nämä garaşyp bolar? Ýahýanyň Injilinde Isanyň sözlerini ünsli okaň (14:26; 15:26 we 16:12–15) we Ruhuň öwredýän bäş sany bendlerini kesgitläň.

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

Hudaýyň sesini nädip tanamak bolýar? Blakebi we King dowam edýärler:

> «...Hudaýyň sesini nädip tanamak baradaky syr, – bu formula däl. Bu gaýtalamak üçin usul hem däl. Hudaýyň sesini bilmeklik Hudaýa bolan söýgüli ýakyn özara gatnaşyklaryndan gelýär... Haçan-da, Hudaý aýdanda, siz bolsa jogap bereniňizde, şeýle bir pursat geler, siz Onuň sesini has düşnükli we aýdyň tanap başlarsyňyz».

Özara gatnaşyklar – bu Hudaýyň sesini tanamagyň we eşitmegiň açarydyr. Hanog (Ýenoh), Nuh, Ybraýym we beýlekiler bu barada hut özleri bilýärdiler, edil şonuň ýaly-da siz hem başaryp bilersiňiz. Amosdan 3:7; Danyýelden 2:22 we Zeburdan 24:14 haýsy ýörelge, Ýahýada 15:15; 1Korintoslylarda 2:9, 10 we Efeslilerde1:9 görünýär. Nädip bu sizi «soňky günleriň» imanlylary hökmünde ruhlandyrýar».

Mysal üçin, Hanogyň (Ýenohyň) (Gelip çykyş. 5:21–24), Nuhyň (Gelip çykyş. 6:9–18), Ybraýymyň (Gelip çykyş. 18:16–22) we Petrusyň (Res.iş 10:9–23) geçmişini okaň.

# ONUŇ BARLYGY – BU SIZIŇ MÖHÜM ZERURLYGYŇYZ.

*Sen:« Meniň ýüzümi agtaryň» diýdiň. [iň möhüm zerurlyk hökmünde Meniň barlygymy haýyş ediň we talap ediň]. Ýüregim Saňa diýýär:» Ýa Reb men Seniň ýüzüňi (Seniň barlygyňy) agtararyn, Rebbim, agtararyn...*

–Zebur 27:8, giňeldilen terjime.

Dawud adaty adam däldi. Onuň ýüreginde onuň ähli pikirlerini gurşap alýan bir islegi hemişe möwç alýardy. Onuň Hudaýyň barlygyna höwesi bardy.

> «Rebden bir zat diledim, islegim şudur: Rebbiň öýünde ömürboýy ýaşamak, Rebbiň gözelligini höwes bilen synlamak, Onuň ybadathanasynda doga-dilegler etmek» (Zeb. 27:4).

Hudaýyň röwşen barlygyndan, Onuň bilen hyzmatdaşlykdan has gymmatly hiç zat, düýbünden hiç zat ýok. Häzir Ata we Odul asmanda bolany sebäpli, Mukaddes Ruh her bir imanlyda we her bir imanlynyň üsti bilen Hudaýyň barlygyny äşgär etmek üçin ýere iberildi. Nikolas German has belli dogan Lourens atly «Hudaýyň barlygynda nähili özüni alyp barmagy» öwrendi we muny beýlekilere öwretmekde kömek bermegi özüniň borjy edip goýdy. On ýedinji asyryň bu monastyr hyzmatkäriniň sözlerine görä:

> «Biziň ruhy ýaşaýşymyzda iň mukaddes we iň zerur tejribe – bu Hudaýyň barlygy. Bu diýmek: Onuň mukaddes ýoldaşlygyndan hemişe lezzet almak, Onuň bilen islendik wagt we islendik pursatda hiç hili ýagdaýda gepleşigi çäklendirmezden mähirli we ýuwaşja gürleşmek».

Saklanyň we pikir ediň: durmuşda Hudaýyň barlygy meniň üçin näçe zerur gerek? Onsyz meniň durmuşym nähili bolardy? Ertir irden Mukaddes Ruhyň barlygyny duýmazdan siz oýanyşyňyzy göz öňüňize getirip görüň.

Onuň atlarynyň we wezipeleriniň sanawyny ýadyňyza salyň (ser. sah. 19-20). Şu täzeçe garaýyş bilen Onuň barlygynyň siziň üçin näçe zerur gerekdigini ýazyň.

________________________________________

________________________________________

________________________________________

________________________________________

Biz haçan we nirede Mukaddes Ruhuň barlygyny başdan geçirmeli?

Lourens dowam edýär:

> «Hudaýyň barlygynda galmak üçin hemişe Mesihileriň Ýygnagynda bolmak hökman däl. Biz öz ýüreklerimizi hut Hudaýyň özi bilen gürleşmek üçin islendik wagt baryp boljak hususy ybadathana öwrüp bileris. Bu gürrüňler söýgüden we mähirden pürepürlenip biler, olara islendik adam gatnaşyp biler. Başlamazlyga iň bolmanda ýekeje bir sebäp barmy eýsem».

Elbetde, size Mukaddes Ruh bilen wagtyňyzy gowy geçirmek gerek – öz ünsüňizi Onda doly jemlemek üçin wagt gerek. Bu siziň Onuň Sözüni okaýan, Onuň bilen gürleşýän we Ony diňleýän, Oňa minnetdarlyk bildirýän we Ony öwup aýdym aýdýan, ýa-da hatda ýöne ümsümlikde oturan wagtyňyz. Saklanyň we doga okaň: «Mukaddes Ruh, meniň ömrümiň şu pursatynda meniň Seniň bilen gündelik wagtym nähili bolmaly?».

Ýazyň, Ol size näme açýanyny.

________________________________________

________________________________________

________________________________________

Siz Hudaýyň barlygynda özüňiziň bilýän zadyňyzy nähili ulanyp bilersiňiz?

Lourens doganymyz aýtdy: «Hudaýy göz öňüňize getiriň... we özüňiziň ünsüňizi Onuň barlygyna gönükdiriň. Eger siziň pikiriňiz bölünip başlasa, tukatlanmaň, sebäbi gam-gussa öňküden hem beter siziň pikiriňizi dargadar. Erkiňiziň güýji bilen ýene-de mylaýym özüňiziň ünsüňizi Hudaýa gönükdiriň... Ol hakda ýygy-ýygydan pikir etmek bilen mukaddes endigiňizi ösdüriň».

**Yzyny öwrenmek üçin...**
Barlaň 1 Ýyl ýazgylary. 16:9–11; Zeb. 21:26; 104:3, 4; Sul.Tymsal. 8:17, 18;Işaýa. 55:1–3, 6; Ýermeýa. 29:11–13; Matt. 6:33; Ýewreýlere. 12:1, 2.

# OL SIZE GOLAÝ BOLMAK ISLEÝÄR

*«Ine, Men işikde duryn, gapyny kakýaryn. Biri sesimi eşidip, gapyny açsa, içerik girerin. Men onuň bilen, ol-da Meniň bilen bile damak iýer».*

– Ylham.3:20

Hudaý Mukaddes Ruhuň Şahsyýetiniň üsti bilen beýlekilerden size golaý bolmak isleýär. Ol iň çuňňur derejede ýakynlaşmak isleýär, muňa diňe gatnaşyklarda ýetmek mümkin.

Ozal aýdylyşy ýaly, Hudaý bilen ýakynlaşmak – bu şeýle diýmekdir, ýagny Hudaý «meni içden görüp» bilýär, we bu hakykat. Mukaddes Ruh hiç bir adamyň girip bilmeýän ýerine, – biziň kalbymyzyň we biziň ruhumyzyň içine girip bilýär. Ol wagt bilen, giňişlik bilen çäklendirilen däldir. Ruh biziň ýüreklerimizi diňe bir öwrenmek we olary bilmek däl, eýsem Ol Hudaýyň ýüregini hem barlaýar we bilýär, bize Özüniň iň bir çuňňur pikirlerini, syrlaryny we isleg-arzuwlaryny şeýle açýar, ýagny biz «Ony içden görüp» bilerimiz ýaly.

*Rebbiň [süýji, dostlugy dolduryan] syry – Ondan gorkýanlara (tagzym edýänlere we hormat goýýanlara) we Ol Özüniň ähtini olara görkezýär, onuň [çuňňur, içki] manysyny açýar.*

–Zebur 25:14, giňişleýin terjime.

Şeýlelikde, gaýtalalyň, Mukaddes Ruh – bu bize her bir hakykaty öwredýän «Hakykatyň Ruhy». Hudaý ýa-da Isa, ýa-da Mukaddes kitabyň bir parçasy barada siziň düşünmek isleýän zadyňyz barmy? Doga okaň we Mukaddes Ruhdan size Onuň hakyky çuň pikirini görkezmegini haýyş ediň, we ol size garanda nähili ulanylýar. Ol size näme açsa, ýazyň.

*Onsoň Musa bilen bütin pygamberlerden başlap, hemme Mukaddes Ýazgylarda Özi hakda aýdylanlary olara düşündirdi.*

–Lukan 24:27

Mukaddes Ruh diňe bir Mukaddes kitapda aýdylan hakykatlary açman, eýsem biziň özümiz we ýer ýüzündäki zatlar hakyndaky hakykatlary hem açýar.

Siziň durmuşyňyzda düşünmeýän närsäňiz barmy? Sizi gahar uçgunlary köseýärmi, siz käbir ýagdaýlarda hiç bir sebäpsiz gorkunç bolýaňyzmy? Mukaddes Ruh sebäbini bilýär. Saklanyň we şeýle doga okaň: «Mukaddes Ruh, meniň häsiýetimiň kökünde ýatan hakyky sebäbi maňa görkez. Maňa görerim ýaly Öz gözleriňi ber. Men öz durmuşymda özgermek we bu nejisligi ýeňmek üçin näme görmeli?» Onuň size açýan zatlaryny ýazyp alyň.

Geçmişde ýa-da häzirki wagtda siziň düşünmeýän zatlaryňyz barmy? Mukaddes Ruh olary bilýär. Saklanyň we şeýle doga okaň: «Mukaddes Ruh, bu ýagdaýda iň esasy zat näme? Seniň meni özgertmäge synanyşýandygyňa men nähili düşünmeli we meni özgertmekde Saňa kömek etmek üçin men Seniň bilen bile nähili işläp bilerin?» Onuň size açýan zatlaryny ýazyp alyň.

**Yzyny öwrenmek üçin...**

Isa Atasy bilen örän ýakyn, berk aragatnaşykda boldy: Matt.14:22,23; 17:1–5; Mar. 1:35; 6:31, 46, 47; Lyk. 5:16; 6:12.

Hudaýyň Ruhy bize ýakyn bolýar, haçanda Biz Onuň ýanyna golaýlaşanymyzda: Zeb.15:8; 33:19; 72:28; 144:18; Ýewr. 10:22; Ýakub. 4:8.

# ONY GYNANDYRMAZLYK ÜÇIN SERESAP BOLUŇ

*We öz durmuşyňyzda Hudaýyň Mukaddes Ruhuna gam-gussa getirmäň. Ýatda saklaň, ýagny Ol sizi Özüniňki diýip atlandyrdy...*

–Efeslilere 4:30, NLT

Mukaddes Ruh bilen aragatnaşyk saklamak gymmatlydyr! Onuň äşgär edilen barlygy biziň durmuşymyzyň her bir çygrynda ýaşaýşa ruhlandyrýar. **Ketrin Kulman** üçin bu ýaşaýşyň obrazy bolupdy. Millionlarça adamlar Hudaýyň söýgüsi we Onuň Ruhunyň güýji baradaky onuň wagyz edişini eşitdiler, köp adamlar gudrat arkaly şypa tapdylar.

Ketrin özüniň «Dünýädäki beýik güýç» atly kitabynda Mukaddes Ruhy näme bilen gynandyryp boljakdygyny düşündirýär:

> «...Mukaddes Ruh – bu Üçleriň (Ata, Ogul we Mukaddes Ruh) ägirt güýji, emma şeýle-de bolsa, Ol duýgur we Ony gynandyrmak örän aňsat. Hakykatdan hem, bu ajaýyp Şahsyýeti hasrat, gahar-gazap, nejislik, erbet äheňde gürleşmek bilen gaýgylandyryp bolýar. Başgaça aýdanyňda, adamyň durmuşyndaky mähirliligiň, dözümliligiň, adamlara bolan söýgüniň, Ruhuň agzybirligini parahatçylykda saklamagyň nähilidir bir gapma-garşylygynyň bar ýerinde islendik zat Ony gynandyryp biler».

Muňa düşünmek wajypdyr, Ruhy näme gynandyrýar (gussalandyrýar) hem Ony Özüniň görünmeginden saklanmaga mejbur edýär. Mukaddes Ruhy gynandyrmak nämedigini Efeslilere hatynyň beýan edýän 4-nji babyny üns bilen okaň (1–6 we 17–32 goşgulara dykgatly üns beriň).

17–24 goşgularda ýatlanyp geçilen nähili aragatnaşyk, pikirlenme we häsiýet Mukaddes Ruhy gynandyrýar?

Efeslilere hatynda 4:17-24 bize, Ruhy gynandyrýan we bizi Onuň äşgär edilen barlygyndan aýyrýan ýaşaýşyň, häsiýetiň we pikirlenmäniň seçip alynanyny görkezýär Ruhy gynandyrýan 25-31 goşgularda beýan edilen ähli hereketleri täzeden gaýtalaň. Şeýle hem, bu parçada size açylan anyk hereketleri ýazyp alar ýaly wagt tapyň.

Efeslilere hatynda (4:25–31) häsiýetiň belli- bir görnüşlerini görkezýär we beýleki adamlara bolan şunuň ýaly gatnaşyklar Ruhy gynandyrýan we bizi Ondan daşlaşdyrýar.

Hawa, Mukaddes Ruhy gynandyrmak mümkin, emma şonuň ýaly-da, biz Ony begendirip hem bilýändigimizi bilmek ýakymly! 1–7, 14, 15, 25, 29 we 32 goşgulary üns bilen okaň we Mukaddes Ruhy begendirýän häsiýetiň görnüşlerini atlandyryň.

Öz soragyňyza jogap bermek bilen, Ony gynandyrýan zatlary beýan etmek üçin nähili antonimleri (manysy boýunça garşydaş sözler) atlandyryp boljakdygy barada hem oýlanyp görüň.

Mukaddes Ruhy gynandyrmazlyk üçin, päklik we agzybirlik

ruhuna ymtylmak we ony gorap saklamak zerurdyr. Tekepbirlik we haramlama Ruhuň işini hereketsiz galdyrýar, emma pes göwünlik Oňa ýol açýar. Hudaýyň öňünde rahatlanyň.

Ondan soraň: «Men Seni gynandyrýan nämedir bir zatlar edýärinmi?» Hemme zatda toba ediň, näme size Ol açsa, we Onuň merhemetini haýyş ediň, siziň Ony begendirjek päkize pes göwünlik ýollar bilen gitmegiňiz üçin we öz durmuşyňyza Onuň gudratyny, gudratly işlerini çagyryň.

# MUKADDES RUHUŇ ADAMYŇ IÇINDÄKI ÖÝI

*Siz Hudaýyň ybadathanasydygyňyzy, Hudaýyň Ruhunyň sizde ýaşaýandygyny bilmeýärmisiňiz?*
– 1 Korintoslylara 3:16

Gudratygüçli Hudaý, hemme zady bilýän we görýän, Hökmirowan mikroskopiki molekulalardan başlap, ägirt uly galaktikalara çenli –ähli zatlary Ýaradyjy – Özüne siziň ýüregiňizde öý gurmagy saýlady! Hawa, eger siz iman edýän bolsaňyz, onda şol Isa Mesihi direlden şol Ruh, siziň içiňizde ýaşaýar!

Ruhany (pastor), awtor we grek dili boýunça bilermen Rik Renner, Hudaýyň Ruhunyň öýi bolmagyň nämäni aňladýandygy barada gürrüň berýär:

> «Haçan-da, Mukaddes Ruh siziň ýüregiňize girende, Ol ýüregiňizde şeýle bir rahat öý gurdy we Ol biziň içimize göçeni üçin bagtlydy! Ol şol ýere göçdi we siziň ýüregiňizde Özüne hemişelik ýaşar ýaly jaý, Özüniň täze öýüni gurdy!
>
> Görýäňizmi, haçan-da siz halas bolanyňyzda, hakyky gudrat siziň ýüregiňizde bolup geçdi. Mukaddes Ruh siziň öz günäleri we jenaýatlary üçin ölen ruhuňyzy aldy we ony täze ýaşaýyş üçin direltdi. Onuň siziň içiňizdäki işi şeýle bir şöhratlydy, ýagny haçanda hemme zat tamamlananda, Ol sizi Özüniň ýaradany diýip aýtdy (Efes. 2:10). Şol pursatda siziň ruhuňyz Hudaýyň ajaýyp ybadathanasyna öwrüldi!».

Siz nirä gitseňiz-de, siz nähili gürrüň etseňiz-de, siz näme bilen meşgullansaňyz-da, siz hemme ýerde özüňiz bilen Mukaddes Ruhy alýarsyňyz. Kitaby gapdala goýuň we bu barada oýlanyp görüň.

Bu hakykat sizi nä derejede ruhlandyrýar, haýrana goýýar we berkidýär? Ol nähili ýagdaýda siziň doga-dilegleriňizi gurýar?

Hudaýyň äht etmeleri barada Efeslilere hatynda 3:14–20; Lukanyň Hoş Habarynda 12:11, 12; Ýahýanyň Hoş Habarynda 14:12–17; Kolosiýalylara hatynda 1:27; 2 Timoteosa hatynda 1:13, 14 we Rimlilere hatynda 8:1–17 oňatja oýlanyň

Bu hakykat näçe garşylyk döredýär we ol sizi nämede äşgär edýär? Siziň jogaplaryňyz sizi doga- dilege nähili iterýär?

Siz özüňiziň seredýän we diňleýän tomaşaly gepleşikleriňizi, gatnaşýan adamlaryňyzy we meşgullanýan işleriňizi saýlap almagyň üstünde oňatja pikirleniň.

Şeýlelikde, siz özüňiziň Mukaddes Ruh bilen gatnaşygyňyzyň şu pursatdaky derejesini nähili beýan ederdiňiz? Siz gatnaşmakdan (gürleşmekden), dostlukdan, hyzmatdaşlykdan we ýakyn aragatnaşykdan lezzet alýaňyzmy? Siz Onuň sesini eşidýäňizmi we öz durmuşyňyzda Onuň hakyky, äşgär barlygyny duýýaňyzmy? Ol Özüni siziň içiňizde Öz öýündäki ýaly hem öňküdenem gowy duýar ýaly «hemme taraplaýyn, oňat arassalanmak» üçin wagt geldimi? Doga okaň we ýüregiňiziň ýagdaýyny size aýdyň edip görkezer ýaly Ondan haýyş ediň. Ol näme diýýär? Ol sizden nähili ädimleri ätmelidigiňizi haýyş edýär?

*Şoňa görä-de, eý, doganlar, Hudaýyň merhemetiniň hatyrasy üçin size ýalbarýaryn: özüňizi Onuň halajak diri we mukaddes gurbanlygy hökmünde hödürläň. Şeýtseňiz, Hudaýyň huzurynda mynasyp tärde hyzmat etdigiňiz bolar. Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak bolmaň. Tersine, pikirleriňizi täzeläp, özgeriň. Şeýtseňiz, Hudaýyň islegine düşünmegi, ýagny Ony nämäniň hoşal edýändigini, nämäniň oňat we kämildigini bilmegi başararsyňyz.*

– Rimlilere 12:1, 2, NLT

# ARA ALYP MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger-de siz «Mukaddes Ruh» temasy boýunça «Messenger Series» materiallary bilen bir hatarda bu kitapdan hem peýdalanýan bolsaňyz, onda size wideosapak 2 seretmegi teklip edýäris.*

Biz Mukaddes Ruh bilen gatnaşýarys.

Gatnaşyk grekçe koinonia, ýagny «dostluk, ýoldaşlyk, gatnaşyk, ýakynlyk, pikir alyşmak, sosial gepleşik, hyzmatdaşlyk, bilelikde gatnaşmak, ýakyn özara kömek bermek» diýmegi aňladýar». Gatnaşygyň bu görnüşlerini esasy üç sany topara bölmek bolýar: dostluk, hyzmatdaşlyk we ýakynlyk.

1 I Mukaddes Ruh biziň bilen Hudaýyň ogullary we gyzlary bilen bolşy ýaly berk gatnaşyk (koinonia) etmek isleýär. Bu gatnaşyk dostlukly özara gatnaşyklary öz içine alýar, bu gatnaşyklarda özara pikir alyşmalar bolup geçýär. Näme üçin Mukaddes Ruhuň ýoldaşlygygyny makullamak we oňa akyl ýetirmek şeýle wajyp? Eger ol bizde ýok bolan bolsa, näme bolup biler?

2 I Dostlukdan başga-da, Mukaddes Ruh biziň bilen hyzmatdaşlykda bolmak isleýär. Üstünlige ýetmekde biri-birine kömek bermek üçin hyzmatdaşlar nähili düýpli ädimler ädýärler? Hudaýyň Köne Äht döwründäki Ybraýym we Musa ýaly şägirtleri bilen deňeşdireniňde, biziň Mukaddes Ruh bilen hyzmatdaşlygymyzda häzir näme täsinlik bar? Bu sizi nähili güýçli ruhlandyrýar?

3 I Mukaddes Ruh bilen gatnaşyk ýönekeý bir dostlukly we

hyzmatdaşlykly aragatnaşyklara garanyňda, ondan hem has çuňňurdyr. Ol ýakynlygy – ýakyn özara kömek bermegi öz içine alýar. Biz, imanlylar hökmünde Mukaddes Ruh bilen aragatnaşygyň derejesini nähili ýagdaýda ösdürip bileris?

**Hormat**

Sözler we hereketler arkaly sylamagyň we ýokary baha bermegiň islendik görnüşde aňladylyşy. Aslyýetinde, hormat goýmak – gadryny bilmek, abraýyna görä baha bermek, hormatlamak, ahlakly bolmak we ýokary pikirli bolmak diýmekdir.

Iňlis dilindäki Amerikan sözlüginden alnan,
Noý Webster, 1828.

4 | Mukaddes Ruhuň esasy işi bize Isany aýan etmekden we Oňa şöhrat we hormat goýmakdan ybaratdyr. Ol Mesihi açar we nirede Özüne hormat goýulýan bolsa, şol ýerde hem äşgär bolar.

Hormatlamanyň kesgitlemesini üns bilen okaň. Onuň Ýygnagy hökmünde ýekelikde we bilelikde nähili aýratyn usullar arkaly Mukaddes Ruhy hormatlamak bolar?

5 | Mukaddes kitabyň hiç ýerinde Mukaddes Ruh (Hudaýyň Ruhy) aýal görnüşinde beýan edilmeýänligine garamazdan, Onuň özüni alyp barşynyň häsiýeti wagtal-wagtal özüniň işine görä, aýalyňka ýakyn. Gelip çykyş kitabyny 1:27 üns bilen okaň we düşündiriň, ýagny Mukaddes kitabyň bu ýerinde Mukaddes Ruhuň häsiýetini öz içine almak bilen, Hudaýyň häsiýeti barada näme aýdylýar. Bu hakykaty bilmeklik siziň Onuň bilen gatnaşygyňyza näçe täsir edýär?

6 | Mukaddes Ruh Özüniň bolşuna görä örän mylaýym, näzik we hemaýatçy. Eger, biz ünsli bolmasak, biz Ruhy gynandyryp

hem söndürip bileris – biz Ony güýçli tukatlandyryp we Ony öz durmuşymyzda hereket etmegini bes edip bileris. Efeslilere haty (4:29–32) üstünde üns bilen oňatja oýlanyň we Ruhy gynandyrýan hereketleri kesgitläň.

Selaniklilere birinji hatynda (5:19–22) bu Ruhuň gynanjy Ruhuň söndürülmesinden näme bilen tapawutlanýar. Biz nädip bu hereketlerden goranyp bileris?

7 | Ynsana belli bolan her bir günäni: Mukaddes Ruha dil ýetirmekden başgasyny Hudaý bagyşlap bilýär. Matta (12:22–32) Isanyň (şeýle hem Markysyň Injilinde (3:22–30) we Lukanyň (12:10) duýduryşyny oňatja okaň. Bu goşgularyň esasynda Mukaddes Ruha dil ýetirmegiň nämedigini beýan ediň. Siz nähili pikir edýäňiz, näme üçin Isa muna garşy şeýle berk duýdurdy?

BELLIKLER

**Bap barada gysgaça syn:**

- Mukaddes Ruh biziň bilen hemişelik gatnaşyk isleýär.
- Gatnaşyk dostlugy, hyzmatdaşlygy we ýakynlygy öz içine alýar.
- Dostluk kommunikasiýanyň we pikir alyşmanyň netijesinde mümkindir.
- Hyzmatdaşlyk – bu bilelikdäki iş bolup, ol biziň kommunikasiýalarymyza hereket goşýar.
- Ýakynlyk – bu dostlugyň has ýokary derejesi, ýagny haçanda, biz özümiziň iň mukaddes pikirlerimizi, arzuwlarymyzy we syrlarymyzy Mukaddes Ruh bilen paýlaşanymyzda, Ol bolsa Özüniň pikirlerini, arzuwlaryny we syrlaryny biziň bilen paýlaşanda.
- Doly Hudaý bolan Mukaddes Ruh biziň ýüregimizi (ruhymyzy) saýlady we olary Özüne hemişelik öýüne öwürdi.
- Ony gynandyrmazlyk üçin biz ünsli bolmalydyrys, sebäbi Ol mylaýym we näzik, biz Ony özümiziň hereketlerimiz bilen aňsat gaýgylandyryp bileris.

3

# Özara gatnaşyklaryň üç derejesi

*Özüňiziň däp- dessuryňyz üçin (size ata-babalaryňyzdan galan düzgünler) siz Hudaýyň Sözüni aýyrdyňyz[onuň güýjüni we hökümini mahrum edip, ony hiç bir hereketsiz galdyryp]. Ikiýüzlüler (hilegärler)! Işaýa siz hakda ajaýyp we hakyky pygamberlik sözüni aýdyp şeýle diýdi: Meniň ýanyma şu adamlar özleriniň sözleri bilen golaýlaşýarlar we Meni dilleri bilen hormatlaýarlar, olaryň ýürekleri bolsa Menden daşda durýar; emma ynsan wesýetlerini taglymat hökmünde öwrenip, biderek ýere Maňa sežde edýärler.*

–Isa Mesih (Matta 15:6–9, giňişleýin terjime)

## 1-nji gün

Isa bu täsir ediji sözleri fariseýlere aýtdy, sebäbi olar däp-dessurlary (adatlary) Hudaýyň Sözünden ýokarda goýdular. Meniň sözlügimde däp-dessurlar barada aşakdaky kesgitleme berilýär: «nesilden-nesle geçirilýän, kesgitlenen, umumy kabul edilen däp-dessurlar, özüňi alyp barmagyň kadalary we garaýyşlar». Mälim bolşy ýaly, däp-dessurlar öz bolşuna görä hökman nämedir bir erbet zatlar däl. Birnäçe ajaýyp däp-dessurlarymyz bar bolup, biz olary dostlarymyzyň we maşgalamyzyň arasynda berjaý edýäris. Emma fariseýler däp-dessurlary (adaty kadalary we garaýyşlary) Hudaýyň Sözünden ýokary goýdular, onuň netijesinde olaryň durmuşynda Söz güýjüni ýitirdi. Bu hakykat edil häzir hem dogry. Biziň hakykat babatdaky düşünjämiz, adamyň bolup geçýän duýgularyna, adatlaryna we aşa akyllysyramasyna däl-de, Hudaýyň Sözüne esaslanandygyna seretmek bize hökmandyr.

Fariseýleriň adatlary olaryň Ýaradyjy bilen aragatnaşyklarynda uly zelel ýetirdi diýip Isa düşündirdi. Aslyýetinde, hat-da Hudaýa sežde etmegem peýdasyz boldy diýip Ol aýtdy, sebäbi olar has köp doktrinalara (olar baradaky taglymatlara we oýlanmalara) ynandylar. Eger-de fariseýler özleriniň körlükleri üçin toba etmän we hakykaty kabul etmeseler, olaryň Hudaý bilen hakyky ýakynlaşmakdan lezzet almaga mümkinçilikleri ýokdy. Edil şonuň ýaly-da biz hem: Ruh bilen ýakyn özara gatnaşyklardan lezzet almak üçin, adamlar tarapyndan oýlanyp tapylan ähli pikirleri we adatlary bir gapdalda aýryp goýmalydyrys, we Onuň Sözünde aýdyň görnüp duran Ol hakdaky hakykaty kabul etmelidiris. Ýogsa, biziň Hudaý bilen ýakyn özara gatnaşyklary gurmak üçin edýän synanyşyklarymyz, edil fariseýleriňki ýaly hiç hili üstünlik gazanyp bilmez.

## Kämil Mugallym

Men Mukaddes Ruh bilen ýakynlaşmazymdan öň, men Mukaddes kitaby okadym we Hudaýy bütin kalbym bilen söýýänligim barada pikir etdim, emma şeýle-de bolsa, men Onuň bilen gatnaşyklarda sowuklyk duýdum. Ýagdaý şundan ybarat, ýagny men öz doga-dilegime we Mukaddes kitaby öwrenenimde Mukaddes Ruhy çagyrmandym, we bir zady bildim, ýagny diňe Ol meniň ýüregimde Mukaddes kitaby janlandyryp biler. Onuň ýolbaşçylygynda Mukaddes kitaby ýönekeý söz bolmakdan has ýokarydy – ol ýaşaýşyň özi bolup durýardy. Korintoslylara ikinji haty (3:6) ýazylan:

> Bu äht ýazylan Kanun arkaly däl-de, Mukaddes Ruh arkaly berkidilendir. Çünki ýazylan Kanun ölüme höküm edýär, Mukaddes Ruh bolsa ýaşaýyş berýär.

Hudaýyň Sözüniň kömegi bilen beýan edilen Täze Äht, bu ýöne bir düzgünleriň we kadalaryň jemi bolman, eýsem ol ýaşaýyşdyr. Üstesine-de, Täze Äht onuň düzgünlerine tabyn adamlaryň

hemmesini ýaşaýyş bilen doldurýar. Diňe Ruhuň kömegi bilen Täze Ähtiň dolulygyndan lezzet alyp bolýar, sebäbi Ol biziň Isa Mesihde kim bolup durýanlygymyz baradaky beýik syry açýar (şunuň özi Täze Ähtiň ýüzlenmesidir). Ine, näme üçin biz Mukaddes kitaby öwrenen mahalymyz özümiziň kämil Halypamyzy, Ruhy çagyrmalydyrys. Siz haçan-da bolsa bir wagt öz predmeti (dersi) bilen gyzyklanmaýan mugallyma duşupmydyňyz? Meniň pikirime görä, şular ýaly mugallymlarda iň erbet sapaklar. Olarda okamak diş agyrysyndan ejir çeken bilen deň. Siz haçan-da bolsa bir wagt özüniň talyplaryny gowy görmeýän mugallyma duşupmydyňyz? Gaýgyly waka. Gowy täzelik: Mukaddes Ruh Hudaýyň Sözüniň syrlaryny açmak babatda örän gyzyklanýar, we Ol hut size bolan güýçli söýgini duýýar! Ol siziň Isa Mesihiň üsti bilen berilýän ähli Ruhuň beren peşgeşlerinde ýöriýşiňizi görmek isleýä. Eger-de, biz haýyş etsek we gözlesek, onda Ol bize ýaşaýşyň syrlaryny anyk aýan eder.

## Atmosfera we Ruhyň barlygy

Gynansak-da, şeýle duýulýar ýüze çykýar, ýagny biz özümiziň täsin mesihiler durmuşymyzda, köplenç, özümiziň Halypamyzyň barlygyndan we maslahatyndan daşda gezmäge dyrjaşýarys. Aslyýetinde, Mukaddes Ruh bu gün köp ýygnaklarda edil düşnüksiz gelmişek ýaly. Biz, özümiziň bilimsizligimize görä, Onuň barlygyny gowy atmosfera bilen çalyşdyk. Başgaça aýdanymyzda, biz hamana Hudaýyň Ruhunyň görkezýän işlerini diňe şol sebäpli ret etdik, ýagny birnäçe adamlar Onuň barlygyny «geň» görnüşde ýasama etmäge dyrjaşdylar, käbirleri bolsa Onuň barlygyna «geň» görnüşde özüni alyp bardylar.

Maňa ters düşünmäň, men Hudaýa gulluk edilende bize gowy atmosferanyň gerekdigine ynanýan. Soňky birnäçe ýyllaryň içinde Ýygnakda köp zerur medeni üýtgeşmeler bolup geçdi, olaryň bir bölegi – ýygnaklaryň atmosferasyny gowulandyrmakda. Mesihiler

Ýygnak dünýä üçin ep-esli derejede has ýakyn we özüne çekiji bolup başlady. Meniň pikirime görä, bu Hudaýa gerek. Pawlusyň aýdyşy ýaly: «Çünki men hem her zatda her kesi razy etmäge çalyşýaryn; muny öz peýdamy gözläp edemok, gutulsynlar diýip, köp adamlaryň peýdasyny gözläp edýärin» (1 Kor. 10:33). Biz adamyň döredijilik ukyplarynyň we tehnologiýalaryň ösüşiniň kömegi bilen beýik işleri etdik; maňa haçan hem bolsa görmäge miýesser eden iň innowasion ýerleriň biri, hut Ýygnaklaryň binalary boldy. Mesihiň Ýygnagy döredijiligi hemişe täze derejelere galdyrýan täzeçillikli bolmalydyr.

## ÖZARA GATNAŞYKLARYŇ ÜÇ DEREJESI 62

Emma Ýygnak, eger öz işlerine Mukaddes Ruhy çagyrmasa, hiç wagt ýeriň ýüzünde güýjüň, söýginiň we häkimligiň ornuny doly eýelemez. Ýadyňyzdamy, ýagny Ol gatnaşyklarda uly arkadaş bolup durýar.

Örän gowy, bizde ajaýyp atmosfera we Onuň äşgär bolan barlygy bar. Maňa baryp görmek miýesser edýän ähli Ýygnaklardan haýsynda şularyň ikisem bar bolsa, men şoňa begenýän. Habardar boluň, Mukaddes Ruhuň barlygynyň ýüze çykmasy adamlara Patyşalyga girmegine päsgel berer diýlen pikiriň pidasy bolmaň.

Biz ýatda saklamalydyrys, ýagny özüni ýitiren adamlary Resullardan daşa itermän, eýsem olary özüne çekdi, bu olaryň Mukaddes Ruh bilen hyzmatdaşlygynyň netijesinde boldy. Ýygnagyň Ruhsyz ýetilen islendik ösüşi nola öwrüler.

Hat-da Isa, Hudaýyň Ogly, Mukaddes Ruhuň güji bolmazdan hiç zat etmändir (ser. Luk. 4:1–15). Lukanyň Injilinde (4:14, 15) şeýle ýazylan: «Isa Ruhuň güýji bilen Jelilä dolanyp geldi. Ol hakdaky gürrüňler bütin şol töwereklere ýaýrady. Ol hemmeler tarapyndan hormatlanyp, olaryň sinagogalarynda ders berýärdi» Üns beriň, bu ýerde, Ol «Ruhuň güýji bilen» diýlip ýazylan. Bu bölümde Isanyň şeýtan tarapyndan töwekgellik etýän ýeri bolan çölde kyrk günden soň bolup geçen zat jemlenýär. Çölden çykyp, Isa Nasyra gaýdyp

gelýär we yglan edýär:

> «Rebbiň ruhy üstümdedir. Garyplara Hoş Habary bildirmegim üçin, Ol Meni mesh etdi we perişan haldaky ýürekleri sagaltmak üçin; tussaglara azatlygy, körlere gözüniň açyljakdygyny wagyz etmäge, zulum astyndakylary azatlyga çykarmaga, Rebbiň merhemet ýylyny jar etmäge Meni iberdi» (Luk. 4:18, 19 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy).

Isa Mukaddes Ruhuň güji bilen hereket edenligi sebäpli, Ol ýerde Öz Atasynyň islegini ýerine ýetirip bildi.. Edil şonuň ýaly, MesihilerÝygnagy hem şol güýç bilen; ruhy garyplara Injili wagyz etmelidir, perişan ýüreklere saglyk getirmek; tussaglara azatlygy, körlere gözüniň açyljakdygyny, zulum astyndakylara azatlygy yglan etmeli we hakykaty görkezmeli, ýagny Hudaýyň eli halas etmek üçin gysga däl. Emma biz bu asman güýçlerini ýaýradyp bilmeris, eger-de Ruhuň güýjüne bil baglamasak. Isa üçin Ruhuň güýji gerek boldy – biz näme bilen tapawutlanýarys?

## 2-nji gün

### «Isa köpräk bolsady»

Men Ýygnaga gelýän adamlaryň ählisiniň Isa pygamberiň Mesihiň barlygyny duýmaklaryny görmekleri we başdan geçirmeklerini isleýärin. Köplenç adamlaryň: «Bize Ýygnakda Isa Mesih has köpräk gerek» diýýän sözlerini eşidýärin we bu sözler bilen dolulygyna razylaşýaryn. Ýöne bize Isa Mesihi kim aýan edýär? Mukaddes Ruh. Bu kursdan bilşimiz ýaly, Mukaddes Ruh islän wagtymyz elýeterli bolan haryt däl, Ol Şhasyýet, şonuň üçin Oňa hormat goýmaly we Ony çagyrmaly. Näme üçin biz Mukaddes

Ruhuň biziň bilen ähli ýerde we hemme zatda bile bolmagyny islemeli däldiris? Bir gün Isa Mesih okuwçylaryna şeýle diýdi:

*«Size aýtjak ýene köp zatlarym bar, ýöne häzir siz olary göterip bilmersiňiz. Emma Ol, Hakykat Ruhy gelende, size bütin hakykata tarap ýoly görkezer; çünki Ol Öz-Özünden aýtmaz, näme eşitse, şony aýan eder, geljek zatlary size bildirer. Meni şöhratlandyrar, çünki Ol Meniňkiden alyp, size bildirer. Atamyň nämesi bar bolsa Meniňkidir; şuňa göräde Meniňkiden alyp size bildirer diýýärin».*

–Ýahýa.16:12–15

Mukaddes Ruh Isa Mesihi şöhratlandyrýar. Mukaddes Ruh arkaly Isa Mesih bize aýan bolýar. Biz Taňrynyň ykrar eden zadyny üýtgedip bilmeýäris. Eger-de biz durmuşymyzda Isa Mesihiň barlygyny has köp duýmak islesek, onda biz Isa Mesihiň Ruhy adyny alan Mukaddes Ruh bilen has ýakyn gatnaşykda bolmalydyrys (ser. 1 Pet. 1:11; Rim. 8:9). Mukaddes Ruh bize ýüzlenende, Ol Isa Mesihi görkezýär. Mukaddes Ruh Isa Mesihdäki durmuşyň diňe «ýakymly üstüni ýetirmesi» bolman, eýsem, Ol Isa Mesihiň ýerdäki bolmaklygydyr. Oňa sylag-hormat goýulmadyk ýerde Onuň barlygy ýüze çykmaz. Şonuň üçin eger-de biz Mukaddes Ruha sylag-hormat goýmasak, Isa Mesihiň barlygy we Onuň güýji biziň durmuşymyzdan ýitip gider.

Hut sonuň üçin, dünýäniň (Isa Mesihiň özgerdýän güýjüniň maksady) Mesihiler Ýygnagyny köplenç ýaşaýyşsyz we güýçsiz kabul edýänligi mümkinmi-kä?

## Hudaý bilen çuňňur özara gatnaşyklar

Gatnaşygyň ahyrky maksady – çuňňur şahsy dostlukdan ybarat. Hudaýyň Ruhy siziň dostuňyz bolmak isleýär. Hakykatdanam Ol siziň bilen dostlukly gatnaşykda bolmaga isleg bildirýär. Ýakub şeýle diýýär: «bizde mesgen tutan Ruh gabanjaňlyk bilen

küseýändir» (Ýakub. 4:5). Gabanjaňlyk bilen küseýändir diýmek nämäni aňladýar? Ol biziň bilen has ýakyn gatnaşykda bolmagy isleýär diýmekdir. Eýsem biz özümize ýakyn adamlarymyzdan şular ýaly gatnaşyklary islemeýärismi? «Ol bizi gabanjaňlyk bilen küseýändir» diýişine üns beriň. Diýmek, Ol biziň başgalar bilen wagtymyzy geçirmegimizi islemeýär, men başga bir zenana has köp wagtymy sarp eden bolsam, hat-da aýalym hem öz ýüregindäki şahsy syrlaryny meniň bilen paýlaşmazdy.

Hudaý biziň özümizi Oňa doly bagyş etmekligimizi isleýär. Ýakub hatynda şeýle diýýär: «dünýäniň dosty bolmagy isleýän adam özüni Hudaýa duşman edýändir» (ser. Ýakub 4:4). Sözlükde duşmançylyk şular ýaly düşündirilýär: «gahar-gazap, ýigrenç, sagdyn däl islegiň duýgusy, halamazlyk». Bu güýçli sözler. Onda şeýle sorag ýüze çykýar: näme üçin dünýä bilen dostlaşmak Hudaýa garşy duşman edýändir? Dünýä bilen dostlaşmak teniň şöwketparazlygyny aňladýar. Bu bähbide, derejä ýa-da pozisiýa egoistik nukdaý nazardan çemeleşmegi, öz şahsy egoistik islegleriňe ýol bermegi aňladýar. Mukaddes Ruh bu maksatlara ymtylyşyň netijesiz boljakdygyny we diňe boşluga getirjekdigini bilýär. Hudaý Özüniň gabanjaňlyk söýgüsi sebäpli biziň köňüllerimiziň heläk bolmagyna getirýän ähli zatlar bilen oýnaşmalary halamaýar. Taňrynyň biziň kämil Atamyzdygyny unutmaň we islendik beýik Ata hökmünde Ol çagalarynyň özleri üçin iň gowy bolmadyk zatlardan kanagatlanýandyklaryny ýigrenýär. Ine näme üçin Ol biziň dünýä bilen dostlugymyzy halanok. Isa Mesih siziň ýaşaýyşyňyzyň bolelin bolmagyny isleýär (ser.Ýahýa. 10:10), Mukaddes Ruh bolsa Ogluň islegini aýdyň edýär. Hudaýň Üçlüginiň (Ata, Ogul we Mukaddes Ruh) Öz maksadynda ýeke-täk bolýandygyny ýatda saklaň.

Hudaý Öz çagalary bilen has ýakyn özara gatnaşyklarda bolmagy hyjuw bilen isleýär. Haçan-da biz dünýä bilen oýnaşýan wagtymyzda, biz özümizi Hudaý bilen ýakyn aragatnaşyklarda bolmakdan mahrum edýäris. Şular ýaly elhenç ýitgi, gör, ol nähili, Atanyň kalbyny ýaralaýar!

## Ýönekeý halas bolmakdan has uly zat

Hudaýyň biziň üçin ýöne bir halas bolmakdak has köp zady isleýändigine düşündim. Hawwa, biziň halas bolmak hakykatymyz şeýle bir ajaýyp bolup, ol biziň aňymyzyň çenininiň aňyrsynda ýerleşýär; ýöne asmandaky ýer Hudaýyň bize bermek isleýän zadynyň bary-ýogy başydyr. Biziň ýerdäki täsin ýaşaýyşdan lezzet almagymyz üçin Taňry Öz Ogluny iberipdir. Näme üçin? Haçan-da biz bu dünýäniň gorkularyna we isleglerine bagly bolanymyzda, bize Onuň şalygyny netijeli ýaýratmak hakykatdanam kyn düşýär.

Bir gün Pawlus şeýle diýipdir: «...ýöne häzirki we geljekki ýaşaýyşyň wadasyna eýe bolan takwallyk her ugurdan peýdalydyr» (1 Tim. 4:8). Takwalyk diýen söze üns beriň. Diňe Hudaýy tanaýan adam, takwalyga eýe bolup biler, sebäbi ol Hudaýa meňzemekligi aňladýar. Meniň pikirimçe, käwagt görüşýän adamyňa meňzeş bolmak kyn. Haçan-da biz adamlar bilen köp wagtymyzy geçirenimizde, olar bize täsir edip başlaýarlar. Ine näme üçin Ýakub dünýä bilen dostlukly gatnaşyklar barada sözleri dowam edip şeýle diýýär: «Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar». Hudaýyň siziň Oňa meňzemegiňiz üçin köp wagtyny siziň bilen geçirmegi isleýär.

Biz Hudaýy ýakyndan tanap takwa bolýarys, Hudaýa ýakynlaşmagyň ýeke-täk mümkin bolan usuly Onuň Ruhy arkaly Onuň bilen ýakyn özara gatnaşyklary ösdürmekdir (ser. 1 Kor. 2). Köplenç, haçan-da, mesihiler: «Dünýäniň dosty bolmagy isleýän adam özüni Hudaýa duşman edýändir» diýen ýaly sözleri okanlarynda, olar derrew dünýäden uzaklaşmaga synanyşýarlar. Elbetde, beýle hereketiň hiç hili manysy ýok. Mesihileriň Ýygnagy özüni adamlardan uzaklaşdyrsa, nädip dünýäni gazannyp biler? Biz Ýygnak bolmak bilen Isa Mesihi özümiziň esasy nusgamyz etmelidiris. Özüni ýitiren adamlar hemişe Isa Mesihe tarap ymtylypdyrlar. Ol salgyt ýygnaýjylar we jelepler, şeýle hem dini ýolbaşçylaryň äsgermezçilik gözi bilen seredýän adamlary bilen wagtyny geçiripdir.

Ol hat-da olaryň baýramçylyklaryna-da gatnaşypdyr, ýöne şol bir

wagtda-da olardan has tapawutlanypdyr. Isa Mesih dünýäden däl-de, dünýäde bolmaklygyň näme aňladýandygynyň kämil göreldesi bolupdyr. Onuň dindarlaryň göresi gelmeýän adamlaryna rehmi gelipdir. Näme üçin, Isa «takwa» hasap edilýänler tarapyndan ýigrenilýän adamlara özüni bagş edipdir. Sebäbi Ol olaryň ýuwaşdygyny we köp zady isleýändiklerini bilipdir. Ol olaryň baýramçylyklaryna lezzet almak üçin däl-de, olara täze ýoly görkezmek üçin gatnaşypdyr.

Edil şonuň ýaly, biz hem ahlak taýdan yza galan we perişan haldaky adamlara golaý bolmaklyga çagyrylandyrys. Eger-de, Mesihiler Ýygnagy Isa Mesihiň eli we aýagy bolmasa, onda bu işi kim berjaý eder? Biz we diňe biz, ýagny Onuň Teni. Biz Onuň merhemetli özgertdiji gudraty arkaly Isa Mesihdediris. Biz Onuň ýerdäki wekilleri hökmünde ybadat edýäris. Eger-de, biz Isa Mesihiň hakykatyny we nuryny bu dünýä alyp barmasak, onda muny başga hiç kim etmez.

### 3 –nji gün

## Geplemezek džentelmen.

Men Mukaddes Ruha çokunmak bilen Onuň džentelmenligine göz ýetirdim. Ol hiç wagt Öz ş erkini bize mejbur etmeýär. Eger-de, biz Oňa ýakynlaşmagy ret etsek, onda Ol gürlemez. Eýýäm ýigrimi bäş ýyldan hem gowrak wagt bäri men Hudaýa ybadat etmek bilen, elmydama dürli ýurtlara syýahat edýärin. Şu döwür içinde meni aeroportlarda (howa menzillerinde) garşy alýan sürüjileriň arasynda bir umumylygyň bardygyny aňdym. Olar hemişe açykgöwünli we kömek etmek üçin elinde baryny edýärler, meniň ol ýa-da beýleki ýerlerde bolanymda ähli zada jikme-jik üns berýärler. Adatça men birinji bolup gürrüňdeşlige başlamasam, olar ýolda meniň bilen gürleşmeýärler. Sebäbi pastorlar olara meniň ýolda-da ybadata

taýýarlanmagymyň belki gerek boljakdygy barada öwredipdirler. Geçen ýyllaryň içinde men ajaýyp, hyzmatkär ýürekli sürüjileriň köpüsine gabat geldim we olar üçin minnetdarlygymy bildirýärin.

Şol sebäpli, men her sürüjiden onuň maşgalasy we onuň Ýygnakdaky edýän işi barada soramagy makul bildim. Eger-de meniň özüm gürrüňdeşlige başlamasam, biz hiç hili möhüm zatlar barada gürleşmän, tutuş ýoly dymyp geçireris.

Men bu ýagdaýy biziň Mukaddes Ruh gatnaşyklarymyza meňzedýärin. Biziň özümiz birinji bolup Onuň sesini eşitmegi islemesek, Ol biziň bilen gürrüňdeşlige başlamaz. Eger-de, biz Onuň bilen gürleşip başlamasak, Ol dymmagyny dowam eder. Ýakubyň biz Hudaýa ýakynlaşanymyzda, Ol hem bize ýakynlaşýar diýen sözlerini ýatda saklaň. Biz birinji ädim ätmäge jogaplydyrys. Bize Onuň bilen üýtgeşik gatnaşyklary ýola goýmaga ymtylýandygymyzy görkezmek gerek. Başga sözler bilen aýtsak, size hiç wagt teklip edilmedik uly teklip edildi. Indi hemme zat size bagly.

Mesihileriň köpüsi bu hakykat barada bilmeýärler. Şonuň üçin men köplenç şular ýaly bellikleri eşidýärin: «Näme üçin Hudaý meniň bilen gürleşmeýär?» ýa-da «Hudaý ençeme ýyllar bäri meniň bilen gürleşmeýär». Bu adamlar Hudaý bilen Mukaddes kitabyň diýýän şeýle gatnaşyklaryny gözleýärlermi? Eger-de, biz Hudaýa golaýlaşmak islesek, onda biz Oňa akyl ýetirmäge çalyşmaly, ýagny, biz Onuň Ruhunyň Şahsyýeti bilen dostlaşmaly. Men sizi Mukaddes Ruh bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmaga çagyrýaryn. Siz Onuň berýän jogabyna örän haýran galarsyňyz. Meniň sürüjilerimiň köpüsi ýaly Ol hem siziň gürrüňdeşlige başlaryňyza ýa-da başlamazlygyňyza garamazdan hemişe siziň bilen bile bolar, sebäbi Ol sizi hiç wagt ýeke goýmazlygy we taşlamazlygy wada berdi (ser. Ýewreý.13:5). Eger-de siz Oňa ýüzlenmeseňiz, Ol, köplenç, dymar we siz hiç wagt Onuň siziň durmuşyňyzdaky doly barlygyndan we Onuň bilen gatnaşyklarynyň ähli eşretlerinden lezzet alyp bilmersiňiz.

## Hudaýyň çuňluklary

Geliň indi, Ýahýanyň Injiliniň 16-njy babyndan bir parçany okalyň:

*«Size aýtjak ýene köp zatlarym bar, ýöne häzir siz olary göterip bilmersiňiz. Emma Ol, Hakykat Ruhy gelende, size bütin hakykata tarap ýoly görkezer; çünki Ol Öz-Özünden aýtmaz, näme eşitse, şony aýan eder, geljek zatlary size bildirer. Meni şöhratlandyrar, çünki Ol Meniňkiden alyp, size bildirer. Atamyň nämesi bar bolsa Meniňkidir; şuňa göräde Meniňkiden alyp size bildirer diýýärin».*

–Ýahýa.16:12-15

Bu sözleri Isa Mesih haja çüýlenmezden öň Öz okuwçylaryna ýüzlenip diýdi; biraz soňrak bolsa şol gije Isa Mesin rim esgerleri tarapyndan tussag edilip, ölüme hököm çykarmak üçin äkidilipdir. Onuň durmuşynda iň möhüm sözler üçin belli bir döwrüň bolandygy anykdyr. Isa Mesiniň näme diýýänine üns beriň: «Size aýtjak ýene köp zatlarym bar, ýöne häzir siz olary göterip bilmersiňiz» (goş. 12). Isa bu adamlar üçin hemme zatdy. Olar Onuň bilen birnäçe ýyllar bile boldylar. Olaryň her biri Isanyň yzyny eýermek üçin öz maşgalasyny, dostlaryny we işini galdyrdylar. Okuwçylary bolsa: «Biz ähli zady dolulygyna görer ýaly näme etmeli?» diýip pikir eden bolmaklary ähtimal. Şonda Isa Mesih bize wada etmek bilen meşhur sözleri diýdi: «Emma Ol, Hakykat Ruhy gelende, size bütin hakykata tarap ýol görkezer» (goş. 13). Başga sözler bilen aýtsak: «Men siz bilen bolsam-da (tende), siz Meniň berip biljek ähli zatlarymy kabul eder ýaly derejede däl. Ýöne Men size Mukaddes Ruhy iberýärin, Ol size Meniň sözlerimi aýdar, Ol size Meniň arz-islegimi beýan eder we sizi geljekde boljak zatlara taýýarlar». Gör, nähili wada! Şol agşam Isanyň mudan öňki aýdan sözlerini ýatlaň:

> «Men size hakykaty sözleýärin: Meniň gitmegim size peýdadyr, Men gitmesem, Göwünlik Beriji size gelmez, gitsem welin, Ony size ibererin» (Ýahýa. 16:7).

Bu sözleriň täze öwüşgüne eýe bolup başlandygyna umyt edýärin. Hudaý biziň işimizi kynlaşdyrmak üçin biz bilen oýun oýnanok,- bütinleý tersine. Biziň her birimiz söýýän ynsanlarymyzyň bizi has ýakyndan tanamagyny isleýäris. Bu Hudaý babatynda-da şeýle. Haçan-da, Isa Mesih ýerde bolanda, Ol adamlara elýeterli we aç-açan bolan Öz Atasynyň (Taňrynyň) hakyky keşbine öwrülipdir (ser. Ýewr. 1:1–3; Kol. 1:15–19).

Ýöne biziň bilşimiz ýaly, Isa Mesih asmanda Hudaýyň tagtynda sag tarapynda otyr. Mukaddes Ruh – bu ýeriň ýüzünde Hudaýyň halkynyň arasynda we içinde ýaşaýan Üçlügiň(Ata, Ogul we Mukaddes Ruh) Şahsyýeti. Şonuň üçin Hudaýyň çuňlugyna akyl ýetirmek üçin biz Onuň Ruhuny, ýagny hakykatyň Ruhuny tanamak möhümdir.

## Şübhelenýän Fomas

Isa Mesih ölümden dirilenden soň, on sany okuwçy gapylary ýapyk otagda bolupdyrlar. Birden Rebb peýda boldy; Onuň şägirtleri haýrana galypdyrlar. Isa Özüniň jyn, arwah däldigini olara ynandyrmaly bolupdyr. Onusy hem Isa Mesihiň gudratly direlendigine örän begendiler, we soňra bu barada Fomasa gürrüň berdirler, sebäbi Isa olaryň ýanyna gelen pursatynda Fomas olaryň ýanynda ýokdy. Fomas bu habary eşidende, meşhur, hemmä belli sözleri diýdi: «Men Onuň ellerinde çüýleriň yzyny görmesem, çüýleriň yzyna barmaklarymy degirmesem, böwrüne elimi degirmesem, asla ynanmaryn» (Ýahýa. 20:25). Birnäçe günden on bir sany şägirtleriň ählisi bir otagda ýygnandylar, şonda birden olaryň ýanyna Isa geldi. Ol bir zat diýmezden ýa-da bir iş etmezden derrew Fomasa ýüzlendi, hamala şeýle diýýär: «Fomas, gel, indi seniň ynamsyzlygyň baradaky meseläňi düşünüşeli». Ol diýdi: «Barmagyňy bu ýere degir, ellerimi gör, eliňi uzat-da böwrüme degir, imansyz bolma, imanly bol» (Ýahýa. 20:27). Fomas jogap berdi: «Rebbim, Hudaýym!» Indi bolsa Isanyň oňa näme jogap berýanine serediň: «Sen Meni göreniň üçin iman etdiň; görmän

iman edenler nähili bagtly» (Ýahýa. 20:29). Aslyýetinde, Isa şeýle diýýär: «Fomas, hat-da görmän tüýs ýürekden iman eden bagtly adamlar bar». Birwagt men Isa olar bilen gödek hereket etdi diýip pikir edipdim. Ýigit eýýäm toba etdi, Onuň öňünde dyza çöküpdir, onuň ýagdaýynyň eýýäm erbetdigi mälim. Emma Isa oňa seredip, şeýle diýýär: «görmän iman edenler nähili bagtly».

Men Isanyň näme üçin Fomas bilen beýle gödek hereket edendigine düşünmeýärdim. Soňra bir gün Reb maňa şeýle diýdi: «Men Fomasy günälämok; Men ýöne bar zat aýdýardym. Biz Meni tenim arkaly däl-de, Meniň Ruhum arkaly tanaýan adamlara has ýakyn.

### 4-nji gün

## Özara gatnaşyklaryň üç derejesi

Şeýlelik-de, Isa Mesih Fomas şular ýaly sözleri aýtmak bilen nämäni göz öňünde tutupdyr? Bu soraga jogap bermek üçin ilki bilen, göze görünýän zatlara garanyňda berk ynamly gatnaşyklarda has uly çuňluga ýetip bolýandygyny size düşündirmäge rugsat ediň.

Özara gatnaşyklaryň üç sany derejesi bar: fiziki, jan we ruh. Iň pes (iň ýüzleý) dereje – bu tebigy ýa-da fiziki derejedir. Romantiki özara gatnaşyklaryň köpüsi şu derejeden, ýagny şu pikirlerden başlanýar: ol gyz göze ýakymly ýa-da ol oglan gelşikli, mümkin biz ýakyndan tanşyp bileris. Gynansak-da, jübütleriň aglabasy, hat-da durmuş gursalarda, özara gatnaşyklaryň şu derejesinde galýarlar. Olar uly bolmadyk agzalalyklary we özara gatnaşyklaryň kemçiliklerini üns bermän bileris diýip pikir edýärler. Olaryň arasynda biri-birine höwesden başga hiç hili umumylyk ýok diýen ýaly. Şular ýaly ýagdaýlarda özara gatnaşyklaryň jan derejesi ösmän galýar. Toý aýdymy ýaňlanýar,ýaş çatynjalaryň birinji süýji aýy tamamlanýar we durmuş başlanýar. Şular ýaly jübütler biri-birine ýakynlaşmak üçin başga derejä geçilmelidigine düşünmeli, ýogsam

olaryň maşgala durmuşy kyn günlere sezawar bolar. Eger-de, olar has çuň gatnaşyklary ýola goýmasalar, onda zenan öz höweslerini, isleglerini kanagatlandyrmak üçin joralary, erkek bolsa öz dostlary bilen ýakyndan gatnaşyk gözlär. Olaryň bilelikdäki durmuşy ahyrsoňunda gamgyn ýagdaýa öwrüler. Hudaý maşgalada şular ýaly gatnaşyklary göz öňünde tutmandyr. Şeýle-de, aşragatnaşyklaryň jan derejesi ýa-da häsiýetleriň aragatnaşyklary bar, mysal üçin, Dawudyň we Ýonatanyň arasyndaky gatnaşyklar: «...Dawudy Şawulyň ogly Ýonatanyň sulhy aldy. Ýonatan ony janyndan hem eziz dördi» (1 Patş. 18:1).

Ýonatan aradan çykanda, Dawudyň haly teňdi: «Seniň üçin halym teňdir, eý, Ýonatan dogan! Juda eziz bolupdyň maňa. Zenan söýgüsinden-de artykdy söýgiň maňa» (2 Patş. 1:26). Dawud bu ýerde ahlaksyz fiziki aragatnaşyklar hakynda söz açanok. Olaryň arasynda fiziki özüne çekme bolmandyr. Olaryň aragatnaşyklary jan derejede bolup we tutuşlygyna haýsy bolsa-da tebigy däl fiziki jähtden erkin bolupdyr. Olaryň aragatnaşyklary adaty fiziki aragatnaşyklardan has çuňňur we ýokary bolupdyr (Dawud «zenan söýgüsi» barada aýtmak bilen şuny göz öňünde tutýar).

Ynsanlaryň maşgala durmişy jan dereje esasynda gurulmalydyr. Maňa ters düşünmäň, ýöne özara gatnaşyklarda fiziki jäht hem örän möhüm. Men öz aýalymy tüýs ýüregimden söýýärin, ol meniň üçin dünýädäki iň owadan zenan. Ýöne är-aýalyň arasynda has çuň özara gatnaşyklar bolup biler we bolmaly. Lizanyň içki gözelliginiň meniň üçin onuň daşky gözelliginden has möhümdigini belläsim gelýär. Gynansak-da, Internetde tanyş bolan adamy üçin biri-biri bilen aýrylyşýan erkekler bilen aýallaryň wakalaryny köp eşidýärin. Birnäçe ýyl mundan öň men bir Ýygnakda wagyz-nesihat edenimde, ýygnakdan soň bir adam meniň ýanyma geldi.

Onuň ýanynda alty sany çagasy bardy, olaryň ikisi elinde, ikisi aýagyndan ýapyşyp durdy, beýleki ikisi bolsa ýanynda ylgap ýördi. Ol adamyň ýüzünde şatlyk alamatyny görmänim üçin ondan näme bolandygyny soradym. Ol şeýle jogap berdi: «Hemme zat o diýen

gowy däl. Şu gün meniň aýalym meni we alty sany çagamyzy taşlap, Internetde tanyşan adamyň ýanyna gitdi». Onuň şol adam bilen «jan» aragatnaşyklary şeýle uly derejä ýetipdir welin, hat-da ençeme ýyllar ýaşaşan ärini taşlapdyr. Jan aragatnaşyklar örän güýçli bolup, ol aýalyň öz çagalary bilen bile bolmak we olar barada alada etmek ýaly tebigy isleginden hem üstün çykypdyr.

Aragatnaşyklaryň jan derejesi fiziki gatnaşyklary köplenç talap etmeýär ýa-da asla talap etmeýär. Ine, näme üçin biri-birinden alysda bolan iki adamyň arasyndaky aragatnaşyklar ýola goýlanda, olar köplenç berk maşgala ojagyna öwrülýär.

Jübütler aragatnaşyklaryň fiziki tarapyny ösdürmek mümkinçiliginden mahrum bolup, olar jan aragatnaşyklar pikirini jemlemekde ukyplydyrlar.

## Aragatnaşyklaryň iň beýik derejesi

Iň beýik ýa-da çuňňur aragatnaşyklaryň biri hem ruhy aragatnaşyklardyr. Bu dereje barada Isa Mesih Tomasa aýdypdyr. Bir sapar Pawlus şeýle diýdi: «Çünki adamda näme barlygyny adamyň özünde bolan ruhdan başga kim biler?» (1 Кor. 2:11). Başga söz bilen aýtsak, siz adamyň ruhuna sazlanmasaňyz, onuň hakyky pikirlerini we dileglerini bilmersiňiz.

Öň hem belläp geçişim ýaly, ýaňy-ýakynda biz Liza bilen maşgalamyzyň otuz ýyllygyny belledik. Ikimiziň howzuň ýanynda oturyp, Hudaý barada aýdanlarymyzy ýatlamak, Maňa hemme zatdan köp ýaraýar. Biz köp wagtymyzy şu kitap barada gürrüň edip hem geçirýärdik. Men oňa Hudaýyň meniň ýüregime guýan zatlaryny gürrüň berýärdim, ol bolsa paýhasly we ylham bilen jogap berýärdi, geljekde keramatlandyrmak bilen Ruh maňa aýan edýärdi. Biziň ikimiziň hem Ruh bilen has ýakyn aragatnaşygymyzyň bardygyna görä, biz ruhy taýdan çuňňur derejede gatnaşyp bilýäris. Bu bolsa biziň Liza ikimiziň bilelikde doga okaýandygymyzyň ýene-de bir sebäbidir. Doga bizi ruhy taýdan birleşdirýär, sebäbi biz biri-birimiz

bilen Ruhuň işleri barada gürleşýäris. Şonuň üçin hem biz Messenger International guramanyň işgärleriniň her gün on bäş minut bilelikde doga okamaklaryny ýola goýduk. Muny etmek bilen biziň maksadymyz toparymyzyň ruhy taýdan bitewi bolmagyny gazanmakdyr. Bilelikde okalýan dogalaryň guramanyň işgärleriniň özara gatnaşyklaryna oňaýly täsir edýändigini görmek has hem ýakymly. Bu mesele beýleki islendik aragatnaşyklara-da degişli: Hudaýyň Sözüni ara alyp maslahatlaşmak we doga-dilegler adamlaryň arasynda iň ýakyn gatnaşyklary ýola goýar, sebäbi bu ruhy gatnaşyk.

Ruhy zatlar barada intellektual gürrüňdeşligiň we hakyky ruhy gatnaşyklaryň arasynda tapawut bar. Käwagt adamlar maňa Bibliýa barada aýdyp başlaýarlar, şonda men olaryň bary-ýogy bir ýerlerden alnan maglumatlaty aýdýandyklaryna düşünýärin. Men muny nireden bilýärin? Sebäbi olaryň sözlerinden meniň aňym çalt ýadaýar. Olar ruhdan däl-de, öz akylyndan aýdýarlar. Başga adamlar hem bar, olar ruhy zatlar barada öz ruhuna görä gürrüň edýärler. Men şular ýaly adamlar bilen sagatlap gürrüň edýärdim we hiç hili ýadawlygy duýmaýardym. Sebäbi biz ruhy derejede birleşýäris.

## 5-nji gün

# Hudaýy Onuň Ruhy bilen tanap.

Indi bolsa Pawlusyň korintoslylara birinji hatyndaky goşgyny tutuşlygyna okalyň:

> Ynsanyň pikirlerini onuň içindäki öz ruhundan başga hiç kim bilmeýär. Hudaý babatda hem şeýle: Onuň Öz Ruhundan başga hiç kim Hudaýyň pikirlerini bilýän däldir (1 Kor. 2:11, NASB).

Grek dilinden alnan «pikirler» sözi bu ýerde ilki bilen «barlygyň ýagdaýyny ýa-da akylyň ýagdaýyny» aňladýar. Pawlus

aslyýetinde, Hudaýyň Ruhuny tanamazdan, Hudaýyň hakyky «aklynyň ýagdaýyna» (ýagny Onuň ýüreginiň çuňlugyna) akyl ýetirmek mümkin däl diýýär. «Tanamak» sözüniň üsti bilen men köp däl tagallany ýa-da hiç hili tagallany harç etmezden gazanylýan ýüzleý bilimden has ýokary bolan düşünjäni göz öňünde tutýaryn. Birleşen Ştatlardaky her bir adam diýen ýaly biziň prezidentimiziň kimdigini bilýär, ýöne biziň köpümiziň onuň bilen ýakyn aragatnaşygymyz ýokdur. Biz onuň iň syrly isleglerini, ony nämäniň hereketlendirýändigini we onuň hakykatda nämä ynanýandygyny bilmeýäris. Edil şonuň ýaly biz Hudaýyň Ruhuny tanamazdan Hudaý barada bary-ýogy «iň ýönekeý bilimlerden» artykmaç zatlary bilmeris.

Pawlus dowam edýär: «Biz bu dünýäniň ruhuny däl-de, Hudaýyň özümize beren bereketlerini biler ýaly, Hudaýdan gelen Ruhy aldyk» (1 Kor. 2:12). Nähili täsin sözler.

Onuň Öz Ruhundan başga hiç kim Hudaýyň pikirlerini bilýän däldir (goş.11), ýöne Ol bize bu Ruhy berdi! Hudaýyň Ruhy bilen aragatnaşyklar arkaly, biz Ýaradyjy bilen ýakyn ruhy derejede - iň ýokary derejedäki aragatnaşyklara eýe bolup bilýäris.

Pawlus Ruh bilen aragatnaşyklaryň şu derejesindedi. Fiziki taýdan Isa Mesih bilen bolmasa-da, ol şeýle diýdi: «Eý doganlar, meniň wagyz eden Hoş Habarymyň adamdan däldigini size aýdýaryn. Çünki men ony bir adamdan alman, bir adamdan öwrenmän, Isa Mesihiň ylhamy arkaly aldym» (Galatýalylara. 1:11,12). Pawlus Isa Mesihden nädip ylham alypdyr? Ylhamyň adam tarapyndan gelmändigini Pawlus anyk aýdýar. Eger-de, ol adam tarapyndan berilmedik we ol Isa Mesih bilen wagtyny geçirmedik bolsa, onda ol ony Isa Mesihiň Ruhunyň (Mukaddes Ruhuň) üsti bilen ylham alandyr. Fiziki durmuşda Pawlus Halasgär bilen hiç wagt bile bolmanlygy çebäpli, ol Isa bilen özara gatnaşyklaryň has çuňňur derejesine ýeten bolmagy mümkinmi-kä? Petrus Isa Mesih bilen fiziki taýdan gatnaşyp, özüniň ömrüniň ahyrynda hat ýazdy. Onda şeýle diýilýär: «...Söýgüli doganymyz Pawlusyň hem özüne berilen

akyldarlyn boýunça size ýazyşy ýaly Rebbimiziň sabryny gutulyş pursady saýyň. Ol bu zstlardan gürrüň berende, bütin hatlarynda şeýle ýazýandyr. Olarda ýazylanlaryň käbirlerine düşünmek kyndyr» (2 Petr. 3:15, 16). Birnäçe ýyllaryň dowamynda her gün Isa Mesih bilen ýüzbe-ýüz gürleşenleriň biri Petrusdyr. Isa beýik dagyň üstünde bir näçe şägirtleri bilen bolanda, şol ýerde Onuň nädip keşbi üýtgäp şöhrata eýe bolanda Petrus hem bardy. Ol Onuň haja çüýlenişiniň şaýady boldy we direlenden soň hem Isany görýär we Onuň bilen gürleşýär. Muňa garamazdan, Isa tende ýeriň ýüzünde bolanda, Onuň bilen gatnaşmak bagtyna eýe bolan bu şägirdi, Pawlusyň Ruhdan alan ylhamlarynyň käbiri «aklyňa sygmaýar», ýagny oňa düşünmek kyn diýip aýtdy. Meniň şahsy pikirime görä, bu Petrusa garanyňda Pawlusyň Isa bilen has ýakyn we çuňňur derejede gatnaşandygyny görkezýär.

Pawlus hiç wagt Isa bilen bile bolmadyk bolsa-da, ol Ruhyň güýji we ylhamy bilen Täze Äht kitabynyň köp bölegini ýazypdyr. Bu nädip beýle bolýar? Sebäbi diňe Ruh Isany bütinleý aýdyň edip bilýär. Rebbiň sözleri ýadyňyzdamy: «Size aýtjak ýene köp zatlarym bar, ýöne häzir siz olary göterip bilmersiňiz. Emma Ol, Hakykat Ruhy gelende, size bütin hakykata tarap ýol görkezer; [doly ylham berer]» (Ýahýa 16:12, 13).

Pawlus fiziki gatnaşyklaryň esasynda Isa bolan öz imanyny gurup bilmändir, sebäbi onuň bu ugurda tejribesi bolmandyr. Ol ynanmaly bolupdyr we ylhamlary başga usullar arkaly amala aşyrypdyr. Esasyna seredende ol aragatnaşyklarda haýsy hem bir fiziki düşünmeden we akyl ýetirmeden mahrum bolupdyr, bu bolsa Ruhuň oňa aýan etjek zatlaryny kabul etmekde päsgel berip bilerdi. Isa şägirdi Tomasa jogap bermek bilen şuny göz öňünde tutupdyr. Pawlusyň Isa bilen fiziki aragatnaşyklarynyň bolmandygy sebäpli, ol Mugallym bilen özara ruhy gatnaşyklara garaşly bolupdyr. Onuň başga ýoly bolmandyr.

Fiziki kabul etme sebäpli kynçylyklar döremegine garamazdan, edil Pawlusyňky ýaly, biziň Isa Mesihiň yzyny eýermäge

mümkinçiligimiz bar. Ajaýyp hakykat şundan ybaratdyr, ýagny biz Isa Mesihi görmän hem Oňa has golaýlaşyp bilýänligimizdir. Onuň bilen fiziki taýdan bile bolmak mümkinçili bolmasa-da, biz içimizde ornaşan Mesihiň Ruhy arkaly Onuň bilen özara gatnaşykda bolmaga mejburdyrys, şeýlelik-de, biz Hudaý bilen özara çuň ruhy aragatnaşyklarymyzy berkidip bileris. Gör, nähili gudrat!

## Çuň derejede Ony başdan geçirmek.

Hudaý adamyň synasynyň (entek) bagyşlanmadygyny bilýär. Adamyň ruhy bagyşlandy, ol Isanyň takyk keşbidir (ser. 1Ýahýa. 4:17). Adamyň kalby entek bagyşlanma prosesini başdan geçirýär (ser. Ýak. 1:21). Ýöne fiziki beden heniz bagyşlanan däldir.

Siz haçan-da bolsa bir wagt, biziň zatlardan nädip çalt ýadaýandygymyza üns berdiňizmi? Käbir adamlar täze ulag serişdesini satyn alýarlar we eýýäm bir hepdeden maşyn edinenligi hakyndaky bu habar könelýär. Bu bagyşlanmadyk synanyň tebigatydyr. Fiziki tarapyň çuňlugy uzak däl, ol az ýaşaýar we tiz ýok bolýar. Şonuň üçin, Hudaý Özüniň merhemetinde şeýle diýipdir: «Men Özümi Öz halkyma fiziki taýdan aýan etmeýärin. Men oňa Meniň Ruhumyň üsti bilen gatnaşmak mümkinçiligini bererin. Şonda halkym Meni hakykatdan hem tanar».

Ýagny, Hudaý takmynan indiki sözleri diýýär: «Meniň ýüregimi hakykatdan tanap bilmekleri üçin, Meniň ezizlerim bilen uzak aralyga bölünen aragatnaşyklar bolar». Biz Mesihiler Ýygnagy hökmünde Isanyň Gelni. Hudaý bizi Onuň bilen haýran galdyrýan wepaly gatnaşyklaryna taýynlaýar. Ol bize Ony fiziki derejeden öňürti has çuňňur derejede (ruhy taýdan) tanamaga mümkinçilik berýär. Ine näme üçin Pawlus şeýle ýazdy: «Şonuň üçin biz mundan beýläk hiç kimi adam ölçeglerine görä tanamaýarys (2 Kor. 5:16). Biz Ony diri Hudaýyň Ruhy arkaly tanaýarys. Isa Mesih tende gelen wagty boldy. Emma häzir Ol fiziki tende ýerde bolmanlygy sebäpli, biziň Ony Ruhda tanamaklygymuza mümkinçiligimiz bar. Eger-

de biz Ruh bilen bolan aragatnaşyklarymyza äsgermezçilik etsek, diýmek, biz özümizi Hudaýyň Ogluny tanamak mümkinçiliginden mahrum edýäris. Ruh Hudaýyň ýüregine we ähli zada, hat-da Hudaýyň çuň pikirlerine-de düşünýändir, Ol bize Isa Mesihi aýan etmek isleýär. Eger-de siz Hudaý bilen has çuňňur gatnaşyklary isleseňiz, siz Ol baradaky ýüzleý bilimleriň çäginden çykmaly we hakykatda Ony size açyp görkezjek syýahata başlamaly. Bu syýahat Ruh bilen aragatnaşyk arkaly mümkin. Ine, näme üçin Mukaddes Ruh bilen aragatnaşykda, Hudaýyň ebedi Sözlerinde çuňňur ornaşmadyk däplere (pikirleriň owrenişen görnüşinde) daýanyp ýaşap bilemizok. Eger-de biz düşünişmezlige ýol bersek, onda öňden dörän ters pikirler ýa-da oňaýsyz tejribe biziň Mukaddes Ruh baradaky göz öňüne getirmelerimizi üýtgedip biler we biz Hudaýyň biziň durmuşymyzdaky barlygyndan lezzet alyp bilmeris. Biz Hudaýyň Ruhundan aýra Ony tanap bilmeris.

Eger-de Ruhuň isleýän zadyny islesek we Onuň duýýan zadyny duýsak, Onuň bilen gatnaşyklary ýola goýup boljakdygyna men ynanýaryn. Size gatnaşyklaryň iň çuňňur derejesi bolan ruhy gatnaşyklar has elýeterlidir. Onuň kömegi bilen siz Ýaradyjyňyz bilen ýakynlaşyp bilersiňiz. Eger-de siz Mukaddes Ruh bilen has ýakyn gatnaşykda bolmagy isleseňiz, Ony tanamaga ymtylmaly. Ony nädip tanap bolar? Onuň Sözüni okamak we Onuň barlygynda wagtyňy geçirmegiň üsti bilenmi?

Hudaý size ýakynlaşmak isleýär, size bolsa Onuň tarapyna barýyogy birinji ädimiňizi ätmek gerek.

Mukaddes Kitapdan getirilen goşgularyň üstünde pikirleniň, aşakdaky görkezilenler. Goý, Mukaddes Ruh siziň ýüregiňizdäki işini amala aşyrsyn. Haçan-da Hudaýa ýüzleneniňizde, Ondan Onuň barlygynyň ýüze çykmagyna päsgelçilik berýän aňyňyzdaky ähli perdeleri aýyrmagyny soraň. Perde aýrylan badyna siz Ony öňkiden hem has gowy görüp bilersiňiz. Siziň Onuň ýüzüne seredişiňize görä (Onuň bilen edil dostuňyz ýaly wagtyňyzy netijeli geçiriň), Ol sizi Öz keşbine özgerder. Size resul Pawlusyň sözlerini beýan edýärin:

«Ýöne biri Rebbe öwrülende, ol perde aýrylýar. Rebb Ruhdyr. Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir. Emma biziň hemmämiz perdesi aýrylan ýüz bilen Rebbiň şöhratyny görüp, şöhrat üstini şöhrat bilen şol keşbe dönderilýändiris. Bu hem Ruh bolan Mesih tarapyndyr» (2 Kor. 3:16–18).

# ONY ÖZ MUGALLYMYŇYZ ÝALY KABUL EDIŇ

*Ýöne siziň Ondan alan Mukaddes Ruhyňyz (mesih edilişiňiz) sizde galýandyr, size biriniň öwretmeginiň geregi bolman, eýsem Onuň şol Ruhy ähli zatlar hakda size nähili öwredýän bolsa, ol hem ýalan däl-de, hakykat bolsa, size öwredişi ýaly, Onda galarsyňyz.*

–1 Ýahýa. 2:27

Mukaddes Ruh biziň durmuşymyzda möhüm rollary oýnaýar. Onuň iň beýik rolynyň biri hem Mugallymyň roly bolmagy ähtimal. Ol bize hemişe nämedir bir zatlary öwredýär. Ol hemişe biziň ýuregimizde bolýan kämil atadyr. Ol bize ugur görkezýär we biziň söýgi meselesindäki ýalňyşlyklarymyzy mähir bilen düzedýär.

Mukaddes Kitap – bu Ruhuň wagtyň çäginden daşary bolýan kitaby. Mukaddes Kitapdaky Hudaýyň sözleri Hudaýyň pikirleriniň ýazgylaryny öz içine alýar. Onuň ýaly pikirlenmek, Onuň ýaly gürlemek we Onuň ýaly hereket etmek üçin, bize Onuň Sözi gerek. Çünki biz Oňa düşünmeli. Bu biziň Mugallymymyzyň işi: zerur wagty bize ýol görkezmek, bize ähli hakykaty aýan etmek, möhüm wagty Mukaddes Kitabyň manysyny düşündirmek. Awtor we pastor Frensis Frengipeýn şular ýaly ajaýyp sözleri aýdypdyr:

> «Rebbiň Sözi Mukaddes Ruh bilen birlikde biziň Isa Mesihiň keşbine öwrülmegimiziň serişdesi bolup durýar... Söz – bu Hudaýdyr. ... Mukaddes Kitap däl-de, ýöne sözleriň arasynda demalýan Ruhdyr. Bu Mukaddes Ruha hem edil Hudaýa ýaly hormat etmeli. Şonuň üçin, haçan-da Rebbi gözläniňizde… diňe bir akyl bilen okamazlygy dileg ediň. Mukaddes Ruhdan siziň ýüregiňize Söz arkaly gürlemekligi diläň… Haçan-da, Hudaýyň öňünde göwni peslikde dyza çökeniňizde, Söz siziň kalbyňyza ornaşar, siziň içki dünýäňiziň bir bölegine öwrülmegi bilen (ser. Ýakub. 1:21)».

Saklanyň we özüňize şu soragy beriň: «Men Hudaýyň Sözüni nähili kabul edýärin? Maňa öwretmek üçin Mugallymy çagyrýarynmy? Men Sözi okaýarynmy we Ony kabul edýärinmi?» Indi bolsa Ruhdan soraň: «Sözüň direlip, meniň tebigatymyň bir bölegine öwrülmegi üçin men başga näme edip bilerin?» Onuň size aýan eden zatlarynyň ählisini belläp alyň we durmuşda ulanyň.

________________________________________

________________________________________

________________________________________

________________________________________

Mukaddes Ruh dine Mukaddes Kitaby okanda ýa-da dileg edilen wagty öwredip bilýärmi? Ýok. Ol hemişe öwredýär, eger-de siz Onuň bilen bir tolkunda bolsaňyz, onda siz her gezek özüňize sapak alyp bilersiňiz. Frengipeýn şu aşakdakyny maslahat berýär:

> «...Ýanyňyzda hemişe kagyz we ruçka bolsun... Biz Oňa käwagt ýüzlenmäge däl-de, eýsem hemişe Onuň bilen bolmaga çagyrylandyrys... Siz Ruhy eşitmek üçin öz eşidiş ukybyňyzy ösdürmeli, siz Onuň nirede we näme diýýänini eşitmegi başarmak üçin. Ony hormatlaň we Ol sizi hormatlar».

Ähli zat adama bagly. Özüňize iň amatly bolan serişdelerden we tehnologiýalardan peýdalanyň. Esasy zat Onuň diýýän zadyny diňlemek we ýatda saklamakdyr.

Bu goşgularyň üstünde ünsli pikirleniň. Ruh siziň durmuşyňyzda Söz barada nämäni aýan edýär?

**2 Timoteosa 3:16, 17; 2 Petrus 1:12–21**

________________________________________

**Kanun taglymaty kitaby 6:6; 11:18; Zebur 119:9–11; Kolosiýalylara 3:16**

________________________________________

**Zebur 19:9; 119:105, 130; Süleým.Tymsal. 4:20–23; 6:20–23**

**Ýewreýlere 4:12; Ýakub 1:21; Ýermeýa 23:28, 29**

*«Meni çagyr, saňa jogap bereýin, seniň bilmeýän beýik hem pynhan zatlaryň syryny aýdaýyn».*

–Ýermeýa 33:3

# OŇA REB HÖKMÜNDE ÖZ WEPALYLYGYŇYZY BEÝAN EDIŇ

*«Isa jogap berdi: Birinji tabşyryk şu: Diňle, eý Ysraýyl! Hudaýymyz Reb ýalňyz Rebdir. Öz Hudaýyň Rebbi bütin ýüregiň, bütin janyň, bütin düşünjäň, bütin güjüň bilen söý!»*

–Markus 12:29, 30

Ruh bolan Rebbimiz bizi örän güýçli söýýär we biziň aýrylmaz söýgimize teşne. Ol biziň dünýä bilen bolmagymyzy islemeýär. Ol şeýle diýýär:

> Dünýäniň ýollaryny söýmäň. Bu dünýäniň hudaýlaryny söýmäň. Dünýä bolan söýgi Hudaýa bolan söýgini gysyp çykarýar. Çünki dünýädäki ähli zatlar, şahsy ýollary saýlamak islegi, özüň üçin ähli zady islemek, özüňi ähmiýetli edip görkezmek islegi Hudaý bilen hiç hili arabaglanyşygy ýokdur, tersine, bizi Ondan daşlaşdyrýar. Dünýä we onuň ähli zady «isleýän, isleýän, isleýän» diýişi hem geçip gidýär, ýöne Hudaýyň islän zadyny ýerine ýetirýän adam ebedilikde bolar.
>
> – 1 Ýahýa 2:15–17, The Message

Şeýle hem Mukaddes Kitabyň şu tema ýakyn manyly ýerlerini okaň: Matt. 16:24–26; Timot. 2:12–14; Ýakub. 4:4–6; Ýahýa. 15:18–21; Rim. 12:2.

SIZIŇ KALBYŇYZ NÄMÄ WEPALY? Indiki soraglara ak ýürek bilen jogap beriň:

Meniň wagtymyň we ünsümiň köp bölegini kim we näme zat eýeleýär? Men özümiň boş wagtymy nädip geçirýärin?

Meni kim we näme zat begendirýär? Tehnologiýalar we häzirki zaman ugurlar meniň durmuşymda esasy rol oýnaýarmy?

Men öz pulumy nämä sowýaryn?

Meniň aňymda näme zat has köp orun eýeleýär? Men köplenç näme barada gürleýärin? Meniň dogalarymda köplenç haýsy temalar möhüm ähmiýete eýe?

Biziň sözlerimiz biziň wepalylygymyzy aýan edýär. Isa biziň dillerimiz ýüreklerimizden joşanyny sözleýändir diýýär (ser. Luk. 6:45).

Ýene-de, öz jogaplaryňyza serediň. Mukaddes Ruhdan soraň: «Öz ähmiýetlerime täzeden seretmek üçin Sen maňa gerekmi? Meniň durmuşymda butlar (Hudaýyň ornuna çokunylýan zatlar) peýda boldymy? Durmuşda Saňa ymtylyşymdan köp ymtylýan başga zatlaram barmy?»

Ruh näme diýýär? Ol size Oňa bolan wepalylygyňyzy subut etmek üçin nähili ädim ätmegi maslahat berýär?

Matta (6:19–21) we Kolosiýalylara 3:1–17 Hudaýyň sözleriniň üstünde pikirleniň. Olary bagyşlama dogasyny etmek üçin peýdalanyň we Mukaddes Ruhdan sizi Hudaýyňyza wepaly edip saklamagyny soraň.

# ONUŇ MERHEMETI BILEN ÝUWAŞ-ÝUWAŞDAN ÖSMEK

*Biz Mesihiň keşbine özgerýäris, biziň durmuşymyz ýuwaş-ýuwaşdan ýagtylaşýar hem-de gözelleşýär,biziň durmuşymyza Hudaý girmegi saýy bizi Öz keşbine özgerdýär.*
– 2 Korintoslylara 3:18, The Message

Isa Öz hajyny alyp gitmezden öň, Mukaddes Ruh barada esasy sözleri aýtdy: «Size aýtjak ýene köp zatlarym bar, ýöne häzir siz olary göterip bilmersiňiz. Haçan-da hakykatyň Ruhy, ýagny Dostuňyz gelende, siziň eliňizden tutup, sizi hakykata tarap ýollar...» (Ýahýa. 16:12, 13, The Message).

Isa ähli zatlardan habardar bolmak bilen Öz şägirtlerine köp zatlary aýdyp bilerdi, ýöne Ol olaryň ähli zady şol bada düşünip bilmejekdiklerini bilýärdi. Olara bu zatlara akyl ýetirmek üçin ösmek gerekdi. Ol ölüp, üç günden soň direlip, asmana galýar, Hudaý biziň ýuwaş-ýuwaşdan Onuň merhemetinde ösmegimiz üçin Öz Ruhuny kömekçi hökmünde iberipdir.

Sagdyn pikirli ene-atalar ýaňy bolan çagasyndan köpeltmegiň kanunlaryny bilmegi talap edip bilerlermi? Ýa-da öz bäbeginden nädip salgyt tölenişi barada sorap bilerlermi? Ýok. Edil şonuň ýaly-da Mukaddes Ruh Onuň hakykatyna düşünmegimiz üçin biziň akyl taýdan ýeterlik derejede kämilleşmegimize garaşýar. Ol Mukaddes Kitabyň ähli hakykatyny öwüt-ündew etmek bilen çäklenmän, eýsem, biziň özümiz barada, biziň çagalarymyz barada, saglyk, ýagdaýymyz we beýlekiler baradaky hakykaty hem aýan edýär.

Hudaýyň Sözine laýyklykda, biz ynamyň we şöhratyň bir derejesinden beýlekisine çenli kämilleşýäris (Isa meňzäp başlaýarys). Bu prosesde biz öz etmeli işimizi berjaý edýäris, Mukaddes Ruh bolsa

özüniňkini amala aşyrýar. Filipililere1:6;2:12,13; 1 Selaniklilere 5:23,24 we Ýewreýlere 13:20, 21 iberilen bölüminiň üstünde ünsli pikirleniň. Mukaddes Ruh bu goşgularda Mesihde ösmegiňiz üçin näme görkezýär? Siz gaýtalanýan temany görýäňizmi?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

On dokuzynjy asyryň ahyryna ybadat eden angliýaly iň meşhur Hoş Habary wagyz ediji Çarlz H. Sperdjen dürli temalary, şol sanda Mukaddes Ruh we ruhy taýdan ösüş barada örän köp işleri ýazypdyr. Ol şeýle diýipdir:

> «Biz özümiziň başaryp bilmeýän zadymyz üçin Isa ynanýarys. Eger-de, bu zatlar biziň hökümdarlyk etmegimizde bolan bolsa, Oňa ýüzlenmek biziň üçin nämä gerek? Ýöne biz diňe öz güýjümiz bilen ynanýarys, Hudaýyň güýji [Mukaddes Ruh] bolsa, bizi täzeden ýaradýar. Ol biz üçin ynanmaz, biz hem Onuň dikeldiş boýunça işini etmeli däl. Bize diňe rehimli emre boýun bolmak galýar. Sebäbi Hudaýyň bu işi bizi Ruhda täzeden ýaradar».

Siz özüňiziň diňe ruhy taýdan kämilleşmegiňiz barada pikir etmäň. Bu nädogry bolar. Şeýle etmek bilen siz diňe mynasyp dälligiňizi duýarsyňyz we özüňiziň ruhy güýjüňizi ýitirersiňiz. Saklanyň we pikirleniň: «Mukaddes Ruh, häzir Sen meni nirede görýäň (meniň ruhy derejäm nähili)?» Ol size näme diýýär?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Siz özüňizi Ruhuň sizi görşi ýaly görmelisiňiz. Ondan siziň bu gün nirede ýerleşýän ornuňyzy aňlamaklyga we geljekde siziň ösmegiňiz üçin merhemet soraň.

Siz haçan-da bolsa bir wagt öziňizi ähli güjiňiz bilen üýtgetmäge synanyşyp gördiňizmi?.Eger şeýle bolsa, bu size nädip başartdy? Siz indi nähili özgerişleri görýärsiňiz?

# ONUŇ DÖREDÝÄN HUDAÝ TARAPYNDAN BERILEN ARAGATNAŞYKLARYNYŇ GADYRYNY BILIŇ

*Söýgi ikiýüzli bolmasyn… Çuňňur söýýän gowy dostlar boluň, ikinji rollarda bolmagy başaryň.*

–Rimlilere 12:9, 10, The Message

Biz aragatnaşyklar, ýagny Taňry we beýleki adamlar bilen gatnaşmak üçin ýaradylan. Bu barada pikirleniň. Siziň durmuşyňyz aragatnaşyksyz nähili bolardy? Eger-de, siziň ähli ýaşaýyş gatnaşyklaryňyzy aradan aýyrsak, onda sizde näme galar? Ýekelikdäki manysyz ýaşaýşyňyz.

Aragatnaşyklar üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiriň! Hudaýdan gorkýan wepaly dostuň bahasy ýokdur. Demiriň demri ýiteldişi ýaly, ýagşy dost bizi akyl, duýgy we ruhy taýdan beýgeldýär. Gowy dost söýgide biziň ýalňyşlyklarymyzy görkezer we zerur wagtynda olary düzeder. Gowy dost siziň üstünlikleriňize begener we durmuşyň kyn pursatlary size goldaw berer.

> Saňa ýekelikde bolanyňdan dost edinmek gowy bolar; sebäbi şonda siz öz işleriňizden has köp lezzet alarsyňyz. Eger-de sen ýykylsaň, dostuň saňa ýeriňden turmaga kömek eder. Emma ýykylanyňda dostuň ýanyňda bolmasa, onda betbagtçylyga uçrarsyň.
>
> – Wagyz kitaby 4:9,10, CEV

Biz eýýäm özara gatnaşyklaryň üç sany derejesiniň, ýagny fiziki, jan we ruhy ýaly görnüşleriniň bardygyny bilýäris. Indi olar barada bilmek bilen siz öz gatnaşyklaryňyza nähili düşünýärsiňiz? Kim bilen bolan aragatnaşyklar has köp kömek edýär? Näme üçin?

Ruhy aragatnaşyklar has çuňňur we has doly aragatnaşyklardyr. Olaryň näme many aňladýandygyny beýan ediň. Ruhy taýdan aragatnaşyklaryň fiziki we jan taýdan aragatnaşyklara garanda nähili artykmaçlyklary bar?

Siziň aragatnaşyklary has çuňlaşdyrmak isleýän adamlaryňyz barmy? Saklanyň we dileg ediň: «Mukaddes Ruh, meniň durmuşyma Seniň ýerleşdiren adamlaryň bilen has ýakyn ruhy gatnaşyklary giňeltmek üçin näme edip bilerin?» Saklanyň we diňläň. Onuň aýdanlaryny ýazyň.

Hudaý tarapyndan berilen aragatnaşyklar barada dileg:

Mukaddes Ruh maňa Mukaddes aragatnaşyklary ber. Ýonatanyň Dawuda, Rutyň Nagomaga, Ýahýanyň Isa bolşy ýaly meni hem Özüň birleşmek islän adamlaryň bilen birleşdir. Sagdyn aragatnaşyklary, şol sanda adamlar bilen ruhy taýdan aragatnaşyklary ösdürmek üçin maňa Öz merhemetiňi ber. Isanyň ady bilen, Amin!

**Geljekde öwrenmek üçin...**
Suleýman. Tymsal. 13:20; 17:9, 17; 27:6, 10, 17; Ýahýa 15:13; 1 Ýahýa 1:7; 1 Patyşal. 18:1–4.

# HUDAÝYŇ SENIŇ DURMYŞYŇDAKY BARLYGYNYŇ ÇUŇŇUR DEREJESINI GÖRMEK WE DÜŞÜNMEK

*Öz atalaryňyzyň Hudaýyny ýakyndan tanamagy öwren. Oňa boýun bol we tüýs ýürekden we janyňdan ybadat et.*

– 1 Ýyl Ýazgylarynyň 28:9, NLT

Hudaýyň esasy çemeleşmesi bizi has ýakyndan tanamak bolup durýar. Ol bizi Onuň bilen bile ýaşamaga çagyrýar. Syýahat mundan hem has gyzykly bolup bilermi. Pawlus şeýle diýdi: «Hawa, ugrunda bar zadymy ýitiren Rebbim Mesih Isany tanamagyň artyk gymmaty üçin her zady zyýan saýýaryn. Mesihi gazanjak bolup, syr-süplük saýýaryn» (Filip.3-8 NLT).

Isa Mesihi beýikligine düşünip ýaşamak Žanna Giýonyň esasy höwesleriniň biri bolupdyr. Bu mesele onuň üçin şeýle bir möhüm bolupdyr, welin, ol hatda adybir kitaby ýazmaga başlapdyr. On ýedinji asyrda ýaşap geçen bu fransuz zenany Jon Uesli, Hadson Teýlor we Woçman Ni ýaly imanlylara täsir edipdir. Ol ýakyn aragatnaşyklar barada şeýle diýýär:

> «Sizden soramaga rugsat ediň… siz Hudaýy ýakyndan we çuňňur tanamagy isleýärsiňizmi? Hudaý Özüniň hemme aklanan, bagyşlanan perzentlerine Özüniň eşreti bulen Mukaddes Ruhy arkaly şular ýaly ýaşaýyş we hereketler üçin mümkinçilik döredipdir. Onda Hudaýy ýakyndan tanamaga ýakynlaşmak derejesine nädip ýetmeli? Ähli syrlar dogadadyr».

Şeýlelik-de, siz Hudaýa ýakyndan akyl ýetireniň dilegleriniň nädip beýan etdiňiz? Mattanyň Injilindäki Isa Mesihiň nähili doga-dileg etmelidigini öwredýändigini ünsli okaň (6:5–15).

Siz Ondan näme zatlary öwrenip bilersiňiz we ony öz durmuşyňyzda nädip peýdalanmaly?

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

Adam ruhda dogulanynda Mukaddes Ruh gelýändigini we onuň ruhuňyzda bolýandygyny biz eýýäm bildik. Biziň bilen aragatnaşyk edip, Ruh biziň ruhumyzyň üsti bilen bize ýüzlenýär. Žanna Giýon şular ýaly sözleri ýazýar:

> «Siz Rebbi öz ruhuňyzyň, öz barlygyňyzyň, Iň Mukaddesiniň içinde tapyp bilersiňiz; Ol hut şol ýerde ýaşaýandyr. Bir gün Hudaý gelmegi we siziň içiňizde Özüne mesgen tutmagy wada beripdir (ser.Ýahýa.14:23). Şol ýerde Ol Oňa ybadat edýänleriň we Onuň erk-islegini berjaý edýänleriň ählisi bilen duşuşmagy söz berdi. Rebbimiz siziň ruhuňyz arkaly siz bilen duşuşar... Haçan-da, siziň ýüregiňiz Hudaýa ýüzlense, siz Onuň barlygyny duýarsyňyz».

Biz Hudaýy Mukaddes Ruh - Onuň bize peşgeş berlen Mukaddes Ruhy arkaly ýakyndan tanap bilýäris (ser. 1 Kor. 2:9–12). Saklanyň we dileg ediň: «Mukaddes Ruh, meniň durmuşymda Saňa hakykatdanam gowy düşünmegime päsgelçilik döredýän nähilidir bir ýalňyşlyklar, erbet tejribe ýa-da özümiň ters pikirlerim barmy?

Ümsüm boluň we diňläň. Ondan Onuň barlygyna päsgelçilik döredýän ähli pikirlerden arassalamagyny soraň. Onuň size berjek jogabyny ýazyp alyň.

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

Bu hakykatyň üstünde pikirleniň we Mukaddes Ruhdan onuň manysyny siziň ýüregiňiz üçin açyp bermegini soraň.

Ýöne biri Rebbe öwrülende, ol perde aýrylýar. Reb Ruhdyr;
Rebbiň Ruhu nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir. Emma
biziň hemmämiz perdesi aýrylan ýüz bilen Rebbiň şöhratyny
görüp,şöhrat üstüne şöhrat bilen şol keşbe dönderilýändiris.
Bu hem Ruh bolan Mesih tarapyndyr.

– 2 Korintoslylara 3:16–18

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger-de siz bu kitaby «Messenger» ybadaty tarapyndan Mukaddes Ruh baradaky maglumatlaryň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, onda 3-nji wideosapaga seretmegiňizi haýyş edýäris.*

1 I Isa fariseýler adamzat däpleriniň ähmiýetini Hudaýyň Sözüniň abraýyndan has ýokary göterdiler diýdi. Bu nähili adamzat däpleri we näme üçin olar bize Hudaý bilen aragatnaşyk saklamaga böwet bolýarlar? adamzat däpleriniň Hudaýyň Sözleriniň hakykatyndan ýokary durýandygy barada häzirki zamandan iň bolmanda bir sany wajyp mysal getiriň.

2 I Mukaddes Ruh biziň iň gowy dostumyz bolmagy we biziň bilen has ýakyndan gatnaşmagy isleýär. Siziň pikiriňize görä, bu dünýäde Ýygnagyň (mesihileriň) Mukaddes Ruhdan näme ünsüni sowýar we ysnyşmaklyklaryna päsgel berýär? Eger-de, biz Ruha çokunman, şu dünýä bilen oýnaşma, hezillik we keýp, baýlyk we beýik derejeleri gözlemek bilen meşgullansak, näme bolar?

3 I Isa Mesih Ýahýanyň Injilinde resul Tomasa näme diýýär (20:29)? Bu hakykat Hudaýyň Korintoslylara iberilen Ikinji ýüzlenmesinde resul Pawlus arkaly aýdan sözleri bilen nähili baglanyşykly (5:16) we bu hakykat biziň Hudaý bilen aragatnaşyklarymyzy nädip berkidýär we çuňlaşdyrýar?

4 I Biziň başga adamlar bilen aragatnaşyklarymyzyň üç derejesini aýdyň we ýazyň. Olaryň haýsysy has çuňňur we näme üçin? Biz adamlar bilen aragatnaşyklarymyzyň bu derejesini nädip gurup bilýäris?

5 | Mukaddes Ruhda bize ajýaýp peşgeş berildi: ýagny biz Hudaýy ýakyndan tanap bilýän ukybymyz. Korintoslylara iberilen Birinji hatyny dykgat bilen okaň (2:11–16). Bu bölümde Mukaddes Ruh Hudaýa hakykatdan akyl ýetirmek barada näme diýýär?

6 | Petrus we beýleki şägirtler Isa bilen ýüzbe-ýüz gatnaşandyklary sebäpli, olar başgalara nätanyş bolan duýgulary başdan geçirdiler.

Pawlusyň gatnaşmakda şular ýaly tejribesi ýokdy, muňa garamazdan Hudaý ony güýçli ulanypdyr. Bu nädip mümkin?

Öwrenmek üçin Ýazgynyň başga bölümler: Ýahýa 20:29; 2 Korintoslylara 5:16 we 2 Petrusyň 3:15, 16.

7 | Eger-de, biz Mukaddes Ruh bilen aragatnaşygymyzy äsgermezçilik etsek we Ony gözlemege ymtylmasak, biziň Hudaý bilen özara gatnaşyklarymyz nähili bolar? Eger-de, isleseňiz özüňiziň öý-toparyndaky ýygnalýan adamlara özüňiziň Mukaddes Ruha çokunmak üçin ulanýan usullaryňyzyň birnäçesi, şeýle hem özüňiziň Onuň bilen dostlukly gatnaşyklaryňyzdaky tejribäňiz barada aýdyp beriň.

BELLIKLER

**Bölüme gysgaça syn:**

- Eger-de biz Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda boljak bolsak, onda biz Oňa Onuň Ruhy arkaly akyl ýetirmeli.
- Diňe Ruh Hudaýyň pikirlerini we ýüregindäki duýgularyny, maksatlaryny açyp bilýär.
- BIze Hudaýyň Ruhy peşgeş berlipdir, Ol bize hakykaty öwredýän kämil Mugallymdyr.
- Dünýä bilen gatnaşykda bolmak (men-menlik edip derejä we keýp we hezillik etmek) diýmek, Hudaýyň duşmany bolmakdyr.
- Mukaddes Ruh – mylakatly (džentlmen), Ol bizi Öz erk-islegine ýa-da doslaşmaga mejbury boýun egdirmez.
- Özara gatnaşyklaryň üç derejesi: fiziki (iň pes we iň ýüzleý), jan (ýa-da emosional) we ruhy (iň çuňňur we iň ýakyn).
- Hudaýy fiziki taýdan gatnaşyklara garanyňda, Onuň Ruhunyň kömegi bilen has çuňňur we ýakyn tanap bolýar.

# 4

# Ruhuň güýjini kabul edenler

## 1-nji gün

Orta asyrlardaky patyşany göz öňüne getiriň. Hyýalyňyzda onuň daş-töweregindäki ýagdaýyň suratyny çekiň: köşk, mülkler, rysarlar we hanymlar, söweşler, häkimiýet, şöhrat. Orta asyrlarda patyşa özüniň ähli görnüşi we boluşy bilen Hudaý tarapyndan halka peşgeş berlipdir diýlip hasaplanylýar, şonuň üçin patyşalar baýlykda we bolçulykda ýaşapdyrlar, ähli hyzmatkärler bolsa olara hormat goýupdyrlar. Patyşanyň sözi kanun bolup, onuň kazyýeti gutulgysyz bolupdyr. Rehimli patyşa öz patyşalygynyň adamlaryny goramak borçlaryna düşünipdir, şeýle-de ol patyşalygynyň bähbitleri bilen gyzyklanypdyr, olary giňeldipdir we onuň serhetlerini gorapdyr. Patyşa uly jogapkärçiligi öz üstüne alypdyr, şonuň üçin ol güýçli, hatda bütinleý doly häkimiýete eýe bolupdyr. Meniň (demokratiýanyň we respublikanyň dolandyryşyň ählumumy kanunlaryna gulluk edýän biziň döwrümize mahsus bolan) häkimiýetiň wekilini suratlandyrmaýandygymy unutmaň. Men bütinleý doly monarhiýany suratlandyrýaryn. Indi bolsa öz derejesine laýyk gelýän häkimiýeti inkär edýän ýa-da oňa düşünmeýän patyşany göz öňüne getiriň. Şular ýaly ýagdaýda onuň patyşalygynda nämeler bolup geçer? Ol tiz wagtyň içinde duşmanlar tarapyndan basylyp alnar, ýaşaýjylaryny gul edip äkiderler, baýlygyny bolsa mahrum ederler.

Patyşa diňe bir öz patyşalygynyň pozisiýasynda bolmak (ýagny, ajaýyp bolçulykda we gaýgy-gamsyz biperwaý köşkde ýaşamak) bilen çäklenmän, eýsem, diňe onuň pozisiýasynyň güýji bilen mümkin boljak özýniň funksional işlerini hem berjaý etmeli.

Patyşaniň güýji bilen berkidilmese onuň häkimiýetiniň pozisiýasy hiç zatdyr.

Biz Hudaýyň perzentleri hökmünde Isanyň hem mirasdaşlary bolduk. Rimlilere iberilen hatda şeýle ýazylypdyr: «Perzent bolan bolsak, onda hem mirasçydyrys-Hudaýyň mirasçylary, Mesihiň hem mirasdaşlarydyrys...» (8:17). Efeslilere iberilen hatynda (2:6) ýene-de şu pozisiýa barada aýdylýar: «[Hudaý] Mesih Isada bizi Onuň bilen direldip, gökdäki älemlerde oturtdy». Isa Mesihde we Onuň üsti bilen biz anyk oruna eýe bolduk. Indi biz bu dünýäniň çagalary däl, ýöne Hudaýyň Patyşalygynda patyşa maşgalasynyň agzalary (mirasdüşerleri). Biz Onuň Şalygynyň mirasdüşerleri hökmünde Hudaýyň tabşyryklaryny ýaýratmak wezipesini ýerine ýetirýäris.

Aklyňy haýran ediji hakykat! Ýöne eger-de biz Isanyň pozisiýasyna netijeli eýerjek bolsak, bu suratlandyrmadaky patyşa ýaly biz özümiz üçin pozisiýa bilen bilelikde berlen uly bir güýji açmaly we onuň bilen ýaraglanmaly. Bu bölümde biz Onuň Şalygyny ýaýratmakda, biziň rolumyzy ýerine ýetirmek üçin nähili häkimiýete eýe bolýandygymyz baradaky meselä çuňňur seredip geçeris. Pawlus şeýle diýýär:

> Emma siz, özüňizi tümlikden ajaýyp nuruna çagyran Hudaýyň şöhratly işlerini yglan etmäge saýlanan nesil, Patyşanyň ruhanylary, mukaddes millet, Hudaýa degişli halksyňyz (1 Petr. 2:9).

Okamagyňyzy dowam etmezden öň, üns beriň: pozisiýa elmydama güýçden öň gelýär. Biz Onuň Şalygy üçin bir iş etmezden öňürti, Isa Mesihde bolmalydyrys.

## Bize gerek güýç

> Olar bilen bile bolan wagty olara buýruk berdi: «Iýerusalimden aýrylmaň, Atanyň wadasyna garaşyň. Siz ol wadany Menden eşitdiňiz, Çünki Ýahýa suw bilen

çokundyrdy, ýöne siz ýene bir näçe günden Mukaddes Ruh bilen çokundyrylarsyňyz diýdi». (Res.işler. 1:4, 5).

Isa resullara wada berlen zada garaşmagy teklip etmändir we olara Onuň wesýetlerini berjaý etmegi maslahat bermändir. Ol wada berlen zat berýaý edilýänçä, «olara Iýerusalimden daşlaşmazlygy tabşyrypdyr». Isa Öz sözleriniň ähmiýetini bellemäge mejbur bolupdyr, sebäbi Mukaddes Ruhuň güýji Şalygyň işlerinde aýgytly rol oýnaýar. Şägirtleriň Isanyň direlişi baradaky Hoş Habary sabyrsyzlyk bilen aýtmak isleýändiklerini Ol bilýärdi. Bu sabyrsyzlyk olaryň wada berlen Mukaddes Ruha garaşmaklaryna öz täsirini ýetirip biljekdi. Resul.işl. kitabyndan (1:3) bilşimiz ýaly, olar birnäçe gün Isa bilen bolup, Onuň Hudaýyň Patyşalygy barada aýdanlaryny diňläpdirler. Mukaddes kitapda aýdylýar, resullar Onuň direlişine degişli «hakyky subutnama» alypdyrlar. Olara Onuň direlişini subut etmek gerek däldi, sebäbi olar Isanyň ölümi ýeňendigi baradaky subutnamany ele aldylar. Başga sözler bilen aýtsak, olar gitmäge taýyndylar! Emma Isa olara seredip, şeýle diýipdir: «Ruhuň güýji bilen dolmanka, öz ybadatyňyza başlamaň, Hoş Habary bütin dünýäge ýaýradyp başlamaň we Mesihiler Ýygnaklaryny döretmäň» (Luk. 24:49, awtoryň başga sözler bilen aýdany). Mukaddes kitapda şeýle diýilýär, ýagny Isa takmynan 500 adama görnüpdir we olara näme etmelidiklerini aýdypdyr (ser. 1 Kor. 15:6). Resul.işl. kitabynda (1:16) görşümiz ýaly, ýokarky jaýda bary-ýogy 120 adam jemlenipdir. Galan 380 adamalara näme boldy? Meniň pikirimçe, gün-günden olaryň sany azalypdyr, netijede bolsa 500 adamdan bary-ýogy 120 sanysy galypdyr. Galan 380 sany adam: «Geliň, sinagogalara dolanalyň, Mesihileriň Ýgnaklaryny döredip başlalyň we Isanyň direlişi baradaky Hoş Habary ähli adamlara gürrüň bereliň» diýen pikir bilen garaşman giden bolmaklary mümkin. Ahyrsoňy gymmatly günleri ýitirmek we hoş Habary hiç kime aýtmazlyk gowy däl». Diňe 120 adam Mugallymyň wesýetleriniň amala aşmagyna garaşmagy isläpdir.

Şu wagt siz:» Hany, Jon, elbetde, okuwçylara Mukaddes Ruha garaşmaklyk berlipdir. Şol wagt olar Ony heniz kabul etmädiler. Bizde bolsa bar zat başgaça, sebäbi halas bolan pursatynda Mukaddes Ruhy kabul edýäris» diýip pikir edýänsiňiz. Ýahýanyň Hoş Habaryny okaň (20:21, 22):

> «Isa olara ýene diýdi: Size parahatlyk! Atamyň Meni iberişi ýaly, Mende sizi iberýärin» muny aýdyp, olaryň üstüne üfläp goýberdi-de, diýdi:» Mukaddes Ruhy kabul ediň».

Isa şägirtleriniň ýüzüne üfläp, diýdi: «Mukaddes Ruhy kabul ediň». Bu ýerde «kabul etmek» manysynda ulanylýan grek sözi «haýal etmän ýa-da edil şu wagt» kabul etmekligi aňladýar.

Bu ýerde nämeleriň bolup geçjekdigi barada hiç zat aýdylanok. Hakykatyna seredende sägirtler Isa asmana galmazyndan öň eýýäm Mukaddes Ruhy kabul etdiler. Emma olar bu güýçe örtülmediler, Pentikost güni ruhdan entek dolmakalar (Pentikost-grek söz. «ellinji gün» Ýehudylaryň Pesah baýramyndan elli gün soň tutýan hasyl baýramy).

## Pentikost güni

> Pentikost güni gelende, olaryň bary bir ýere ýygnanyşdylar. Birden zarply ýeliň öwsüşi ýaly gökden bir şuwwuldy turup, oturan öýlerini bütünleý doldurdy. Olara oduň ýalynlary kimin bölnen diller aýan bolup, her biriniň üstüne gondy. Olaryň bary Mukaddes Ruhdan dolup, Ruhuň gepledişine görä başga dillerde gürläp başladylar (Resul.işl. 2:1–4).

Köp adamlaryň şu flanelegrafdaky pursaty ýadyna düşürýändiklerini bilýärin, sebäbi ony mesihiler mekdebinde görkezýärler. Köplenç, onda imanlylaryň kelleleriniň üstünde oduň kiçi ýalynlary kimin bölnen dilleri bilen suratlandyrlypdyr. Bu şol pursatlaryň iň gowy şekili bolmasa gerek. Köne Ähtde ot köplenç

Hudaýyň barlygynyň alamaty bolup çykyş edýär. Resullaryň işleri kitabynyň awtorynyň «oduň ýalynlary kimin bölnen diller» diýip suratlandyrmagy Hudaýyň barlygyny aňladýar.

Isanyň yzyny eýerijileri, hem erkekleri, hem-de aýallary Hudaýyň barlygy bilen gurşap alypdyrlar we oňa batypdyrlar. Bu aýdyň barlyk «zarply ýeliň öwsüşi» suratlandyrylmagyndan hem belli. Birinji bölümde belläp geçişimiz ýaly, Mukaddes Ruh «güýçli ýel» däldir. Ol Şahsyýet. Ýöne ýokarky jaýda Onuň barlygynyň ýüze çykmasy güýçli ýele meňzedilipdir.

Resullaryň işleri kitabynda (2:4) ulanylýan «dolup» manysyndaky grek sözi üsti-çeňi bilen dolmak diýmegi aňladýar. Sözlükde bu söz «artykmajy bilen üpjün etmek» diýen manyny berýär. Ýokarky jaýdaky adamlar Mukaddes Ruha artykmajy bilen dolupdyrlar. Olaryň ählisi öz ýaşaýşynda Hudaýyň barlygynyň ýokary derejesini başdan geçiripdirler. Otdan we ýelden başga-da imanlylaryň Ruh bilen dolmaklygyň ýene-de bir alamaty bar, ol hem olaryň başga dillerde gürläp başlamaklarydyr.

## 2-nji gün

# O nähili başga diller?

Başga dil sada dil diýmegi aňladýar. Eger-de men Ispaniýa gidip, ol ýerde ispan dilinde gürlemeýän adama duşan bolsam, men ondan onuň ene diliniň haýsy dildigini sorardym. Iňlis dilinde gürleýäni adama duşup, ondan ene diliniň haýsy dildigini soramazdym, sebäbi özümem iňlis dilinde gürleýärin we onuň dilini hem aňsatlyk bilen anyklardym. Şonuň üçin iňlis dili meniň üçin tanyş dil, başga bir dili bolsa özüm üçin nätanyş ýa-da daşary ýurt dili hasaplardym. Biz bu baradaky tema entek dolanyp geleris.

Pentikost güni dini baýramçylygy bellemek üçin dürli ýerlerden gelen ýewreýler Iýerusalimde jemlendiler. Dürli sebitleriň

ýaşaýjylary bolup, olaryň hemmesi dürli dillerde gürleşýärdiler.

> «Iýerusalimde ýehudylar, gök astyndaky her milletden bolan Hudaýdan gorkýan adamlar galýardy. Bu ses gelende, halaýyk bir ýere ýygnandy. Olar haýran galdylar, çünki resullar gürlände, hersi öz dilinde eşidýärdi. Hemmeleri haýran galdylar, geňirgenişip biri-birlerine diýdiler: «Ine, bu gepleýänleriň hemmesi jelileli dälmi näme? Onda biziň her birimiz nähili öz ene dilimizi eşidýäris» (Resul.işl. 2:5–8).

Bu barada Mukaddes kitabyň näme diýýänine üns beriň: «Bu ses gelende, halaýyk bir ýere ýygnandy». Şärirtler gürläp başlandyklary sebäpli, olaryň daşyna adamlar ýygnanyşyp başladylar. Adamlaryň köpüsi jelilelileriň (olaryň aglabasy sowatsyz we bilimsiz hasaplanypdyrlar) dürli dillerde gürleýändiklerine haýran galypdyrlar. Hudaýyň Ruhunyň şular ýaly ýüze çykmasy Isanyň yzyny entek eýermeýän adamlara alamat bolupdyr.

> ...Olaryň öz dilimizde Hudaýyň uly işlerini gürrüň berişlerini eşidýäris». Olaryň bary haýran galdylar, aljyrap»
> Bu näme boldugy?» diýişdiler (Resul.işl. 2:11,12).

Petrusyň Ruh bilen dolmagy arkaly halkyň öňünde Mukaddes Kitapda iň belli bolan wagyz etmeklik mümkinçiligini berdi. Şonda ol şeýle diýdi: «Bu Isany Hudaý direltdi: muňa biziň barymyz güwädiris. Isa Hudaýyň sagyna galdyrylandan we wada edilen Mukaddes Ruhu Atadan alandan soň, siziň bu görýän, eşidýän zatlaryňyzy dökdi (goşg. 32, 33). Üns beriň, Mukaddes Ruhyň emri barada subutnamany hemmeler gördi we eşitdi. Birnäçe goşgudan mähelle oňa jogap berýär:

Doganlar biz näme etmeli? (Resul.işl. 2:37).

Onda Petrus olara diýýär:

> ...Toba ediň, günäleriňiziň ötülmegi üçin ähliňiz Isa

> Mesihiň adyna çokundyrylyň ine şeýdip, Mukaddes Ruh sylagyny alarsyňyz. Çünki wada siziň özüňiz, çagalaryňyz we bütin uzakdakylar, şeýle hem Hudaýymyz Rebbiň çagyrjaklarynyň ählisi üçindir (Resul.işl. 2:38, 39).

Haçan-da, Petrus halas bolmak baradaky Hoş Habary ähli adamlara yglan edende, kim Rebbiň adyny çagyrsa (ser. Rim. 10:13), şeýle-de ol Mukaddes Ruhuň peşgeşiniň ynanýanlaryň hemmesi üçin elýeterlidigini anyk düşündiripdir. Täsin! Bu wada ynanýanlaryň ählisine geçmişde, häzirki zamanda we geljekde elýeterli.

## Dört waka

Resullaryň işleri kitabynda Pentikost güni adamlaryň Mukaddes Ruhy kabul edişleri baradaky ýene-de dört waka beýan edilýär. Biz olary okap geçeris. Iki sany zada üns beriň, birinjiden, diňe bir wakadan başga her wakada Mukaddes Ruhy kabul etmek pursaty halas bolmagyň aýratyn bölegi hökmünde bolup geçýär. Ikinjiden, Mukaddes Ruhy kabul edenleri synlanlar ýaňy iman getirenlerde Ruhuň hakyky barlygyny görüpdirler we eşidipdirler.

### Filipus we samariýalylar

Dört wakanyň birinjisi Resullaryň işleri kitabynyň 8-nji babynda beýan edilýär. Filipus Isa Mesihiň Hoş Habaryny wagyz etmek üçin Samariýa ugradylýar. Haçan-da, ol Hoş Habary yglan edende edende, tutuş şäher galkynypdyr. Ysmazlar keselinden gutulypdyrlar (şypa alypdyrlar), adamlardan erbet ruhlar çykýardylar, köp adamlar Hudaýyň halas etmek baradaky Hoş Habaryny kabul etdiler.

> Ýöne Hudaýyň Patyşalygy, Isa Mesihiň ady baradaky Hoş Habary wagyz eden Filipusa ynananlarynda hem erkekler, hem aýallar çokundyryldylar. Simunyň özi-de

> iman etdi, çokundyrylandan soň bolsa Filipusyň ýanyndan aýrylmady; ol uly alamatlaryň, gudratlaryň ýüze çykyşyny görüp haýrangalýardy (Resul.işl. 8:12, 13).

Samariýalylar Isa Mesih baradaky Hoş Habara ynanyp, Hydaýdan doguldylarmyka? Elbetde hawwa! Eger-de adam Hoş Habara ynansa, ol Isa Mesihi kabul edýär we Hudaýyň perzendi bolýar. Soňra ýaňy iman getirenler özüniň Mesihe bolan ynamynyň alamaty hökmünde suwda çokunypdyrlar. Emma soňky goşgularda biz irki Mesihiler Ýygnagynyň baştutanlarynyň has köpräk bilýändiklerini görýäris. Rebbe öwrülmekden we suwda çokunmakdan başga-da Mukaddes Ruhda çokunmagy kabul etmek zerurdy.

> Resullar samariýalylaryň Hudaýyň Sözüni [halas bolmaklygy] kabul edenini Iýerusalimde eşidip, Petrus bilen Ýahýany olaryň ýanyna ýolladylar. Bular hem baryp, Mukaddes Ruhy alsynlar diýip, olar üçin doga etdiler. Sebäbi Ruh entek olaryň hiç biriniň üstüne inmändi, olar dine Reb Isanyň ady bilen çokundyrylypdy (Resul.işl. 8:14–16).

Resyllar Samariýadakylaryň Hoş Habary kabul edenini eşidip, Petrus we Ýahýany ýaňy iman getirenleriň ýanyna ibermek kararyna gelipdirler. Näme üçin Resullar iň abraýly agzalaryň ikisini Samariýanlar bilen bilelikde doga okamaga ugradypdyrlar? Samariýanlar eýýäm gutuluşy kabul edip, suwda çokundylar ahyry. Petrusy we Ýahýany adamlar üçin doga okamaga we olaryň Mukaddes Ruhy kabul etmekleri üçin bilkastlaýyn ugratdylar (goşgy. 15). Beýtullaham şäheriniň (Iýerusalimiň) Samariýadan elli bäş kilometr uzaklykda ýerleşýändigini unutmaň. Bu gün bu aralyk biz üçin şeýle bir uzak bolup görünmeýär, ýöne Resullaryň ulag serişdesi we jemgyýetçilik ulaglary hem bolmandyr. Olar bu elli bäş kilometr aralygy pyýada geçmeli ýa-da haýsydyr bir haýwanyň arkasynda geçmeli bolupdyrlar. Syýahat olaryň bir-iki gününi alan bolmagy ähtimal. Ýene-de belläp geçmeli möhüm zat, ýagny ýaňy iman getirenler eýýäm Reb Isanyň ady bilen çokundyrylypdylar. Olar

eýýäm Hudaýyň perzentleridiler. Emma halas bolmak peşgeşiniň ýene bir bölegi galypdy, olar bolsa ony başdan geçirmändirlar. Siz: «Jon, birje sekunt, men bolsa Isa Mesihiň Ruhy biz halas bolmak peşgeşine ýeten badymyza biziň ýüreklerimizde ornaşýandyr öýdüp pikir etdim» diýmegiňiz mümkin. Hawwa, edil şonuň ýaly. Mukaddes kitapda «hiç kim hem Mukaddes Ruh bilen bolmasa «Isa Rebdir» diýip bilmez» (1Kor.12:3).

Biz Mukaddes Ruhuň täsiri bolmazdan Isany Reb diýip bilmeris, hat-da bu ýerde gürrüň Onuň bilen dolmak barada gidenok.

Mukaddes Kitapda biziň ählimiziň Mukaddes Ruh arkaly Mesihde mukaddeslenendigimiz we möhürlendigimiz barada anyk aýdylýar (ser. 1 Petr. 1:2; Efes. 1:13). Şeýlelik-de, Mukaddes Ruhuň hemişelik barlygyny kabul etmegi, halas bolmagyň bir bölegidigine hiç hili şek-şübhe ýokdur. Haçan-da Hudaý sizi görende, Ol sizde Özüniň Oglunyň Ruhuny görýär. Siz gutuluşygy kabul edende, Mesih bilen bile ekildiňiz - Onuň mirasynyň we Onuň Şalygynyň bir bölegi bolduňyz. Emma siz Hudaýdan dilemänkä Ruhuň güýji bilen dolmadyňyz:

> Şeýlelik-de, erbet bolan siz öz oglanlaryňyza oňat sylaglar bermegi bilýän bolsaňyz, gökdäki Ataňyz Özünden dilänlere has-da köp Mukaddes Ruhy berer (Luk. 11:13).

Isa Hudaýy «siziň gökdäki Ataňyz» diýip atlandyrdy, şonuň üçin Onuň imanlylar barada aýdýandygy belli. Biz muny bilýäris, sebäbi Ýahýanyň Hoş Habarynda Isa Mukaddes Ruh barada «Hakykat Ruhyny dünýä kabul edip bilmez, çünki dünýä Ony ne görýär, ne-de tanaýar» (Ýahýa. 14:17). Bu ýagdaýda dünýä diýip Hudaýyň Şalygynyň çäginden daşardakylar göz öňünde tutulýar. Isanyň hökümdarlygyny (agalygyny) kabul etmeýänleriň her biriniň Mukaddes Ruhy kabul edip bilmeýändikleri aýdyňdyr. Şonuň üçin bu maslahat halas bolmaklyga degişli däl, ýöne «öz Ataňyzdan» Ruhy dilemeklikdir. Ol diňe geljekde eýýäm gutulyşan adamlaryň Ruh bilen dolmagyna degişlidir.

Indi bolsa Resullaryň işleri kitabynyň 8-nji bölümine seredip geçeliň:

Şonda resullar ellerini olaryň üstünde goýanlarynda, olar hem Mukaddes Ruhy aldylar. Simun resullaryň elleriniň goýulmagy bilen, Mukaddes Ruhuň berlenini görende olara pul getirip diýdi: «Elimi üstünde goýan adamym Mukaddes Ruhy alar ýaly, maňa-da bu ygtyýary beriň» (Resul.işl. 8:17-19).

Petrus we Ýahýa imanlylaryň üstüne ellerini goýup, doga okaýardylar we olar Mukaddes Ruhy kabul edýärdiler. Ruhy kabul etmeklik fiziki duýgulara degişli bolupdyr, sebäbi Mukaddes kitapda Simunyň «Resullaryň ellerini goýmagy bilen Mukaddes Ruhuň berilýänini görüşi» barada aýdylýar. Simun imanly adam bolupdyr. Ol imanly adamlarda Ruhuň güýjüniň ýüze çykmasyna haýran galyp, resullara bu güýji nädip alyp bolýandygyny özüne öwretmeklerini teklip edipdir. (Ýöne onuň haýyşy ýerliksiz bolupdyr, şonuň üçin Petrus Simuny aýyplapdyr).

Resullaryň işleri kitabynda Mukaddes Ruha çokunmak adatça daşky ýüze çykma bilen baglanyşykly bolupdyr, ony köplenç başga dillerde eşidip we pygamberlik görnüşinde görüp bolýar. Şonuň üçin resullar imanlylar Mukaddes Ruhy «kabul edýärler» diýip köp aýdýardylar. Samariýadaky bu bolup geçen waka - Mukaddes kitapda Ruh bilen dolmagyň yzyna eýerýän başga diller we pygamberlik barada anyk aýdylmaýan mysallaryň biridir. Ýöne şular ýaly ýüze çykmanyň hakykatdanam bolandygyny anyklap bolýar, ýogsam, Simun jadygöý imanlylarda Ruhuň barlygynyň ýüze çykmasyny öz gözi bilen görüp bilmezdi.

## 3-nji gün

### Tarsysly Saul

Pawlusyň iman getirip Rebbe tarap öwrüleniniň taryhy Mukaddes kitapdaky iň belli wakalaryň biridir. Häzir men bu täsin duşuşygyň

iň bir dartgynly bolmadyk pursatlaryny beýan etmekçi. Resullaryň işleri kitabynyň 9-njy babynda biz Pawlusyň mesihileri yzarlamak maksady bilen Şama (Damaska) gidişini görýäris:

> Ol ýolda, şama ýetip barýarka, birden-kä gökden bir nur onuň daş-töweregini ýagtyltdy. Saul ýere ýykyldy, şonda bir ses eşitdi. Ses oňa: « Saul! Saul! Näme üçin Maňa azar berýärsiň!» diýdi. Ol sorady:» Ýa Reb, Sen kimsiň?» Reb diýdi:» Men seniň azar berýän Isaň. Çişe depmek saňa kyndyr». Saul titräp, aljyrap, diýdi:» Ýa Reb, meniň näme etmegimi isleýärsiň?» Reb oňa: «Tur-da, şähere git, näme etmelidigiň saňa aýdylar» diýdi (goş. 3–6).

Saulyň Isany «Reb» diýip atlandyrandygyna üns beriň. Haçan-da Isa Mesih adamyň durmuşynda Reb bolýan bolsa, ol şol bada gökden (Ruhdan) dogulýar. Men Saulyň Isany Reb hökmünde kabul edende, imanly mesihi bolandygyna ynanýaryn.

Şu duşuşykdan soň Saul üç günläp şäherde agzyny bekläpdir we indiki buýruklara garaşypdyr. Soňra Reb Hananýa atly şägirde Saulyň ýanyna barmagyny haýyş edipdir. Hananýa bu haýyşyň üstünde pikirlenipdir, sebäbi Saulyň mesihileri yzarlamakda rehimsizlige ýüz urandygy baradaky köp wakalary eşidipdir. Emma Hudaý oňa şeýle diýdi: «bar, çünki bu adam milletleriň, patyşalaryň we Ysraýyl ogullarynyň öňünde Meniň adymy götermek üçin saýlanan guraldyr» (Resul.işl. 9:15). Hananýa Saulyň bolan jaýyna gelip, onuň üstsne elini goýup, şeýle diýipdir: «Saul dogan! Gelýän ýoluňda Saňa görnen Reb Isa seniň gözüň açylyp, Mukaddes Ruhdan dolmagyň üçin, meni iberdi» (Resul.işl. 9:17). Ähtimal, Hananýa Saulyň gutulyşy kabul edendigini bilipdir, sebäbi ol oňa «Saul dogan!» diýip ýüzlenipdir. Saul eýýäm imanly bolsa-da, Hudaý Hananýany Saulyň şypa almagyna we Mukaddes Ruh bilen dolmagy üçin iberipdir.

Bu mysalda-da biz Mukaddes Ruh bilen dolmagy gutulyş peşgeşine kabul edenden soň amala aşandygyny görýäris. Resullaryň işleri

kitabynyň 9-njy babynda siz başga dillerde gürleýän Saul (şeýle hem Pawlus diýlip atlandyrylýan) barada okap bilersiňiz. Emma biz hemmämiz Pawlusyň dillerde gürländigini bilýäris, sebäbi soňra ol şeýle ýazdy: «Men dillerde hemmäňizden köp gepleýänime Hudaýa şükür edýärin» (1 Kor. 14:18). Hut meniň özüm haçanda Hananýa Pawlus üçin dileg edenden soň, ol dillerde gürläp başlandygyna ynanýaryn. Şol pursata çenli Pawlus heniz Mukaddes Ruh bilen dolmandy, ýogsam ol eýýäm halas bolupdy, şonuň üçin Mukaddes Ruhuň güýji Pawlusa Isa barada butparazlaryň, şalaryň we Ysraýyl ogullarynyň arasynda şöhratlandyrmak üçin derwaýys zerurdy (ser. Resul.işl. 9:15).

## Petrus we Kornelius

Resullaryň işleri kitabynyň 10-njy babynda Hudaýyň degişme duýgusynyň bir şöhlesini görüp bolýar. Birinji goşguda biz rim ofiseri Korneliusa gabat gelýäris. Mukaddes kitapda oňa hormatly, hudaýdan gokýan, garyplara merhemetli we Hudaýa köp doga okaýan adam diýip atlandyrylýar .

Şol wagt Hoş Habar heniz butparazlara ýetmändi, şonuň üçin Hudaý Korneliusyň ýanyna perişdäni iberýär. Ýöne perişde Korneliusa Hudaýyň halas etmek meýlini açmandyr, ol oňa Petrusyň yzyndan ugratmagy buýurypdyr we ol bu ýumuşy höwes bilen berjaý edipdir. Ol öz adamlaryna perişde tarapyndan bellenen ýerde Petrusy tapmagy aýdypdyr.

Soňra biz Ýafadaky (Ioppiýadaky) Petrusyň doga eden wagty görnüş gördi, Hudaýyň oňa dürli haýwanlaryň şekillerini görkezip «Hudaýyň tämiz eden zatlaryna hapa diýme» diýdi (ser.Resul.işl. 10:9–15). Hudaý Petrusyň gören zatlaryna düşünmejegini bilipdir, şonuň üçin Ol Petrusa bu görnüşi üç gezek gaýtalapdyr. Petrus onuň manysy barada pikirlenýänçä, onuň öýüne Korneliusyň adamlary gelipdir. Mukaddes Ruh Petrusy olar bilen gitmäge ugrukdyrypdyr. Hudaý Petrusa Korneliusyň ýanyna näme üçin gitmelidigini aýtmandyr, ýogsam şol wagt ýewreýler butparazlar

bilen gatnaşmandyrlar.

Petrus Korneliusyň öýüne gelip, şeýle diýipdir:

> «Bir ýehudy üçin başga milletden bolan biri bilen gatnaşmagyň ýa onuň ýanyna gitmegiň nähili ýerliksizdigini özüňiz bilýänsiňiz; ýöne Hudaý maňa hiç bir adama hapa ýa haram diýmeli däldigimi görkezdi. Şonuň üçin hem, çagyrylanymda, gürrüňsiz geldim. Indi hem soraýaryn, näme sebäpden meni çagyrdyňyz?»
>
> –Resul.işl. 10:28, 29

Petrus görnüş göreni bilen we bu ynamly butparaz bilen duşuşygyň arasyndaky baglanyşyga düşünip başlady, şonuň üçin Korneliusa Hoş Habary wagyz edip başlady. Birden Petrus wagyz edip durka Hudaýyň Ruhynyň barlygy ýüze çykyp başlady we butparazlar dillerde gürläp başladylar. Petrus bu zatlara haýran galdy, sebäbi öň bular ýaly zatlar hiç wagt bolmandy.

Hudaý Petrusyň we onuň ýewreý ýoldaşlarynyň halas bolma peşgeşiniň diňe olar üçin däl-de, eýsem butparazlara-da niýetlenendigine zordan ynanjakdyklaryny bilýärdi. Şonuň üçin Petrus entek butparazlar üçin doga etmänkä we olary suwda çokundyrmak mümkinçiligini almazdan öň Hudaý Öz Ruhuny olaryň üstüne dökdi. Bu bolsa ysraýyl halkyna degişli bolmadyk adamlary hem Hudaýyň halas etjekdigini aňladýar.

*Petrus bilen gelen sünnetli imanlylar Mukaddes Ruh sylagynyň başga milletleriň üstüne-de dökülenine geňirgendiler; Çünki olaryň başga dillerde gepläp, Hudaýy öwgi bilen beýgeldişini eşitdiler. Şonda Petrus:» Biziň ýaly Mukaddes Ruhy alan bu adamlaryň suw bilen çokundyrylmagyny kim gadagan edip biler?» diýdi. Onsoň Petrus olaryň Isa Mesihiň ady bilen çokyndyrmagy buýurdy. Soňra olar Petrusdan birnäçe günläp galmagyny haýyş etdiler.*

–Resul.işl. 10:45–48

Ýewreýler Hudaýyň butparazlara-da halas bolmak peşgeşini berendigi baradaky delili inkär edip bilmändirler, sebäbi olar Hudaýyň güýjüniň olaryň arasynda ýüze çykyşyny (Mukaddes Ruh bilen doluşyny) görüpdirler we eşidipdirler. Bu waka iman edýän ýewreýleri haýrana goýupdyr. Huday butparazlara diňe bir halas bolmagy peşgeş etmän, eýsem, hemmeleriň öňünde toba etmezden we suwda çokundyrylmazyndan öň Mukaddes Ruh bilen doldurypdyr! Bu siziň Mukaddes kitapda görýän Hudaýyň işleriniň şular ýaly tertibiniň eke-täk mysalydyr. Beýleki mysallaryň ählisinde Mukaddes Ruhyň imanlylaryň üstüne dökülmegi iman getirip Rebbe tarap öwrüleninden soň bolup geçýär. Men Hudaýyň şular ýaly edenine ynanýaryn, sebäbi Ol ýewreýlere Hudaýyň halas bolmak peşgeşini butparazlaryň arasynda-da ýaýratmak barada ýörite alamatyň gerekdigini bilýärdi.

## Efeslilere

Meniň gürrüň etmekçi bolýan dördünji wakam Resullaryň işleri kitabynyň 19-njy bölüminde beýan edilýär. Pawlus köpsanly syýahatlarynyň birini Efese amala aşyrýar. Mukaddes kitapda aýdylýar, ol şähere gelende Ýahýa Çokundyryjynyň şägirtleriniň käbirlerine duş gelýär. Onuň olardan soran ilkinji zady şundan ybaratdy: «Iman edeňizde Mukaddes Ruhy aldyňyzmy?» (goşgy 2). Muňa bir seredä! Eger-de Pawlus efeslilere şeýle ýüzlenen bolsa, onda bizem ilkinji nobatda islendik ýaňy iman getirenlerden şulary soramaly.

Ýene-de bu sorag näme üçin irki Mesihiler Ýygnagynyň ýolbaşçylarynyň arasynda möhüm ähmiýete eýe boldu-ka. Sebäbi Mukaddes Ruhuň güýji bilen dolmaklyk biziň Mesihiň öňündäki borçlarymyzy ýerine ýetirmek üçin örän wajypdyr. Näme üçin biziň islendik birimiz bu borjy amala aşyrmaga itergi berýän güýç-kuwwatsyz bir sagadam ýaşasymyz gelmezdi (ser. Resul.işl. 1:8)? Hudaýyň Şalygynda netijeli bolmak üçin biz Mesihde bolmalydyrys

(gutulyş) we Mukaddes Ruhuň gyýji bilen dolmalydyrys.

Efesliler Ýahýa Çokundyryjynyň sägirtleri bolan bolsalaram, Pawlus olaryň Isa Mesih arkaly halas bolmaklyk baradaky Hoş habary eşitmändiklerini bildi, şonuň üçin ol olara Injili wagyz edip başlapdyr.

Öň hem belläp geçişim ýaly, Mesihde gutulmaklyk hemişe Mukaddes Ruhyň güýji bilen dolmakdan öň gelýär. Hatda eger Mukaddes Ruhyň güýji bilen dolmaklygyň görünmesi suwda çokundyrmakdan öň aýan bolanda-da, mysal üçin, Korinelius bilen boluşy ýaly, gutulyş hemişe Ruhyň güýji bilen dolmaklykdan öň bolar. Şonuň üçin efesliler Pawlusyň sözlerini eşidip, ilkinjileriň hatarynda «Reb Isanyň ady bilen çokundyryldylar» (Resul.işl. 19:5). Başgaça aýdanymyzda, olar gutulyşy kabul edipdirler. Muny bolsa, diňe Isa Mesihde we onuň üsti bilen kabul edip bolýar. Emma bu entek hemmesi däl: «Pawlus üstlerine ellerini goýan badyna, Mukaddes Ruh olara inip, olar başga dillerde gepläp, welilik etmäge başladylar» (Resul.işl. 19:6). Ýaňy iman getirenler Isa Rebbimiziň ady bilen suwda çokunyp başlanlaryndan soň, Mukaddes Ruhyň güýji bilen doldular. Bu adamlar Pawlus bilen duşuşmazdan ozal Isa mesih barada örän az bilýärdiler. Ýöne Ruh bilen dolan badyna, olar pygamberlik etdiler, ýagny olar Isa Mesihiň Hoş Habaryny wagyz etdiler. Olar birnäçe minut mundan öň pygamberlik etmek güýji barada bilmeýärdiler, emma Mukaddes Ruhyň kömegi bilen bu olara başartdy. Imanlylara Hudaýyň Ruhyny tanamazdan Onuň syrlaryny höküm bilen wagyz etmek mümkin däl (ser. 1 Kor. 2).

Men hiç wagt Ruhuň güýji bilen dolmazdan wagyz etmeýänligim üçin minnetdardyryn. Jemagatyň öňünde çykyş etmek üçin özümi gowy kandidat hem-de iň gowy ýazyjy hasap etmeýärin. Men «iňlis dili» sapagyndan şeýle bir ýaramaz okaýardym, welin, hatda gutardyş synaglaryndan hem geçmedim. 800 balldan men bary-ýogy 370 ball gazandym. Hudaýyň merhemeti we Mukaddes Ruhuň güýji bilen meniň şu günki gün şular ýaly adam bolup ýetişendigimi özümden başga hiç kim gowy bilmeýär. Onuň hemaýaty bolmadyk bolsa, men bu kitaby ýazyp bilmezdim. Ol meniň güýjümiň we başarnyklarymyň

çeşmesi. Onsuz meniň Şalykdaky işlerim berjaý bolmazdy. Mukaddes Ruh Hudaýyň maňa bolan merhemetini «aýan edýär».

## 4-nji gün

# Diller dymdylarmy-ka?

> Pygamberlikler tamamlanar, diller ýiter, bilim gutarar, söýgi bolsa asla tükenmez. Çünki biz häzir bölekleýin bilýäris, bölekleýin pygamberlik edýäris. Kämillik gelende, bölekleýin zatlar tamamlanar (1 Kor. 13:8–10).

Resullaryň işleri kitabyndan Mukaddes Ruhyň güýji bilen dolmaklygyň ähli wakalary bilen tanyş bolanymyzdan soň, men siziň köpiňiziň berýän soragyňyzyň üstünde durup geçesim gelýär. Men köplenç adamlaryň diller ýiter diýişlerini eşidýärin. Köplenç olar Pawlusyň Korintoslylara iberilen Birinji hatynyň 13-nji babyndaky «Kämillik gelende, bölekleýin zatlar tamamlanar» diýen sözlerini delil hökmünde getirýärler, ýagny, Mukaddes kitap bize berlen kämil zatdyr. Diýmek, indi kämil zat (Mukaddes kitap) gelende, diller tamamlandylar.

Pawlusyň näme diýýänini bilmek üçin biziň bu bölümi ünsli öwrenmegimiz örän zerur. Bu goşgynyň kontekstine seredip geçmek bilen, şeýle kesgitlemäniň mümkin däldigi aýdyňdyr. Eger-de diller tamamlan bolsalar, onda bilimler we pygamberlik hem tamamlanandyr. Ýöne bilimler ýa-da pygamberlik tamamlandymy? Elbetde ýok. Onda Pawlus «kämil zat» diýip näme barada aýdýar? Onuň jogabyny on ikinji goşgyda tapyp bileris:

> «Şindi her zady aýnadaky ýaly ümüzli görýäris, ýöne şol wagt ýüzbe-ýüz göreris. Häzir men bölekleýin bilýärin, ýöne şol wagt öz bilinişim ýaly bilerin» (1 Kor. 13:12).

Pawlus Isa bilen ýüzbe-ýüz duşuşygyny beýan edýär. Ine, «kämil zat» diýmek nämäni aňladýar - Isa Mesihi Onuň şöhratynda doly tanamak diýmekdir.

Biz Isa Mesih bilen duşuşygy şu pursatda hem başdan geçirýärismi? Biz Ony ähli şöhraty bilen synlap bilýärismi? Biziň ýerdäki durmuşymyzda Isa bilen duşuşygymyz edil tutuk aýnada görşümiz ýalydyr. Ýöne geljekki asyrda biz Isa Mesihi Onuň bizi bilşi ýaly tanarys. Isa Mesihe çuň ýakynlaşmagy başdan geçirmek diýmegiň özi eýýäm, şol «kämilligiň» ýetip gelýändigini aňladýar. Bu syýahatymyz ýerde başlan hem bolsa, biz bakylykda Onuň bilen ýüzbe-ýüz duşuşýançak, ol tamamlanmaz.

## Dilleriň dört görnüşi

Maňa ýygy-ýygydan şeýle sorag berýärler: «Jon, näme üçin Korintoslylara iberilen Birinji hatynda (12:30): «Hemmeler dürli dillerde gepleýärmi?» diýlip ýazylypdyr. Bu sorag başga dillerde hemme adamlaryň gürlemeýändiklerini aňlatmaýarmy? Hawwa, edil şeýle. Emma bu ýerde Pawlus imanlylaryň ählisiniň gürlemeýän dilleriniň belli bir görnüşi barada aýdýar. Muňa has gowy düşünmek üçin Täze Ähtde dilleriň dört sany görnüşi barada näme ýazylandygyna seredip geçeliň.

Biziň gürrüňdeşligimiziň çäklerinde men başga dilleri ulanylyşy boýunça görnüşlere bölerin: ýagny köpçülikleýin we şahsy diller. Dilleriň iki görnüşi köpçülikleýin ybadatlar üçin hyzmat edýär. Köpçülikleýin dili diýip, men haçan-da bir adamyň başga bir adamyň ýa-da adamlar toparynyň Ruhyň peşgeşleriniň haýsy-da bolsa biri bilen gulluk edişini göz öňünde tutýaryn. Tersine, dilleriň beýleki iki sany «şahsy» görnüşi bizi imanlylar hökmünde Hudaý bilen göni birleşdirýär, bizi Oňa ýakynlaşdyrýar we Hudaýyň kämil düşünjesi esasynda dileg etmäge mümkinçilik berýär. Bu dilleriň her birine jikme-jik seredip geçeliň.

## Birinji. Diller imansyzlar üçin alamat hökmünde

Dilleriň birinji görnüşi köpçülikleýin ybadaty üçin hyzmat edýär.

> Şeýlelik-de, diller iman edenlere däl-de, iman etmediklere, pygamberlik hem iman etmediklere däl-de, iman edenlere alamatdyr (1 Кор. 14:22).

Mukaddes Ruh biziň aňymyza gelende we bize dünýäde bar bolan, emma biziň gürläp bilmeýän, ony öwrenmedik we aragatnaşyk etmekde tejribämiz bolmadyk başga dilde gürlemek başarnygyny berende, bu diller täsir edip başlaýarlar. Dilleriň hut şu görnüşi şägirtler arkaly Pentikost güni täsir edipdir.

> «Iýerusalimda ýehudylar, gök astyndaky her milletden bolan Hudaýdan gorkýan adamlar galýardy. Bu ses gelende, halaýyk bir ýere ýygnandy. Olar haýran galdylar, çünki resullar gürlände, hersi öz dilinde eşidýärdi. Hemmeler haýran galdylar geňirgenişip biri-birlerine diýdiler: «Ine, bu gepleýänleriň hemmesi jelileli dälmi näme? Onda biziň her birimiz nähili öz ene dilimizi eşidýäris? dälmi?
>
> Biz parfiýalylar, midiýalylar, eýlamlylar, Messopotamiýada, Ýahudada, Kappadokiýada, Pontus we Asiýada, Firikiýa we Pamfiliýada, Müsür we Libiýanyň, Kirinäniň töwereginde ýaşaýanlar, rimli myhmanlar, ýehudylar we ýehudy dinine geçenler, Kiritliler, arawitýanlar bolup, olaryň öz dilimizde Hudaýyň uly işlerini gürrüň berişlerini eşidýäris» (Resul.işl. 2:5–11, Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy).

Ýewreýler imanlylaryň olaryň şiwe dilinde gürleýşini eşitdiler. Bu bolsa Hudaýyň Isa mesihiň Hoş Habaryna iman edýänleriň arasynda gudrat görkezýändiginiň alamatydy. Ýogsam sowatsyz jelileliler Hudaýyň gudratlaryny dürli dillerde kämil derejede wagyz edip bilmezdiler. Adamlaryň köpüsi Ruhuň şeýle barlygynyň

kömegi bilen Isa tanady.

Birnäçe ýyl mundan öň Kolorado-Springs şäheriniň ybadathanalarynyň birinde wagyz etdim. Ybadat eden döwrümde meniň toparymdan bir zenan ybadathananyň yzky hatarlarynda oturýardy. Ybadat gutarandan soň onuň öňünde oturan adam şol zenanyň ýanyna baryp, şeýle diýdi: «Siz fransuz dilinde örän gowy gürleýärsiňiz, siziň gürleýşiňiz bu diliň gadymy şiweleriniň birini ýatladýar. Men eýýäm birnäçe ýyl bäri fransuz dilinden mugallym bolup işleýärin we bu dilde edil siz ýaly gowy gürleýän adama hiç haçan duşmadym».

Bu zenan oňa şeýle jogap berdi: «Men fransuz dilinde asla gürlämok». Ol adam örän haýran galypdyr. Soňra ol şeýle diýdi: «Siz fransuz dilini diňe bir kämil derejede bilmek bilen çäklenmän, eýsem Jon auditoriýadan Mukaddes kitapdaky ýeri açmaklaryny haýyş etmänkä, siz eýýäm fransuz dilinde şol aýdan erleri Mukaddes kitapdan okap geçdiňiz». Bu bolan waka diňe şol adam üçin Hudaýyň meniň üstüm bilen iberen ýüzlenmesiniň tassyklanmasynyň nyşany boldy. Alamatlar hökmünde dilleriň esasy maksady heniz Isany özüniň Rebbi we Halasgäri hasap etmedik adamyň ünsüni özüne çekmekden ybarat.

## Ikinji. Düşündiriliş üçin diller

Dilleriň ikinji görnüşi hem köpçülikleýin ybadat etmek üçin ulanylýar. Alamat hökmünde ýüze çykýan dillerden tapawutlylykda, bu diller asman (perişdeleriň) dilleri hasaplanýar, bu dillerde ýeriň hiç bir künjeginde gürlemeýärler. Pawlus düşündiriş dillerine ruhy peşgeş hökmünde garaýar: «…beýleki birine dürli diller, ýene birine bolsa dilleri düşündirme berildi» (1Kor. 12:10). Ýeriň hiç bir nokadynda bu dilleriň ulanylmaýanlygy sebäpli, olary düşündirmeli.

Birnäçe ýyl mundan ozal men Singapurdaky ýygnagyň birinde wagyz etmäge taýynlanýardym. Birdenkä Hudaýa ybadat edilýän wagty bir adam nätanyş dilde gürläp başlady. Men bu diliň hiç bir

ýerde ulanylmaýandygyny anyk bilýärdim, ýagny bu asman (Ruh) dilidi. Zaldaky her bir adam Ruhuň bular ýaly aýan bolmasyna haýran galdy. Ol asman dilinde gürläp bolandan soň, şol bada düşündiriş berdi. Onuň düşündirişi Hudaýyňyň meniň üstüm bilen bu ýygnak üçin iberen ýüzlenmesi bilen sözme-söz gabat geldi.

Men hyýalymda bu ajaýyp tassyknama üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdim! Hudaý onuň dilleri düşündiriş başarnygyny meniň ýüregime Özüniň guýan sözlerini tassyklamak üçin peýdalanypdyr. Bu bolsa maňa we zaldaky ähli adamlara özboluşly bir alamat boldy.

Dilleriň bu görnüşi babatynda «terjime etmek» däl-de, eýsem hut şu «düşündiriliş» sözüniň ulanylýandygyna üns beriň.

Asman dillerini (olara Täze Ähtde beýan edilen dilleriň dört görnüşiniň üçüsi degişli) terjime edip bolmaýar, sebäbi olar adamzat aňyndan has ýokarydyr. Şonuň üçin olara diňe düşündiriş bermeli.

«Düşündiriliş üçin diller» diýlen kategoriýa gabat gelýän dilleriň islendik görnüşi düşündirilme bilen üpjün edilmelidir. Şonsuz Ýygnak öwüt-nesihat almaz, bular ýaly dil bolsa diňe öwüt-nesihat üçin Ýygnaga berilýär (ser. 1 Kor. 14). Pawlys dilleriň bu görnüşi barada soranlarynda şeýle diýdi:

«Hemmeler dürli dillerde gepleýärmi?» Indi bolsa bu goşga kontekstde seredip geçeliň:

> «Hudaý Ýygnakda ilki bilen Resullary, soňra pygamberleri, üçünji edip mugallymlary belledi. Soňra gudrat görkezýänleri we şypa berýänleri, ýardam berýänleri we dolandyrýanlary, dürli dilleri belledi. Eýsem hemmeler Resulmydyr?

Hemmeler pygambermidir? Hemmeler mugallymmydyr?

> Hemmeler gudrat görkezýänmidir? Şypa berme peşgeşi hemmelerde barmy? Hemmeler dürli dillerde gürleýärmi? Hemmeler bu dillerde aýdylanlary düşündirip bilýärmi?» (1 Kor. 12:28–30 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy).

Pawlus Hudaýyň Ýygnakda ybadat etmek maksady bilen iberen köpçülikleýin ybadat etmek üçin peşgeşleri barada belläp geçýär. Hemmeler Resullarmy? – Ýok. Hemmeler pygambermi? – Ýok. Hemmeler mugallymmy? – Ýok. Edil şonuň ýaly hemmeler diller arkaly gürleşýärlermi we özüniň köpçülikleýin ybadatyny ýerine ýetirmek bilen olara düşündiriş berýärlermi? – Ýok. Pawlus biz Hudaýyň bize beren anyk peşgeşlerinde öňe gitmelidigimiz barada aýdýar. Ýygnakdaky islendik adama dillerde gürlemek peşgeşi berilmändir.

## Köpçüligiň öňünde dürli dillerde gürleşmegiň iki görnüşiniň arasyndaky tapawut

Korintoslylara hatynda Pawlus köpçüligiň öňünde dürli dillerde gürleşmegiň iki kategoriýasynyň arasyndaky tapawudy şeýle düşündirýär:

> Şeýlelik-de, diller [alamat üçin diller] iman edenlere däl-de, iman etmedikler üçin alamatdyr... Bütin Ýygnak bir ýere üýşüp, ählisi başga dillerde [Düşündiriş üçin diller] geplese we bilimsizler ýa-da iman etmedikler içeri girse, olar: Siz akylyňyzdan azaşypsyňyz diýmezmi?
>
> – 1 Kor. 14:22, 23 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy

Eger-de siz dilleriň dört sany dürli kategoriýalarynyň bardygyna düşünmeýän bolsaňyz, onda siz Pawlusyň bu setirleri ýazanda bütinleý özüne gapma-garşy hereket edendigi barada pikirlenip bilersiňiz. Ol ilki bilen şeýle diýýär: «Diller iman etmedikler üçin alamatdyr». Soňra indiki goşgyda şeýle ýazylypdyr: «Eger-de, siz başga diller gepleseňiz, onda ýada iman etmedikler sizi aklyndan azaşan hasaplarlar». Emma dilleriň dört sany dürli kategoriýalarynyň arasyndaky tapawudya düşünüp, biz Pawlusyň dilleriň iki sany dürli görnüşi barada aýdýandygyna düşünýäris.

Birinji ýagdaýda ol alamat üçin dilleri agzap geçýär, dilleriň bu görnüşi iman etmedikleri özüne çekýär, sebäbi olar üçin alamat bolup hyzmat edýär. Dilleriň ikinji görnüşi (Düşündiriş üçin diller) diňe Ýygnaga öwüt-nesihat bermek üçin niýetlenen; bu iman etmedikleri üçin alamat däldir. Hakykatda bolsa Pawlus şeýle netijä gelýär, ýagny eger imanlylar ikinji topara degişli diller arkaly gürleseler we oňa düşündiriş bermeseler, onda iman etmedikler olary aklyndan azaşan hasap ederler!

Dynç günündäki irdenki Mesihiler ýygnagyny, her bir adamyň wagyz edişini, öwredişini we şol bir wagtyň içinde hem pygamberlik edişini göz öňüne getirip bilýäňizmi? Şular ýaly ýygnak düşünüksiz we manysyz bolardy. Şonuň üçin Pawlus Ýygnaga Düşündiriş üçin diller arkaly gürlemek bilen howsalaly ýagdaýlary döretmezligi öwredýär. Nädogry dilleriň şular ýaly görkezmesi bulam-bujar we manysyz bolar.

Öň edil şol bolümiň özünde Pawlus diller bulam-bujarlygy döretmek üçin däl-de, eýsem düşündiriş we ylham getirmek üçin hyzmat edýar diýip anyk aýdýar.

> «Men dillerde nemmäňizden köp gepleýänime Hudaýa şükür edýärin; Ýöne Ýygnakda beýlekilere-de öwreder ýaly, akylym bilen bäş söz aýtmagy başga dilde on ýüň söz aýtmakdan gowy görýärin» (1 Kor.14:18, 19).

Hemme zat örän düşünikli: haçan-da diliň köpçüligiň öňünde ulanmak kategoriýasy hakda gürleşilende, onda ony ähli adamlara öwüt-nesihat bermek maksady bilen düşündirmeli. Şonuň üçin hemmelere düşnükli dilde gürleşmeli.

# 5-nji gün

## Üçünji. Şahsy dogalar üçin diller

> «Çünki men başga bir dilde doga-dileg edýän bolsam, ruhum doga edýäbdir, ýöne akylym miwesiz galýar. Näme etmeli? Men ruh bilen doga edip başlasam, akyl bilen hem doga ederin; Men ruhum bilen nagma aýtsam, muny aňymda-da aýdaryn» (1 Кor. 14:14, 15 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy).

Ara alyp maslahatlaşylan dilleriň birinji iki görnüşi köpçüligiň öňünde ulanmak üçin bolmagy bilen hem şol sanda Hudaýyň ýüzlenmelerini adamlara ýetirmek üçin ulanylýar. Alamat üçin diller iman etmedikler ýetmäge we olara hyzmat etmäge niýetlenen; düşündiriş üçin diller bolsa, imanlylara hyzmat etmek üçin niýetlenen. Ýokardaky goşgularda Pawlus dilleriň üçünji görnüşi barada aýdýar: bu dil şahsy dogalar üçindir. Ol indi köpçüligiň öňünde ybadaty barada aýtmaýär, emma ol dilleri şahsy maksatlar üçin nädip ulanyp boljakdygyny öwrenýär. Dilleriň bu görnüşi şahsy öwütler hem-de dogalar üçin ýaradylypdyr. Pawlus biziň «akylymyz arkaly doga edip biljekdigimizi» tassyklaýar. Diýmek, öz ene diliňde doga etmek ýa-da «ruh bilen doga etmek», ýagny nätanyş dilde (asman dilinde) doga okamaklyk diýip anyk aýdýar.

Ýene-de, ol biziň aýdym aýdyp (sejde edip) biljekdigimizi tassyklaýar. Korintoslylara iberilen Birinji hatynyň 14-nji babynyň başynda şeýle ýazylypdyr: «Çünki bilinmeýän dilde gepleýänler adam bilen däl-de, Hudaý bilen gepleşýändir» (2- nji goş.). Ruhuň bu ýüze çykmasynyň alamat hökmünde dillere degişlidäldigini biz bilýäris, sebäbi Pentikost güni şägirtler Hudaýaýyň gudratly işlerini daşary ýurt dillerde adamlaryň arasynda wagyz etdiler. Şeýle-de, Pawlus düşündiriş diller barada hiç zat aýtmandyr, sebäbi bu peşgeş haçan-da imanlylar Ýygnakda nätanyş asman dilinde (ony bolsa

hökman düşündirmeli) doga edenlerinde aýan bolýar. Bu ýerde Pawlus anyk adam barada aýdýar, ol adam ruhda«adamlara däl-de, Hudaýa ýüzlenýär».

Şahsy dilde doga etmek diýmeklik, bu Hudaý bilen doga edýäniň arasyndaky şahsy aragatnaşykdyr. Onuň maksady doga edýäniň güýjüne güýç goşmaklykdyr. «Eý söýguli doganlar, siz özüňizi iň mukaddes imanyňyzyň üstünde gurup, Mukaddes Ryhda doga edip, Ebedi ýaşaýyş üçin Rebbimiz Isa Mesihiň rehimine garaşyň, özüňizi Hudaýyň söýgüsinde saklaň» (Ýahuda.20,21). Ýahudanyň biz Mukaddes Ruhda (dillerde) doga edenlerimizde özümize öwüt-nesihat berýändigimiz, emma haçan-da biz Ýygnakda imanlylar üçin düşündirişli dillerde gürlänimizde, biziň Mesihiler ýynagyny gurýarys we oňa öwüt-nesihat berýäris (ser. 1 Kor. 14:5). Hudaý bolsa bularyň ikisini hem isleýär, ýagny özümize öwüt-ündew etmegimizem, Ýygnaga hem öwüt-nesihat bermegem örän wajypdyr.

Imanlylaryň köpüsi şular ýaly sorag bilen ýüzlenýärler: «Mukaddes Ruh bilen dolup, şol bir wagtyň içinde-de dillerde doga okamazlyk mümkinmi?» - Hawwa, mümkin. Meniň pikirimçe, adam Mukaddes Ruh bilen dolup , dillerde doga etmän hem bilýär. Ýöne men bir zady aýdasym gelýär, ýagny Mukaddes Ruh bilen dolan her bir adam dillerde doga etmek ukybyna eýedir. Imanlylaryň köpüsi bu peşgeşden peýdalanmaýarlar, sebäbi ony kabul etmek üçin ynama daýanmaýarlar.

Hudaýyň her bir peşgeşini ynam bilen kabul etmeli we onda ynam bilen hereket etmeli.

Derýadaky iki sany adamy göz öňüne getiriň. Olaryň biri derýanyň suwlary duşundan akýarka, suwda arkaýyn dur. Ikinjisi bolsa arkaýynlaşdy we akymyň ugruna gitdi. Olaryň ikisi hem derýada: ýagny, biri arkaýyn derýanyň düýbünde dur, beýlekisi bolsa akymyň ugry boýunça ýüzmegi ýüregine düwýär. Emma olaryň ikinjisi akymyň ugry boýunça hereket eder we akymyň elten erinde ol bolar.

Dillerde doga edýäni derýanyň akymynyň ugry boýunça hereket eden adama deňäp bolar; dillerde doga etmeýänler imanly suwuň akymyň ugruna gitmeýän adama meňzeş. (Özüňizi Ruha nädip boýun etmelidigini biljek bolsaňyz, biz bu barada indiki bölümde gürrüň ederis).

Mukaddes Ruh bilen aragatnaşyk etmeklik – bu Isa Mesihiň ölümi we direlmegi bilen bize elýeterli bolan köp sanly patalarynyň biridir. Emma bu aragatnaşygy doly başdan geçirmek ukyby halas bolan badyna öz-özünden ýüze çykmaýar. Gynansakda, imanlylaryň köpüsi gutulyş peşgeşiniň käbir eşretlerinden lezzet almakdan mahrum bolýarlar. Hudaýyň biziň üçin niýetlän ähli zatlaryna eýe bolmaklyk üçin dyrjaşmak möhümdir. Isa Mesihiň biziň üçin janyny gurban edenini- ýüze çykarmak bu Isada biziň edýän ägirt uly syýahatymyzyň bölegidir. Öň belläp geçişimiz ýaly, Mukaddes Ruh bize güýç berýär we Patyşalygyň meselelerini çözmeäge taýynlaýar. Eger-de biz Mukaddes Ruhuň üsti bilen elýeter bolan peşçeşleri ýadymyzdan çykarsak, onda biziň Hudaýa bolan çuňňur we ýakyn aragatnaşyklary hem-de Oňa gowy gulluk etmek üçin bize gerek boljak güýjüň ölçegini äsgermezçilik etdigimiz bolar.

## Dördünji. Towakga etmek üçin diller

> «Ruh hem ejizligimizde bize kömek berer; sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg etmelidigimizi hem bilmeýäris, ýöne Ruhuň Özi aýdyp bolmaziňňildiler bilen biziň üçin töwella edýär. Emma ýürekleri Derňeýän Ruhuň pikiriniň nämedigini bilýändir, çünki Ruh mukaddesler üçin Hudaýyň islegine görä töwella edýändir» (Rim. 8:26,27 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy).

Pawlus bu bölümi «Ruh hem ejizligimizde bize kömek berer» diýen sözler bilen başlaýar. Pawlus nähili ejizligimizde barada diýýär? Jogaby: «sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg

etmelidigimizi hem bilmeýäris, ýöne Ruhuň Özi aýdyp bolmaz iňňildiler bilen biziň üçin töwella edýär». Başga söz bilen aýtsak, biziň gowşaklygymyz bu dünýäde bolup geçýän wakalar dogrusynda düşünjämiziň çäklidigindedir. Biziň nähili we näme hakda dileg etmelidigimizi bilmeýän wagtymyz bolýar. Emma haçan-da, Mukaddes Ruha bil baglanymyzda we Ruhda Towakga etsek_ (sebäbi Ol ähli zady bilýär), onda Ol Hudaýyň kämil islegi bilen biziň arkamyz bilen doga edýär.

Haçan-da men kollejde okanymda, ýetginjek oglan-gyzlara, ýagny Purdýu uniwersitetiniň talyplaryna Mukaddes kitap boýunça sapak geçýärdim. Toparda altmyşa golaý adam bardy, olaryň käbiri hiç haçan Mesiniler Ýygnagyna baryp görmändirler, beýlekileri bolsa dürli Mesihiler denominasiýalaryndan bolupdyrlar. Topardaky bir gyz diller ýitip gidipdir diýen pikirli edýän Mesihiler denominasiýasyndan bolupdyr. Bir gün agşam ol meniň Mukaddes Ruh baradaky sapagymy eşidipdir we häzirki wagtda-da dilleriň bardygyna, olar hakda Mukaddes kitapda agzalandygyna düşünüpdir. Şol agşam ol Mukaddes Ruh bilen çokunypdyr (dolupdyr).

Ertesi gün sagat 6:30–da meni telefonyň sesi turuzdy. Bu bolsa kolledjiň talyby bolan maňa irdi. Şol gyz menden ikimiziň duşuşmagymyzy haýyş etdi. Ol, erkekleriň umumy ýaşaýyş jaýyndan ýolyň beýle tarapynda ýerleşýän, gyzlaryň ummumy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýardy. Men ýerimden galdym we onuň maňa garaşýan ýerine bardym. Men heniz ýarym ukudadym we irdenki telefon jaňy üçin biraz gaharjaňdym. Onuň bolsa, tersine, keýpi örän gowydy. Men ondan näme bolanyny gürrüň bermegini haýyş etdim.

Ol şeýle diýdi: «Hudaý meni daň bilen sagat bäşde turuzdy. Meni dillerde doga okamaga çagyrylandygymy duýdym, şonuň üçin şular ýaly hem etdim, tiz wagtyň içinde-de dileg edýändigimi düşündim. Men Hudaýdan näme üçin dillerde beýle höwesli dileg edýändigimi görkezsiň diýip haýyş etdim, Reb meniň bir garry adamyň jany üçin doga edýändigimi we Towakga etýändigimi aýtdy. Şonuň üçin men doga okamagymy dowam etdim».

Soňra ol maňa irden sagat altyda umumy ýaşaýyş jaýyndaky goňşusyna jaň gelendigini we onuň babasynyň ýüreginden tutanlygy sebäpli hassahana äkidendiklerini we şol ýerde onuň janyny ölümden halas edendiklerini aýdyp berdi. Meniň tanyşym bu barada eşidende, Mukaddes Ruh oňa şeýle diýdi: «Sen onuň üçin doga okadyň». Bu dillerde takwa-doga etmegiň ajaýyp mysaly. Ol şol adamyň janynyň howp astyndadygy barada asla bilmeýärdi, ýöne Mukaddes Ruh bilýärdi. Eger-de ol diňe akly bilen öz hemişeri wagtynda doga okan bolsady, ol şol adam üçin takwa-doga edip bilmezdi.

Meniň ejem Florida ştatynda ýaşaýar, şonuň üçin men şu wagt onuň durmuşynda nämeleriň bolup geçýändigini anyk bilemok. Men Kaliforniýada ýaşaýan aýal doganymyň durmuşynda näme bolýanyndan habarsyz. Ýöne Mukaddes Ruh, olaryň ikisi üçin hem Hudaýyň kämil isleginiň bardygyny bilýär. Şonuň üçin Ol meniň arkam bilen olar üçin takwa-doga eder. Ruh ähli zady derňeýär we ähli zady bilýär. Mukaddes Ruha biziň üstümiz bilen doga etmäge rugsat berenimizde, bizi täsin dünýä gurşap alýar!

## Şahsy diller barada düşündiriş

Meniň «şahsy» kategoriýa degişli eden dillerimiň iki görnüşini kadadan çykma hasap bolýandygyny belläp geçmek gerek. Käwagt dine uýýanlaryň Mukaddes Ruha çokunyp, dillerde dileg edýän pursatlary hem bolýar. Şular ýaly ýagdaýlarda olaryň Ruha çokunyp dileg etmekleri ýerlikli bolar. Başga ýagdaýlar hem bolýar, ýagny, imanlylar auditoriýada dillerde doga okamakdan saklanmaly bolýarlar. Pawlus şeýle diýýär:

> «Bütin ýygnak bir ýere üýşüp, ählisi başga dillerde geplese we bilimsizler ýa-da iman etmedikler içeri girse, olar: «Siz akylyňyzdan azaşypsyňyz» diýmezmi?» (1 Kor. 14:23).

Bu goşguda adamlaryň iki topary barada aýdylýar. Birinjiden, Pawlus iman etmedikleri ýatlap geçýär. Bu adamlar heniz Isa Mesihi öz Rebbi hökmünde kabul etmedikler. Adamlaryň ikinji topary

bolsa, bilimsizlere degişli. Bu adamlar Isa Mesihe ynanýarlar, emma olar entek Mukaddes Ruhuň taglymaty barada bilmeýärdiler. Iman eden ýa-da bilimsiz adam hemmeleriň bilelikde dillerde dileg edýän atmosferasynda özüni oňaýsyz duýar. Şonuň üçin ol doga okaýanlar barada: «Olar aklyndan azaşdylarmyka?» diýip pikir edip biler.

Gynansak-da, men ýekşenbe günleri Mesihler Ýygnaklarynda ir säher bilen adamlaryň hemmesi bilelikde bir wagtyň özünde dillerde doga edýändiklerini we ýolbaşçylaryň olara goldaw berýändiklerini az görmedim. Hakykatda bolsa, bir wagtlar meniň özüm hem bilmezligim sebäpli adamlary şular ýaly doga etmäge çagyrýardym. Hemişeki dynç günlerindäki Mesihiler Ýygnaklarynda iman etmediklere ýa-da bilimsizlere degişli bolan myhmanlar köp bolýarlar. Olar, öz içinden: «Bu ýere aklyndan azaşanlar ýygnandylarmy-ka?» diýip, ähtimal, pikir edendirler.

Men şular ýaly Mesihiler Ýygnaklarynyň örän kynlyk bilen ösýändigini hem-de öz şäherlerinde täsiriniň ujypsyzdygyny bildim. Bu zatlaryň sebäbi olaryň Korintoslylara iberilen Birinji hatynda beýan edilen paýhasy unudandyklary bilen bagly dälmi-kä (14:23)?

Olar geljekde-de şol bolşunda dowam etseler, bilimsizler we iman etmedikler olaryň ýanyna gelmezler diýip pikir edýärin.

Başga tarapdan, Mesihiler Ýygnagy imanlylar üçin dillerde doga etmek ýygnaklary (aýdalyň, şenbe günleri irden ýa-da duşenbe güni agşam) gurnap biler. Bu ýygnaklara bilimliler we imanlylar gatnaşýarlar. Şonda hemmeleriň bilelikde dillerde dileg etmekleri ýerlikli bolar, sebäbi şular ýaly ýygnaklara hut Rebbe gulluk etmek we towakga etmek üçin ýygnanyşýarlar.

Başga sözler bilen aýtsak, Pawlus iman edýänleriň toparynyň bilelikde ýygnanyşyp, «şahsy dillerde»doga edip biljek wagtynyň ýokdugy barada aýtmaýar. Iman etmedikleriň we bilimsizleriň ýygnanyşýan auditoriýasynyň öňünde dillerde doga etmeklik şol ýagdaýa laýyk bolmalydyr diýmek bilen, ol olaryň arasyny bölýär.

## Hudaýyň siz baradaky islegi

«Şonuň üçin, eý doganlar, pygamberlik etmäge yhlas ediň, başga dillerde geplemegi-de gadagan etmäň. Ýöne herki zat sypaýyçylyk hem tertip bilen bolsun» (1 Кor. 14:39, 40).

Pawlus Mesihiler Ýygnagynyň dilleriň ajayp peşgeşinden ýerlikli peýdalanyp bilmejekdigini bilýärdi. Şonuň üçin ol bizi duýdurýar: «Dilleriň dogry görnüşlerini dogry ýerde ulanyň we dillerde gürlemegi unutmaň, sebäbi imanlylaryň käbiri Ruhuň bu ajaýyp peşgeşini ýitirdiler». Gynansakda, Mesihiler Ýygnagy Ruhuň köp peşgeşlerini äsgermezçilik edýär.

Bu elhenç ýagdaý, sebäbi Mukaddes Ruh Mesihiler Ýygnagyna güýç bermek üçin iberilen. Taňry Öz Patyşalygyny ýaýratmak maksady bilen Öz Ýygnagyny saýlap alypdyr. Eger-de biz özümüziň Isada gutuluşymyz bilen bilelikde berlen güýçde oýanmasak, onda biziň öz patyşalygynyň ygtyýarlyklaryndan peýdalanmagy ret edýän şadan tapawudymyz bolmaz.

Iman edýänleriň eýýäm birnäçesi Ruhuň bu ajaýyp peşgeşlerini elden gidirýärler, sebäbi olar diller ýitip gidendir diýip pikir edýärler. Hudaýyň ýüregine düşünmek kyn däl: «Men siziň hemmäňiziň başga dillerde geplemegiňizi... arzuw edýärin…» (1 Кor. 14:5). Käbirleri muny Hudaý däl-de, Pawlus ýazypdyr diýip razylaşman hem bilerler. Timoteosa iberilen Ikinji hatynda Ýazgylaryň hemmesi Hudaýyň ylhamy diýlip ýazylypdyr (3:16), diýmek, bu goşgy hem kadadan çykma däldir.

Dilleriň peşgeşi - bu Mukaddes Ruhyň güýji bilen doldurylan möhüm ugur - Ol biziň Hudaý bilen ýakyn aragatnaşyklarymyzyň bir ajaýyp bölegidigini hiç wagt ýadyňyzdan çykarmaň. Şonuň üçin men hem Pawlusyň eden umydyny, ýagny siziň bu ajaýyp peşgeşe ýetmegiňizi we her gün Ruhuň barlygyny duýup ýaşamagyňyzy dileg edýärin.

# RUH HEREKET GETIRÝÄR!

*Hudaý aýdan sözlerini alamatlar we gudratlar, dürli güýçler hem-de Öz islegi boýunça Mukaddes Ruhuň peşgeşleri arkaly tassyklaýardy.*

–Ýewreýlere 2:4, NLT

Mukaddes Ruh – bu köpsanly täsin ýollar arkaly ýüze çykýan hereketi ýerine ýetirijidir. Mukaddes kitapda Ol simwoliki taýdan kepderiniň, oduň, şemalyň we şerabyň keşbinde suratlandyrylýar görkezilýär. Bu ýüze çykmalar bize Mukaddes Ruhuň häsiýetine we Onuň biziň durmuşymyzda barlygynyň täsirine düşünmäge kömek edýär.

**Mukaddes Ruh - kepderi.** Injilleriň dördüsinde-de Mukaddes Ruh Isanyň üstüne inýän kepderiniň keşbinde suratlandyrylýar. Kepderiler özüniň häsiýeti boýunça ýuwaş, näzik we mähirli duýgulary öz içine alýan guşlar hasaplanylýar. Olary gorkuzmak örän aňsat. Olar dynç almak üçin özlerini rahat we howpsuz duýýan ýerine uçup barýarlar. Kepderiler öz jübütlerini hemişelik saýlaýarlar. Bu öwrenen zatlaryňyz size Mukaddes Ruha näderejede gowy düşünmäge kömek edýär? Indi siziň Oňa bolan gatnaşygyňyz nähili bolar?

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

Okaň Matt. 3:16, 17; Mark. 1:9–11; Luk. 3:21, 22; Ýahýa. 1:32, 33.

**Mukaddes Ruh - ot.** Ol Özüni Musa ýanyp duran gyrymsy agaçda we Ysraýyla otly sütünde aýan etdi[1]. Pentikost güni Ruh «oduň ýalynlary kimin bölünen diller» adamlary çokundyrdy (ser. Resul.iş. 2:3). Ol Isa ýere getiren Odydyr we Onuň sönmezligi üçin biz ünsli bolmalydyrys. Oduň hilleri barada pikir ediň: ol arassalaýar, ýagtylyk berýär, ýylylyk/gyzgynlyk öndürýär, töwerekdäki ähli

zady özüne siňdirýär.

Bu öwrenen zatlaryňyz öz durmuşyňyzda Mukaddes Ruhuň Oduna düşünmäge näderejede kömek edýär? Ot nämeden güýç alýar we onuň tutaşmagyna näme sebäp bolýar?

Okaň Resul.iş. 2:3, 4; Luk. 12:49; 1 Selanik. 5:19–21; Matt. 3:11, 12; Luk. 3:16, 17; Ýermeýa. 20:9, 23:29; Ýewreý. 12:29.

**Mukaddes Ruh - şemal.** Ol Pentikost güni diňe bir ot ýaly däl-de, eýsem şemal ýaly Özüni aýan etdi. Şemal mylaýym öwsüp, birden tupana öwrülip bilýär. Şemalyň näme edýäni barada pikirleniň. Ruhuň Şemaly siziň durmuşyňyzyň dürli pasyllarynda nädip hereket getirip biler? Ol nämä getirip biler?

Okaň Ýahýa. 3:5–8.

**Mukaddes Ruh - şerap.** Pentikost güni şägirtler Hudaýyň işlerini dürli dillerde wagyz etdiler. Bu ýagdaý Ruhuň hereketde ýüze çykmasynyň şeýle bir ajaýyp pursaty boldy, welin, käbirleri olar köp möçberde şerap içendirler diýip pikir etdiler. Ýöne Petrus gürrüň şerapda däl-de, Mukaddes Ruhuň güýjünde diýdi!

Saklanyň we pikir ediň. Köplenç, şerap adamyň duýgularyna nähili täsir edýär? Ruhuň täze şeraby size nähili täsir edip biler?

Okaň Resul.iş. 2:13–18; Luk. 5:37, 38 (şeýle hem Mark. 2:22; Matt. 9:17); Efes. 5:18, 19; Ester. 1:10; Ýermeýa. 31:11–13.

*«Asman Mukaddes Ruhy sygdyryp bilmeýär, muňa garamazdan Ol Öz gullarynyň ýüreklerinde ornaşýar. Biz Onuň ybadathanasy. Onuň her bir galtaşmasyny uly öwgi bilen kabul ederis. Eger-de Ol şemal ýaly bolsa, onda şemalyň sazy ýaly bolarys; eger-de Ol nem bolsa, biz açylan güller bolarys; eger-de Ol ataş bolsa, biz alawlap ýanarys. Ol biziň içimizde nähili hereket etse-de, biz Onuň sesine jogap bereris».*

– Çarlz H. Sperjen

# ONUŇ AÝAN BOLMAGY ŞAÝATLYK EDÝÄR

*Ruhuň aýan bolmagynyň şaýatlygy her bir kişä hemmäniň peýdalanmagy üçin berilýär.*
– 1 Korintoslylara 12:7, GW

Hudaýyň Ruhunyň bar ýerinde Onuň şaýatlygy hem bardyr. Derýalar we deňizler çölüň içinden akyp geçýärler. Körler görýärler we kerler eşidýärler. Agsaklar ýöreýärler we lallar gürleýärler.

Gorky ýeňildi we umyt galkynýar! Hudaýyň Ruhy bilen aragatnaşygymyzyň derejesine görä, gudratlar we alamatlaryň ähli görnüşleri biziň durmuşymyzda peýda bolýar.

Resullaryň işleri kitabyndaky bolan wakalar Mukaddes Ruh gelende adamlaryň Onuň barlygyny görendiklerini we eşidendiklerini täzeden we täzeden tassyklaýar. Öz durmuşyňyza göz aýlaň we Ruhuň barlygynyň nähilidir bir aýan bolanyny ýadyňyza salyň. Ruhuň barlygy we onuň siziň durmuşyňyzy düýbünden özgerdendigi barada bir-iki sany sözlem ýazyň.

Meniň ýadyma düşýär, haçan-da ______________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Meniň ýadyma düşýär, haçan-da ______________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Meniň ýadyma düşýär, haçan-da ______________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Howlukmaň. Hudaýyň eşretleri barada pikirleniň. Goý, Ruh ýaşaýşyňyza siziň Onuň ygrarlylygyny ýadyňyzda saklaýşyňyz ýaly nur eçilsin!

*«Seniň ähli işleriň hakda oýlanaryn, Seniň edenleriň hakda pikir ederin. Eý Hudaý, ýoluň mukaddeslikdedir. Hudaý ýaly uly taňry barmy? Mugjyzalar edýän Hudaý Sensiň; sen halkalar arasynda güýjüňi aýan etdiň. Öz halkyňy, Ýakup we ýusup ogullaryňy goluň bilen azat etdiň».*

– Zebur 77:12–15

Mukaddes Ruh öň size kömek edipdi, Ol geljekde hem size ýardam bermegi isleýär! Şu wagt Onuň hemaýaty size nämede zerur? Onuň öňünde rahatlanyň we ýene-de size kömek bermegi üçin Ony çagyryň! Ondan size Onuň hakykylygy we Onuň siz we siziň daşyňyzy gurşap alýan adamlar hakda hakykatdan hem alada edýändigi barada şaýatlygyny haýyş ediň. Ümsümlikde boluň. Ol size näme diýýär?

Hudaýa alkyşlar aýdyň. Oňa minnetdarlyk we alkyş dogasyny ýazyň. Ol muňa mynasyp!

# RUH BILEN DOLMAKLYK – BU HEMIŞELIK ÝAGDAÝ

*Şerapdan serhoş bolmaň, onda edepsizlik bardyr; Ruhdan doly boluň.*

– Efeslilere 5:18,

Mukaddes Ruh bilen dolmaklyk barada Pawlusyň üsti bilen aýdylan Hudaýyň ähti örän wajypdyr. Grek dilinde «dolmaklyk» pleroo (pleý-ro-o) diýmegi aňladýar, onuň sinonimleri «dolmak we köňüllere siňip ornaşmak». Häzirki ýagdaýda işligiň zamany möhüm rol oýnaýar: gaýdym, buýruk beriji, häzirki zaman. Gaýdym dereje «siziň» (eýe) herekete sezewar bolmalydygyňyzy aňladýar, buýruk beriji dereje munuň teklip däl-de, eýsem buýruk, Ähtdigini aňladýar, häzirki zaman bolsa hereketiň hemişelik dowamlylygyny aňladýar.

Mukaddes kitabyň giňeldilen terjimesindäki Efeslilere iberilen hatynda (5:18) hakykaty açýar: «Şerapdan serhoş bolmaň, onda edepsizlik bardyr; Mukaddes Ruhdan doly boluň we Oňa boýun boluň». Ruh bilen dolmaklygyň hemişelik ýagdaýy bizi Isa Mesih ýaly ýaşamak üçin gerek bolan ähli zat bilen üpjün edýär we Hudaýyň islegini edil asmandaky ýaly ýerde-de tassyklamaga ýardam berýär. Hoş Habary wagyz ediji Smit Wiglswort şeýle diýdi:

> «Men Mukaddes Ruha çokunmagyň meniň üçin näme bolandygyny hiç wagt doly bahalandyryp bilmerin… Ruh bilen dolmaklyk bu bahasyna ýetip bolmajak zatdyr we şol bir wagtyň özünde-de bu biziň üçin Hudaýyň Ähtidir... Ruh bilen hemişelik dolup duranyňyzda siziň irden, gündiz we agşam dillerde geplejekdigiňizi men tassyklaýaryn. Ruhda ýaşanyňyzda siz ýaşaýan öýüňiziň basganҫaklaryndan aşak düşeniňizde şeýtan siziň

ýoluňyzdan gaçmaga mejbur bolar. Siz ony ýeňijiden hem ýokary bolarsyňyz.

...Ruhda ýaşamak bilen, siz öňe gidýärsiňiz, hereket edýärsiňiz, iýip-içýärsiňiz we ähli zady Hudaýy şöhratlandyrmak üçin edýärsiňiz. Biziň size iberen ýüzlenmämiz elmydama şular ýaly bolar: «Ruh bilen doluň». Bu Hudaýyň siziň üçin niýetlän ýeri we ol asmanyň ýerden ýokary bolşy ýaly, ol hem hakyky ýaşaýyşdan örän beýikdir. Ruh bilen dolmaklyk üçin Oňa boýun boluň».

Petrus, Ýahýa we beýleki şägirtler Pentikost güni Ruhda çokundyryldylar. Şondan köp wagt geçmänkä, olar doga edýän wagty täzeden Mukaddes ruh bilen doldular. Bu barada Resullaryň işleri kitabynda has dykgat bilen okaň (4:23–31). Ruh bilen hemişelik dolmaklyk üçin aýdylanlardan näme zatlary özüňize sapak edip bilersiňiz?

______________________________________________________

______________________________________________________

______________________________________________________

______________________________________________________

Hudaý Pawlusyň üsti bilen Mukaddes Ruhuň «özüne berlen ruhy sylagy gözden salmazlygy», emma «Hudaýyň beren sylagyny lowurdatmagy» buýurýar (1 Tim. 4:14; 2 Tim. 1:6). Başgaça aýdanymyzda, hemişe Mukaddes Ruh bilen doluň. Efeslilere 5:18, 19; 6:18 we Ýehudylara 20 dykgat bilen okaň. Mukaddes Ruh öz içiňizde ody nähili edip lowurdatmalydygy barada size näme görkezýär?

______________________________________________________

______________________________________________________

______________________________________________________

______________________________________________________

*Ine, men size näme diýmek isleýärin, Hudaýyň kömegi bilen: özüňiziň gündelik durmuşyňyzy, ýagny ýatýaňyzmy, iýip-içýäňizmi, işe gidýäňizmi - özüňiziň ähli gündelik işleriňizi Hudaýyň öňünde hödürläň we Hudaýyň halajak gurbany hökmünde olary Hudaýyň öňünde goýuň. Siz Hudaýda bar bolan ähli zady özüňize kabul edip alsaňyz, - ine, bu siziň Onuň üçin edip biljek iň gowy zadyňyzdyr. Bu dünýä meňzeş bolmaň, Hudaýyň halaýan, oňat, kämil isleginiň nämedigini aňlar ýaly, pikiriňiziň täzelenmegi bilen üýtgäň.*

– Rimlilere 12:1, 2, The Message

# OL SIZE BELLI BIR MAKSAT BILEN PEŞGEŞ BERDI

*Ýöne her kişä Hudaýyň Kimdigini görkezýän haýsydyr bir iş berildi: oňa her kim gatnaşýar, ol her kimiň peýdalanmagy üçin berilýär.*

– 1 Korintoslylara 12:7, The Message

Isanyň başlan işini biziň dowam etmegimiz üçin Mukaddes Ruh bize aýratyn peşgeşleri berdi. Peşgeşleriň dürli-dürlüdigine garamazdan, «Bularyň hemmesini şol bir Ruh emele getirýär. Ol her birine Öz halaýşyna görä, aýry-aýry bölüp berýär» (1 Кor. 12:11).

Bu peşgeşler şu gün hem täsir edýärmi? Biz Isanyň eden işlerini etmelimi-käk? Elbet-de, hawwa! Hoş Habary wagyz ediji Reýnhard Bonke Afrika yklymynda millionlarça adamlaryň Mesihiň ýanyna gelýändigini görüp, şeýle diýdi :

> «Men Hudaýyň - Öz halky üçin gudratlary ýaradyjydygyna berk ynanýaryn. Haçan-da, Isa ýerde ýörende Onda bar bolan alamatlaryň şu günki gün hem biziň durmuşymyzda wajyp bolup biljekdigine we bolmalydygyna ynanýaryn. Isa Öz şägirtlerine şeýle diýdi: «Hakykatdan, size dogrusyny aýdýaryn, Maňa iman eden, Meniň eden işlerimi-de eder: bulardan has ululylaryny-da eder, çünki Men Atamyň ýanyna barýaryn»»».

Rimlilere iberilen haty üns bilen okaň 12:3–8 we agzalan peşgeşleri ýatlap geçiň.

Umuman, siz olary (maksadyny we etmeli işini) nädip suratlandyrardyňyz?

Geliň indi, 1-nji Korintoslylara 12:4–11 okalyň we dokuz sany peşgeşi anyklalyň. Umuman, siz olary (maksadyny we etmeli işini) nädip suratlandyrardyňyz?

________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________

Bu peşgeşlere iki bölümde-de seredip görüň. Bu peşgeşleriň haýsy-da bolsa biri size täsir edýärmi? Eger-de, şeýle bolsa, onda olar haýsylar?

________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________

Siz şübhelenýäňizmi? Bu peşgeşleriň haýsysy siziň ünsüňizi özüne çekýär we sizi haýrana goýýar? Mukaddes Ruhdan Onuň size näçe sylaglandygyny görkezmegini haýyş ediň.

Siziň başga peşgeşlere bolan gatnaşygyňyz we Mukaddes Ruhuň size nähili peşgeşleri berendigi örän möhüm zat. Hudaý diýýär: «Mesih Isada bolan bu pikir sizde-de bolsun» (Filip. 2:5, Phillips). Reýnhard şeýle diýmek bilen bu sözleriň üstüni ýetirýär:

> «Hudaýyň işiniň üstünligi biziň hiç birimize-de bagly däl... Ähli zat Oňa baglylykda amala aşýar... Men hiç zat (nol), diňe Hudaý ondan ulanyp biler, sebäbi men beýleki ähli seslerden Onuň sesiniň gadryny bilýärin... Men Hudaýyň beýleki bendeleriniň ýanynda özümi hiç haçan ulumsy alyp barmaly däldirin».

1-nji Korintoslylara 12:12–26 we Rimlilere 12:3–5 üns bilen okaň. Ruh siziň gatnaşygyňyz barada size nämäni görkezýär? Her bir adamyň peşgeşi, şol sanda siziň peşgeşleriňiz näderejede wajyp? Eger-de, siz öz peşgeşleriňizi gözden salsaňyz we olary

ulanmasaňyz, Mesihler Ýygnagynyň ýagdaýy nähili bolar?

____________________________________________________________

**Mundan beýläk öwrenmek üçin...**
Dogry gatnaşykda bolmak: Filip. 2:1–8; 2 Kor. 8:9; Matt. 23:11, 12. Şeýle hem Ruh iman edenleri belli bir maksat bilen ybadat etmek üçin belleýär: 1 Kor. 12:28–31; Efes. 4:11–14.

# OŇA HUDAÝYŇ ISLEGINE GÖRÄ SIZIŇ ÜSTÜŇIZ BILEN DOGA ETMÄGE RUGSAT EDIŇ

*Hudaýyň Ruhy bize kömek etmek üçin hemişe biziň ýanymyzda. Eger-de, biz nähili we näme barada doga etmelidigimizi bilmesek, bu möhüm däl. Ol biziň üçin doga edýär, aýdyp bolmaz iňňildiler bilen biziň üçin doga eder.*

– Rimlilere 8:26, The Message

Siziň, haçan-da bolsa, bir wagt durmuş ýagdaýlary sebäpli, ruhdan düşüp, hat-da nähili doga etmelidigini bilmedik wagtyňyz boldumy? Siz ýeke däl. Mukaddesler adamlaryň köpüsi öz durmuşynda şular ýaly ýagdaýy başdan geçirdiler. Şular ýaly pursatda Hudaý siziň Onuň ýanyndan daşlaşmagyňyzy däl-de, eýsem Onuň dergähine howlukmagyňyzy isleýär. Hudaý siziň ýeke özüňiz bilen galmana derek, öz ýüregiňiziň gapysyny Oňa giňden açmagyňyzy isleýär. Siz näme aýtmalydygyny ýa-da nädip doga okamalydygyny bilmeseňiz-de, biziň içimizdäki Mesihiň Ruhy bilýär.

Hudaýyň Ruhunyň biziň içimizde ýaşaýandygyny diňe bir aklymyz bilen däl, eýsem ýüregimiz bilen bilmegimiz örän wajypdyr. Indiki goşgy setirleriniň üstünde pikirlenip, biraz wagtyňyzy geçiriň. Mukaddes Ruh size nähili hakykatlary aýan edýär?

Gal. 4:6; Rim. 8:16; 1 Kor. 6:19; Ýahýa. 14:23; 1 Ýahýa. 3:24; 4:12, 13 üstünde pikirleniň. Mukaddes Ruhdan siziň üçin Özüni aýan etmegini soraň.

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Hudaý biziň «islendik wagtda we islendik ýagdaýda Ruh bilen doga etmegimizi» isleýär (Efes. 6:18, NLT). Hormatly ybadatçy,

köpsanly fiziki kynçylyklary başdan geçiren we uzak ýyllaryň dowamynda zyndanda tussaglykda bolan Uoçman Ni şeýle diýdi:

*«Hudaýa şöhrat, bize hemaýat edýän biziň gudraty güýçli Mukaddes Ruhumyz bar. Biz içimizde örän güýçli zähmet çekýän, içimizde bolýan Mukaddes Ruha bil baglamalydyrys, çünki Ol güýçsiz we habarsyz wagtymyzda biziň kömekçimiz. Biz nähili doga etmelidigini bilmeýän bolsak hem, hat-da şonda-da Hudaýyň islegini bilýän, biziň içimizde bolan Mukaddes Ruh Hudaýyň paýhasyna görä, bize doga etmegi öwreder».*

Siz özüňiz hem-de başgalar üçin we duçar bolýan ýagdaýlaryňyzda nähili doga okamalydygyňyzy näçe köp bilýanligiňiz barada pikirleniň. Biziň her bir doga-dileglerimizde Hudaýa bolan gatnaşygymyz we garaýşymyz nähili bolmaly?

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

Süleýmanyň Tymsallaryny okaň. 3:5–8; 28:26; Luka. 18:9–14; Ýakup. 4:6–10.

Siz Hudaýyň kämil isleginde bolmak isleýärsiňizmi? Haçan-da, Mukaddes Ruh göz ýaşlar, dem alyşlar, iňňildiler we asman dilleri arkaly biziň üstümiz bilen doga edende, Ol bize Ondan dolmaklyga ýardam eder. «Biziň ýüreklerimizi bilýän Atam, Ruhuň näme diýýänini bilýär, sebäbi Ruh biz, imanlylar üçin Hudaýyň islegine görä doga edýär» (Rim. 8:27, NLT). Mukaddes kitabyň şu ýerini okaň. Ruh onuň üsti bilen size näme diýýär?

*«Çünki kimde nätanyş dilde geplemäge ukyby bar bolsa, Hudaýa ýüzlenýär... Ol Ruhuň güýji bilen gepleýär, emma onuň ähli sözleri syrly. Kim nätanyş dilde gepleýän bolsa, ol özüni abatlaýandyr... Çünki men nätanyş bir dilde doga edýän bolsam, meniň ruhum hem dileg edýän bolsa-da, men*

*onuň näme diýýänine düşünmeýärin. Näme etmeli? Men Ruh bilen doga etjek, ýöne akyl bilen hem doga etjek; ruh bilen nagma aýtjak, ýöne akyl bilen hem nagma aýtjak».*

– 1 Korintoslylara 14:2, 4, 14, 15 (NLT)

*«Haçan-da, siz Ruha boýun bolanyňyzda, Ol sizi we siziň mätäçlikleriňizi Atanyň (Hudaýyň) tagtynyň öňünde beýan eder. Mukaddes Ruh Hudaýyň kämil paýhasyny we kämil islegini bilýär. Ol siziň ýüregiňizi derňeýär we sizi siziň özüňizden hem gowy bilýär, Ol sizi we siziň mätäçlikleriňizi Hudaýyň tagtynyň öňünde siziň özüňizdenem gowy beýan eder. Mukaddes Ruhuň siziň üstüňiz bilen doga edýän wagty siz hiç zady sypdyrmarsyňyz».*

– Ketrin Kulman

# ARA ALYP MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger-de, siz bu kitaby «Messenger» ybadaty tarapyndan Mukaddes Ruh baradaky maglumatlaryň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, onda 4-nji wideosapaga seretmegiňizi haýyş edýäris.*

1 | Mukaddes Ruhuň gutulyş wagtynda gelip, biziň içimizde Özüniň Öýüni guranlygynyň we Özi bilen bizi dolduranlygynyň arasynda tapawudyň bardygyna düşünmek wajypdyr. Siz bu gudratly iki başdan geçirmeleri nädip suratlandyrardyňyz?

2 | Siz nähili pikir edýärsiňiz, näme üçin Isa Öz şägirtlerine Onuň Patyşalygy üçin nämedir bir zat etmezden öňürti, Mukaddes Ruh bilen dolmaklyga garaşmalydygyny nesihat etdi (ser. Resul.iş. 1:4, 5) «Gökden gelýän güýji kabul etmek üçin garaşmak» diýlen bu taglymatdan biz nämäni öwrenip bileris we bu günki gün ony öz durmuşymyzda nädip ulanyp bileris?

3 | Mukaddes Ruh bilen dolmaklyk bize nätanyş dillerde geplemek üçin güýç berýär. Nätanyş dil – bu biziň düşünmeýän dilimiz. Özüňizi Pentikost güni başga ýurtdan Beýtullahama (Iýerusalima) gelen wepaly ýewreýiň ýerinde goýup görüň. Siz nähili pikir edýärsiňiz, eger-de ol imanlylaryň Isa Mesihiň üsti bilen gutulyşy hakynda onuň ene dilinde gepleýändiklerini eşiden bolsa, bu ýagdaýda ol özüni nähili alyp barardy?

4 | Haçan Mukaddes Ruh imanlylary ruh bilen dolduranda, haýsy iki güýç hemişe her bir ýagdaýda diýen ýaly hereket edýär? Haýsy sebäbe görä, Hudaý Korneliýä we onuň maşgalasyna bir wagtyň özünde gutulyşy we Mukaddes Ruh bilen dolmaklygy

berdi? Siziň Ony ýerleşdiren «dini gutyny» Hudaýyň nädip döwenligi we Onuň kimdigi barada siziň düşünjäňizi nähili edip giňeldenligi baradaky wakany gürrüň beriň.

5 I Eger-de, pygamberligiň aýan bolmasy we dillerde geplemeklik häzirki döwürde-de imanlylar üçin wajyp bolýan bolsa, onda Pawlus hemmeler dürli dillerde geplemeýärler (ser. 1 Kor. 12:27–30) we diller ýitip giderler diýende, ol nämäni göz öňünde tutupdyr (ser. 1 Kor. 13:8–12)? Bu goşgulary dykgat bilen okaň we düşündiriň.

6 I Mukaddes kitapda dilleriň dört görnüşi barada aýdylýar. Indiki goşgyny okaň we dilleriň dört derejesini atlandyryň, şeýle hem näme üçin Hudaýyň Öz Ýygnagyna Mukaddes Ruhuň aýan bolmasynyň dört sany dürli görnüşini berendigini düşündiriň.

1 Korintoslylara 14:22;

1 Korintoslylara 12:10;

1 Korintoslylara 14:14, 15;

Rimlilere 8:26–28.

Näme üçin dilleriň bu görnüşleriniň arasyndaky tapawudyna düşünmek wajyp?

7 I Imanly adam Mukaddes Ruhdan dolup we dillerde geplemän bilermi? Eger-de şeýle bolsa, onda näme üçin we eger-de beýle däl bolsa, onuň sebäbi näme? Munuň bolup geçmesiniň belli sebäpleri nähili?

BELLIKLER

**Bölüme gysgaça syn:**

- Ruhuň güýjünden almaklyk Patyşalygyň ähli işi üçin zerurdyr.
- Mukaddes Ruh bilen dolmaklyk – bu gutulyşdan soň bolup geçýän aýratyn wakadyr.
- Gutulyş bize Mesihde orun berýär; Mukaddes Ruh bilen dolmaklyk bize Onuň ýaly ýaşamak üçin güýç berýär.
- Diller ýitip gitmedi, olar tä biz Isany ýüzbe-ýüz görýän wagtymyza çenli hereket ederler.
- Dilleriň dört sany görnüşi bar: imansyzlar üçin alamat hökmündäki diller, düşündiriş üçin diller, şahsy doga etmek üçin diller we towakga etmek üçin diller. Ilkinji ikisi köpçüligiň öňünde ybadat etmek üçin ulanylýar, soňky ikisi bolsa hususy maksatlar üçin gerek.

# 5

# Ruhuň dili

*Eger-de siz Ony bilinmeýän dillerde şöhratlandyrsaňyz, onda Hudaý size düşünýär... çünki siz iň mukaddes zadyňyzy diňe Onuň bilen paýlaşýarsyňyz.*

–1 Korintoslylara 14:2, The Message

## 1-nji gün

Mukaddes kitabyň terjimesi bolan The Message biziň Hudaýymyz bilen bu şahsy duşuşygy beýan edişi maňa ýaraýar. Bilinmeýän diller güýçli özara täsiriň beýany bolup, ol diňe siz bilen Hudaýyň arasynda bolup geçýär. Kitabyň soňky babynda biz Täze Ähtde ady agzalyp geçilen dilleriň dört görnüşine seredip geçdik: imansyzlar üçin alamat hökmündäki diller, Ýygnakda düşündiriliş üçin diller, şahsy doga etmek üçin diller we towakga etmek üçin diller. Bularyň birinji ikisi köpçülikleýin ybadat edilende (iki adamdan köp ýygnalan ýerde) ulanmak üçin, galan iki dil bolsa şahsy doga etmek üçin niýetlenen. Bu bapda biz Hudaýyň Ruhy bilen şahsy özara hereketimiziň funksiýasyna we häsiýetine seredip geçmegi dowam ederis. Bu bolsa öz gezeginde dillerde geplemegi we düşünip geplemegi öz içine alýar. Olaryň ikisi bilelikde Ruhuň dilini emele getirýärler.

Ýene-de bir gezek düşündirýärin: bu düşünjeler barada «şahsy» zat hökmünde aýtmak bilen, olar haçan-da adam ýeke özi galanda ulanylýar diýmegi göz öňünde tutmaýaryn. Asman dilleriniň şahsy düşünjeleri Mukaddes kitabyň «bilimsizler» ýa-da «iman etmedikler» diýýänleri üçin duýgurlyk bilen ulanylýar.

Bu düşünjeler adam ýeke bolanda ýa-da Ruhuň aýan bolmasyna

ynanýan beýleki imanlylaryň arasynda wagty hem ýüze çykyp bilerler. Ol biziň öz maşgalamyz bilen şahsy gürrüňlerimize meňzeş, sebäbi biz bu barada köpçülikde ýa-da nätanyş adamlaryň ýanynda gürlemeýäris. Çünki bu nätanyş adamlar biziň näme barada gürleýänimize düşünmezler (ser. 1 Kor. 14:22–25).

Pawlusyň Korintoslylara iberilen Birinji hatynda (14:2) dilleriň «şahsy diller» ýaly ulanylyşy dogrusynda näme diýýänine üns beriň. Gynansakda, Ýygnaklaryň köpüsinde adamlar düşünmeýärler we şahsy dilleriň ajaýyp peşgeşini bütinleý elden gidirýärler, sebäbi olar şahsy ýakynlyk üçin mynasyp ýeriň we wagtyň gerekdigine akyl ýetirip bilmeýärler. Biri-birini söýýän jübütleriň ýakyn aragatnaşyklary üçin öz wagty we ýeri bolýar. Bu olaryň toýundan öň bolýarmy? Ýok. Ýa köpçülikde bolýarmy? Elbetde ýok. Bir adam üçin ajaýyp hasaplanylýan we Hudaý tarapyndan bellenilen wagt we ýer beýleki bir adam üçin ýerliksiz hem-de ahlaksyz bolup biler. Hudaý jynsy gatnaşyklar diňe şahsy we är-aýal kasamy edilenden soň bolmaly diýip tassyklady. Edil şunuň ýaly hem, dilleriň aýratyn görnüşleri diňe şahsy halda ulanylmaly, sebäbi olar hut ýakyn aragatnaşyk üçin niýetlenen. Bu bolsa ruhy taýdan edil fiziki ýakynlyga barabar we onuň hem öz wagty hem-de ýeri bar. Hudaýyň ilkibaşda jynsy gatnaşyklar üçin niýetlenen meýlini we maksadyny bu dünýä azaşdyrany üçin mesihilere ulanmazlyk gerekmi-kä? Elbetde ýok! Edil şunuň ýaly, biz hem diller peşgeşini inkär edip ýa-da ýigrenip bilmeýäris.

Men köp adamlaryň Mesihiler Ýygnagynda diller peşgeşiniň dürli ugurlaryny nädogry ulanandyklaryny we hatda hyýanatçylykly peýdalanandyklaryny bilýärin. Emma biz kimdir biri oňa nädogry düşünýär ýa-da ony nädogry ulanýar diýip, Mesihiler Ýygnagyny öwretmekden boýun gaçyrmaly däl. Ine, näme üçin men bu bapda şu asman diliniň syrly tebigatyny derňemek we onuň durmuşdaky maksadyny siziň gowy bilmegiňiz üçin kömek bermek isleýärin.

Ýadyňyzdamy, Mukaddes Ruh – bu hakykat Ruhydyr, haçan-da siz Hudaýyň Sözüniň parasatlylygyna boýun bolanyňyzda, Ol

(Mukaddes Ruh) size ähli hakykaty aýan eder. Biraz saklanyň we Ony bu sapaga çagyryň. Ondan siziň aňyňyzy Onuň Sözüne gabat gelmeýän ähli ters pikirlerden we ynançlardan arassalamagyny haýyş ediň. Eger-de, öz çäkli düşünjämize Hudaýyň baky beýikligini anyklamaga we çäklendirmäge rugsat etsek, onda Onuň kämilligini başdan geçirmek mümkin däl.

## Prezident we Patyşa

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň raýaty bolmak bilen, biziň prezidentimiz bilen naharlanmaga çakylyk almak meniň üçin hormat we örän ýakymly bolardy. Biziň prezidentimiz bütin dünýäde iň sowatly we güýçli adamlaryň biri. Köpsanly dürli gurluşlaryň onuň ygtyýaryndadygyny göz öňünde tutsak, onuň üçin elýetmez maglumat ýok bolsa gerek. Prezidentiň biziň işlerimiziň ýagdaýy baradaky bilýän maglumatlary meniň bilýänlerimden has köp: meniň hökümetde hiç hili ornumyň ýok wagty, ol baş serkerdebaşy. Şonuň üçin, prezident biziň ýurdumyzyň ýagdaýy barada meniň bilen meniň düşünjämiň derejesine laýyk gürleşerdi. Ýogsam, men onuň bilen aragatnaşyk açyp bilmezdim, sebäbi netijeli aragatnaşyk umumy deň derejäni talap edýär. Edil şonuň ýaly, men bütin älemiň Patyşasy bilen Onuň derejesinde gürleşip bilmeýärin. ABŞ-nyň prezidenti biziň ýurdumyzyň ýagdaýy barada köp zatlary bilip biler, emma Hudaý bütinleý ähli zady bilýär. Ondan hiç zat gizlin däl. Haçan-da, men Hudaýa akylym bilen doga edenimde, meniň bilýän we görýän zatlarym çäklidir. Hudaýa Öz perzentleri bilen ýakynlygyň çäklendirilen derejesi ýeterlik däl. Şol sebäpli hem Ol bize Onuň derejesinde gepleşmegimiz üçin mümkinçilik berdi. Ol muny Öz Ruhuny bize peşgeş bermegi bilen amala aşyrdy. Hudaý göýä bize: «Men Öz perzentlerim bilen Özümiň bilimlerimden, düşünjelerimden we paýhasymdan has pes derejede ýönekeý gürleşesim gelenok. Men olaryň Meniň bilen has çuň aragatnaşyklary saklamak ukybyna eýe bolmaklaryny isleýärin. Şonuň üçin Men

Öz perzentlerime Kömekçi, ýagny Öz Ruhumy peşgeş bermekçi» diýýän ýaly. Mukaddes Ruhuň barlygy we Onuň bilen aragatnaşyk arkaly biz Beýik Ýaradyjy bilen çuňňur ýakynlygy başdan geçirýäris.

Hudaýyň islegi we Onuň ýoly biziň çäklendirilen düşünjämizden has ýokary, emma haçan-da biz Ruhda doga edenimizde, biz öz şahsy düşünjämize görä doga etmän, eýsem Onuň Ruhunyň islegine görä doga edýäris. Siz düşünýäňizmi? Haçan-da biz Ruhda doga edenimizde, Hudaýyň kämil islegine laýyklykda doga edýäris.

## Uruş üçin dil

> «Çünki biziň söweşimiz adamlara garşy däl-de, hökümdarlara garşy, ygtyýarlylara garşy, bu garaňky dünýäniň häkimiýetlerine garşy, ýamanlygyň gökdäki ruhy gudratlaryna garşydyr» (Efes. 6:12).

Käwagt biz şeýtanyň ähli adamzat neslini ýok etmek üçin uruş yglan edenini ýadymyzdan çykarýarys. Onuň strategiýasynyň maksady bizi ýaşaýşyň çeşmesi, gözbaşy bolan Ýaradyjydan aýra salmakdyr. Emma Hudaý duşmanyň pikirlerini bilýär. Ol şeýtanyň maksatlaryny ýok etmek üçin Özüniň çäksiz paýhasynda gizlin strategiýany işläp düzdi. Pawlus oýundaky bu öwrülişigi Korintoslylara iberilen Birinji hatynda şeýle beýan edýär (2:7, 8): «Hudaýyň zaman başlamazdan öň biziň şöhratymyz üçin bellän gizlin, syrly akyldarlygydyr. Bu akyldarlyga bu döwrüň hökümdarlarynyň hiç biri düşünmedi, çünki düşünen bolsalar, şöhratly Rebbi haça çüýlemezdiler».

Pawlus hajyň güýjüni, «öň bellenen», emma Isanyň öleninden we direldileninden soň aýan bolan mukaddes gizlin parasatlylygy beýan edýär. Isanyň haçda gurbanlygy duşmanyň gadymy pirimlerini bozmak bilen, bize Hudaý bilen ýakyn aragatnaşyklara ýol açdy.

Hudaýyň haç baradaky meýili – bu diňe bir şu dünýäniň hökümdarlaryndan pynhan saklanan syr däldir. Hudaýyň paýhasynyň (Onuň Sözleri) köpsanly ugurlary bar, olar şu wagt gizlindir,

olary diňe Mukaddes Ruh bilen açyp we tapawutlandyryp bolýar. Imanlylar hökmünde Ruh bilen aragatnaşyk etmegiň üsti bilen bize bu syrlara ýol açyldy.

Men bu kitapda Hudaýyň biziň gutulyşymyz bilen kanagatlanmaýandygy barada eýýäm ýatlap geçipdim. Şeýle-de, Ol Isa Mesihde bize dereje hem-de uzak wagtlap biziň köňüllerimiziň azar berijisi bolan duşman bilen söweşmek üçin güýç, häkimiýet peşgeş berdi. Indi biz Hudaýyň Patyşalygynyň mirasdüşerleri we esgerleridiris. Biziň maksadymyz Isa Mesihiň işini ýaýratmakdyr. Hudaý Özüniň paýhasy bilen kämil meýlini Onuň ýoly ugrunda göreşýänlere gizlin bermek üçin özboluşly ýoly ýaradypdyr. Uruş döwründe meýilnamalary we maglumatlary gizlin bermek maksady bilen, goşunlarda tutuşlaýyn «diller», käwagt bolsa çylşyrymly kodlar işlenilip düzülipdir. Şeýlelik-de, maglumatlar hiç hili kynçylyksyz gizlin iberilipdir. Olar näme üçin beýle edýärler? Gizlinlik (syrlylyk) adamlaryň howpsuzlygy we işiň üstünligi üçin zerur. Eger-de, duşman olaryň syryny açsa, onda ol ägirt uly garşylyklaýyn hüjümi meýilleşdirip biler. Hudaýyň perzentleri hökmünde bize Mukaddes Ruhuň üsti bilen Hudaýyň strategiýalarynyň syrlaryny açmaga mümkinçilik berýän, emma şol bir wagtyň özünde-de duşmana Belent Serkerdebaşymyzyň meýillerini bildirmezden, asmanyň gizlin habarlaryna biziň üçin ýol açyldy. Pawlus dowam edýär:

> «Her hili doga we dileg bilen, hemişe Ruhda doga ediň. Şu maksat bilen bütin mukaddesler üçin ýalbaryp, durnuklylykda hüşgär boluň» (Efes. 6:18).

Hudaýyň size doga etmegi buýruk bermegi ýöne ýerden däl. Onuň ýerdäki esgerleri bolan hut biz tümlügiň güýçleri bilen göreşýäris. Biziň iň gorkunç ýaraglarymyzyň biri - bu Ruhda doga etmek. Ol Hudaýyň strategiýalarynyň aňyrsynda duran meýilnamalar we maksatlar barada duşmany habarsyz saklaýar. Käwagt Hudaý enäniň ýüregine agyr gam-gussa salyp, onuň öz ogly (perzendi) üçin towakga etmekligine duýgy döreder. Ol öz oglunyň durmuşynda

nämeleriň bolup geçýändigi barada bilýän hem däl bolsa gerek, emma Ruhuň çagyrmagy boýunça ol doga edip başlamalydygyna düşünýär. Özüniň asman dilindäki towakga dogasynda ol ruhy dünýäde buýruklary berer we öz oglunyň ömri üçin Hudaýyň kämil islegini sorar.

Şol sebäpli bize şeýle diýildi: «Urşy maslahatlaşyp alyp barmaly» (Süleýmanyň Tymsal. 20:18). Asman dili biziň düşünjämizden has ýokary we wagt hem-de giňişlik taýdan çäklendirilmedik. Haçan-da, biz Ruhda doga edenimizde, öz aňymyza bil baglamaýarys, emma Hudaýyň çäksiz paýhasynyň giňligine bil baglaýarys. Bu bolsa Pawlusyň diýýän sebäpleriniň biri: «Siziň hemmäňiziň dillerde geplemegiňizi ... arzuw edýärin». Duşman biziň asman dilimizi eşitmeýär we düşünmeýär, sebäbi bu Hudaýyň Öz perzentleri bilen ýakyn aragatnaşygynyň serişdesi. Bu serişde duşmanyň biziň we biziň doganlarymyzyň we uýalarymyzyň garşysyna bolan pikirlerini ýok etmekde örän netijeli täsir edýär.

> «Ine, size …, … we duşmanyň bütin güýjüni depelemäge ygtyýar berdim...» (Luk.10:19).

Biz, imanlylarda dünýäde Hudaýyň Patyşalygyny arkaýyn ýaýratmaga zerur bolan esbaplar bar (ser. Matt. 11:12). Mesihiler Ýygnagy – bu ýerdäki Mesihiň Tenidir. Biziň eýýäm aýdyp geçişimiz ýaly, Isa fiziki taýdan indi bu ýerde ýaşamaýar. Biz Hudaýyň Patyşalygyň wekilleri we esgerleri bolup, Onuň özgerdiji güýjüni dikeldişe, azatlyga we bagyşlanma mätäç adamlara ýetirýäris. Emma biz hiç haçan Mukaddes Ruhuň güýji bolmasa, mätäçlik çekýän we heläk bolup barýan dünýä üçin Mesihiň Teni bolup bilmeris. Şeýtan we onuň ýaranlary sizden gorkmaýarlar, olary siziň Mesihde kimdigiňiz hem-de Gudraty Güýçliniň ogullary ýa-da gyzlary hökmünde eýe bolan güýjüňiz gorkuzýar.

## 2-nji gün

# Ýakyn aragatnaşyk etmek üçin dil

Aýalym ikimiz eýýäm köp wagtdan bäri bile ýaşaýarys, şonuň üçin biziň öz dilimiz bar. Men ýöne bir «SHO» diýenimde, aýalym derrew meniň nämäni göz öňünde tutýandygyma düşünýär. Haçan-da, biz durmuş guranymyzda, her bir täze ybadat «Halkara operasiýa» diýen ýaly sözi öz içine alýan ýaly bolup göründi.

Şonuň üçin, biz Liza bilen özümiziň «Söýgi» atly Halkara operasiýamyzy esaslandyrmagy makul bildik (SHO). Biz biri-birimize seredip, «SHO» diýmek bilen, ikimiz hem mähir-muhabbeti isleýändigimize düşüneris. Bizi eşiden islendik adam şeýle pikir etmegi mümkin: «Olar näme barada aýdýarlar?» Megerem, bu manysyz, ýöne ýakyn şahsy dildir, ony diňe men we Liza bilýär.

SHO - biziň biri-birimiz bilen habarlaşmak üçin oýlap tapan köpsanly gepleşik serişdeleriniň bary-ýogy diňe biridir.

Edil şolar ýaly, asman dilinde doga etmek bilen, biz Hudaý bilen ýakyndan aragatnaşyk saklaýarys. Siz: «Jon, men hat-da näme hakda doga edýänime-de düşünemok. Eýsem, Mukaddes kitapda: «Çünki men başga bir dilde doga edýän bolsam, ruhum doga edýändir, ýöne akylym miwesizdir?» (1 Kor. 14:14) diýlip ýazylmanmy diýersiňiz. Hawwa, bu dogry. Emma, hut şol sebäpli öňki goşgy setirlerinde şeýle diýilýär: «Şonuň üçin, başga dilde gepleýän kişi, düşündiriliş peşgeşiniň berilmegi üçin doga et» (goşgy 13). Haçan-da, men dillerde Hudaýdan doga edenimde ýa-da gepleşenimde, Ondan meniň dogalaryma düşündiriş bermegini soraýaryn. Bilýäňizmi, şonda näme bolup geçýär? Taglymatlar, paýhas we ylham gelýärler we meniň ruhumdan syzylyp çykýarlar. Men taglymatlar we ylham meni ruh bilen püre-pür dolduran pursaty bolup geçýän ýagdaýy deňizleriň jümmüşinden böwsüp çykýan howa bilen deňeşdirip, hemme zatdan gowy suratlandyryp bilýärin. Olar meniň içimdäki

adamyň çuňlugyndan azat bolup, meniň aňymyň we düşünjämiň üst ýüzüne çykýarlar.

Size bir mysal getireýin. Haçan-da, men Mukaddes kitabyň meniň üçin düşnüksiz bölegini okanymda, men şeýle diýýärin: «Mukaddes Ruh, maňa öwret», soňra men dillerde doga edip başlaýaryn.

Ylham birden gelmeýär, köplenç, ol giçräk gelýär, ýagny men haýsydyr bir iş bilen meşgul bolan wagtym, ulag sürenimde, suwa düşenimde ýa-da ýöne dynç alanymda, golf oýnuny oýnanymda gelýär.

Ruh bilen ýakynlaşmagyň netijesinde ýazgylaryň manysyny aýdyňlaşdyrmak üçin eden haýyşlarymyň jogaby hökmünde ylham birden meniň ýanyma gelýär. Hudaý Öz syrlaryny sabyrly adamlara açýar. Haçan-da, biz sabyrly bolanymyzda (Ruhdan Onuň ýol görkezmegini soranymyzda) biz Onuň bilen ýakynlaşýarys we uly ruhy ylham alýarys.

Bu zatlar ruhy güýç dogrusynda-da şeýle bolýar. Pawlus Mukaddes Ruhuň hut oňa aýdanlaryny indiki sözler bilen beýan edýär:

> Rebbim maňa şeýle diýdi: «Saňa Meniň merhemetim ýeterlikdir, çünki Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýär diýdi. Şonuň üçin Mesihiň gudraty üstüme kölege salar ýaly, höwes bilen öz ejizliklerim hakda has hem magtanýaryn».
>
> –2 Kor. 12:9

Hudaýyň gudraty bolan Onuň merhemeti hem sabyrly adamlara berilýär (Pawlus özüniň ejizligini boýun alanda, hut, sabyrlylyk barada aýdýar). Haçan-da, siz Hudaýyň Ruhunyň baky paýhasyna boýun bolup, sabyrly bolsaňyz, Onuň has güýçli gudraty siziň üstüňize döküler. Munuň özi hem, ahyrsoňunda, Ruha ýakynlaşmagyň netijesidir.

Biziň günbatar jemgyýetimiz netijelere gönükdirilen. Biz köplenç eden işimiziň netijesini tiz wagtyň içinde görmesek, özümiziň

erjelligimizi ýitirýäris. Biz haçan-da, Ruh bilen doga edenimizde, biz öz geljegimizi baýlaşdyrýandygymyza düşünmelidiris. Käwagt ylham biziň düşünjämize ornaşýança biraz wagt garaşmaly bolýar. Ruh bilen doga etmeklik ynamy talap edýär, sebäbi ol biziň tebigy aklymyzyň gutarýan ýerinde başlanýar. Ruh bilen doga etmeklik biziň ynamymyzy berkidýär we biziň Hudaýyň paýhasyna akyl ýetirmäge bolan ukybymyzy artdyrýar.

## Akyl bilen doga etmek

Bu bapda Ruh bilen doga etmeklige seredilmeýär, emma şeýle-de bolsa, akyl bilen okalan doga hem özüniň netijelerini berýär. Pawlus biziň hem akyl bilen, hem Ruhda doga etmegimizi aýdyň aýdýar.

> «Men ruh bilen doga etjek, ýöne akyl bilen hem doga etjek; ruh bilen nagma aýtjak, ýöne akyl bilen hem nagma aýtjak» (1 Kor. 14:15).

Haçan-da, men öz ene dilimde doga edenimde, gönüden-göni öz aklyma öwüt-nesihat berýärin. Şular ýaly doga güýçli emosiýalary we duýgulary oýarýar.

Ol meni doga edýän adamym bilen birleşdirýär, goý, ol Liza bolsun, goý, ol çagalar, dostlarym, işdeşlerim we ş.m. bolsun, tapawudy ýok.

Edil şonuň ýaly, haçan-da men akyl bilen doga edenimde we öz Atamyň mertebesini galdyranymda, minnetdarlyk duýgularyndan püre-pür bolýaryn.

Käwagt meniň Hudaýyň emrine eýerip, akyl bilen doga edýän wagtlarym bolýar. Bu Ruh bilen doga etmekligiň başga bir görnüşi. Ýöne, köplenç, men ilkibaşda Ruh bilen doga edýärin, soňra bolsa Hudaý meniň eden dileglerime düşündiriş we düşünme berýär. Şonda maňa tanyş sözler derýa bolup meniň dodaklarymdan akyp başlaýar.

Bu kitapda Ruh bilen doga etmegiň wajyplygy barada aýtmak bilen, men akyl bilen doga etmegiň zerurlygyny hiç hili azaltmaýaryn. Men diňe doga-dilegli sagdyn durmuşyň hem Ruh bilen doga etmekligi, hem akyl bilen doga etmekligi öz içine alýandygy baradaky pikiri ýetirmekligi umyt edýärin. Dilegleriň ikisi-de biziň Hudaý bilen, oňa ynanyp ýaşaýan durmuşymyzda örän zerurlykdyr.

## Biziň ýaşaýyş çeşmämiz

Süleýmanyň Tymsallarynda ýazylan: «Adamyň jany Rebbiň çyrasydyr; ol ynsan ýüreginiň bütin jümmüşini barlaýandyr» (20:27). Hudaýyň Ruhunyň gudratlary ýagtylanýarlar we ilki bilen akylymyzda däl-de, biziň ruhumyzda aýan bolýarlar. Ine, näme üçin, biz Ruh bilen doga edenimizde, biz ynanmalydyrys hem-de öz dileglerimiziň düşündirişini soramalydyrys. Mukaddes Ruhuň biziň ruhumyza berýän ylhamy ilki bilen erkin bolýar we soňra biziň düşünjämiziň derejesine çenli belende galýar.

Mukaddes kitapda şeýle diýilýär: «Maslahat ynsanyň ýüreginde [maslahat, paýhas, ugur görkezme, maksat] çuň suw ýalydyr, düşünjeli adam bolsa ony çekip çykarar» (Tymsal. 20:5). Hajyň gudratynyň üsti bilen Hudaý bize täze ýürek berdi (ser. Ýezek. 36:26). Indi biz pikirleri (Mukaddes kitabyň iňlisçe terjimesinde «maslahatlary». – takmynan terjime edilipdir) özümiziň täzelenen ýüregimiziň çuňlugyndan susup alyp bileris (Mukaddes Ruh biziň Maslahatçymyz diýlip atlandyrlypdyr).

Ýahýanyň Injilinde ýazylan, Isanyň sözleri (7:38, 39) bu hakykaty tassyklaýar:

> «Kim maňa iman etse, Ýazgyda aýdylyşy ýaly, onuň içinden dirilik suwunyň bulaklary akar. Ol muny Özüne iman edenleriň soňra aljak Ruhy barada aýdýardy. Olara entek Mukaddes Ruh inmändi, çünki Isa entek şöhratlandyrylmandy».

Şeýle-de, Işaýanyň Kitabyndan başga bir goşgy ýadyma düşýär (12:3):

«Şatlyk bilen guýulardan suw çekişiňiz deý, şatlyk bilende halas edilersiňiz».

Ýahýa Isanyň biziň ýüreklerimizden akar diýip aýdan «dirilik suwy» munuň özi «Ruhdyr» diýip aýdyň aýdýar. Näme üçin Isa Ruhy suwa deňeýär? Suw ýaşaýş we saglygy berýär, şonsuz ýerde ýaşaýyş ýok bolup gider. Ruh barada «dirilik suwy» hökmünde aýtmak bilen, Isa Ruh ýaşaýşyň barlygydyr diýýär. Hudaý şeýle diýýär: «Meniň halkym bilimsizlikden weýran edilýär...» (Hoşeýa. 4:6). Hudaý nähili bilim barada aýdýar? Ol Özüniň ýollarynyň we maksatlarynyň bilimi barada aýdýar. Biz Onuň ýüreginiň bilimi bilen gelýän ýaşaýyşyň dolulygynda ýaşap bilmegimiz üçin Hudaýyň Özüniň Ruhuny bize iberenligi üýtgeşik täzelik.

Hudaýa akyl ýetirmezden Oňa ybadat etmek mümkin däl. Hatda meniň toparymyň agzalary hem meniň ýüregimdäkini bilmeseler, olar meniň bilen gowy işleşip bilmeýärler. Haçan-da, biz Hudaýyň Sözüni okanymyzda we doga bilen watymyzy geçirenimizde, Ruh bize Hudaýyň ýüregini aýan edýär. Bu güýç biziň bagtly, şadyýan ýaşamagymyz üçin gerek. Nehemýanyň Kitabynda: «...Rebbiň öňündäki şatlyk – bu siziň üçin uly güýç» diýip ýazylan (8:10 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy). Başga söz bilen aýdylanda, haçan-da biz Ondan lezzet alanymyzda (Mukaddes Ruhuň barlygyny duýanymyzda) geljegimiz üçin Ondan güýç alýarys. Siziň nähili etjekdigiňizi bilemok, ýöne men-ä Onuň şatlygyndan aýra bir gün hem ýaşasym gelenok.

## Hudaýyň syrlary

Mukaddes kitabyň Tymsallaryndaky we Ýahýanyň Injilindäki ýerlerinden görnüşi ýaly, biziň ýüreklerimiziň töründen böwsüp çykýan suw Hudaýyň syrlaryny ýa-da gizlin paýhasyny özünde saklaýar. Şeýle-de, biz bilýäris, ýagny Hudaý bu syrlary we çuňluklary Özüniň Ruhy bilen aýan edýär. Indi, ýene-de bir gezek Pawlusyň

sözlerine üns bereliň: «Hudaýyň gizlin, syrly akyldarlygyny wagyz edýäris» (1 Kor. 2:7 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy).

Grek dilindäki «syr» sözi «açyk, aýdyň» ýa-da «ümürli» däl, ýagny «gizlin ýa-da doly aýan bolmadyk» diýmegi aňladýar.

Bu ýagdaý şeýleräk görünýär: özüňizi ajaýyp restorana geldiňiz diýip göz öňüne getiriň. Siziň ýanyňyza baş aşpez gelýär we ol siziň naharlar baradaky pikiriňizi bilmek isleýär. Soňra ol diňe siziň islegiňiz boýunça nahar taýýarlaýar. Haçan-da nahar taýýar bolanda, ofisiant getirip, ony siziň öňüňizde goýýar. Bu restoran örän üýtgeşik we ýokary derejeli bolansoň, bu ýerdäki naharlaryň hem müşderiniň öňüne getirilip goýulýança üsti ýapyk bolýar. Siz öňüňizde diňe siziň naharyňyzyň bardyyny bilýärsiňiz, emma ol belli bir derejede syrly, sebäbi entek onuň nähilidigi size görnenok. Ofisiant tarelkany stoluň üstünde goýup, onuň gapagyny açýar we ine, siziň naharyňyz. Indi, siz baş aşpeziň diňe siziň üçin taýýarlan naharyny görýärsiňiz. Nahar siziň öňüňizde birden tarelkada peýda bolmady, ol öňden hem şol ýerde bardy, ýöne onuň gapagy aýrylýança, siz ony görmediňiz. Ofisiant siziň naharyňyzyň syryny açdy. Baş aşpez bu aşpezçilik tagamyny bilýärdi, emma siziň üçin ol gizlindi.

Hudaý Özüniň Ruhy bilen Öz syrlarynyň, gizlin maksatlarynyň üstünden gapagy aýyrýar. Indi biz Ruh bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly:

> «Hudaýyň zaman başlamazdan öň biziň şöhratymyz üçin bellän gizlin, syrly akyldarlygyny wagyz edýäris... Hudaýyň özümize beren bereketelerini biler ýaly... Biz bulary adam akyldarlygynyň öwreden sözleri bilen däl-de, ruhy zatlary ruhy sözler bilen sözläp, Ruhuň öwreden sözleri bilen aýdýarys» (1 Kor. 2:7, 12, 13).

Soňrak Pawlus şol hatynda şeýle ýazdy: «Çünki bilinmeýän dilde gepleýän adam bilen däl-de, Hudaý bilen gepleşýändir; çünki oňa hiç kim düşünýän däldir, ol syrlary ruh bilen aýdýandyr» (1 Kor. 14:2). Meňzeşligi görýäňizmi? Haçan-da, biz dillerde geplänimizde, biz

Hudaýyň syrlaryny aýdýarys. Biz bu syrlaryň biziň ýüreklerimiziň töründe gizlin ýatandygyny eýýäm bilýäris (ser. Tymsal. 20:5). Haçan-da, Hudaýyň paýhasynyň dirilik suwunyň bulaklary biziň içimizden akanda, bu syrlar ýüze çykýarlar (ser. Ýahýa. 7:38, 39).

Şonuň üçin, biz dillerde doga edenimizde öz-özümize öwüt-nesihat berýäris, sebäbi ol «dirilik suwuny», ýaşaýşyň barlygyny susup alýar. Bu bolsa bize Mukaddes Ruhuň çuňňur maslahatyna düşünmäge kömek edýär!

Ýokarda belläp geçişim ýaly, men köplenç Mukaddes kitapda meniň düşünjämden has ýokary düşünjelere gabat gelýärin. Şonda men Ruhda doga edip başlaýardym we ylham alýardym. Şu kitaby ýazanymda köplenç kynçylyklara duçar boldum. Göýä, maňa aýtmaga hiç zat ýok ýalydy. Şular ýaly ýagdaýlarda men diňe bir zat edýärdim, ýagny kompýuteriň öňünden aýrylyp, dillerde doga edip başlaýardym we täze ylham şol bada gelip, meni püre-pür edýärdi. Şu pursatlarda näme bolýar? Hudaýyň Ruhunyň dirilik suwy göni meniň ýüregimden syzylyp akýar!

Eger-de, siz Hudaý bilen gepleşmeýän bolsaňyz, belli bir syrlar siziň tebigy aňyňyz üçin gizlin galyp biler. Bu siziň haýsy Ýygnaga gitmelidigiňiz, kime öýlenmelidigiňiz ýa-da kime durmuşa çykmalydygyňyz, haýsy işde işlemelidigiňiz, haýsy öýi satyn almalydyňyz ýa-da ýolbaşçylar üçin haýsy dogany okap, towakga etmelidigiňiz, şeýle hem nädip gowy är-aýal bolmalydygyňyz, öz çagalaryňyzyň terbiýesinde ýüze çykýan garşylyklar bilen nädip göreşmelidigiňiz, öz işiňizi nädip mundan hem gowulandyrmalydygyňyz we beýlekilere nähili kömek bermelidiňiz baradaky syrlar bolup biler. Hudaýyň bizi kynçylyklary öz aklymyz bilen başdan geçirmek üçin ýekelikde goýmandygy gudrat dälmi? Onuň Ruhunyň üsti bilen biz Onuň maksatnamalary (biziň üçin nämäniň has gowydygy) bilen ýakyndan tanyş bolup, Onuň wada beren salamatlygyndan lezzet alyp bilýäris.

## 3-nji gün

### Salamatlyk: ýakynlaşmak peşgeşi

Galatýalylara iberilen Hatynyň bäşinji babynda salamatlylyga Ruhuň barlygynyň we biziň ýaşaýşymyzda ylalaşygyň aýan bolmasy diýlip aýdylýar. Bu biziň gündelik durmuşymyzda köp ulanylýan ajaýyp merhemetdir.

Men entek öýlenmänkäm geljekki aýalymyň häsiýetiniň nähilidigini asla bilmeýärdim. Men Liza Toskano atly gyz bilen duşuşýardym. Men onuň maňa ýaraýandygyna düşündim. Onuň häsiýeti we ondaky ähli zatlar meni özüne çekýärdi. Ýöne men diňe Hudaýyň meniň üçin taýýarlap goýan gyzyna öýlenmek isleýärdim. Liza Arizona ştatynda ýaşaýardy, men bolsa Tehas ştatynda ýaşaýardym. Biziň ikimizem geljekki özara gatnaşyklarymyz üçin Hudaýyň ugur görkezmegini isleýärdik. Şonuň üçin men Liza: «Gel, ikimiz her gün otuz günüň dowamynda ýarym sagatlap Ruhda doga edeli we öz ýüreklerimizi diňläli. Eger-de, sen nähilidir bir oňaýsyz duýgyny başdan geçirseň, diýmek, Hudaý bize özara gatnaşyklaryňyzy bes ediň diýýär. Ýöne eger-de, seniň ýüregiňde salamatlyk bolsa, onda Mukaddes Ruh biziň özara gatnaşyklarymyzy dowam etmegimizi makullaýar» diýdim. Doga eden wagtymyzda biziň her birimiz salamatlyk we şatlyk duýduk, biz geljekki duýgulara garaşmakdan dolduk. Otuz günden soň biziň her birimiz doga eden wagtymyz başdan geçiren duýgularymyzy aýdyp berdik we ikimiziň hem şol bir duýgularyň şaýady bolandygymyza göz ýetirdik. Şondan soň biz jübütler ýaly gatnaşýardyk we ahyrsoňunda biz toý etdik.

Ondan bäri eýýäm otuz ýyldan hem gowrak wagt geçdi we men ikimiziňem bu salamatlygy synap görenimiz üçin şeýle minnetdardyryn!

Rimlilere iberilen Hatynda (8:14) şeýle ýazylypdyr: «Çünki Hudaýyň Ruhy arkaly ideklenýänleriň bary Hudaýyň ogludyr

[we gyzydyr]». Mukaddes kitabyň bu ýerinde Mukaddes Ruhuň Hudaýyň perzentlerini nähili idekleýändigi düşündirilýär: «Biziň Hudaýyň perzendidigimize şol ruhuň özi ruhumyz bilen güwä geçýär» (8:16). Bu bolsa Ruhuň bizi - Özüniň salamatlygy ýa-da güwälik etmegi bilen idekleýän esasy ýoludyr.

Siz haçan-da bolsa bir wagt bir işi amala aşyrjak bolanyňyzda, onuň logika taýdan dogrydygyna düşünip, emma her gezek bu barada pikirleneniňizde oňaýsyz duýgulary başdan geçirýärdiňizmi? Megerem, siz munuň sebäbiniň nämededigini bilen däl bolsaňyz gerek, siziň saýlawyňyzda näme zat nädogry boldy, - çünki ähli zat dogry ýalydy ahyryn. Eger-de siz Mukaddes Ruh bilen aragatnaşykda bolan bolsaňyz, diýmek bu oňaýsyz duýgyny Ol yşarat edip, size şeýle diýendir: «Bu ugurda hiç hili hereketleri etme». Men şular ýaly ýagdaýlary köp başdan geçirdim. Käwagt meniň Mukaddes Ruhuň yzyna eýermek baradaky kararymyň birnäçe ýyllar geçýänçä hiç hili manysy bolmaýardy.

Şular ýaly ýagdaýlarda men Oňa ynanmagy öwrendim. Ýadyňyzdamy, Onuň paýhasy (akyldarlygy) wagt bilenem, giňişlik taýdanam çäklendirilmedik - diýmek, häzirki wagtda sizi ugrukdyryp, Ol hemişe siziň geljegiňizi göz öňünde tutýar.

Kähalatlarda başga ýagdaýlar hem bolýar, ýagny haçan-da men töwekgelçilikli görünýän bir çözgüdi kabul edenimde, adaty bolmadyk üýtgeşik salamatlygy duýýaryn, - bu bolsa Mesihiň meniň ýüregimde höküm sürýän salamatlygyny aňladýar. Resul Pawlusyň sözlerini okaň:

> Goý, siziň ýürekleriňizde [berk, aňyňyzdaky hiç bir soragda hiç hili şübhe döretmeýän] Hudaýyň salamatlygy (köňülleriň sazlaşygy) [edil kazy ýaly elmydama] höküm sürsin. Çünki siz [Mesihiler Ýygnagynyň agzalary] bir tende ýaşamaga çagyrylan we elmydama minnetdar boluň (Kolos. 3:15, Giňel. terj.).

Men Mukaddes kitabyň Giňeldilen terjimesini örän gowy

görýärin, sebäbi Onda Mukaddes Ruh kaza deňelýär. Adalatly gowy kazy hemişe hiç hili şübhesiz we pikirlenmesiz karar eder. Edil şonuň ýaly, Mukaddes Ruh hem siziň aňyňyzda döreýän dürli soraglary (çözgütleri, howplary) aýgytly sazlar. Eger-de siz Ondan Özüniň paýhasyny bermegini haýyş etseňiz, Ol size gerek wagty öz parasatlylygyny berer. Köplenç «duýduryş» adamyň akylyny doldurýan salamatlygyň üsti bilen berilýär, bu bolsa Ruhuň güwälik edýändigini aňladýar. Mukaddes kitapda şeýle ýazylan:

> «Her hili düşünjeden ýokary bolan Hudaýyň parahatçylygy Mesih Isada siziň ýüregiňizi, pikirleriňizi gorar» (Filip. 4:7).

Biz Isa Mesihde oturdyldyk, diýmek – biz biziň günlerimizde ýetilmesi şeýle kyn bolan salamatlyga eýe bolduk. Isa salamatlygyň Şasydyr, şonuň üçin Onuň bilen bolanlaryň hemmesi salamatlyga eýe bolar. Haçan-da, biz Mukaddes Ruhy biziň çözgütlerimize gatnaşmak üçin çagyranymyzda, Ol Isa Mesihiň salamatlygynyň üsti bilen hemişe güwälik berer.

## Salamatlyk we çözgütleri kabul etme

Men «Messenger International» gullugyň ýolbaşçysy hökmünde bütinleý Onuň salamaty bilen alnyp barlan köp sanly çözgütleri kabul etdim. Käwagt bu örän kyn meselä öwrülýärdi, emma Hudaýyň salamaty maňa goldaw berýärdi, meni ybadatyň mümkinçiligini meniň şahsy pikirleniş ukybyma görä çäklendirmekden saklaýardy. Şeýle bir ýagdaýlar bolýardy, haçan-da men Ruhuň maňa bir zatlar diýýänini takyk we anyk eşidýärdim. Bu kitaby ýazmaga başlajak bolanymda, mysal üçin, men düýbünden başga tema dogrusynda ýazmakçydym. Haçan-da, men agzymy bekläp, doga-dileg edýärkäm, Mukaddes Ruh meni Onuň Kimdigi barada ýazmaga iterdi. Çözgütleriň aglabasy dil bilen berlen buýruklar esasynda däl-de, eýsem Hudaýyň salamaty (hemişe Onuň Sözi bilen razy bolnanda) bilen kabul edilýär. Emma Mukaddes Ruhuň maňa söz

aýdýan pursatlary bolýardy. Bu zatlaryň, köplenç, Hudaýyň meniň üçin düýbünden täze ugry görkezýän wagty bolup geçýändigine göz ýetirdim. Size mysal getireýin.

Messenger International ybadatynyň esasy maksady ýerli Mesihiler Ýygnagyny gurmakdan ybarat. Biz ýerli Mesihiler Ýygnagynyň azaşanlary gutulyşy kabul etmäge, umytsyzlara umyt getirmäge, adamlaryň ýetmezçiliklerini doldurmaga we adamlaryň arasynda şägirtleri taýýarlamagyň iň strategiki usulydygyna ynanýarys. Demirgazyk Amerikanyň 20 müňden hem gowrak Ýygnaklarynda biziň okuw maksatnamalarymyz ulanylýar. Biz Birleşen Ştatlarda, Kanadada, Awstriýada we Birleşen Patyşalykda özümiziň esasy meselämiz bolan Ýygnaklara ýetmek ugrunda köp ýyllap zähmet çekdik. 2010-njy ýylyň 31-nji maýynda Danyýeliň Kitabyny okanymda, Hudaý maňa şeýle diýdi: «Sen iňlis dilli halklaryň arasynda ýerli Ýygnaklara ýetmekde uly tagalla etdiň we öz işiňe ygrarly bolduň. Indi men seni başga ýerlere, ýagny dünýäniň ähli ýurtlaryna ugradýaryn». Tolgundyryjy we ýatdan çykmajak pursat. Men näme boljakdygyna asla akyl ýetirip bilemokdym. Şonuň üçin hem öz gullugymyzyň ýolbaşçylaryny ýygnadym we mejlis etdim. Men olara Hudaýyň meniň ýüregime guýan ylhamyny, şeýle hem 2011-nji ýylyň dowamynda 250 müň sany kitaby dünýäniň ösüp barýan ýurtlarynyň baştutanlaryna bermek baradaky islegimi gürrüň berdim. Olaryň hemmesi aňk bolup galdylar. Biz hiç haçan bir ýylyň dowamynda bular ýaly möçberde kitap paýlamaýardyk.

Meniň kömekçim we bölümlerň baştutanlarynyň ählisi menden dogrudan hem meniň şular ýaly buýrugy Hudaýdan alandygyma ynanýanlygym barada soradylar.

Ahyrsoňunda, ol menden bu meseläni Hudaýyň öňünde doga edenimde gozgamagymy haýyş etdi. Elbet-de, mende salamatlyk bardy.

Mukaddes Ruha bu barada maňa gaty sesli aýtmak hökman däldi, sebäbi bu maksadyň Onuň ilkibaşdaky ugry bilen gabat gelýändigini bilýärdim. Munda Onuň şaýatlyk edýändigi duýulýardy. Haçan-da, men bu barada öz toparyma gürrüň berenimde, olar derrew maňa

berlen ylhamy goldadylar. Elbetde, Hudaý gudratly halda hereket edýärdi we şol ýyl biz 270 müňden gowrak kitaby dünýäniň 47 ýurdunyň pastorlarynyň we ýolbaşçylarynyň arasynda ýaýratmagy başardyk. 2011-nji ýylda men Beýrutda, Liwanda yrakly bir pastor bilen tanyş boldum (özümiň Ýakyn Gündogara amala aşyran saparymda 2500 sany pastordan we ýolbaşçylardan ybarat bolan auditoriýada wagyz eden wagtymda). Otuz alty ýaşly bu adam öz şäheriniň iň uly Mesihiler Ýygnagynyň pastory ekeni. Ol maňa şeýle diýdi: «Pastor Jon, siz meniň üçin edil kakam ýaly. Men tapmaklyk başardan siziň ähli kitaplaryňyzy okadym. Men hat-da siziň saýtyňyzdan maglumatlary hem satyn alýardym». Ondan şular ýaly sözleri eşidenimde ýere girmäge taýýardym. Ine, bu azrak pully adam köp uruşlary başdan geçiren ýurtdan, emma muňa garamazdan ol ähli puluny Messenger International baradaky maglumatlary almaga sarp edipdir. Haçan-da, men bu barada pikir edenimde, Hudaýdan paýhas diläp başladym. Öz ýolbaşçylaryna kömek eder ýaly, men bu ýerli Ýygnaklara näme edip bilerin. Men Ruhda doga edip başladym we şonda men şeýle taglymaty kabul etdim, ýagny biz ösüp barýan ýurtlardaky Ýygnaklaryňlaryň pastorlaryna diňe bir kitaplary däl, eýsem tutuş okuw maksatnamalaryny hem sowgat edip bileris. Indiki ýyl biz bu pastorlara we ýolbaşçylara 1,3 million sowgat berdik. Maglumatlary ýaýratmagyň esasy shemasy bolup www.CloudLibrary.org saýty çykyş edýär, bu saýtdan pastorlar we ýolbaşçylar, şeýle hem olaryň Ýygnaklarynyň ähli agzalary peýdalanyp bilerler. Olar maglumatlary özleriniň ene dillerinde alyp bilerler. Şeýlelikde, bu maglumatlar indi mesihiler üçin elýeterli bolup başlady, olaryň sany gün-günden has hem köpelip, 2011-nji ýyldaky 270 müň görkezijiden artyp barýar. Ine, görşüňiz ýaly, eger-de biz Mukaddes Ruhuň salamatlygynyň subutnamasynyň görkezýän ugry bilen ýöresek, Hudaý biziň üstümiz bilen şular ýaly işleri etmäge ukyply.

## 4-nji gün

# Hudaýdan ugur almak

Imanlylaryň köpüsi üçin Hudaýyň ýoluny, ugruny tapmak örän kyn bolup görünýär. Men adamlaryň köplenç şular ýaly diýýänlerini eşidýärin: «Men Hudaýyň öz durmuşymy nähili gurmagymy isleýänini bilemok». Ýakup bize ýol, ugur gerek wagty näme etmelidigimiz barada şeýle diýýär: «Siziň biriňize akyldarlyk ýetmezlik edýän bolsa... Hudaýdan dilesin...» (1:5).

Grek dilindäki akyldarlyk sözi – sophia «akyl ýetirmek ukybyny we netijede paýhasly hereket etmegi» aňladýar. Pikir ediň: biz Hudaýyň paýhasy arkaly ilki bilen akyl ýetirip, soňra bolsa hereket edip bilýäris. Hudaýyň paýhasyna akyl ýetirmek we netijede ondan peýdalanmak ukybyny kim bize berýär? Mukaddes Ruh. Meniň ugur tapjak bolup dürli ýagdaýlara duçar bolýan wagtym örän köp bolýardy. Haçan-da, men dillerde doga edip başlanymda, Hudaýyň paýhasy we ýoly meniň ruhumda peýda bolup, akyl ýetirmek mümkinçiligini maňa döredýärdiler. Ruhy dillerde doga etmeklik biziň durmuşymyzda Hudaýyň ýoluny şöhlelendirýär. Geliň ýene-de (Süleýmanyň) Tymsallar Kitabyndan okalyň (20:5): «Maslahat ynsanyň ýüreginde çuň suw ýalydyr; düşünjeli adam bolsa ony çekip çykarar». Teksiň iňlis dilindäki beýleki terjimesinde «pikir» diýen söze derek «maksat» diýlen söz ulanylýar. Mesihde biziň her birimize örän ajaýyp maksat peşgeş berlen. Bu maksat siziň ýoluňyzy kesgitlär, ol siziň ýüregiňiziň çuň töründe gizlin ýatandyr. Ruhda doga edeniňizde siz Hudaýyň pikirlerini taparsyňyz we Ol size onuň maksatlaryny aýan eder. Elbetde, bu bir gijede bolýan zat däl, şonuň üçin sabyrly boluň. Meniň ogullarymyň biri şeýle diýmäni gowy görýär: «Mukaddes kitap – bu biziň kartamyz, Ruh bolsa biziň ýol görkezijimiz (Проводник)». Ugur almak peşgeşi biziň üçin durmuşyň her bir sferasynda elýeterlidir. Eger-de, çagalaryňyzyň biriniň hötdesinden gelip bilmeseňiz, bir ädim yza ediň we Ruhda

doga okaň. Ol size özüňizi nähili alyp barmalydygyňyzy görkezer. Eger-de, siz söwda bilen iş salyşýan bolsaňyz we näme etmelidigini bilmeseňiz, ofisiň gapysyny ýapyň we ähli zady Bilýänden paýhas soraň. Ol eýýäm siziň içiňizde, şonuň üçin heniz size nämälim bolan zady kabul ediň. Ol size ugur görkezmek isleýär! Işaýanyň Kitabynda (48:17) şeýle diýilýär: «Peýdaly zady öwredýän size, ýöremeli ýollaryňyzdan äkidýän Hudaýyňyz Reb mendirin».

Hudaý siziň öňde goýlan maksatlaryňyza ýetip ýaşamagyňyzy isleýär. Ol siziň bu ýolda her bir ädimiňizi ugrukdyrmagy isleýär. Käwagt adamlar maňa şeýle diýýär: «Jon, bu zatlaryň ählisi «ruhy» we örän düşnüksiz. Biz Hudaýa şular ýaly haýyş bilen ýüzlenip bilmeýäris. Ony diňe ybadat işleri gyzyklandyrýar». Birinjiden, Hudaýda hiç hili geň zat ýok, şonuň üçin Onuň biziň durmuşymyzyň ähli sferasyna ornaşmagynda hem hiç hili geňlik ýok. Adamlar geň bolup bilerler, ýöne Hudaý hiç haçan geň bolup bilmez. Şeýle-de haýsydyr bir adamlaryň Onuň Ruhuny ulanyp bilmeýändigi ýa-da azdyranlygy sebäpli, Hudaýyň wada beren sözlerini ýatdan çykarmaly däl. Ikinjiden, Mukaddes kitap bize «dyngysyz doga-dileg ediň» (1 Selanik. 5:17) diýip öwredýär. Mesihileriň köpüsi şu goşgyny kontekstde seredip, onuň näme aňladýandygyna düşünmek üçin öz wagtlaryny sarp etmändirler. Pawlusyň bu ýerde şeýle diýmeýändigi mälim: «Durmuşyňyzyň her bir minutynda doga okanyňyzda öz dodaklaryňyzy hereketlendiriň». Ahyrsoňunda Mukaddes kitap bize hemişe Hoş Habar bilen paýlaşmagymyzy we birek-birege goldaw bermegimizi aýdýar. Biz hemme zady bir bada edip bilmeýäris. Hakykatda Pawlus bu goşgyda Hudaýyň Ruhy bilen hemişelik aragatnaşyk barada aýdýar. Ony nädip edip bolar? Pawlus bize jogap berýär, we şeýle dowam edýär: «Mukaddes Ruhuň oduny söndürmäň» (goşgy19). Dyngysyz doga etmek - diýmek, Mukaddes Ruhy hergiz ýatdan çykarmazlygy aňladýar. Diýmek, biz Onuň barlygyny hemişe ýatlap durmaly we Onuň sesine duýgur bolmaly. Başga söz bilen aýtsak, Onuň barlygyny öz durmuşymyzda inkär etmeli däl. Ruh her bir meselede size kömek etmegi, sizi

ugrukdyrmagy we siziň bilen hemişe aragatnaşykda bolmagy isleýär. Bu bolsa Onuň salamatlygyny, güýjüni we durmuşa ugurlaryny getirer. Men telekeçi bolmak üçin çagyrylmadym. Eger-de, men telekeçi bolan bolsadym, men öz telekeçilik işim üçin ruhda, doga-dilegde köp wagtymy geçirerdim, soňra bolsa ýüregimde salamatlyk bar bolany üçin men çözgütleri kabul ederdim. «Doly ybadat» gullugyňyzda bolmanyňyz üçin öz Ýaradyjyňyzdan görkezme, ugur almak ukybyňyzy inkär etmäň. Ol size durmuşda edil maňa ýol görkezişi ýaly ugur görkezýär.

## Doga etmek üçin şahsy wagt

Haçan-da, men ilkibaşda Mukaddes kitaby okanymdan soňra doga edýän wagtymyň has netijeli bolýandygyna göz ýetirdim. Hudaýyň Sözi meniň aňymy arassalaýar we göýä ruhdan aňa tarap kanal açýan ýaly. Eger-de, men wagtymy okamak bilen geçirenimde, Mukaddes Ruh bilen aragatnaşygymyň has güýçlidigini duýýaryn we meniň doga edýän wagtym Onuň barlygy bilen baýlaşýar. Haçan-da, men hemişe öz durmuşymda Onuň barlygyny hormatlanymda, Ol Özüni aýan etmekde haýallyga ýol bermeýändigine göz ýetirdim. Haçan-da, men Onuň beýikligi we merhemeti barada pikirlenip başlanymda, birden Mukaddes Ruh Özüni aýan edýär. Näme üçin? Zebur aýdyjy bize jogap berýär: «Hudaý ... töweregindäkileriň hememsinden wehimli» (ser. Zeb. 88:8). Eger-de, Hudaýyň barlygyny duýmak isleseňiz, siz Oňa Hudaýyň wehiminde we hormatynda golaýlaşmaly. Özüňi Hudaýyň barlygyndan örän çalt mahrum edip bolýar, munuň üçin Onuň öňünde gorkup merhemet etmegi, doga okamaklygy we Onuň Ruhuna hormat etmegi bes etmek ýeterlik.

Haçan-da, Isa öz şägirtlerine (şol sanda bize) nädip doga etmelidigimizi görkezende, Ol şular ýaly sözler bilen başlady: «Eý, gökdäki Atamyz adyň mukaddes bolsun...» (Matt. 6:9). Başga söz bilen aýdanymyzda, haçan-da biz öz Atamyza golaýlaşanymyzda, biz ilkinji nobatda, mukaddes hormat bilen Onuň barlygyna girmeli.

Eger-de, biz şeýle etsek, Mukaddes Ruh bize Özüniň barlygyny aýan eder, sebäbi Ol özüne hormat goýulýan ýerde bolýar. Onuň barlygy bize geljegi görkezer, bize paýhas, bilim we güýç berer. Ol dogrudan hem biziň ýaşaýşymyzyň çeşmesi! Özümizi Ondan daşlaşdyrmak bize nämä gerek?

## Ruhda towakga etmek

Bir wagtlar men Ýygnagyň pastory bolan özümiň bir dostum bilen yzygiderli doga edýärdim. Doga edýän wagtymyz, biz köplenç, dillerde towakga edýärdik. Bir gezek doga edenimizde biz Ýakyn Gündogardaky bir territoriýa gürleýändigimizi we buýruk berýändigimizi anyk bildik. Şol günüň ertesi biz Türkiýede güýçli ýertitremäniň bolup geçendigini eşitdik.

Men dostum bilen edil şu ýurt üçin doga okanymy bilýärin. Biz şu ýurduň adamlary bilen Ruhda birleşdik, sebäbi şol bir Ruh biziň hem içimizde ýaşaýar. Hudaý Özüniň Türkiýädäki adamlar baradaky erk-islegini biziň üstümiz bilen aýtdy. Hudaýyň Patyşalygyny ýeriň ýüzüne ýaýratmak üçin bu ruhy towakganyň hereketi örän wajypdyr. Haçan-da, biz bizden alyslarda ýaşaýan doganlarymyzdyr jigilerimiz üçin Hudaýyň erk-islegini jar edenimizde, duşman muny halamaýar. Onuň maksady Ýygnagy bölmek we ýykmak bolup durýar we ol biziň towakgalarymyzy şahsy aňymyzyň çägine çenli çäklendirmegi isleýär. Siziň özüňiziň dünýädäki ähli imanlylar bilen berk baglanyşygyňyzyň bardygy barada hiç haçan pikir etmedik bolmagyňyz mümkin. Siz hat-da bu dünýäde hiç hili aragatnaşygyňyz bolmadyk beýleki ýurtdaky adamlar üçin hem dileg edip bilersiňiz. Bir sapar men Keniýada Masai (Масаи) taýpasyndan bolan bir adam bilen tanyşdym. Soňra ol Birleşen Ştatlara geldi we Pensilwaniýadaky dostlarymyň öýünde boldy. Ol olaryň öýünde bir aý töweregi ýaşady. Wagtal-wagtal ol dostlaryna Afrikada ýaşaýan maşgalasy bilen bolýan zatlar barada gürrüň berýärdi. Ahyrsoňunda, öýüň bikesi ondan sorapdyr: «Öz

maşgalaňyz bilen bolýan zatlary nireden bilýärsiňiz? Sebäbi olarda telefon ýok ahyry». Ol şeýle jogap beripdir: «Pawlus Kolosselerdäki we Korintoslardaky Ýygnaklardan uzakda bolsa-da, olarda bolýan zatlary bilýärdi. Haçan-da men Ruhum bilen dileg edenimde, Reb maňa maşgalamyň agzalary bilen näme bolýandygyny görkezýär». Onuň aýdan goşgulary Kolossalara iberilen ýüzlenmede beýan edilen: «Çünki beden boýunça özüm araňyzda ýok hem bolsam, düzgünliligiňizi, Mesihe bolan imanyňyzyň berkligini görüp, ruh boýunça şatlyk bilen siziň ýanyňyzdadyryn (Kol. 2:5), şeýle-de 1-nji Korintoslylara iberilen hatda şeýle diýilýär: «Men tenim bilen siziň ýnyňyzda bolmasam-da, ruhda siziň bilendirin...» (5:3). Pawlus Ruhda ol ýygnaklaryň adamlary bilen biledi we olaryň işleri, ýaşaýşy barada ol ýerde fiziki taýdan bolmasa-da bilýärdi. Köplenç men toparymyň agzalarynyň ýa-da hyzmatdaşlarymyň meniň üçin dileg edýändiklerini bilýärin. Käwagt şeýle bir kyn ýagdaýlara duçar bolýan, hat-da maňa ölüm howpy abanýan pursatlary hem bolýar, şonda birden Hudaý gudratlaryny ýaradyp ara girýär. Şular ýaly ýagdaýda kimdir biriniň meniň goragym üçin Ruhda towakga edýänini duýýaryn.

## Salamatlygy başdan geçirmek

> «Doganlar, Akylda çaga ýaly bolman, ýamanlykda çaga ýaly boluň, akylda kämil boluň. Reb diýýär: Men bu halka başga diller bilen, ýatlaryn agzy bilen gürrüň bererin, şonda-da Meni diňlemezler» diýip Kanunda başga ýazylgydyr» (1 Kor. 14:20, 21).

Siz Pawlusyň Korintoslylara iberilen birinji hatynyň 14-nji babynda diller doga etmek barada köp ýazýandygyny bilýän bolsaňyz gerek. Bu goşgularda Pawlus Işaýa pygamberiň aýdanlaryny gürrüň berýär: «Indi Reb bu halka keseki agzy bilen düşnüksiz dilde geplär. Olara: «Bu dynçlyk ýeridir, ýadawlara dynç beriň, bu dynçlyk ýeridir» diýdi» (28:11, 12).

Hudaý Işaýanyň üsti bilen pigemberlik edipdir we dillerde doga aýtmak salamatlyk we rahatlyk getirer diýipdir. Bir gün uly Ýygnagyň pastory meniň dostum beýleki uly Ýygnagyň pastory bilen gürleşip, oňa şeýle diýdi: «Men gullukdan gitmäge taýyn. Men ýadadym. Indi meniň kuwwatym ýok». Meniň dostum oňa şeýle jogap berdi: «Sen Ruhda dileg etmegi bes etdiň, dogrymy?» Ol pastor onuň jogabynyň üstüne hiç zat goşup bilmedi we meniň dostum sözüni dowam etdi: «Sen doga-dilegde Ruh bilen näçe wagtyňy geçirýäň?» Ol ilki biraz dymdy we soňra jogap berdi: «Men wagyz etmäge hemişe taýynlanýaryn, şeýle-de Ýygnakda köp zatlar bolup geçýär, çünki onda 15 müň imanlylar gelýär we...» Meniň dostum ýene-de ondan sorady: «Sen Ruhda doga edýärmiň?» Ahyrsoňy ol pastor jogap berdi: «Dogrymy aýtsam, ýok». «Onda dileg edip başla». Tiz wagtyň içinde bu ýadaw pastor indi gullukdan gitmek islemedi. Häzir onuň we onuň Ýygnagynyň işleri ugruna bolýar. Pastora dillerde dileg etmek näme üçin möhüm? Biz Ruhda doga edenimizde, adatdan daşary salamatlygy we täzelenmegi alýarys. Doktor Ço 800 müň sany adamly Ýygnagy nädip ýöredip bilýär we şol bir wagtda-da ýadamaýar? Ol Ruhda dileg edýär. Men doktor Çodan başga şeýle köp agyrlygy we jogapkärçiligi başdan geçiren pastory göz öňüne getirip bilemok.

Onuň Ýygnagy Günorta Koreýany bütinleý üýtgetdi we ol bütin dünýädäki iň abraýly pastorlaryň biri. Adama öz güýji bilen şular ýaly ýüki götermek mümkin däl. Ýöne, men doktor Çonyň özüniň akylyna daýanmaýandygyny bilýärin. Ol şahsy dilegiň ähmiýetine düşünýär we her gün sagatlap Ruh bilen doga okaýar, netijede bolsa uly güýje we dikeldişe eýe bolýar. Lester Samrall Hudaýyň beýik oglydy. Onuň bilen birnäçe gezek görüşmek maňa-da miýesser edipdi. Doktor Samrall bütin gije bary-ýogy dört sagat ýatýardy we bir wagtda-da dört sany kitap ýazýardy! Onuň toparynyň agzalaryna (ýaşy boýunça ondan iki esse kiçilere) we beýleki has ýaş imanlylara garanyňda onuň güýji we energiýasy iki essedi. Ol öz güýjüni nireden alýardy? Ol köp wagtyny Ruhda doga edip geçirýärdi.

Sizden bir haýyşym bar, düşüniň, biz hiç wagt özümiziň fiziki bedenimizi ýatdan çykarmaly däldiris. Hudaý bize Sabat gününi hormatlamagy we berjaý etmegimizi äht edýär. Biz fiziki taýdan dynç almaly. Men golf oýnaýaryn, sebäbi ol meniň ünsümi işden sowýar we meniň aňymy we bedenimi durlaýar. Ol meniň dynç alşymyň güýçli çeşmesi. Emma, Sabat gününiň salamatlygyny berjaý edip, Ruhda doga-dilegde bolup, biz ruh we jan gujurlylygyny alarys. Gynansak-da, köp adamlar wagtyndan öň gullugy gutardylar, sebäbi olar Ruhda rahatlyk tapmadylar.

### 5-nji gün

## Biziň içki adamymyz

«Başga dilde gepleýän, özüni abatlaýandyr» (1 Кor. 14:4).

Grekçe «abatlamak» sözüne «oikodomeo» diýilýär. Bu söz «gurmak, döretmek»[3] diýen manyny berýär. Haçan-da, biz Ruh bilen doga okanymyzda, biz özümizde Hudaýyň barlygyny we güýjüni kabul etmek ukybymyzy gurýarys. Isa: «Şeýlelik-de, Meniň bu sözlerimi eşidip, olary berjaý edýän kişini öýüni gaýanyň üstünde salan akylly adama meňzedýärin» diýende şol ýaňky grek sözi bolan [oikodomeo] sözüni ulanypdyr (Matt.7:24). Şeýle hem Hudaý Ýahudanyň üsti bilen bize şeýle diýýär: «Eý, söýgüli doganlar, Siz özüňizi iň mukaddes imanyňyzyň üstünde gurup, Mukaddes Ruhda doga edip...» (goşgy 20).

Bir wagtlar dostlarymyň biriniň oglunyň erbet syrkawlandygy ýadyma düşýär. Lukmanlar onuň keselini anyklap bilmediler we meniň dostum näme etjegini bilenokdy. Ahyrsoňunda, ol öz ofisinde ýeke galyp, bäş sagatlap Ruhda doga okady. Soňra ol ofisden çykdy we öýüne geldi. Öýüne giren badyna oglunyň otagyna tarap ýöredi. Ol haýbatly sesi bilen öz ogluna ýerinden galmagyny buýruk berdi. Oglanjyk şol pursatda doly şypa tapdy. Näme bolup geçdi? Ruhda doga okamak bilen geçirilen bäş sagadyň dowamynda atanyň öz

ogly üçin towakga etmek we gulluk etmek ukybyny köpeltdi. Biz Hudaýdan alýan ähli zadymyzy ynam bilen alýarys. Munuň başga ýoly ýok, Ruh bilen doga okalyp geçirilen wagt bize berlen ähtleri kabul etmek ukybyny artdyrýar we Hudaýyň barlygyny aýan edýär, sebäbi ol biziň içki adamymyzy abatlaýar.

## Çuňňur tagzym etmek

Asman dilimizde aýdylan dogalar bize Hudaýa has tagzym etmek we Onuň adyny çuňňur derejede şöhratlandyrmak ukybyny berýär. Pawlus şeýle diýdi:

> «Sebäbi sen ruh bilen sena etseň, bilimsiz adamlar seniň şüküriňe nädip «omyn» diýsin? Sebäbi ol seniň näme aýdýanyňa düşünýän däldir. Dogry, sen gowy şükür edýärsiň, ýöne beýleki abatlanmaýar» (1 Kor. 14:16, 17).

Pawlus ählumumy öwginiň beýan edilişi barada söz açýar we haçan-da biz «Ruhda şöhratlar aýdanymyzda» (Hudaýa dillerde şöhrat aýdanymyzda) öz ýakynlarymyza hiç hili peýda getirmeýäris diýip düşündirýär. Çünki diller arkaly aýdylan öwgi şahsy beýan etme bolup, ähli adamlara däl-de, eýsem diňe bir şahsy abatlaýar.

Pawlus Hudaýa dillerde aýdylýan öwgini hiç haçan kemsitmeýär. Ol diňe bir munuň üçin ýörite wagtyň we ýeriň bardygyny aýdýar. Pawlusyň nähili netijä gelendigine üns beriň: «Dogrudanam, siz mynasyp derejede minnetdarlyk bildirýäňiz!» Biz diller arkaly Hudaýa alkyşlar aýdanymyzda, biz Ruha Hudaýyň gudratlaryny we syrlaryny biziň üstümiz bilen ajaýyň wagyz etmäge rugsat berýäris. Tagzym etmegiň has çuňňur derejesi hem bolup, Hudaýa asman dilinde alkyşlar aýdanymyzda şu derejä çykýarys. Ine, näme üçin Pawlus Ruhda we akyl bilen aýdym aýdypdyr (ser. 1 Kor. 14:15).

## Islendik adam Ruhdan dolup biler

Birnäçe imanlylaryň dillerde geplemeýändikleri we doga etmeýändikleri üçin beýleki mesihiler olara ulumsylyk bilen seredenlerinde meniň ýüregimi gam-gussa gurşap alýar. Olar hem Isa Mesihde bolan doganlarymyz we uýalarymyz, ýöne dillerde geplemek we doga etmek ýaly Ruhuň ajaýyp peşgeşini başdan geçirmändirler.

Munuň üçin olary utandyrmak ýa-da kemsitmek gerek däl, sebäbi biziň hemmämiz Mesihde birdiris. Kitabyň soňky babynda biz dillerde doga okamagyň we geplemegiň her bir imanla elýeterlidigi barada gürrüň edipdik. Emma heniz dillerde doga okamaýanlar hem bu peşgeşi ýitirmeýärler. Isa şeýle diýdi: «Şu alamatlar iman edýänleriň hemrasy bolar... täze dillerde geplärler...» (Mark. 16:17). Pawlus diýdi: «Men siziň hemmäňiziň başga dillerde geplemegiňizi ...arzuw edýärin» (1 Кор. 14:5). Hudaýyň ýüregi Onuň perzentleriniň ählisi üçin açykdyr, Ol perzentleriniň asman diliniň täsin artykmaçlyklaryndan lezzet almagyny isleýär.

## Mukaddes Ruhy nädip kabul edip bolar?

Temany dowam etmezden öň, meniň dostlarymyň aglabasynyň dürli şertlerde, ýagny birisi ulagda, ikinjisi öýde, üçünjisi bolsa hat-da ofisde Ruhdan dolýandyklaryny belläp geçesim gelýär. Biziň bar etmeli zadymyz diňe gökdäki Atamyzdan Öz Ruhuny bermegini soramaly. Eger-de, siz eýýäm bu peşgeşi soran bolsaňyz, size ony nädip kabul etmelidigini bilmegiňiz gerek.

Ilki bilen iň esasy zat, ýagny Mukaddes Ruhdan dolmakdan öňürti, siz öz Rebbiňiz we Halasgäriňiz Isa Mesihi kabul etmeli. Isa bu dünýä (gutulyşy kabul etmedikler) Mukaddes Ruhy kabul edip bilmez diýdi (ser. Ýahýa. 14:17). Eger-de, siz öz durmuşyňyza Isany Rebb diýip kabul etmedik bolsaňyz, edil şu pursat siz Ony kabul edip bilersiňiz. (Gutulyşa eýe bolmak barada Goşmaçada has

giňişleýin bilip bilersiňiz). Eger-de siz eýýäm Hudaýyň perzendi bolan hem bolsaňyz, şonda-da bilkastlaýyn gulak asmazlyk etseňiz, onda siz Ruhdan dolup bilmersiňiz. Hudaý Mukaddes Ruhy Oňa gulak asýanlara berýär (ser. Resull.iş. 5:32). Bu siziň düýbünden kämil bolmalydygyňyz diýildigi däl, emma özüňizi Onuň öňünde boýun bolmaly diýmegi aňladýar. Şonda Hudaý size ýamanlyklardan daşda durmak üçin Özüniň merhemedini berer we siz ýene-de Ruhda dolmaga açyk bolarsyňyz. Öýke-kine köp sanly imanlylaryň durmuşynda gulak asmazlygyň iň uly ýüze çykmasynyň biridir. Sizde size garşy günä edenleri bagyşlamak niýeti bolmaly. Ruhda dolmagy isleýän bir imanly günä iş eden ol ýa-da beýleki bir adamyň öýke-kinesini geçen badyna, Mukaddes Ruhuň oňa Özüni açyp görkezendigini men eýýäm birnäçe gezek gördüm. Edil şu pursat şeýle ediň, ýagny özüňize garşy günä iş eden ähli adamlary bagyşlaň we Hudaýdan olar üçin ýüregiňizi açmagyny diläň.

(«Приманка Сатаны» – «Şeýtanyň özüne çekişi») atly kitabymda öýke-kine barada has giňişleýin okap bilersiňiz).

## Ýöne ynam bilen soraň ...

> «Sizden haýsy ata ogly çörek dilände, oňa daş berer? Ýa-da balyk dilände, balyk ýerine oňa ýylan berer? Ýa-da ýumurtga dilände, oňa içýan berer, şeýlelikde, erbet bolan siz öz ogullaryňyza oňat sylaglar bermegi bilýän bolsaňyz, gökdäki Ataňyz Özünden dilänlere has-da köp Mukaddes Ruhy berer!» (Luk. 11:11–13).

Kimdir biri şeýle diýdi, ýagny siz Mukaddes Ruhy soranyňyzda, Oňa derek siz ýamanlygyň ruhuny alyp bilersiňiz. Isanyň indiki sözleri şular ýaly gorkyny düýbünden ýok etmeli: Hudaý her hili peşgeşleriň ýagşysyny we kämilini berijidir (ser. Ýakup. 1:17). Eger-de, siz Hudaýdan Mukaddes Ruhy sorasaňyz, Ol size arwahy bermez. Ol size Mukaddes Ruhy peşgeş berer. Şonuň üçin Mukaddes Ruhdan dolmagy gorkmaň.

Siz şuny eden badyňyza Mukaddes Ruh siziň diliňizden ýapyşyp, sizi geplemäge mejbur eder diýip garaşmaň. Ol size saýlamak üçin erk we azatlyk berdi. Mukaddes Ruh jentelmen, Ol hiç haçan sizi bir zat etdirmäge mejbur etmez. Şeýtan sizi bir zat etdirmäge mejbur eder. Mukaddes Ruh bolsa sizi diňe ugrukdyrar we alyp barar. Ol size söz berer (ilkibaşda olaryň harp, bogun ýa-da sözleriň bölekleriniň gaýtalamasy bolup biler), emma siz Oňa boýun bolmaly, Oňa öz dodaklaryňyzy, diliňizi we ses perdeleriňizi ynanmaly. Siz şulary eden badyňyza asman dili edil suwuň gaýnaýan çäýnekden çykyşy ýaly siziň içiňiznden böwsüp çykar. Ilkibaşda aýratyn bogunlaryň eşidilmegi mümkin, ýöne siz bu bogunlary näçe ynamly aýtsaňyz, şonça-da siziň dil baýlygyňyz baýlaşar. Çünki Hudaýdan gelýän ähli zady ynam bilen kabul etmeli, dillerde geplemek peşgeşi hem kadadan çykma däl. Onuň size berýän zadyny ynam bilen aýdyň, hat-da, eger-de başda siz bir sözde sakawlaýan ýaly bolsaňyz hem, ýuwaş-ýuwaşdan bu söz doly we dogry dile öwrüler.

## Çuňňur derejeler

Bu iki bölümiň aglaba bölegini dilleriň peşgeşi baradaky gürrüňe bagyşlaýaryn, sebäbi Hudaýyň biziň asman diline eýe bolmagymyzy isleýändigine ynanýaryn. Çünki asman dili bizi Hudaý bilen has hem ýakynlaşdyrýar, Onuň milletini Onuň Patyşalygynyň maksatlary üçin birleşdirýär. Mukaddes Ruh ähli erkekleriň we zananlaryň Isany tanamagyny isleýär. Biz Oňa näçe golaý we ýakyn bolsak, Ol şonça-da biziň gözümizi açar we bize dünýäni täze şöhlede görkezer.

Biz dünýäniň Isa Mesihe nähili mätäçlik çekýändigini göreris, ýene-de biz Onuň Ruhunyň üsti bilen Mesihiň adyny dünýäde meşhur etmekde nähili goşant goşup biljekdigimizi göreris we bileris. Mukaddes Ruhuň şahsyýetini tanamak üçin bu giriş size ýarandyr diýip umyt edýärin. Bu bölümde öwrenen ähli zatlaryňyz Onuň bakylygynyň, tükeniksizliginiň we gaýtanmajak gudratynyň bary-ýogy kiçijik bir bölegi, Ol sizi durmuşyňyzyň has çuňňur

derejelerine ugrukdyrmaga teşne. Men sizi bu kitaby wagtal-wagtal okamaga çagyrýaryn, sebäbi Mukaddes Ruh siziň ýüregiňizi Ony has ýakyndan tanamak üçin açmak isleýär.

Size Isany açmak Mukaddes Ruha örän ýaraýar. Onuň barlygyna hormat goýuň we Ony diňe bir «ruhy» dünýäňize däl, eýsem öz durmuşyňyzyň her bir sferasyna çagyryň. Ol sizi hiç wagt terk etmezligi we taşlamazlygy wada etdi. Bu ajaýyp wada bilen durmuşyňyzyň her minutyny lezzetli geçiriň. Haçan-da, siz Hudaýyň Sözüni okasaňyz we wagtyňyzy Onuň barlygynda geçirseňiz, siz Oňa ýakyndan akyl ýetirersiňiz. Iň ajaýyp zat bolsa, bu syýahatyň soňy ýok. Hudaý hemişe size köp zatlary aýan etmek isleýär. Eşidýän, görýän we bilýän zatlaryňyz bilen özüňizi çäklendirmäň. Goý, Isa Mesihiň Ruhy siziň durmuşyňyzda höküm sürsün, siziň pikirlenme gözýetimiňizi giňeltsin. Şeýle etmek bilen Hudaýyň şöhratynyň we beýikliginiň siziň durmuşyňyzda öňküden hem has köp ýüze çykýandygyny görjekdigiňize men ynanýaryn.

**Ruhda doga-dileg etmek...**

# HAS ÝAKYNLAŞMAGYŇ GAPYSYNY AÇÝAR

*Çünki bilinmeýän dilde gepleýän adam bilen däl-de, Hudaý bilen gepleşýändir; çünki oňa düşünýän däldir, ol syrlary ruh bilen aýdýandyr…*

–1 Korintoslylara 14:2

Ruhuň dilinde doga okamaklygyň beýik mrhemeti Hudaý bilen berk aragatnaşykda ýerleşendir. Hemme ýaradylanyň Rebbi biz bilen aragatnaşykda bolmagy şeýle bir isleýär welin, hat-da Ol Özüniň Ruhuny biziň ruhumyzda ornaşdyryp, Onuň bilen Onuň derejesinde aragatnaşyk saklarymyz ýaly bize güýç berdi. Bu nähili täsin! Pastor Kennet Heýgin şeýle diýýärdi:

> «Hudaý Ruhdyr. Haçan-da, biz dillerde doga edenimizde, biziň ruhymyz gönüden-göni Şol Ruh bolan Hudaý bilen aragatnaşykda bolýar. Biz mukaddes adatdan daşary serişdeler arkaly Hudaý bilen gepleşýäris… Başga dillerde gepleşmek – bu Mukaddes Ruha ýugrulyp gitmegiň ilkinji ýüze çykmasy bolman, eýsem galan ömrümizde dowam etjek ýagdaýdyr. Nämäniň hatyrasyna? Bu zatlar biziň Hudaýyň öňünde sežde etmegimiziň hatyrasyna gerek. Dillerdäki hemişelik doga we Hudaýa sežde etmek bize Onuň hakyky diri barlygyny duýmaga ýardam edýär. Eger-de men Mukaddes Ruhuň hakyky diri barlygyny her gün duýsam, onda bu ýagdaý meniň durmuş ýol-ýörelgäme hökmany täsir eder».

Haçan-da, biz Ruhda dileg edenimizde, biz öz aklymyz bilen doga etmän, Hudaýyň akly bilen dileg edýäris. Onuň Ruhy biziň üstümiz bilen Hudaýyň kämil erk-islegi barada doga edýär!

Ruhda doga etmek we Hudaýyň Sözüni okamakdan her gün lezzet almak möhüm zat, sebäbi diňe şeýle edenimizde biz Onuň bilen has ýakynlaşyp bileris. Siz haýsy wagtda we haýsy ýerde Hudaý bilen her gün gepleşýärsiňiz?

Ruh size Özüniň çuňňur şahsy söýgüsini nähili beýan edýär?

Eger-de siziň şeýle wagtyňyz we ýeriňiz bolmasa, Mukaddes Ruha doga edip, Ondan sizi haçan we nirede görmek hem-de Özüniň çuňňur söýgüsini bildirmek isleýändigini soraň.

Siz özüňiz hakynda başga dillerde gepleşmek peşgeşini ähmiýetsiz hasaplap ýa-da ony äsgermezçilik edendigiňizi aýdyp bilersiňizmi?

Bu sapak Ruhuň dilini has pozitiw we güýçli ýagdaýda görmäge nädip kömek edýär?

Eger-de siz dil peşgeşini ähmiýetsiz hasaplap we ony äsgermezçilik eden bolsaňyz, Hudaýdan sizi bagyşlamagyny we ýene-de Mukaddes Ruh bilen täzeden doldurmagyny haýyş ediň.

Diňe bir ýa-da iki söz aýdyp bilýändikleri sebäpli, käbir adamlar özleriniň başga dillerde doga etmäge utanýarlar. Siz şu adamlaryň toparyna girýärsiňizmi? Eger şeýle bolsa, onda Ruh size mylaýymlyk

bilen şeýle diýýär diýip göz öňüne getiriň: «Men seni söýýän. Sen Meniň beren zadymy ulanjakmy? Sen özüňde bar bolan sözleriňi aýdyp Meni söýermiň we Maňa hormat goýarmyň? Hat-da, olaryň azdygyna garamazdan, olar üýtgeşik, olar Meniň we seniň aramyzda bar». Biraz pikirleniň we Oňa jogap beriň.

Özüňiziň şahsy doga-dilegleriňiziň dilini beýlekiler bilen deňemäň. Ruhuň size beren sözlerini ulanyň. Siz az zatda wepaly bolsaňyz, Ol şonça-da size has köp ynanar!

Okaň Matt. 25:14–23, (20-23 goşgulara has hem köp üns beriň.)

**Ruhda doga-dileg etmek...**

# HUDAÝYŇ SYRLARYNY AÇÝAR

*Gökleriň Patyşalygynyň syrlaryna düşünmek ukyby size berildi... çünki kimbu syrlara düşünýän bolsa, oňa ondakydanam ýene köp düşünje berlerwe şol hem olara has gowy düşüner...*

–Matta 13:11, 12, GW

Size Onuň Patyşalygynyň syrlaryna düşünip bilmek mümkinçiligi berildi diýip Isa aýtdy.

Bu syrlary nädip kabul etmeli we olara nädip düşünmeli? Onuň Ruhy bilen aragatnaşykda bolmak arkalymy. Haçan-da siz Ruhda doga etseňiz we Onuň bilen wagtyňyzy geçirseňiz, size Hudaýyň syrlary aýan bolar. Oswald Çembers ýazyjy, spiker we özüni Hudaýa çuňňur bagyşlamakda çempion bolupdyr. Ol özüniň («Все мое предельное Господу») atly meşhur kitabynda şeýle diýýär:

> «Dostuň alamaty nähili? Onuň size özüniň gam-gussa syrlaryny aýdyp bermegindemi? Ýok, onuň öz şatlyk syrlaryny siziň bilen deň paýlaşmagyndadyr. Köpler özüniň gizlin gussalaryny siziň bilen paýlaşar, ýöne ýakynlaşmagyň iň uly alamaty adamlaryň size gizlin şatlyklaryny beýan etmegindedir».

Mukaddes Ruh tarapyndan size Hudaýyň haýsy belli syry aýan boldy? Näme üçin ol beýle üýtgeşik?

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

Siz öz pikirleriňiz, duýgularyňyz we arzuwlaryňyz barada Mukaddes Ruha gürrüň berýäňizmi? Haçan-da bolsa bir wagt özüňiziň iň mukaddes arzuwlaryňyz we gorkularyňyz barada Onuň bilen edil hakyky dostlar ýaly bolup gepleşýäňizmi? Häzir kitapdan ünsüňizi sowuň we Oňa hiç wagt aýtmadyk ýa-da ýadyňyzdan çykarylan iň mukaddes, ýüregiňize has golaý bir zady aýdyň.

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

Eger-de siz Ruha şahsy we iň möhüm zatlary gürrüň bermeýän bolsaňyz, onda näme üçin? Ondan size bar bolan böwedi görkezmegini we Onuň öňünde öz ýüregiňizi arkaýyn açmaga ýardam bermegini soraň.

Hudaý bilen gepleşmek diňe bir gürrüňdeşlik bolman, eýsem diňlemegi başarmaklygy hem aňladýar.

Gepleşmegiň we diňlemegiň arasyndaky barabarlygy saklamak örän möhümdir. Eger-de biz diňlemäge wagt bermesek, onda biz Ruhuň aýdýan zatlaryny eşitmeris. Çembers şeýle dowam edýär:

> «Biz haçan-da bolsa bir wagt Hudaýa Özüniň şatlygyny bize beýan etmäge rugsat berýärismi ýa-da biziň bilen gepleşmegine mümkinçilik bermezden Oňa hemişe diňe öz syrlarymyzy aýdýarysmy? Özümiziň mesihilik durmuşymyzyň başynda biz köpsanly haýyşlar bilen Hudaýa ýüzlenýäris, soňra Onuň bizi Özi bilen gepleşmäge, Özüniň maksatlary bilen tanyşdyrmaga çagyrýandygyny bilýäris. Biz, Hudaýyň syrlaryna akyl ýetirýänimiz üçin Isa Mesihiň «Seniň islegiň amala aşsyn» diýip eden dogasyndaky ideýa hakykatdanam bagyşlananmy?»

Hudaý hemme zadyň öz wagty bar diýýär - doga edilende geplemegiňem, dymmagyňam öz wagty bolýar (ser. Wagyz kitap. 3:1–7). Ruhdan soraň:

«Belki doga edenimde diňe men gepleýändirin? Belki-de, men Öz syrlaryňy maňa açmak üçin Saňa wagt berýän däldirin? Belki, Sen maňa nämedir bir zatlary aýtmak isleýänsiň, ýöne men bir sekunt hem dymmaýanym sebäpli Seni eşitmeýändirin? Eger-de şeýle bolsa, onda maňa aýt».

Dymyň we diňläň. Mukaddes Ruh size näme jogap berýär?

*Rebbimiz Isa Mesihiň Hudaýy, şöhratly Ata Özüni tanamakda size akyldarlyk hem ylham ruhuny bersin diýip doga edýärin. Onuň çakylygynyň beren umydyny, mukaddeslerdäki mirasynyň şöhratly baýlygyny, biz iman edenlerde bolan güýjüniň biçäk ulydygyny biler ýaly, ýüregimiziň gözleri aýdyňlansyn diýip doga edýärin*

– Ýefesýanlara 1:17–19,

**Ruhda doga etmek...**

# IÇIMIZDE SALAMATLYK DÖREDÝÄR

*Mukaddes Ruh biziň durmuşymyzda şeýle miwe döredýär: salamatlyk...*

– Galatýalylara 5:22, NLT

Salamatlyk näme? Käwagt biz ol ýa-da beýleki zadyň näme däldigini bilmedik halatymyzda, biz onuň nämedigine gowy düşünýäris. Isa Mesihiň Özüniň Ruhunyň üsti bilen bize berýän hakyky salamatlygy, bu bankdaky uly hasap däl, ajaýyp saglyk däl, owadan jaý ýa-da geň-enaýy zatlar däl we jedelsiz gatnaşyklar däl.

Hakyky salamatlyk – Hudaýyň salamatlygy - ol daşky ýagdaýlara we şertlere bagly däl, ol bize apy-tupanlykda durnuklylyk berýär, aladalaryň arasynda akylly-başly, emosional, fiziki we ruhy taýdan asuda, oýlanyşykly hereket etmegimize ukyp berýär.

Kitapdan ünsüňizi sowuň we özüňize şular ýaly sowal beriň: «Meniň üçin salamatlyk sözi näme diýmeklikdir? Meniň salamatlygym nämede? Meniň salamatlyk baradaky garaýşym Ruhuň hakyky salamatlygyndan nähili tapawutlanýar? Nämäni üýtgetmek gerek?»

Mesihiň gurbanlygy arkaly bize Hudaý bilen salamatlyk peşgeş berildi. Mukaddes Ruhda dolmaklygyň üsti bilen bize Hudaýyň salamatlygy peşgeş berildi. Isanyň özi şeýle diýdi:

«Men size parahatlyk (salamatlyk) goýup barýaryn, Öz

parahatlygymy size berýärin. Men muny, dünýäniň berşi ýaly, bermeýärin. Ýüregiňiz gysmasyn, gorkmaň» (Ýahýa 14:27).

Dünýäniň Hökümdary tarapyndan berlen salamatlygy bilen näme etmeli?

*«Ýüregiňizde Mesihiň [gutarnykly we kesgitli, aňymyzdaky hiç bir meselede şübhe döretmeýän, salamatlyk ýagdaýyny berýän] parahatçylygy (janyňyzdaky salamatlygy) höküm sürsün [edil kazy ýaly hemişe hereket etsin]. Siz [Mesihiler Ýygnagynyň agzalary] bir bedeniň agzalary boluň [ýaşaň], bu parahatçylyga çagyrylansyňyz. Minnetdar hem boluň».*

– Kolossylara 3:15 (giňişleýin terjime.)

Beýsbol oýnaýarsyňyz diýip göz öňüne getiriň. Siz esasy baza düşýän topy gaýtaryp alýan türgeniň keşbinde çykyş edýärsiňiz.

Bu dünýäniň Kazysynyň orny siziň eliňizde, we top zyňyjy tarapyndan her bir size zyňlan top – bu siziň hökmany suratda kabul etmeli çözgüdiňizdir.

Indi Kolossylylara iberilen Hatdaky goşgyny ýene-de bir gezek dykgat bilen okaň (3:15). Eminiň jürlewügi näderejede zerur? Mukaddes Ruh siziň Dünýäniň Emini bolmagyňyz barada näme aýdýar?

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Mukaddes Ruh içki salamatlyk duýgusy arkaly bizi Hudaýyň kämil erk-islegine tarap ugrukdyrýar. Bu bolsa Mukaddes Kitapda bellenip geçilýän zatdyr: «Biziň Hudaýyň perzendidigimize şol ruhuň özi ruhumyz bilen güwä geçýär» (Rim. 8:16). Size edil şu pursat nähili çözgütleri kabul etmek gerek, Hudaýyň merhemeti size haýsy ýagdaýda zerur? Kitapdan ünsüňizi sowuň we Ruhda dileg ediň. Soňra Onuň salamatlyk subutnamasyna garaşyň. Ol size näme diýýär?

**Ruhda doga etmek...**

# PAÝHAS BERÝÄR WE UGUR GÖRKEZÝÄR

*Eger-de siz Hudaýyň sizden näme isleýändigini bilesiňiz gelse, Ondan haýyş ediň we Ol uly höwes bilen size aýdar, sebäbi Ol soran adamlaryň ählisine köp paýhas bermäge taýyn; Ol sizi jogapsyz goýmaz.*

– Ýakup 1:5, TLB

Paýhasy we ugry Beriji Kim? Mukaddes Ruh. Işaýa Ony paýhasyň we pikiriň Ruhy, bilimiň Ruhy we maslahatyň Ruhy diýip atlandyrýar. Isa Ol bize bütin hakykata tarap ýoly görkezjek Mugallymymyzdyr diýdi. Biziň Mugallymymyz nirede ýaşaýar? Biziň içimizde, ýagny Özüniň ybadathanasynda ýaşaýar. Eger-de size bir işde paýhas ýetmezçilik etse, aňyňyz we Ruhuňyz bilen dileg ediň, şonda Ol size gerekli ýoly görkezer!

Rebbiň we Ruhuň birligi barada ýatlap, şu wadalaryň üstünde biraz wagt pikirleniň.

«Rebb şeýle diýýär: «Peýdaly zady öwredýän size, ýöremeli ýoluňyzdan äkidýän Hudaýyňyz Rebb Mendirin».

– Işaýa 48:17

«Ýol budur, şundan ýöräň» diýen sesi eşidersiňiz».

– Işaýa 30:21

«Saňa görkezme bererin, ýörejek ýoluňy öwrederin; gözüm sende bolar».

–Zebur 32:8

«Meniň adymdan Atamyň iberjek Göwünlik Berijisi Mukaddes Ruh – size ähli zady öwreder, Meniň aýdan ähli zatlarymy ýadyňyza salar».

– Ýahýa 14:26

«Emma Ol Hakykat Ruhy gelende, size bütin hakykata tarap ýol görkezer».

– Ýahýa 16:13

«Ýa Rebb, ýollaryňy maňa salgy ber, ýodalaryňy maňa öwret. Meni Öz hakykatyňda gezdir, maňa öwret; çünki Sen meniň halasgär Hudaýymsyň; Men bütin gün umyt baglaýaryn... Ol pes göwünlilere adalatda ýol görkezer, ýuwaşlara Öz ýoluny öwreder... Rebbden gorkýan adam kim? Ol saýlamaly ýoluny oňa öwreder».

– Zebur 25:4, 5, 9, 12

Size paýhas we ugur nämede gerek? Işdemi? Saglykdamy? Maşgala durmuşyndamy? Çagalary terbiýelemekdemi? Pul meselesindemi? Dostlaryňyz bilen aragatnaşykdamy? Her nämede bolsa, indiki ädimleri etmäge çalyşyň:

1. Hudaýdan anyk ýagdaý üçin paýhas soraň, Oňa geçmişde sizi ugrukdyrandygy üçin minnetdarlyk bildiriň (ser. Filipp. 4:6, 7).

2. Ruhda dileg ediň Ruhuň siziň üstüňiz bilen dileg etmek isleýşi ýaly,uzak we höwesli doga etmek üçin diller peşgeşini peýdalanyň (ser. Efes. 6:18; Rim. 8:26, 27).

3. Mukaddes Ruhdan düşündiriş bermegini soraň. Ol size ýaňy aýdan dilegiňiziň syryny açar (ser. 1 Kor. 14:13).

4. Onuň size aýdanlaryny (wada berlen zadyň edil şol pursat bolmasa-da, ahyrsoňy amala aşjakdygyny nazarda tutup) ýazyp alyň.

5. Mukaddes Ruhuň görkezen ýolundan gitmek üçin Ondan merhemet diläň.

ŞULARDA HAS HEM PAÝHASA WE DOGRY ÝOLUŇ GÖRKEZILMEGINE MÄTÄÇ

MUKADDES RUH MAŇA PAÝHAS BERÝÄR WE ÝOL GÖRKEZÝÄR:

**Ruhda doga etmek...**

# SIZI BERKIDÝÄR WE SIZI ABATLAÝAR.

*Başga dilde gepleýän özüni abatlaýandyr.*
– 1 Korintoslylara 14:4

Näme üçin duşman siziň dillerde doga etmegiňize böwet bolmaga synanyşýar? Korintoslylara iberilen birinji Hatynda (14:4) bize esasly sebäbi görkezýär: ol siziň özüňizi abatlamagyňyzy we berkitmegiňizi islänok. Siz Ruhda näçe güýçli bolsaňyz, şonça-da Mesihde güýçlisiňiz. Şeýlelik-de siz şeýtanyň şalygy üçin uly howpy döredýärsiňiz.

Generatoryň ulagyň akkumulýatoryna energiýa berişi ýaly, Ruhda doga etmek hem size energiýa berýär. Ol gorkyny, depressiýany we erbet pikirleri kowýar. Ol sizi şeýle derejede abatlaýar welin, ony sözler bilen beýan etmek mümkin däl. Dillerde doga etmek bilen, siz Hudaýyň barlygyny we güýjüni saklamak ukybyny has hem artdyrýarsyňyz.

Siz Ruhda yzygiderli doga edýärsiňizmi ýa-da käwagtmy? Eger-de yzygiderli bolsa, näderejede ýygy we näderejede uzak wagtlap? Eger-de käwagt bolsa, näme üçin?

________________________________________

________________________________________

________________________________________

________________________________________

Haçan-da siz dillerde doga etmäge wagt bereniňizde, siziň içiňizde nämeler bolup geçýär?

Doga-dilegiň netijesinde Ruhuň başga nähili miwelerini we ýüze çykmalaryny gördüňiz? Olar size mundan has hem köp doga etmäge itergi berýärlermi?

Siz adatça stres dörediji ýa-da ýadadyjy ýagdaýlarda nähili hereket edýärsiňiz? Ruh bilen doga etmäge synanyşdyňyzmy? Edil şu pursatda ünsüňizi bölüň we şeýdip dileg ediň: «Mukaddes Ruh, dillerdäki dilegimiň hakyky erbet täsirini adatdan daşary pozitiw täsire öwürmegiňi haýyş edýärin. Meni Özüň bilen öňküden hem güýçli doldur!»

Mukaddes Ruhuň siziň durmuşyňyzyň has uly bölegine öwrülmegi üçin Ol size nähili hereket etmegi buýurýar? Olary ýazyp alyň we ulanyň.

Duşmanyň siziň dillerde doga etmegiňize päsgelçilik bermek üçin siziň aňyňyzda we teniňizde dürli pikirleri we duýgulary döredýändigi şübhesizdir. Ol imanlylaryň köpüsi bilen şeýle hereket edýär. Aşakda onuň oklaýan birnäçe sebäpleri we bahanalary mysal getirilýär. Olar size tanyş görünýärmi? Ýene-de nähili bahanalar ýadyňyza düşse belläp alyň, soňra dileg ediň we Mukaddes Ruhdan duşmanyň her ýalan sözüne Hudaýyň doly güýjüni soraň.

Bularyň ählisini Hudaý däl-de, sen oýlap tapdyň.

Men munuň akylsyz eşidilýänini duýýaryn.

Sen ýöne başga biriniň aýdan sözlerini gaýtalaýarsyň.

Mundan peýda bolmaz.

Meniň dillerde doga etmäge höwesim ýok.

Meniň doga edýän dilim bary-ýogy bir-iki sözdür.

Adamlar meniň doga edişimi eşidenlerinde, olar men barada näme pikir ederler?

Dostum, duşmanyň sizi dillerde doga etmeli däl diýen ýaly oý-pikirine çümürmegine ýol bermäň. Şular ýaly pikirlerden daşda duruň we şular ýaly duýgulary özüňizden kowuň. Her güni «siz özüňizi iň mukaddes imanyňyzyň üstünde gurup, Mukaddes Ruhda doga ediň...» diýen ýaly sözler bilen başlaň (Ýahuda. 20).

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger-de siz bu kitaby «Messenger» ybadaty tarapyndan Mukaddes Ruh baradaky maglumatlaryň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, onda 5-nji wideosapaga seretmegiňizi haýyş edýäris.*

1 I Dillerde (Ruhuň dilinde) doga etmegiň üýtgeşik peýdasy bar. Onuň artykmaçlyklaryny sanap geçmek üçin birnäçe minudyňyzy sarp ediň. Siziň durmuşyňyzyň edil şu pursatynda olaryň haýsysy has köp ähmiýete eýe? Eger-de başarsaňyz, paýlaşyň.

2 I Hudaýyň bize dil peşgeşini bermeginiň esasy sebäpleriniň biri hem duşmanyň näme bolup geçýändigini bilmezligine böwet bolmakdyr. Hudaý ähli zady bilýär, şeýtan bolsa bilenok. Ol Ruhuň diliniň mukaddes täsirine düşünmeýär. Haçan-da bolsa bir wagt anyk bir ýagdaý üçin dillerde okan dilegiňiz (towakga edişiňiz) we şeýtanyň maksatlaryny öz durmuşyňyzda ýa-da başga adamlaryň durmuşynda ýeňişiňiz barada gürrüň beriň.

Ýolbaşçylara: pikirlenmek üçin Ýazgynyň ýeri: Luk. 10:19; Efes. 6:10–18; 2 Kor.10:3–5; Matt. 11:12; Ylham. 12:11.

*Her hili doga we dileg bilen, hemişe Ruhda doga ediň. Bu maksat bilen bütin mukaddesler üçin ýalbaryp, durnuklylykda hüşgär boluň*

– Efeslilere 6:18

3 I Haçan-da bize ol ýa-da başga bir ýagdaýda paýhas gerek bolsa, Mukaddes Ruhda doga etmek Hudaýyň görkezen ýolundan gitmegimiziň esasy açary bolup durýar. Ünsli okaň. Sül. Tymsal. 20:5; 1 Kor. 14:13 we Ýahýa. 7:38, 39. Dillerdäki doga-dilegleriň Hudaýyň biziň ýüregimize guýlan

maslahatyny nähili boşadýanlygyny beýan ediň.

4 | Mukaddes Ruhuň Şahsyýeti bilen bile bolmak biz üçin gizlin «syrlary» açar. Bu syrlar şular ýaly meseleleri öz içine alýar, mysal üçin, haýsy Ýygnaga gatnamaly, kime öýlenmeli ýa-da kime durmuşa çykmaly, nähili işi etmeli, başga adamlar üçin nähili dileg etmeli, nädip gowy ýanýoldaş bolmaly, nädip öňküdenem gowy ene-ata bolmaly we işdäki kynçylyklary nädip başdan geçirmeli.

Eger isleseňiz Ruhda dileg etmegiň ol ýa-da beýleki ýagdaýlarda size ýol görkezendigi barada öz toparyňyz bilen paýlaşyp bilersiňiz.

5 | Korintoslylara iberilen birinji Hatyndan (14:15) görnüşi ýaly, Ruhda hemakyl bilen doga etmek gymmatdyr. Akyl bilen dileg etmegiň ähmiýeti nähili? Has takyk akylda doga etmeklik üçin Ruhda doga etmeklik bize nähili kömek edýär?

6 | Selaniklilere iberilen birinji Hatynda (5:17) biziň «dyngysyz doga etmegimizi» öwredýär. Bu biziň gije-gündiziň dowamynda ýigrimi dört sagatlap we hepdede ýedi gün dileg etmelidigimizi aňladýarmy ýa-da gürrüň başga zat baradamy? Selaniklilere iberilen Birinji hatyny okaň (5:16–19) we Hudaýyň bize näme aýdýandygyny maslahatlaşyň.

7 | Mukaddes Ruhy kabul eden käbir imanlylar heniz bu ajaýyp we täsin peşgeşe eýe bolmadyk adamlara äsgermezçilik bilen garaýarlar, olary ikinji derejeli mesihiler hökmünde görýärler. Sizede şeýle göz bilen seredýärdilermi? Eger-de şeýle bolsa, onda bu ýagdaý siziň Hudaý we beýleki imanlylar bilen gatnaşygyňyza nähili täsir etdi? Siz hem kimdir birine düşünip ýa-da düşünmän äsgermezçilik bilen garaýaňyzmy? Biziň Ruh bilen dolmaklyga biz nähili garamalydyrys?

BELLIKLER

## Bölümlere gysgaça syn

- Ruh bilen ýakynlygyň, şol sanda dillerde doga etmegiň öz wagty we ýeri bar.
- Kimdir biriniň diller peşgeşine nädogry düşünýänligi üçin ony äsgermezlik etmäň we peseltmäň.
- Dillerde doga etmek bilen siz Hudaýa syryňyzy beýan edýärsiňiz we Ondan öz dilegiňiziň manysyny düşündirmegini sorap bilersiňiz.
- Ruhuň güýji diňe göwnipeslere berilýär. göwnipeslik Hudaýyň syrlarynyň gapysyny açýar.
- Haçan-da paýhasa mätäç bolanymyzda, Hudaýa sežde edişimizi täze derejä göterjek bolanymyzda ýa-da başgalar üçin towakga etjek bolanymyzda biz Ruhda doga edip bilýäris. Ruh biziň ukyplarymyzy ähli ugurlar boýunça ösdürýär.
- Hudaýyň ugry köplenç salamatlykda gelýär; haçan-da biz Ruhda doga edenimizde soraýan zadymyz babatynda salamatlyk duýýan bolsak, onda bu Mukaddes Ruhuň biziň ruhumyza şaýatlyk edýändigini we bizi öňe hereket etmäge gönükdirýändigini aňladýar.
- Ruhda doga etmeklik biziň ähli barlygymyzy täzeleýär we bizi abatlaýar. Her gün Ruhuň dilinde doga-dileg etmäge wagt beriň!

# Goşmaca sylag bölümi

## Sorag-jogap

*Bu tekst Jon bilen Liza Biweriň soraglara jogap beren göni söhbetdeşliginden alnan. Gepleşige audio ýa-da wideo formatda Mukaddes Ruh (Giriş) baradaky maglumatlaryň bir bölegi hökmünde tomaşa edip bolar.* «Messenger» gullugyndan.

**Liza: Sen käbir Mesihiler Ýygnaklaryň ýygnagyň atmosferasyny gowulandyrmaga çenden-aşa uly üns berip, hatda Mukaddes Ruhuň barlygyna biperwaý garandyklaryny ýatlap geçýäň. Köp Ýygnaklarda adamlar, öňki döwürlerdäki boluşy ýaly - ýöne «düşüniksiz» we biderek uzaga çekýän ybadatlary gurnamazdan, Mukaddes Ruhuň barlygyny nähili çagyryp boljakdygyny bilmek isleýärler. Ony nädip edip bolar?**

**Jon:** Ýöne haýyş etmeli. Öň men aýdyşym ýaly, Mukaddes Ruh – džentelmendir. Ol teklip etmekligi bize galdyrýar.

Haçan-da men Ýygnaklarda gulluk edemde, adamlar gutulyşy kabul etmek üçin öňe çykanlarynda, men şeýle diýýärin: «Mukaddes Ruh, olara ýanaşmagyňy haýyş edýärin». Birnäçe minut geçenden soň Onuň barlygy başlanýar we adamlar bütin zalyň içinde hork-hork edip aglap başlaýarlar. Men Onuň barlygyny halaýaryn, çünki Mukaddes kitap bize Ruhyň peşgeşini dadyp görmegi nygtap geçýär (ser. Ýewr. 6: 1-6). Şeýle-de, men adamlaryň peşgeşini – Ruhuň barlygyny duýan imanlylar ynamdan dänmeklige örän az duçar bolýandyklaryna men göz ýetirdim.

Günlerde bir gün men harizmatik gullugyň ugurlaryny ýatlandyrýan aç-açan göze görünýän usullarydan uzaklaşan uly Mesihileriň Ýygnaklarynyň birinde boldum. Ýygnaklaryň birinde Mukaddes Ruh Özüniň barlygyny aýan etdi. Adamlar bütin zalyň içinde aglamaga başladylar. Hudaýyň barlygy örän gowy duýulýardy. Reb maňa şeýle diýdi: «Indi Hudaýa minnetdarlyk etmegiň we alkyş aýmagyň wagtynyň gelip ýetendigini olara aýtmak gerek».

Men şeýle hem etdim we ýygnagy jemledim. Şondan soň pastor şeýle diýdi: «Beý- bä! Men bolsa biz ýene bir sagat bu ýerde bolarys we öňler bolýan täsin hadysalara tomaşa ederis diýip pikir etdim». Soňra sözüni dowam etdi: «Ruhuň seni alyp barşy maňa örän ýaraýar. Haçan-da sen Hudaý Öz edýän işini tamamlady diýip aýdanyňda, Ol Öz maksadyna ýetendigini men edil duýan ýaly saýdym. Şol pursat sen, bis ýygnagy tamamlaýarys diýdiň». Men Ruhuň aç-açan göze görünýän barlygynyň hatda iki minut hem bolsa-da adamlara güýçli täsir edendigini gördüm.

**Liza:** Ýaňy-ýakynda biz Jon bilen edil şu barada gürrüň edipdik. Käwagt bize Ýygnakda wagyz etmek üçin otuz bäş minut wagt berilýär, emma bu otuz bäş minudyň hemmesi biziňki däl ahyry. Şonuň üçin hem, otuz bäş minut wagyz etmegiň ornuna, -

**Jon:** Otuz minut wagyz ediň.

**Liza**: Otuz minut wagyz ediň. Ýa-da öz wagyz edýän wagtyňyzyň ortasynda Mukaddes Ruha orun beriň. Oňa islän zadyny etmäge rugsat beriň. Käwagt wagyz edýänler temany has giňişleýin beýan etmäge çalyşýarlar we şonuň üçin Mukaddes Ruha ähli aýdylanlary çuň düşünmegi üçin orun bermegi unutýarlar.

**Liza: Sen Mukaddes Ruha «dolmagyň» nämedigi barada örän köp aýdypdyň, indi bolsa Onuň haçan bize gadagan edýändigini ýa-da haçan bizi goýbermeýändigini aýdyp ber? Ony nähili beýan edip bolar?**

**Jon:** Kolosiýalylara hatynda bize şeýle diýýär: «Ýüregiňizde Mesihiň parahatçylygyi höküm sürsin» (ser. 3:15). Rimlilere hatynda şeýle aýdylýar: «Çünki Hudaýyň Ruhy arkaly ideklenýänleriň bary Hudaýyň ogludyr» (8:14). «Ogullar» sözi bu şygyrda – ogullara hem-de gyzlara degişli bolup, ol grek dilindäki huios sözünden terjime edilende «ýetişen ogullar» diýmegi aňladýar. Her bir mesihini Ruh ugrukdyrýandyr . Köpler özlerini duýgusy, intellekti, dürli ýagdaýlar ýa şertler arkaly ugrukdyrýandyr.

Hudaý aýdýardy, ýetişen ogullar we gyzlar Ruh bilen ugrukdyrylýandyrlar. Ruh bizi nähili alyp barýar (ugrukdyrýar)? Ol biziň ruhumyza şaýatlyk edýär (goşgy 16). Şonuň üçin, mysal üçin, men islendik bir şähere gitmek isleýärin we şol bir wagtda-da öz ruhumda bir hili ýürek gysdyryjy hem-de ýürege düşüji duýgulary başdan geçirýärin.

**Liza:** Seniň durmuşyňda haçan-da bolsa şeýle zat boldymy, ýagny sen her nämede bolsa gidilmeli däl ýere gitdiňmi?

**Jon:** Hawwa.

**Liza:** Netijesi nähili boldy?

**Jon:** Netijesini şeýle beýan etmek bolar: «Indi hiç haçan şeýle hereket etmerin!» Bu heläkçilik boldy. Şular ýaly duýduryş berlende hökmany suratda säginmelidigine düşündim. Ol ýa beýleki duşuşyklara ýa-da yygnaklara gitmäge razylaşýan pursatlarym hem bolýardy. Soňra bolsa Hudaýyň meniň gitmegimi islemändigini duýýardym. Emma men eýýäm söz beripdim. Şonda men şeýle diýýärdim: «Taňrym, Seniň Sözüň meniň öz ýüreginde ant içýän we wadasyndan dänmeýän adam bolmalydygym hakynda aýdýar. Men bu duşuşyga gitmeli. Maňa Seniň goragyň gerek». Ol meni bu zatlar üçin ýazgarmaýardy. Duşuşyk örän gowy geçýärdi, men bolsa hut Onuň goragyny (hemaýatyny) duýýardym. Her näme-de bolsa, men berilýän duýduryjy habarlary kesgitlemegi makul bilýärin. Çünki bu alamatlar maňa ol ýa beýleki ýere gitmeli däldigimi duýdurýarlar. Olary tanap bolýanlygy örän geň hem täsin zat. Şeýle bir aýratyn hukuk . Hudaý bilen näçe köp bolsaň, şonça-da duýgur bolýarsyň.

**Liza:** Sen doktor Ço we onuň tarapyndan edilen täsin zatlar barada, şeýle hem onuň Mukaddes Ruhda doga edip ruhlanýandygyny aýdýardyň. Men onuň syrlarynyň birini bilýärin, adamlaryň köpüsi bolsa oňa düşünmeýärler, ýagny ol köp zatlara «ýok» diýmegi başarýar, şeýlelik-de ol köp wagtyny Ruh bilen geçirmäge bagş edýär. Mukaddes Ruh bize ol ýa beýleki mümkin bolup biljek işlerde rugsat bermez, çünki Ol biziň durmuşymyzda mümkin bolup bimeýän zatlary amala aşyrmak üçin.

**Jon:** Resullaryň işleri kitabyndaky bir zada üns beriň; ýagny kitabyň ikinji babynda olaryň Mukaddes Ruh bilen dolmagyna. Soňra Petrus«Mukaddes Ruh bilen dolup» ýolbaşçylara we ýaşululara ýüzlenip (4:8) hem-de imanlylar «Mukaddes Ruh bilen doldular» (4:31). Ruh bilen dolmaklyk – bu bir gezeklik bolýan ýagdaý däl. Taňry şeýle diýýär: «Şerapdan serhoş bolmaň, onda edepsizlik bar, Ruhdan doly boluň...» (Ýef. 5:18). Mesele Ruhuň akyp dökülmeginde däl-de, biziň hemişe Ruhda dolup aşmagymyzdadyr. Şeýle ýagdaýlar

bolýar, haçan-da maşgala durmuşynda bizde birek-birege bolan söýgi dolup aşýandyr. Emma biziň biri-birimizden daşlaşýan pursatlarymyz hem bolýar. Şonda bize ýene-de birek-birege bolan söýgi bilen dolup aşmalydyrys.

**Liza:** Diýmek, şoňa tarap ymtylmak gerek.

**Jon:** Ymtylmak örän zerur. Şonuň üçin hemişe Mukaddes Ruh bilen dolup ýaşaň. Mukaddes Ruh bilen dolmaklyk – hemişe gaýtalanýan prosesdir, ol alkyş aýdymlar, senalar we ruhy aýdymlar aýdylanda ýüze çykýar (ser. Efes. 5:18–20). Birden siz özüňiziň hemme ýerde aýdym aýdyp ýörşüňizi görersiňiz. Bu hepde men has köp aýdym aýdýaryn.

**Liza:** Telewizory öçüriň.

**Jon:** Hawwa, telewizory öçüriň.

**Liza:** Özüňizi sizi ýadadyp biljek ähli zatdan goraň.

**Liza: Hemme imanlylar ruhy pegeşlerde hereket edýärlermi ýa-da diňe ruhanylar edýärler?**

**Jon:** Men her bir imanlynyň Ruhuň islendik peşgeşi arkaly hereket etmek ukybynyň bardygyna ynanýaryn. Eger-de, kime beýik gudrat gerek bolsa, onda gudrat dörediji peşgeş islendik imanlynyň üstüne döküler. Mundan başga-da, Hudaý belli bir adamlaryň durmuşynda takyk peşgeş berýär we Taňrynyň bu peşgeşleri adam nirä gitse-de täsir edýär.

Biz Liza bilen şypa peşgeşi bar bolan bir adamy tanaýardyk. Ol, esasanam, ýürek kesellerine şypa berýärdi. Hemme ýurtlardan Ýüregi kemli adamlar onuň ýygnaklaryna gelýärdiler we şypa tapýardylar. Onuň durmuşyndaky şypa bermek peşgeşi oňa ybadat etmäge çagyrylan gullugyny ýerine ýetirmekde oňa kömak etdi. Men özümiň ýene-de bir dostumy ýatlaýaryn, onuň ogly wannada elektrik togynyň urmagy sebäpli 45 minut eýýäm ölidi. Dostum maňa şeýle diýýärdi: «Jon, men ýarym sagatlap dileg etdim, emma hiç zat bolmady. Lukmanlar haýran galmak bilen maňa seredýärdiler. Soňra bir zat meniň depäme urdy. Kimdir başga biri meniň gözlerim bilen seretdi we meniň ogluma şeýle diýdi: sen ýaşarsyň we ölmersiň».

Şonda onuň ogly direldi. Ol muňa zerur pursata iman peşgeşi onuň

üstüne döküldi diýip hasap edýär.

**Liza:** Ol şol wagt pastor däl ekeni.

**Jon:** Ol polisiýa işgäridi.

**Liza:** Ybadat edýänleriň ýolbaşçysy däl ekeni.

**Jon:** Şol pursat ol ýaňybir ybadat edip gelen ekeni, şindi birinji gezek ömründe wagyz eden ekeni.

**Liza:** Men örän aýdyň hem düşnükli bolmagy isleýärin, ýagny…

**Jon:** Imanly, islendik imanly.

**Liza:** Mukaddes Ruh bilen dolan durmuşynyň islendik pursatynda, islendik imanly.

**Jon:** Şypa peşgeşlerine garaşmak asla gerek däl. Isa şeýle diýdi: «Şu alamatlar iman edýänleriň hemrasy bolar: syrkawlaryň üstüne ellerini goýarlar» (ser. Mark.16:17, 18). Bu bolsa, haçan-da, olar ynam dogasy bilen dileseler, adam şypa tapar diýmegi aňladýar. Hudaý şeýle işlere hormat goýýar, çünki Ol Öz Sözüne hormat goýýar.

**Liza:** Pastoryň sizi kafedranyň öňünde goýmagyna garaşmaň. Haçan-da bolsa kimdir biri sizi Ýygnagyň foýesinde tutar diýip garaşmaň. Siz Hudaýyň güýjini we wadalaryny her gün özüňiziň ýaşaýşyňyzda, hatda ýönekeýje ýagdaýlarda-da alyp hem ulanyp bilersiňiz. Eger-de siz Ruhuň siz kimdir biri bilen gürrüňdeşlik etmegiňizi, kimdir birine eliňizi degirmegiňizi, kimdir biri üçin doga-dileg etmegiňizi ýa-da kimdir biri bilen bir zady paýlaşmagyňyzy isleýändigini duýsaňyz, onda belki-de iň bärkisi adamlar bilen mylakatly, açykgöwünli bolmakdan başlamak gerekdir. Elbetde, bu ajap bolardy. Ony bolsa biz edip bileris.

**Jon: P**eşgeş etmek, jomartlyk - bu peşgeşleriň biridir.

**Liza:** Mukaddes Ruhuň bize Isa Mesihi aýan etmegi üçin gelendigini biz bilýäris. Şonuň üçin hem biziň soňky ýigrimi ýylyň dowamynda gören zatlarymyz, ýagny titreme, gülki, polda typmak we ýykylma, nädip bu zatlar bize Isa Mesihi açyp berer?

**Jon:** Hawwa, Mukaddes kitap üýtgeşik hadysalar barada gürrüň edýär, ýöne olar köplenç gysga wagtlaýyn ýüze çykýarlar. Käwagt şeýle ýagdaýlar bolýar, ýagny adatdan daşary gudratllar we alamatlar bolup,

olar adamlaryň ünsüni özüne çekip, olara Isany Meihi şöhratlandyrýar. Hemme zatdan beter meni adamlaryň bu hadysalaryň Kim tarapyndan ýüze çykýandygyna däl-de, eýsem hadysalaryň özüne has köp ähmiýet berýändigi gynandyrýar. Günlerde bir gün men Singapurda boldum we şol ýerdäki Ýygnaklaryň birinde ybadat edenimde. Edil şol wagt bu ýere şypa beriji peşgeşi bolan bir Hoş Habary wagyz ediji geldi. Onuň Ruhuň şypa beriji peşgeşi bardy, ol adamlaryň çirkin gülküsi arkaly ýüze çykypdyr. Biziň ýygnagymyzda Hudaýyň barlygyny şu wagtyň özünde olaryň uly Ýygnagynyň üstüne injeldigini men duýargym. Birdenkä adamlar gülüp başladylar, şonda kimdir biri dyrnaklary bilen tagtanyň üstüne çyzýan ýaly boldy. Bu meniň ruhda duýan zadymdy.

**Liza:** Başga sözler bilen aýtsak, bu hereket dogrydy, emma onuň wagty däldi.

**Jon:** Men aýtdym: «Bes ediň. Siz ýüze çykmalar bilen bolduňyz. Siz Hudaýyň Ruhunyň yzy bilen ýöräňzok. Ol bu ýerde düýbünden başga zat etmek isledi. Ol adamlary Hudaýyň gorkusy bilen gurşar aljak bolýardy. Ruhy yzyna gaýdyp geler we bize gulluk eder diýip ynanýarys». Şonda biziň ählimiz ýene-de doga-dileg etdip başladyk. Hudaýyň Ruhy geldi we zaldaky adamlar aglap başladylar. Şular ýaly ýagdaýlarda adamlar özlerine üns berip başlaýarlar, şol sebäpli hem Hudaýyň barlygynyň ýüze çykmalary şeýle bir ýigrenji we ýerliksiz bolup görünýär.

Är-aýal özüniň ýakyn gatnaşyklaryny hemmeleriň öňünde görkezip durmaz. Şular ýaly ýagdaýlarda bolsa adamlar göýä ýakynlaşmak ukybynyň özlerinde bardygyny görkezmek isleýän ýaly bolup, şeýle diýýärler:

«Bize serediň! Biz şeýle ruhdadyrys!» Şular ýaly ýagdaýlarda bolsa adamlar göýä Hudaýa bolan ýakyn aragatnaşyklarynyň özlerinde bardygyny, beylekilere göz üçin görkezmek isleýän ýaly bolup şeýle diýýärler: «Bize serediň! Biz şeýle ruhdadyrys!» Men Mukaddes Ruhy näçe gowy tanadygymça, şonça-da Ony (Onuň peşgeşlerini, Onuň ukyplaryny we Onuň güýjini) hormat we sylag bilen goramak isleýändigime göz ýetirdim. Mukaddes kitapda Selaniklilere iberilen birinji hatynda Mukaddes Ruhy söndürmezligimiz barada aýdylyp geçilýär (5:19-21). Haçan-da biz Ruhuň güjini we peşgeşlerini söndürenimizde, Onuň özüni hem söndürýäris.

Şonuň üçin şeýle işleri etmäň! Oňa hormat goýuň. Ol göýä haýsydyr bir ähmiýetsiz täsir ýa-da biderek bir güýje eýedir diýip Ony görkezmäň.

**Liza:** Belläp geçesim gelýän zat, ýagny biz Hudaýy Onuň etjek bolýan işini ýerine ýetirmäge çagyrýarys. Kämahal Mukaddes Ruh bir zady şeýle görnüşde we zerur wagtda amal edýär, welin, biz bir hili özümizi oňaýsyz duýýarys. Emma Ol hiç wagt Özüni bize mejbur etmeýär, Onuň barlygy hiç haçan biziň gaharymyzy getirmez. Olar adamlara üns çekmek üçin däl-de, tersine, adamlaryň ünsüni Hudaýa çekmek üçin gerek. Adamlar üçin bolsa Ol köplenç, belli bir atmosferany we barlygy döredýär. Ýaňy-ýakynda men dürli Mesihiler denominasiýalaryndan bolan adamlar bilen geçirilen duşuşykda boldum. Men olaryň käbiriniň Hudaýyň barlygynyň ýüze çykyşynyň üstünden gülüşlerini eşitdim. Meniň pikirimçe, olar haçan-da bolsa bir wagt hakykatdan hem bolup geçendir. Soňra olar Hudaý birwagtlar pata beren zatlaryna geljekde-de pata berer diýen umyt bilen öýkünmelerini dowam etdiler. Funksiýa bir ýerlerde ýol ugrunda ýitip gidipdir, emma forma galandyr we şonuň üçin adamlar gülüp başladylar. Bu Hudaýyň barlygynyň ýüze çykmalarynyň üstünden gülmeli däl. Mukaddes Ruhda biz üçin näme bar bolsa, biz şony hem isleýäris. Elbetde, bu zatlaryň ählisiniň ynamda bolmagyny arzuw edýäris. Biz gerekli düzgüniň bolmagyny we bu ýüze çykmalaryň ählisiniň Hudaýyň barlygy bilen bolmagyny isleýäris.

**Liza: Adam ýüreginde salamatlygy ol ýa beýleki ýagdaýa, ýa çözgüde görä duýýar, şol bir wagtda-da ol Hudaý tarapyndan bolmazlygy mümkinmmi?**

**Jon:** Hawwa, elbetde. Ýezekiýel pygamberiň kitabynyň 14-nji babynda Hudaýyň, ýüreginde butlary bolan adamlar Onuň ýanyna gelenleri barada aýdýar. Butlar bu näme? Täze Ahtde butparazlyk bu nebisjeňlik (ser. Kol. 3:5), nämedir bir zady ahlaksyzlyk islegi bilen gazanmak diýmegi aňladýandyr. Ýüreginde butlary bolan adamlar hat-da pygamberiň ýanynada bararlar we şeýle diýerler: «Haýyş, meniň üçin dileg et we maňa Hudaýdan söz aýt». Hudaý aýtdy: «Men, Rebb, butlarynyň köplügine laýyklykda jogap bererimi» (Ýezek. 14:4 Kanoniki we sinodal rus Mukaddes kitabyndan, Bibliýasyndan alyndy). Haçan-da, men Hudaýyň barlygyna girenimde we bir zatlar barada dileg edenimde, men ýüregimiň bitarapdygyna göz ýetirmeli. Meniň şular ýaly etmeýän pursatlarym hem bolýardy. Meniň ýüregim bitarap

bolmanlygy sebäpli, onda Hudaýyň salamaty ýokdy we ol maňa köp gaýgy-gamlary getirýärdi. Ine näme üçin, biz maşgala gurmagymyzdan öň Liza bilen dürli şäherlerde bolandygymyza begenýärin. Otuz günüň dowamynda biz mundan beýläk gatnaşyklarymyzy ösdürmegiň gerekmi ýa däldigini bilmek üçin doga-dileg etdik. Men onuň bilen şeýle bir, öwrenişdim welin, hat-da bu ysnyşma ýol bermezlik üçin maňa ýigrimi bäş gün gerek boldy. Ýöne, şol otuz günüň içinde maňa, eger-de, Hudaý «Ýok» diýse, men Onuň jogabyny hakykatdanam kabul edip biler ýaly derejä ýetdim. Şular ýaly pursat bolsa, Onuň meniň üçin we edil şolar ýaly hem onuň üçin başga bir adamy göz öňünde tutýandygyny aňladardy. Haçan-da, men bitarap pursata ýetenimde, men hakykatdan diňläp başladym. Eger-de, men doga etmek üçin otaga girip, ýüregimiň erkin däldigine göz ýetirsem, onda maňa Hudaýyň Sözüniň we doga-dilegleriň kömegi bilen ýüregim azat bolýança onuň bilen bir zatlar etmek gerek. Men «hawwa» we «ýok» diýilen sözleri eşitmegi başarmaga taýyn bolmaly, sebäbi eger-de men ol ýa beýleki jogaby eşitmäge ýykgyn etsem, onda men ýalan salamatlygy gazanyp bilerin.

**Liza:** Köp gezekler biziň durmuşymyzyň dürli döwürlerinde şeýle ýagdaýlar bolýardy. Şonda biz ýagdaý şeýle ýa başgaça bolar diýip pikir edýärdik. Emma soňra hemme zadyň düýbünden başga hili boljakdygyna düşünmeýärdik. Hatda ähli pikirlerimizden we wariantlarymyzdan el çekip, şeýle diýmeli bolýardyk: «Hudaý, Seniň islegiň bolsyn». Gep Ruhdan gelip çykýan bilim barada gidýär. Haçan-da, men iýmit barada kitap ýazmaga taýýarlananymda, sözlükden «intuisiýa» sözüni gözledim. Bu söz latyn dilindäki «in» we «tueor» diýen sözlerinden gelip çykyp, «içki mugallym» diýmegi aňladýar. Biziň içki Mugallymymyz - Mukaddes Ruhdyr. Ol bize täze ýürek berýär (ser. Ýezek.36:26) we bize öwredip başlaýar.

**Liza: Durmuşda adamlar ýa-da wakalar bilen baglanyşykly ähli zat dogry ýaly, ýöne şol bir wagtyň özünde-de nämedir bir zat ýetmeýän ýaly duýulýan ýagdaýlar bolýar. Indi şular dogrusynda biraz durup geçeliň.**

**Jon:** Haçan-da, men her sapar bu içki mugallyma gulak asmadyk pursadym, ruhda hemme zat dogry däl, daşky görnüş bolsa bolmalysyndan gowy görünýän wagty men hakyky uly aldawa

düşýärdim.

**Liza:** Bu haçan-da sen ilkinji jogaby logika taýdan inkär edeniňde bolýarmy?

**Jon:** Hawwa. Adatça birinji jogap – bu Hudaýyň Ruhunyň sesidir. Haçan-da men seniň maslahatyňy inkär edenimde-de şeýle ýagdaý bolýar.

Şu wagt ärlere we aýallara ýüzlenmek isleýärin. Haçan-da biz Liza bilen durmuş guranymyzda, Liza suwa düşün wagty bary-ýogy on minut dileg edýän bolsa, men her gün birýarym sagatlap doga okaýardym.

**Liza:** Men tutuş iş gününi işledim!

**Jon:** Men köplenç şeýle diýýärdim: «Liza, meniň pikirimçe biz şeýle-şeýle etmeli. Men edil şuny etmelidigimizi duýýaryn». Ol bolsa jogabyma şeýle diýýärdi: «Men ony duýmaýaryn», – we köp halatlarda ol mamlady. Men bolsa örän gynanýardym. Günlerde bir gün şeýle diýdim: «Hudaýjan, men her gün irden birýarym sagatlap doga okaýaryn. Liza bolsa suwa düşün wagty bary-ýogy on minut dileg edýär. Şol bir wagtyň özünde-de, onuň aýdany köplenç mamla bolup çykýar». Reb maňa jogap berdi: «Tegelegi çek». Men kagyzyň ýüzünde tegelek çekdim. Hudaý diýdi: «Tutuş tegelegiň içinde x harpyny ýaz». Men tegelegiň içinde iks-lary ýazyp başladym. Ol aýtdy: «Indi göni ortasyndan çyzyk çyz». Men edil şeýtdim. Ol aýtdy: «Sen görýäňmi, iks-leriň ýarysy diýen ýaly bir tarapda we beýlekileri başga tarapda?



Jon, haçan-da sen sallah wagtyň Mende hem-de öz-özüňde bütewidiň. Emma indi sen Liza bilen bir jan we bir ten bolduň, şonuň üçin hem bu tegelek seni we Lizany aňladýar. Sen tegelegiň çep tarapy, ol bolsa sag tarapy». Soňra Hudaý şeýle diýdi: «Iks-leriň näme aňladýandyklaryny bilýäňmi? Olar Menden saňa parasatly çözgütleri kabul etmek üçin gerek bolan maglumatlar. Kyn mesele seniň ähli çözgütleri diňe tegelegiň çep

tarapyna esaslanyp kabul edýänligiňde. Meniň seniň aýalyňa görkezýän zadymy ondan kabul etmegi öwrenmegiň gerek. Çünki sen maşgalanyň başy hökmünde çözgütleri doly we dogry maglumatlara esaslanyp kabul etmeli».

Intuisiýa degişli bu täzelik bilen baglanyşykly aýdasym gelýän zat, ýagny men duýduryş duýýardym, ýöne ony inkär edýärdim. Emma käbir ýagdaýlar bolýardy, haçan-da Liza maňa bir zatlar aýdanda, men oňa üns bermeýärdim. Ýöne ýüregimiň töründe onuň sözleriniň Mukaddes Ruh tarapyndan gelýändigine düşünýärdim - Ol näme edýär? – Şaýatlyk edýär. Liza käwagt başga zadam diýýär, mysal üçin: «Bu ynam tarapyndan aýdylan däldir. Bu ýerde gorky bar. Men muňa ynanmaýaryn», dogrusy bular ýaly sözleri ol örän seýrek diýýär, meniň ýadyma düşüşine görä birnäçe ýyldan bir gezek aýdýan bolmagam mümkin. Köplenç, haçan-da Liza aýdanda, öz ruhumyň çuň töründen: «Onuň mamladygyny» bilýärin. Eger-de, men bu şaýady inkär etsem, onda netijede özüm jezamy çekýärin.

**Liza:** Meniň pikimçe, Jon rehimdar adam, ýöne men haçan-da Hudaý adama ýüzlenende, Oňa hiç hili şübhesiz ynanyp boljakdygyna adamlaryň düşünmeklerini isleýärin. Barlagçylaryň aýtmagyna görä, ruh biziň pikir edişimizden hem öňden görüjidir. Haçan-da, biz aňymyzy ulanyp dürli toslamalary gözläp başlanymyzda, biz öz-özümize ynamsyzlyk bilen seretmeýäris. Biz Hudaýa şübhelenýäris. Hudaý bize bir zatlar aýdyp başlanda, Onuň yzyna eýermek zerurdyr. Arada bir gün awtobusda köp sanly adamlar bilen gitmeli boldum. Ýeri gelende aýtsam, men awtobusda gitmegi halamaýaryn. Biziň toparymyz howa menziline tarap barýardy, munuň üçin biz örän uzak hereket etmeli bolduk. Onda-da toparymyzdan bir aýal gijä galýardy, sebäbi awtobusyň ugramaly ýerine barýan ýoly tapanokdy. Biz oňa yzygiderli jaň etdik, ýöne onuň bilen habarlaşyp bilmedik. Ahyrsoňy, bizden has uzakrakda taksi maşynlaryň duralgasynyň ýanynda onuň böküşini we bize elini galgadýandygyny gördüm. Oňa seredenimde, ol zenany söýýändigim barada derrew pikir etdim. Bu ýürekleriň göz açyp ýumasy wagtyň içinde birleşmesi boldy. Men oňa ýöne seretmek bilen söýgini we berk baglanyşygy duýdum. Hudaý size-de şular ýaly aragatnaşyklary berer. Logika taýdan pikirlenip, ony näme üçin söýmelidigimi göz öňüne getirmek kyn boldy. Ýöne muňa garamazdan,

bu şeýle-de boldy. Şu gün ol maňa uzyn hat ýazdy, onda şeýle diýilýärdi: «Sen şol wagtyň özünde maňa bolan söýgiňi görkezdiň, seniň söýgiň kömegi arkaly men Taňrynyň söýgüsini durmuşymyň bir pursatynda haçan-da juda ýalňyzlygy başdan geçirenimde duýdum». Haçan-da biz özümizi ýagdaýlar bilen däl-de, eýsem biz sögüli araganaşyklar arkaly özümizi ýönekeý alyp baranymyzda, şular ýaly zatlar bolýar. Jonyň maňa şeýle diýýän wagtlary hem bolýar: «Liza, men bu adama gaty bir ynanamok». Men bolsa onuň jogabyna şeýle diýýärdim: «Ezizim, sen bu zatlara düşüner ýaly zenan däl ahyry, şol sebäpli men ýaly duýup bileňok». Ol üç ýa dört gezek maňa duýduryş etdi we her gezegem ony diňlemedik wagtym özüm kösenýärdim.

**Jon:** Şeýlelik-de, size şuny aýtmak isleýärin: Resullaryň kitabynyň 15-nji babynda, Pawlus we Barnabasyň öňünde, butparazlar Musanyň Kanunyny berjaý etmelimi diýen sorag ýüze çykdy. Ýygnak olary resullar we ýaşulular bilen duşuşmak üçin Beýtullahama (Iýerusalima) ugradýar. Näme üçin Pawlus we Barnabas özbaşdak karara gelip bilenoklar? Näme üçin olara Iýerusalima gitmek we hemme beýlekiler bilen duşuşmak gerek? Sebäbi güýç we ugur bitewiligiň hemrasydyr. Şonuň üçin är-aýallar hemme zady birek-birek bilen bütewilik bolanda döreýän güýjüň kömegi bilen etmeli. Bütewiligiň güýji bize Hudaýdan aýdyň jogaplary almaga ýardam berer.

**Liza:** Ruhuň **peşgeşileri** bilen Ruhuň **miweleriniň** arasynda näme tapawut bar?

**Jon:** Ruhuň peşgeşi – bu Hudaýyň adamyň durmuşyna bagş eden zady. Ony ösdürmek ýa kämilleşdirmek gerek däl. Ol öz-özünden hereket edýär. Ýeke-täk ösdürmeli zat bar, ol hem adamyň onuň içinde nähili hereket edýändigi. Ruhuň miwesini bolsa hökman ösdürmeli. Şeýlelik-de, peşgeşler berilýär, miweler bolsa kämilleşdirilýär. Ruhuň miwesi Ruh bilen ýaşalan ömrüň netijesidir. Haçan-da, siz Ruh bilen hereket edeniňizde, miweler ösýär we siz öňküdenem köp şadyýanlyk, salamatlylyk, sabyrlylyk we söýgi bilen dolan adama öwrülýärsiňiz (ser. Gal. 5:22, 23).

Bu söýgi, şatlyk ýa-da salamatlyk sizden çeşme ýaly akar, çünki siz Ruh bilen hereket edersiňiz. Olar siziň şahsy durmuşyňyz bilen baglanyşykly. Ruhuň miwesi sizi ybadat etmekde gorap saklajak esas bolup hyzmat eder. Ruhuň peşgeşleri siziň ybadatyňyza degişli bolup,

gynansak-da, köp adamlar miwesine däl-de, peşgeşine eýe bolmaga dyrjaşýarlar.

Men doga-dileg etdim: «Hudaýjan, men Seniň meniň durmuşyma ornaşdyran peşgeşleriň mende Seniň kämilleşdiren miweleriňi gysyp çykarmagyny islämok».

Men ýolumy gowy tamamlamagym üçin doga-dileg etdim, sebäbi köplenç şeýle bolýar, adamlar peşgeşleri yzarlap-gözlemäge başlaýarlar. Mukaddes kitapda şeýle diýilýär: «Söýgiň yzynda boluň hem-de ruhy sylaglara...yhlas ediň» (1Kor.14:1). Adamlar peşgeşlere eýe bolýarlar, emma miwäni (söýgini) äsgermeýärler. Peşgeşleriň adamlaryň çydamly bolmagyny kömek bermek häsiýeti ýokdyr, şonuň üçin hem olar onuň durmuşyny ýykyp bilerler. Ýahuda (Iuda) arwahlary kowupdyr, hassalara şypa beripdir, emma muňa garamazdan dowzaha düşüpdir. Isa ol barada şeýle diýipdir: «Ol adam eneden dogulmadyk bolsa, onuň üçin has oňat bolardy» (Matt. 26:24). Iudada durmuşynda hereket edýän Ruhuň peşgeşleri bolupdyr, ähtimal ol onuň miwelerini kämilleşdirmändir.

**Liza: Käbir adamlar peşgeşlerde örän güýçli hereket edýärler, ýogsam olaryň durmuşynyň miwesi peşgeşleriň güýji bilen ters gelýär. Bu nähili beýle bolýar?**

**Jon:** Bilgama (Walaama) seretmek ýeterlikdir. Bilgamyň (Walaamyň) pygamberlik peşgeşi bolupdyr. Onuň pygamberlik sözleri hatda Mukaddes kitapda ýazylan! Onuň aýdan sözleri Hudaýyň sözleri bolupdyr. Muňa garamazdan, Hudaý onuň adamlaryň üsti bilen öz gylyjy arkaly öldürilmegine ýol beripdir. Çünki ol näletkerde we diýen etmeýän adam bolupdyr. Şawul (Saul) patyşa paýhassyz hem akylsyz bolupdyr. Belli bir pursatda Taňrynyň patasyny alan Dawudy öldürmek üçin ol ony yzarlapdyr. Ol pygamberler bilen pygamberlik edip ýörkä, heniz gündiz ekeni (ser.1 Patyş. 19). Ol ýa beýleki adamyň durmuşynda peşgeşiň ýüze çykyşlary hemişe Taňrynyň merhemeti barada habar bermeýär. Isa Mesih şeýle diýdi: «Şol günde köpler Maňa: «Ýa Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen welilik etmedikmi? Seniň adyň bilen jynlary kowmadykmy? Seniň adyň bilen köp mugjyzalar etmedikmi? diýerler». Şonda Ol olara şeýle diýer: «Eý betkärler, Men sizi asla tanamaýaryn, ýanymdan aýrylyň! Siziň durmuşyňyzyň miwesi ýok» (ser. Matt. 7:22, 23, NET). Bir gün Reb maňa ýüzlendi we şeýle diýdi:

«Sen üns berdiňmi, olar beýle diýmediler: «Biz Seniň adyňdan açlary doýurdyk, Seniň adyňdan zyndanda oturanlardan habar tutdyk». Bu işleriň ählisini edýän adamlar Ruhuň miwesini kämilleşdirýärler». Ruhuň miwesiniň kämilleşmegi - ýörite bir gorag bolup, ol bize ýolumyzy gowy tamamlamaga ýardam berer. Birinji gezek bu barada uly Ýygnaklaryň birinde işlänimde bildim. Bu Ýygnak dünýädäki iň meşhur Ýygnaklaryň biri. Köp sanly meşhur spikerler we belli bolmadyk taglymat ýaýradyjylaryň aglabasy – mesihi ybadatçylarynyň topary bu Ýygnaga gelýärdiler. Meniň işim olary howa menzilinde garşy almak we olaryň bu ýerde wagtlaryny gowy geçirmeklerini gurnamak bolup durýardy. Men käbir ybadatçylaryň ulaga münen dessine ýanymda Isa Mesih oturan ýaly duýgynyň döreýändigini bildim. Haçan-da, olar sahna çykyp wagyz edenlerinde, hut Isa Mesihiň özi wagyz edýän ýaly duýgy döreýärdi. Haçan-da beýlekiler ulaga münende, şular ýaly pikirler döreýär: Näme boldy? Näme üçin men özümi hapalanan ýaly duýýaryn? Näme üçin olar şeýle edepsiz gepleşýärler? Soňra olar sahna çykýardylar we adamlar gutulyş alýardylar, şypa tapýardylar we ybadat gullugyny alýardylar. Bu ýasama gutulyş we şypa alanlary ýasama däldi, tersine, bu Mukaddes Ruhuň güýjidi. Men mahal-mahal şeýle pikir edýärin: Hudaý, men muňa düşünmeýärin! Näme bolýar? Olar nädip meniň bilen özlerini beýle gödek alyp baryp, soňra sahna çykyp adamlary gutulyşa we şypa tapmaga getirip bilýärler? Şonda Taňry maňa Iuda Hudaýyň Patyşalygyny yglan edýärdi, arwahlary kowýardy, hassalara şypa berýärdi we gudratlary görkezýärdi, muňa garamazdan, ol dowzaha düşdi diýip aýtdy. Bilgam (Walaam) pygamberlik etdýärdi, hassalara şypa berýärdi we gudratlary görkezýärdi, emma Hudaý ony gylyç bilen heläk etdi. Şawul (Saul) pygamberlik etdi, ýöne öz ýoluny ýaramaz tamamlady. Reb maňa şeýle diýdi: «Hudaýyň mesih etmesi - adamyň durmuşynda hereket edýän– Taňrynyň peşgeşidir, hökman Hudaýnyň makullaýandygynyň nyşany däldir». «Siz olary miwelerinden tanarsyňyz» (ser. Matt. 7:16).

**Liza:** Peşgeş diýip, adamyň durmuşyna gelýän zat bolýar, emme miwe bolsa kämilleşip ösýän zat we önüm içki häsiýet diýip aýdyp bolarmy?

**Jon:** Hawwa, bu örän dogry we ýerlikli düşündiriş.

**Liza:** Sen öz içki salamatlygyň bilen hereket etmekligiň, şeýle hem içki barlagyň haçan-da bir zat etjek bolanyňyzda Ruhuň size böwet

bolup – bu ýakymsyz duýgunyň nämäni aňladýanlygy barada aýtdyň. Emma kimdir biri Hudaý bu gün bize söz aýdýarmy-ka diýip jedel hem edip biler. Käbirleri Ol diňe Mukaddes kitabyň üsti bilen söz aýdýar diýip hasap edýärler. Sen Hudaýyň bu gün bize ýüzlenýändigine we diňe Öz Sözüne laýyklykda gürleýändigine ynanýarsyňmy?

**Jon:** Birinjiden, Pawlus Korintosdaky Ýygnaga şeýle diýdi: «Butparazkaňyz, biri sizi çekýän ýaly, dilsiz butlaryň yzyna eýerýärdiňiz» (ser. 1 Kor.12:2). «Dilsiz» biziň düşünjämizde «akylsyz» diýmegi aňladýar, dogrymy? Bu kontekstde dilsiz lal diýmegi aňladýar. Başga söz bilen aýdanymyzda, korintoslylaryň çokunýan hudaýlary gürläp bilenokdylar. Pawlus bu butlardan tapawutlylykda, biziň Hudaýymyz gürläp bilýär diýip olara habar edipdir. Ýeri gelende aýtsak, biziň Hudaýymyz örän aýdyň we düşnükli gürleýär. Hudaý nähili gürleýär? Täze Ähtde Onuň bize ýüzlenmesiniň dürli usullaryny görkezýär. Birinjiden, bu salamatlygy duýmaklygyň ýürekdäki subutnamasy, Esasy zat hem, Hudaý şol arkaly biz bilen habarlaşýar.

**Liza:** Onuň salamatlygy Onuň Sözünden hem möhümmi?

**Jon:** Ýok, Onuň Sözi hemişe möhümdir. Eger-de siz salamatlygy duýýan hem bolsaňyz, emma Hudaýyň Sözi ony tassyklamaýan bolsa, onda bu duýgyny diňlemäň. Siziň ýüregiňizde başga bir nädogry esaslaryň bar bolmagy mümkin. Ilki bilen ýüregiňizi bitarap ýagdaýa getirmek gerek.

Gutarnykly jogap hemişe Hudaýyň Sözündedir.

**Liza:** Hudaýyň Sözi hemişe esas we gurluş düzümi bolup durýar.

**Jon:** Hawwa, bu dogry. Şonuň üçin ýüregimizdäki subutnama – birinji esasy faktor bolup durýar. Ikinji faktor – Mukaddes kitapda aýdylyp geçilýär, bu asuda ýuwaş sesdir. Isa şeýle diýdi: «Meniň goýunlarym sesime gulak asýar» (ser. Ýahýa. 10:27). Hudaýyň Ruhy Isa Mesihden eşiden zadyny aýdýar. Bu bolsa asuda ýuwaş sesdir.

Käbir adamlar ýüregindäki subutnamasy bolmazdan seslere eýerip başlaýarlar, ol ýa beýleki torlara düşüp, çolaşýarlar. Her gezek Taňrynyň sesini eşidenimde, hemişe onuň subutnamasy bolýar. Şunlukda, hem ses, hem-de subutnama Hudaýyň Sözi bilen gabat gelýär. Şeýle esas edeliň: Söz, subutnama, ses. Eger-de siz sesi eşitseňiz, ýöne subutnama

bolmasa, onda sese gulak asmaň. Men käbir Ýygnaklarda adamlaryň meniň üçin pygemberlik edýändiklerini görýärdim, emma men Hudaýyň barlygyny duýmaýardym we meniň içki subutnamam ýokdy. Men şular ýaly sözlere üns bermeýärin.

Täze Ähtde görkezilişi ýaly, Hudaý düýşleriň üsti bilen bize ýüzlenýär.

Resullaryň işleri kitabynyň 16-njy babynda Pawlusyň gören düýşi barada aýdylýar. Ol düýşünde «Haýyş, gel-de bize ýardam et» diýýän haýsydyr bir makedoniýalyny görýär. Mukaddes Ruh düýşüň üsti bilen Pawlusyň Makedoniýa gitlmelidigini aýdypdyr. Käbir adamlara, mysal üçin meniň aýalyma Hudaý başga usullara garanyňda köpräk düýşleriň üsti bilen aýdýar. Ol maňa köplenç içki subutnamanyň we asuda ýuwaş sesiň üsti bilen aýdýar. Şeýle hem Mukaddes kitapda Hudaý göze görünmeler arkaly hem adamlar bilen gürleşýändigini görkezýär. Pawlus hem bolup geçen özüniň göze görünmelerini şeýle beýan edýär: «bilmeýärin tendemi, bilmeýärin tenden daşardamy» (ser. 2 Кor. 12:2). Size bir zatlar göze görnende özüňiz bilmeýärsiňiz tendemi ýa-da tenden daşardamy, ýöne siz hakykatdan-da ruhy dünýäni görýäňiz. 1989-njy ýylda göze görünmeler esasynda meniň pastorym bizi Liza bilen ybadat etmek gullulygyna iberdi. Gullukçylaryň umumy ýygnagynda ol şeýle diýdi: «Düýn agşam men Hudaýdan görnüşler gördüm. Men ony telewizorda görenim ýaly boldy.

Siziň araňyzda oturan pastorlaryň biri biziň aramyzdan gider. Ol ähli ýerlere gider hem aýlanar we Isa Mesihiň Ýygnagy üçin haýyr-sahawat eder. Soňra ol dowam etdi: «Ol adam sen - Jon Biwer». Şol duşuşykdan sekiz aý öň doga-dilegde Hudaý maňa edil şu zatlary görkezipdi. Şonuň üçin onuň sözleri meniň üçin tassyknama boldy. Täze Ähtde ýazylan Hudaýyň bize ýüzlenmesiniň iň soňky - trans usuly. Petrus ony öz başyndan geçiripdir, bu Resullar kitabynyň 10-njy babynda ýazylan. Trans adamyň duýgulary ýiten ýaly bolmagy aňladýar. Trans bilen deňeşdireniňde göze görünmelerde duýgular heniz täsir edýär we adam hereket edip bilýär. Haçan-da Pawlus bilen Ýahýa asmana galanlarynda, olar ol ýerde hereket edýärdiler. Transda siz bir zatlar görýärsiňiz we Hudaýyň sesini eşidýärsiňiz. Beýleki ähli duýgular göýä ýitirim bolýan ýaly. Kimdir biri aýdar:»Onda ýüň barada näme?» Ýüň – bu Taňrynyň sesini synamagyň Köne Aht

usuly. Köne Ahtde bar bolan ähli zatlary biz hajyň üçti bilen geçirmeli. Haç hakyky zady şöhlelendirer, ony arassalar we gerekmejek zatlary aýyrar. Men ýüňi alyp, haçdan geçirýärin we onuň ony bölýändigini görýärin. Mukaddes kitapda şeýle diýilýär: «Çünki Hudaýyň Ruhy arkaly ideklenýänleriň bary», ýöne »ýüň arkaly ideklenýänleriň bary» diýilmändir (ser. Rim. 8:14). Köne Aht döwründe adamlarda Hudaýyň Ruhy bolmandyr, şonuň üçin Hudaý olara ýüň ýaly zatlaryň üsti bilen habar ýetiripdir. Men Täze Äht imanlylaryna Hudaýyň sesini şular ýaly usul bilen synap görmegi maslahat bermeýärin. Meniň pikirimçe munuň hiç hili erbetligi ýok, ýöne ahyrsoňy siz Söz hem-de içki subutnama arkaly ugrukdyrylýandygyňyza göz ýetiriň. Ýüň – bu fiziki reallyk, siz onuň içinde hereket etmegi we ýalňyşlyklary goýbermegi isleýän däl bolsaňyz gerek. Biz Ruhda ýaşamagy we Ruh bilen hereket etmäge çagyrylandyrys.

**Liza:** Men seniň sözleriň üstüne goşasym gelýär. Seniň aýdan ähli jogaplaryň ruhy reallyga degişli. Şeýle-de biziň aýdyň, hakyky borçlarymyz tabşyrygymyz hem bar, mysal üçin haçan-da biz doganymyzy mätäçlikde görenimizde, oňa kömek bermäge borçly. (ser. 1 Ýahýa. 3:16–18). Käwagt size gökden ses eşitmek hökman däl. Kämahal size ýöne ol ýa beýleki mätäçlik çekýäni görmek ýa-da ol barada eşitmek gerekdir.

Haçan-da biziň kitaplarymyz bilen bolýan zatlar, ýagny adamlaryň olary böleklere bölýändigi we sahypalaryny birek-birege berýändikleri barada eşidenimizde, biz şeýle diýdik: «Biz nädip ýüregi ýukalyk edip bileris?» Biz munuň nähili bolandygyny görmedik, ýöne eşitdik we nähilidir bir zat oýlap tapmalydygymyzy aýtdyk.

**Jon:** Haçan-da men gyzlaryň gyrnak edilip satylýandyklaryny eşidenimde, Hudaý maňa hiç zat diýmedi, ýöne men Liza biz nähili bolsa-da kömek etmeli diýdim.

**Liza:** Men bu barada žurnalda okaýardym we haçan-da daşary ýurtda bolanymda görýärdim. Käwagt adamlar bir alamaty ýa transy, göze görünmeleri ýa-da düýşleri gözleýärler. Şol wagt Mukaddes kitapda şeýle diýilýär: «Eger-de görseň».

**Jon:** «Eger-de doganyňy mätäçlikde görseň».

**Liza:** Biz mätäçlik çekýän öz doganlarymyzdan we jigilerimizden

başlamalydyrys. Biz mätäçlik çekýän mesihilerden, görýän adamlarymyzdan, ýanaşýan adamlarymyzdan, seslerini eşidýän adamlarymyzdan başlamaly we öz ýüreklerimizi olar üçin açmalydyrys. Haçan-da biz hakyky dünýäde görýän zatlarymyza jogap berenimizde, Hudaý bize ruhy dünýäde köp zatlary ynanýandygyna men her gezek göz ýetirýärin. Sebäbi Ol şeýle diýýär:

> «Men siziň şunda wepalydyňyzy görýärin. Şonuň üçin iman meselesinde size köp ynanyp bilerin».

Jonyň goşmaça jogaplary

**Sorag:** Mukaddes Ruha nädip dil ýetirip bolar?

**Jon:** Mukaddes Ruha dil ýetirmek barada Matt.12:22–32; Mark. 3:22–30 we Luk. 12:10 okap bolar. Mattanyň we Markusyň hatlarynda kontekst örän düşnükli beýan edilipdir. Dini ýolbaşçylar Isa Mesihi arwah-jynlary jynlaryň hökümdary Beýelzebul arkaly kowup çykarýar diýip günäkärleýärler. Şonda Isa şeýle diýdi: «Ynsanlaryň her bir günäsi, her bir zada dil ýetirmesi bagyşlanar, ýöne Mukaddes Ruha dil ýetirmeklik bagyşlanmaz» (Matt.12:31).

Şonuň üçin hem Mukaddes Ruha bolan dil ýetirmeler Oňa erbet niýetleri açyk aýtmagy, esasan-da, Mukaddes Ruhuň ýüze çykmasy barada göýä bu şeýtanyň işi edip aýtmagy ýaly aňladýar.

**Sorag: Edil Ata we Ogla doga edişimiz we aýdym aýdyşymyz ýaly Mukaddes Ruha hem doga edip we aýdym aýtmgymyz Mukaddes kitabyň ýazgylaryna dogry gelýärmi?**

**Jon:** Hawwa, elbetde. Mukaddes Ruh - Hudaýdyr, şonuň üçin Oňa edil Hudaýa ýaly sežde etmeli. Ýahýanyň Injilinde (4:24): «Hudaý ruhdyr, Oňa sežde edýänler ruhda, hakykatda sežde etmelidir». Meniň pikirim-çe siz Ata Hudaýa we Ogul Hudaýa sejde edip, alkyş aýdyşyňyz ýaly Mukaddes Ruha-da sejde etmelisiňiz.

**Sorag: Siz Ruha nähili doga-dilegleri we aýdymlary aýtmalydygy barada nireden bilýärsiňiz?**

**Jon:** Isa Öz Şägirtlerine şeýle diýdi:

«Size aýtjak ýene köp zatlarym bar, ýöne häzir siz olary göterip bilmersiňiz. Emma Ol, Hakykat Ruhy gelende, size bütin hakykata

tarap ýol görkezer; çünki Ol Öz-özünden aýtmaz, näme eşitse, şony aýan eder, geljek zatlary size bildirer. Meni şöhratlandyrar, çünki Ol Meniňkiden alyp, size bildirer… Az wagtdan soň Meni görmersiňiz, ýene az wagtdan soň Meni görersiňiz, çünki Men Atama barýaryn... Şol gün Menden hiç zat soramarsyňyz. Hakykatdan, size dogrusyny aýdýaryn. Atadan näme dileseňiz, Meniň adymyň hatyrasyna size berer» (Ýahýa. 16:12–14, 16, 23).

Biz Isa Mesihiň ady (hökümi) bilen Ata Hudaýa haýyş bilen ýüzlenýäris. Şeýle-de, biz Mukaddes Ruh bilen aragatnaşyk edýäris (bu bolsa öz pikirlerimizi beýan etmekligi ýa-da sorag bermegi aňladýar) - şu barada kitapda gürrüň edilýär.

**Sorag: Eger-de Mukaddes Ruh bir wagtyň özünde ähli ýerde bolup bilýän bolsa, Onuň ýygnaklara ýa-da Hudaýa ybadat edilende «gelmegini» haýyş etmeklik Mukaddes kitabyň ýazgylaryna dogry gelýärmi?**

**Jon:** Hawwa, Mukaddes kitap bize Hudaýyň bir wagtyň özünde ähli ýerde bolup bilýändigi, we Onuň aç-açan göze görnen barlygy barada öwredýär. Biz Dawut pygamberiň sözi arkaly Onuň bir wagtyň özünde ähli ýerde bolup bilýändigini bilýäris:

«Men Seniň Ruhuňdan niräk gideýin? Seniň huzuryňdan niräk gaçaýyn? Eger göge çyksaň, Sen ol ýerdesiň; Ýeriňi ölüler diýarynda salsaň, ine, ol ýerdesiň. Säheriň ganatlaryny alyp, deňiz aňyrsynda mesgen tutsaň, ol ýerde hem seniň eliň maňa ýol görkezer, sag eliň meni tutar» (Zebur. 139:7–10).

Şeýle hem Mukaddes kitapda: «Hudaý bizi hergiz terk etmez we taşlamaz» diýilýär (ser. Ýewreý. 13:5). Bu taýda-da Onuň bir wagtyň özünde ähli ýerde bolup bilýän barlygy barada gürrüň gidýär. Başga tarapdan bolsa, Hudaýyň aç-açan göze görnüp duran barlygy hem bar. Ýüze çykarmak diýmek, göze görünmeýän zady görünýän etmek, eşidilmeýäni eşidilýän etmek, nämälim zady mälim etmek diýmegi aňladýar. Hudaý Özüni biziň duýgularymyz üçin açanda, Özüniň barlygyny aýan edýär. (ser.Ýahýa.14:19–24). Men Ondan bu barada soramagymyň Mukaddes kitaba gapma-garşy gelmeýändigine ynanýaryn.

**Sorag: Näme üçin biz Hudaýdan Öz Ruhuny dökmegini dileg edýäris? Eýsem Ol muny eýýäm etmedimi?**

**Jon:** «Ýaz möwsüminde Rebden ýagyş diläň» diýip Zakarýa (Zahariýa) pygamberiň kitabynda ýazylypdyr (10:1). Mukaddes Ýazgyda ýagyş elmydama Mukaddes Ruhuň dökülmegini aňladýar. Haçan-da, biz Hudaýdan Öz Ruhuny dökmegini soranymyzda, biz Onuň täzeden adamlara, şäherlere we ýurtlara dökülmegini dileg edýändigimize ynanýaryn. Bu Onuň aç-açan göze görnen iň güýçli barlygynyň dökülmesidir, ol bize Onuň işini ýerine ýetirmek üçin güýç berýär we bizi Hudaýyň Patyşalygy üçin köp hasyl getirmegimize alyp barýar.

**Sorag: Mukaddes Ruh bilen has ýakyn we çuňlaşdyrylan aragatnaşygy nädip ösdürmeli? Onuň barlygyny we has köp güýjüni nädip duýmaly?**

**Jon:** Wagtymyzy Hudaý bilen we Onuň Sözi bilen bilelikde geçirmekde. Taňry bilen ýakynlygy has çuňlaşdyrmak barada şu kitabyň ikinji we üçünji bölümlerinde doly kesgitleme tapyp bilersiňiz.

**Sorag: Eger-de Mukaddes Ruh hemme zady bilýän bolsa, onda bize Mukaddes kitaby okamak nämä gerek?**

**Jon:** Hudaý Onuň ylhamy bilen ýazylan Ýazgy berdi, sebäbi ol «Ýazgylaryň hemmesi Hudaýyň ylhamy bolup, Hudaý adamy her bir oňat iş üçin taýyn, kämil bolar ýaly, öwretmek, käýemek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr» (2 Timote. 3:16, 17). Mukaddes Ruh ýazylan bu Sözi (grekçe logos) Onuň diýen sözüni (rema) bize ýetirmek üçin ulanýar. Ruh logosy janlandyrýar we ol biz üçin rema bolýar. Eger-de, biz wagtymyzy logosda geçirmesek, - ýüregimizi Ruh üçin açyk halda, onda bize rema almak kyn düşer. Hytaýdaky gizlin Mesihiler Ýygnagy Mukaddes Ruhda çokundylar, emma birnäçe ýyllaryň dowamynda olar Mukaddes kitaba mätäç bolupdyrlar. Olar Taňrynyň Sözüni okamagy, Mukaddes Ruhuň olara onuň üsti bilen geplemegini we ony öz ýüreklerinde janlandyrmagyny isläpdirler. Mukaddes kitaby okamak örän möhüm. Hudaýyň Sözi we Hudaýyň Ruhy bilelikde hereket edýärler. Mukaddes kitabyň Hudaýyň syrlaryny öz içine alýandygyny, Mukaddes Ruhuň bolsa olary biz üçin aýan edýändigini ýatdan çykarmaň. Eger-de Ruhuň täsiri bomazdan Mukaddes kitaby okasaňyz, onda siz tekstiň adamlaryň dilinde gürleýändigini görersiňiz. Ýöne Ruhuň üsti bilen tekstiň adamlaryň düşünjesinden beýik bolan ruhy manysyna düşünip bilersiňiz, sebäbi

Ruhda Isa Mesihiň akyly bardyr:

> *«Hudaýyň zaman başlamazdan öň biziň şöhratymyz üçin bellän gizlin, syrly akyldarlygydyr. Bu akyldarlyga bu döwrüň hökümdarlygynyň hiç biri düşünmedi, çünki düşünen bolsalar, şöhratly Rebbi haça çüýlemezdiler. Emma ýazylyşy ýaly: «Hudaýyň özüni söýenler üçin taýýarlan zatlaryny ne göz görendir, ne gulak eşidendir, ne-de adam ýüregi hyýal edendir». Bize bolsa Hudaý muny Öz Ruhy arkaly aýan etdi; sebäbi, Ruh ähli zady, Hudaýyň çuň pikirlerinde barlaýandyr. Çünki adamda näme barlygyny adamyň özünde bolan ruhdan başga kim biler? Şeýle hem Hudaýda näme barlygyny Hudaýyň Ruhundan başga hiç kim bilýän däldir. Biz bu dünýäniň ruhuny däl-de, Hudaýyň özümize beren bereketlerini biler ýaly, Hudaýdan gelen Ruhy aldyk. Biz bulary adam akyldarlygynyň öwreden sözleri bilen däl-de, ruhy zatlary ruhy sözleri bilen sözläp, Ruhuň öwreden sözleri bilen aýdýarys. Tebigy adam Hudaýyň Ruhuna degişli zatlary unamaz, çünki bular onuň üçin akmaklykdyr, bulary bilip bilmez, sebäbi bulara ruh boýunça düşünilýändir. Ruha uýýan adam ähli zady saýgarýar, ýöne ony hiç kim saýgarmaz. Çünki, «Rebbe öwüt berer ýaly, Onuň pikirini kim bildi?» Ýöne bizde Mesihiň pikiri bardyr».*
>
> – 1 Kor. 2:7–16

**Sorag: Meniň ybadathanam sowuk-sala. Ýönekeý imanly hökmünde oňa Ruhy getirer ýaly men näme edip bilerin?**

**Jon:** Eger-de siz Ýygnakda ýolbaşçy däl bolsaňyz, onda siziň ýekeje edip biljek zadyňyz doga-dileg etmekdir. Birinjiden, siz Ruhyň aç-açan göze görünýän barlygyny Ýygnaga özüňiz bilen getirmegiňiz üçin Ony öz durmuşyňyza çagyryň. Ikinjiden, Hudaý siziň ýolbaşçylaryňyzyň ýüreklerinde hereket etmegi üçin, ýürekleriniň Mukaddes Ruhuň aýdyň barlygynyň ýüze çykmasyny kabul etmek üçin açyk bolmagyny diläň.

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

Eger-de, siz bu kitaby «Messenger» gullugy tarapyndan Mukaddes Ruh baradaky maglumatlaryň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, onda 6-njy wideosapaga seretmegiňizi haýyş edýäris.

1 I Ähli imanlylar ruhy peşgeşlerde hereket etmeklikde ukyby bardyr. Resmi «gullugyň» diwarlarynyň daşynda Ruhuň peşgeşlerde hereket etmlik nämäni aňladyp biler?

2 I Haçan-da siz ol ýa-da beýleki işlerde beli-bir karara geleniňizde size Hudaý salamatlyk berýär diýip pikir edeniňizde, sizde hut Onuň sesini eşitýändigiňize näme zat ynamlylyk döredýär?

3 I Mukaddes Ruh haçan-da bolsa bir sapar göni özüňize däl-de, äriňiziň (ýa-da aýalyňyzyň) üsti bilen size söz aýtdymy? Siziň pikriňiz boýunça, näme üçin Ol şeýle usul boýunça hereket etmegi saýlap aldyka we siz öz durmuşyňyz üçin nädip ugur alyp bilýärsiňiz?

4 I Haçan-da size möhüm çözgütleri kabul etmek zerur bolsa we siz hereket etmek üçin haýsy ugry saýlamalydygyňyzy kesgitläp bilmeseňiz, siz näme edip bilersiňiz?

Ser. Sül. Tymsallary 11:14; 15:22; 24:6 we Rimlilere 8:26, 27.

5 I Hudaý şu günler adamlara heniz ýüzlenýändigine siz ynanýarsyňyzmy? Ol size nähili ýüzlenýär?

BELLIKLER

# Goşmaça

# Nädip gutulyşy kabyl etmeli

*Çünki sen agzyň bilen Isany Reb hökmünde ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýüregiň bilen ynansaň, gutularsyň. Aklanmak üçin ýürek bilen iman getirilýändir, gutulyş üçin agyz bilen ykrar edilýändir.*

– Rimlilere 10:9, 10

Mukaddes Ruh biz bilen her sekuntda habarlaşmaga, Hudaýy ýakyndan köpräk tanamagymyz üçin we Onuň Patyşalygyny adamlara ýaýratmak üçin bizi ruhlandyrýar we taýynlaýar. Hudaýyň Ruhy bilen aragatnaşykly durmuşa edilen ilkinji ädim – bu Onuň Ogly - Isa Mesihde gutulyşy kabul etmekdir. Nudaý Isa Mesihiň biziň üçin ölüp, üç günden soň direlmegi arkaly, siziň edil söýgüli ogly ýa-da gyzy hökmünde Onuň Patyşalygyna ýetmegiňiz üçin size ýol açdy. Isa Mesihiň hajdaky Gubanlygynyň üçti bilen ýaşaýş artykmajy bilen biziň üçin ebedilikde elýeter boldy. Gutulyş – bu Hudaýdan siziň üçin peşgeşdir, ony gazanmak ýa-da oňa ýetmek üçin hiç zat edip bolmaýar. Bu gymmatly peşgeşi almak üçin ilki bilen öz Ýaradyjyňdan garaşsyz bolan durmuşyň günälerini boýun almak gerek (sebäbi bu siziň eden ähli günäleriňiziň kökidir). Toba etmek gutulyşyň iň esasy bölegidir. Petrus bu gün barada Resullaryň kitabynda görkezilen 5000 sany adamyň gutulyş alany barada anyk aýtdy: «Indi günäleriňiziň öçürilmegi üçin toba ediň, dönüň» (Resul.iş. 3:19). Mukaddes kitapda aýdylýar, ýagny biziň her birimiz günäleriň guly bolup dünýä indik. Bu gulçylyk öz erkliligiň we eden-etdiligiň başyny başlamaga ýol açan Adam atanyň günälerinden öz gözbaşyny alyp gaýdýar.

Toba etmek – bu siziň diňe özüňe hem-de şeýtana boýun egmegi bes edýändigiňizi we mundan beýläk özüňiziň täze Hökümdaryňyza, ýagny siziň üçin Öz janyny bagş eden - Isa Mesihe uýýandygyňyzy saýlamagyňyzdyr. Siz öz durmuşyňyzy Isa Mesihe tabyn etmelisiňiz. Isany öz Rebbiňiz etmeklik - Oňa öz durmuşyňyzy dolandyrmak üçin (öz ruhuňy, janyňy we teniňi Oňa tabyn etmek) ýagny, tutuş özüňi we

ähli bar zadyňy Oňyň erkine bermek diýmekdir. Siziň durmuşyňyzyň üstünden Onuň bütinleý erki bolýar. Şony eden wagtyňyzda, Hudaý sizi tümlükden azat edip, size Öz Patyşalygynyň nuruna we şöhratyna geçirer. Siz ölümden ýaşaýşa geçýärsiňiz - siz Onuň perzendi bolýarsyňyz!

Eger-de, siz Isa Mesihde gutulyşy kabul etmek isleseňiz, onda şular ýaly doga bilen toba ediň:

Gökdäki Hudaý, men özümiň günälidigimi boýun alýaryn we men Seniň dogruçyllyk ölçegleriňe gabat gelmeýärdim. Men özümiň günälerim üçin bütin ebedilikde ýazgarylmaga we ölüme mynasypdyryn. Meni şular ýaly halda ýeke goýmandygyň üçin Saňa köp şükürler bolsun. Seniň (erkek eli degmedik görmegeý) boý gyz Merýemden bolan ýeke-täk Ogluňy meniň gazanan jezalarym üçin we hajda meniň deregime ölmäge Isa Mesihi iberendigiňe men ynanýaryn. Men Onuň ölüp üç günden soň direlendigini we indi meniň Rebbim we Halasgärim hökmünde Seniň sag tarapyňda otyr. Şonuň üçin bu gün men Senden özbaşdak ýaşanym üçin toba edýärin we öz ömrümi tutuşlygyna Isa Mesihiň hökümdarlygyna tabşyrýaryn. Isa Mesih, men Seni öz Rebbim we Halasgärim hökmünde ykrar edýärin. Meniň durmuşyma Öz Ruhuň bilen gir we meni Hudaýayň perzendi hökmünde özgert. Men tümlik bilen bagly bir wagtky edýän işlerimi inkär edýärin. Şu günden başlap men özüm üçin ýaşamok, ýöne Seniň pataň bilen Seniň üçin ýaşajak, çünki Sen meniň ebedi ýaşamagym üçin ömrüňi gurban etdiň.

Sagbol Rebbim, indi meniň ömrüm bütinleý Seniň eliňde, Seniň Sözüňde aýdylyşy boýunça, men hiç haçan utanmaryn.

Hudaýyň maşgalasyna hoş geldiňiz! Sizi beýleki imanlylara özüňiziň şu wagt başdan geçirenleriňizi gürüň bermäge çagyrýaryn. Siziň Mukaddes kitaba ynanýan haýsy-da bolsa ýerli Mesihiler Ýygnagyna gatnap başlamagyňyz we imanlylar bilen gatnaşmagyňyz möhümdir. Çünki olar sizi ruhlandyryp bilerler. Şele-de, siz öz şäheriňizde Mesihiler Ýygnagyny tapyp bermegimizi isleseňiz, bize ýüz tutup bilersiňiz (biziň saýtymyz bilen tanyş boluň MessengerInternational.org).

Edil şu wagt siz iň täsin Hudaýa ýakynlaşma syýahatyna ugradyňyz. Goý, siziň Onuň bilen dostlugyňyz her gün-günden güýjç alsyn!




## ŞEÝTANYŇ OÝNY

Duşmanyň ölüm howply gapanyndan gutulmak! “Şeýtanyň oýny” atly kitapda imanlylary Hudaýyň ygtyýaryndan çykarmak üçin, şeýtanyň ulanýan iň mekir gapanlary barada gürrüň berilýär. Şeýtanyň gapanyna düşen adamlaryň köpüsi hat-da muňa düşünmeýärler.

Aldanmaň! Siz öýkeleme bilen gabat gelersiňiz, ol Siziň Hudaý bilen bolan aragatnaşyklaryňyza nähili täsir etjekdigi diňe Siziň eliňizde bolar. Siziň jogabyňyz - Siziň geljegiňizi kesgitlär. Eger-de, siz öýkelemäniň hötdesinden dogry gelip bilseňiz, Siz gaharjaň bolman, güýçli bolarsyňyz.

Siz aşakdaky ýaly çylşyrymly soraglara jogap taparsyňyz:

- Näme üçin men (özümiň) geçmişimi mejbury aýdyp bermeli?
- Men müňkürlik we ynamsyzlyk baradaky pikirler bilen nähili göreşip bilerin?
- Geçmişdäki öýke-kinäni her gezek ýatlamazlyk üçin men näme edip bilerin?
- Adam meniň göwnüme erbet degenden soň, men oňa bolan ynamymy nädip dikeldip bilerin?

Bu kitap duşmanyň Sizi tutjak “öýkeleme gapanyndan” gutulmaga kömek eder hem-de Size öýkelemeden azatlyga çykmak üçin güýç berer we Siziň Hudaý bilen böwetsiz aragatnaşyklaryňyzyň bolmagyna mümkünçilik berer.




## ERJEL

Siz bu durmuşdaky güýç üçin öňünden kesgitlenensiňiz. “Erjel” kitaby synaglar üçin çempionlyk garaýyşyny açyp görkezýär we ýoluňdaky kynçylyklary hem-de şowsuzlyklary ýeňmekligi öwredýär.

- Isa Mesihde size berlen ähtlere we güýje berk ýapyşyň.
- Siziň synaglaryňyzyň çeşmesini anyklaň.
- Ruhy hökümdarlyga ýeňiş bilen aýak basyň.

Goşmaça çeşmeler **www.CloudLibrary.org** saýtda

Köp isleýäňizmi?
Skanirläň

# SIZ OL BARADA BILÝÄRSIŇIZ – ÝÖNE ONY TANAÝARSYŇYZMY?

Isa bilen Onyň şägirtleri üç ýyllap bile ýöräpdirler , Ony diňläpdirler we Onyň bilen gürleşipdirler. Şeýlede bolsa, Isa Öz ýakyn dostlaryna Mukaddes Ruhyň Onuň deregine gelmegi üçin, Özüniň olary taşlap gitmelidigini,– olara mundan diňe gowulyk boljakdygyny aýtdy (Ýahýa 16:7, 13, 14). Eger-de, bu Isa bilen her gününi bile geçiren şägirtleri üçin gowy bolan bolsa, onda biz öz durmuşymyzda şu gün Mukaddes Ruhyň bar bolmagyna gör näçe esse mätäçdiris?

Gynansak-da, Mukaddes Ruha nädogry düşünýärler we köp adamlary Mukaddes Ruhyň kimdigi we Ol nädip bize Özini aýan edýändigi barada bilimsiz galdyrýarlar. Köplenç, Mukaddes Ruh nämedir bir “geň” zat ýaly suratlandyrylýar. Emma Mukaddes kitapda Mukaddes Ruh – bu nämedir bir zat dälde, Ol Kimdir biri diýlip aýdyň aýdylýar. Ol Şahsyýetdir we Ol bizi hiç- haçan taşlap gitmejekdigine söz berdi. Bu interaktiw kitapda Jon Biwer, Ýygnakda iň äsgerilýän hem-de düşnüksiz Şahsyýet Mukaddes Ruh barada özüňiz üçin şahsy açyş etmäge çagyrýar.

Bu täsin we gyzykly girişi sypdyrman okaň.

Interaktiw kitap aşakdakylardan ybaratdyr:

- Gündelik okamak;
- Toparlarda ara alyp maslahatlaşmak üçin soraglar;
- Mukaddes Ruh baradaky birnäçe çylşyrymly soraglara jogap berýän, goşmaca sylag bölümi.



**Jon Biwer** we onuň aýaly Liza Messenger International gullugy esaslandyryjylar. Ybadatçy we bestsellerleriň awtory Jon, batyrlyk we hyjuwlylyk bilen kompromise ýol bermeýän hakykat barada wagyz edýär. Ýerli Ýygnaklaryň ýerleşýän ýerine, diline we pul ýagdaýyna garamazdan, onuň ýüreginde olary goldamak we ýolbaşçylaryna resurslary sowgat bermek üçin islegi möwç urýar. Häzirki wagta çenli onuň işleri dünýäniň 60-dan gowrak dillerine terjime edildi. Jon öýünde Lizany golf oýnamaga yrmak üçin synanyşýar we özüniň dört sany ogullary, gelni we agtyklary bilen wagtyny gyzykly geçirýär.

Goşmaça çeşmeleri MessengerInternational.org saýtynda taparsyňyz.

Köp isleýäňizmi? Skanirläň

Messenger International
MessengerInternational.org

Bu kitap awtordan size sowgat. Satuwa çykarylmaýar